TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE
WE YKDYSADYÝET MINISTRLIGI

# «HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BINÝADY» ATLY YLMY-AMALY MASLAHATYŇ

# TEZISLER ÝYGYNDYSY

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2025

UOK 001:33 + 327 (043)
H 19

H 19 **«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak – durnukly ösüşiň binýady» atly ylmy-amaly maslahatyň tezisler ýygyndysy.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2025.

TDKP № 219, 2025 KBK 72 + 65 + 66.4 (2 Tü)

© Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, 2025.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

***M. Astanagulow,***

*Türkmenistanyň maliýe*
*we ykdysadyýet ministri*

## HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK DURNUKLY ÖSÜŞIŇ ESASY HÖKMÜNDE

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 2025-nji ýyl Birleşen Milletler Guramasy (BMG) tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Ýer ýüzünde parahatçylyk – durnukly ösüşiň esasy bolmak bilen, hususan-da soňky ýyllarda, global (ählumumy) wehimleriň aýratynlykda islendik döwletiň mümkinçiliklerinden agdyk gelýän mahalynda aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolýar. Şeýle wehimlere diňe parahatçylyga we ähli döwletleriň ylalaşygyna esaslanýan köptaraplylyga, halkara hyzmatdaşlygyna we ählumumy raýdaşlyga berk ygrarlylyk arkaly garşy durup bolar. Türkmenistanyň Milli syýasaty BMG tarapyndan biziň döwletimize berlen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine esaslanýar, bu hukuk derejesi Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow tarapyndan kesgitlenip, döwlet we milli ösüş maksatnamalarynda göz öňünde tutulan maksatlary, wezipeleri durmuşa geçirmäge gönükdirilen ýurduň durmuş-ykdysady ösüşini ynamly gurmaga mümkinçilik berýär.

Biziň döwletimiziň durmuş-ykdysady ösüşiniň möhüm wezipeleri ykdysadyýeti köptaraplaýyn ösdürmek (diwersifisirlemek) we ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalara geçmek, goşulan gymmatyň bäsleşige ukyply hatarlaryny döretmekden ugur almak bilen sanlylaşdyrmak we aýlanyşykly ykdysadyýete geçmekden ybarat bolup durýar.

Aýlanyşykly ykdysadyýete geçmeklik durnukly ykdysady ösüşe, bar bolan tebigy, zähmet we maliýe serişdelerini netijeli, oýlanyşykly peýdalanmaga gönükdirilendir. Bu ýyl-ýyldan ýokarlanýan, durnukly ösüşe täsir edýän täze ekologiýa töwekgelçiliklerini nazara alanyňda aýratyn derwaýys

ähmiýete eýe bolýar. Şunuň bilen baglylykda, gaýtadan peýdalanmagyň iň ýokary derejesine laýyk gelýän önümleri, düzüm böleklerini we materiallary işläp taýýarlamak we ýaýratmak ýoly bilen sarp edişi amatly etmäge möhüm üns berilýär.

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň möhüm ugurlarynyň biri hem Durnukly ösüş maksatlaryny (DÖM) durmuşa geçirmek bolup durýar. Biziň ýurdumyz DÖM-iň aýry-aýry görkezijilerini durmuşa geçirmek boýunça ýokary netijeleri gazandy we ykdysadyýetiň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, ulag-üstaşyr geçelgelerini ösdürmäge, sanly ulgamlary ornaşdyrmaga gözükdirilen toplumlaýyn çäreleri, şeýle hem howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we netijelerini ýeňilleşdirmek hem-de daşky gurşawy goramak, ykdysady syýasatyň durmuşa gözükdirilen, raýatlaryň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmagy we döwletiň gülläp ösmegini göz öňünde tutýan ugruny çuňlaşdyrmak boýunça çäreleri geçirmegi işjeň dowam edýär.

Ýurduň ykdysady syýasaty bazar mehanizmlerine tapgyrlaýyn geçmegi, olary ösdürmegi we döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň has netijeli bolmagynda olaryň ykdysady gatnaşyklaryň dürli ugurlaryna ornaşdyrylmagyny goldaýar.

Ykdysadyýetiň pudaklaryny köptaraplaýyn ösdürmekde üstünlik milli aktiwleriň deňeçer bukjasyny peýdalanmak ýoly bilen gazanylýar, ol tebigy serişdeleri, adam maýasyny we döwlet institutlaryny öz içine alýar.

Aktiwleri köptaraplaýyn ösdürmek strategiýasynda täze iş ýerlerini döretmek we täze tehnologiýalary, enjamlary ornaşdyrmagyň hasabyna zähmet öndürijiligini has-da ýokarlandyrmak göz öňünde tutulýar. Ykdysadyýet global gymmat hatarlaryny döretmegiň söwdany we haryt ýerlenýän söwda bazarlaryny giňeltmegiň hasabyna has durnukly bolýar. Şeýle hem pudaklary köptaraplaýyn ösdürmek wezipesi ahyrky önüm hökmünde çig mala baglylygyň çäklendirilmegini we bar bolan tebigy serişdeleri gaýtadan işleýän pudaklaryň döredilmegini göz öňünde tutýar.

Ýurdumyzyň hem-de daşary ýurt maýa goýumlary üçin amatly maýa goýum ýagdaýyny döretmek, gurluşyga, ulag ulgamyna, maglumat tehnologiýalaryna we telekommunikasiýalara aýratyn üns bermek bilen, olary täze amatlyklar taslamalaryna çekmek ykdysady syýasatyň strategik möhüm ugry bolup durýar.

Şu maksatlara ýetmek üçin pul-karz we salgyt-býujet syýasatynyň höweslendiriji ornuny güýçlendirmäge, maliýe durnuklylygyny üpjün etmäge,

bäsleşikli bazar gurşawyny döretmäge, maýa bazaryny ösdürmäge, makroykdysady düzgünleşdiriş institutlaryny kämilleşdirmäge, hususy telekeçiligi ösdürmäge, ykdysady hem-de ekologik maksatlary ileri tutulýan sebit we global ulgamlara goşmaga gönükdirilen ugurlar amala aşyrylýar.

Ykdysady syýasatyň esasy ileri tutulýan ugurlary hökmünde şulary görkezip bolar:

– makroykdysady durnuklylygy saklamak;

– ykdysadyýetiň pudaklaryny köptaraplaýyn ösdürmegi dowam etdirmek, şol sanda bu işi höweslendirmegiň we telekeçilik ulgamynda amatly şertleri döretmegiň hasabyna alyp barmak;

– arassa tehnologiýalary ornaşdyrmakdan ugur almak bilen, ýaşyl ykdysadyýete tapgyrlaýyn geçmek;

– sanlylaşdyrmak we ykdysadyýetiň pudaklarynyň arasynda habarlary we maglumatlary alyşmak üçin bir ölçege getirilen platformany (esasy) döretmek;

– ýokary tehnologik pudaklaryň ösdürilmegini goldamak;

– adam maýasynyň ösüşini höweslendirmek, şol sanda bu işi netijeli bilim ulgamynyň we işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň hasabyna geçirmek;

– maliýe howpsuzlygynyň mehanizmlerini güýçlendirmek;

– ulagyň we energetikanyň utgaşyklylygyny goldamak;

– ykdysadyýetiň daşky wehimlere we töwekgelçiliklere durnuklylygyny ýokarlandyrmak.

Durnukly ösüş ony maliýeleşdirmegiň mümkinçilikleri bilen gönüden-göni baglydyr. Bu ugurda alnyp barylýan işler bize DÖM-i durmuşa geçirmek boýunça görülýän çärelere täzeçe seretmäge, şeýle hem geljekki hereketleri kesgitlemäge mümkinçilik berdi, bu babatda gelnen esasy netijeleriň biri maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn mehanizmleriniň ornaşdyrylmagyny çaltlandyrmak we 2030-njy ýyla çenli gün tertibiniň gazanmak üçin dürli maliýe gurallaryny çekmek boýunça bilelikdäki işi dowam etdirmegiň zerurlygynda jemlenýär.

Maliýeleşdirmegiň goşulyşan milli mehanizmlerini döretmek boýunça görülýän tagallalaryň çäklerinde DÖM-i maliýeleşdirmegiň milli strategiýalarynyň möhümligi bölünip görkezilýär, olar döwlet maliýesini dolandyrmagyň aýdyň, netijeli we ahyrky netijä gözükdirilen ulgamlaryny, hususy içki we halkara maliýesiniň möhüm ornuny, innowasion maliýe gurallarynyň we sanly maliýäniň ulanylmagyny, birleşdirilen gaznalaryň

döredilmegini, şeýle hem halkara maliýe institutlary we gaznalary tarapyndan berilýän halkara döwlet maliýesini öz içine alýar.

Bu döwlet meýilleşdiriş ulgamyna baglanyşdyrmak bilen, býujeti orta möhlete netijeli meýilleşdirmäge yzygiderli we ulgamlaýyn geçmeklige, döwlet we hususy serişdeleri jemlemäge bitewi çemeleşmäni işläp taýýarlamaga, şeýle hem Hökümetiň, hususy bölegiň we raýat jemgyýetiniň arasyndaky dialogyň pugtalanmagyna oňyn täsir edýär.

Häzirki wagtda dünýäde ösüşi maliýeleşdirmegiň täze has netijeli we innowasion ýollary hem-de mehanizmleri gözlenýär. Şunuň bilen baglylykda, täze maliýe çözgütlerini gözlemäge we maliýeleşdirmegiň mümkin bolan ähli çeşmelerinden serişdeleri jemlemäge ýardam edýän çäreler arkaly ösüşi maliýeleşdirmäge utgaşykly we toplumlaýyn çemeleşmeleri görkezip bolar.

***M. Sylapow,***

*Türkmenistanyň zähmet we ilaty*
*durmuş taýdan goramak ministri*

## DÜNÝÄDE DABARALANÝAN DURMUŞ SYÝASATY

Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde gazanylýan üstünlikler we ösüşler ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagynda öz beýanyny tapýar. Milli ykdysadyýetiň her ýylda yzygiderli ösmegi, adam mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilýän maýa goýumlaryň möçberiniň barha artmagy raýatlaryň durmuş goraglylygyny berkitmäge, ilatyň maddy-durmuş şertlerini gowulandyrmaga, hususan-da, olaryň pul girdejilerini yzygiderli artdyrmaga mümkinçilik berýär. Munuň özi döwletimiziň durmuş-ykdysady syýasatynyň esasy ugrunyň, milli ykdysadyýetiň ýokary depginli ösüşini üpjün etmek bilen bir hatarda, ilatyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilendigini hem aýdyň görkezýär.

Raýatlarynyň bähbitlerini, hajatlaryny we erk-isleglerini kanagatlandyrmagy has ileri tutýan ýurdumyzda bu ugruň hukuk esaslary öz gözbaşyny Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasynda beýanyny tapan «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr» diýen jümlelerden alyp gaýdýar.

Türkmenistanda durmuş ulgamynyň ösdürilmegine aýratyn ornuň berilmegi ýurduň durnukly ösüşini üpjün etmekde bu pudagyň möhüm ähmiýetiniň bardygyny görkezýär. Durmuş ulgamynyň ösdürilmegi ýurduň abadançylygyny, gülläp ösüşi üpjün etmegiň binýatlaýyn şertleriniň biri bolup, onda şahsyýetiň, maşgalanyň, jemgyýetiň we döwletiň bähbitleri öz beýanyny tapýar. Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiz tarapyndan alnyp barylýan durmuş syýasaty dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan Türkmenistan döwletimiziň rowaçlygyň we bagtyýarlygyň höküm sürýän ýurdy hökmündäki derejesiniň mundan beýläk-de pugtalanmagyna itergi berýär. Täze taryhy döwürde amala aşyrylýan iri durmuş özgertmeleri, ilkinji nobatda, adam mertebesine mynasyp bolan ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmaga we ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmäge gönükdirilendigi bilen tapawutlanýar.

Parahatçylygyň ýurdy Türkmenistan bu gün ynsanperwerlik ýörelgelerine esaslanýan durmuş syýasatyny üstünlikli amala aşyrýar. Häzirki döwürde ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen döwlet maksatnamalarynyň ählisinde durmuş meselelerine aýratyn orun berilýär. Munuň özi, ilkinji nobatda, adam bähbitlerine gönükdirilen durmuş ugurly wezipeleriň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň iri geňeşleriniň we komissiýalarynyň agzalygyna yzygiderli saýlanyp gelinmegi, ýurdumyzda Türkmenistanyň Prezidentiniň ynsanperwer durmuş syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini, munuň bolsa halkara jemgyýetçiligi tarapyndan goldanylýandygyny we ykrar edilýändigini görkezýär. Türkmenistan indi ençeme ýyllaryň dowamynda Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we durmuş geňeşiniň Durmuş ösüşi boýunça komissiýasynyň, Ilat we ösüş komissiýasynyň agzalygyna saýlanyp gelýär we bu komissiýalaryň işine işjeň gatnaşýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuş ulgamynda amala aşyrylýan işler, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 5-nji maddasynda berkidilişi ýaly, ýurdumyzyň «her bir adamyň durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirýän döwletdigini» tassyklaýar. Ilatyň ýaşaýyş derejesi jemgyýetiň durmuş taýdan ösen derejesini görkezmek bilen, ol ilkinji nobatda, ilatyň zähmete bolan hukuklarynyň we kepillikleriniň üpjün edilmegi, ilatyň durmuş taýdan goraglylygynyň ýokarlandyrylmagy, şol sanda ilatyň durmuş taýdan ynjyk gatlaklarynyň, ýagny çagalaryň, ýaşlaryň, ýaş

eneleriň we gartaşan adamlaryň durmuş goraglylygynyň döwlet tarapyndan kepillendirilişiniň ýagdaýy bilen kesgitlenýär.

Raýatlarymyzyň abadan durmuşynyň ýokary derejesini üpjün etmek üçin öňegidişli ykdysady ösüşiň zerurdygy durmuş tejribesinden mälimdir. Bu ýagdaý döwletde güýçli durmuş syýasatyny amala aşyrmak üçin berk maddy binýadyň bolmalydygyny alamatlandyrýar. Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ykdysady ulgamda gazanylýan ösüşler ýylyň-ýylyna ilatyň maddy hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna, ýagny zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, talyp we diňleýji haklarynyň möçberleriniň ýokarlanmagyna, netijede, raýatlarymyzyň durmuş goraglylygynyň pugtalanmagyna ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň durmuş ulgamyny kämilleşdirmegi göz öňünde tutýan, her bir raýatyň abadan durmuşda ýaşamagyny kepillendirýän, şeýle hem ilatyň ähli gatlaklarynyň durmuş mümkinçiliklerini we bähbitlerini üpjün edýän işler barha giň gerim bilen dowam etdirilýär. Munuň özi dünýä ykdysadyýetiniň çylşyrymly ýagdaýlary başdan geçirýändigine garamazdan, Türkmenistan döwletimiziň bagtly çagalygyň, hemmeler üçin deň mümkinçilikleri we durmuş ýeňilliklerini öz içine alýan, geljeginiň has-da uly ösüşleriň ýurduna öwrülýändigini aňladýar.

***D. Amanmuhammedow,***

*Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy*

## AÝDYŇ ABADANÇYLYKLY DURNUKLY ÖSÜŞ ÝOLY BILEN

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistan saýlap alan oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we netijeli halkara hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat strategiýasyna yzygiderli eýerýär. Ýurdumyz döwrüň möhüm meseleleriniň çözgüdini işläp taýýarlamak boýunça tagallalary birleşdirmekde işjeň hem-de oňyn başlangyçlar bilen çykyş edip, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge anyk goşandyny goşýar. Bu ugurda Türkmenistan oýlanyşykly we anyk kesgitlenen

teklipleri yzygiderli öňe sürýär, şol teklipler bolsa dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan goldanylýar. Bitarap Watanymyzyň daşary syýasat ýörelgesiniň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy sebit hem-de dünýä derejesinde parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmek, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny iş ýüzünde mundan beýläk-de peýdalanmak, syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda, energetika we ulag-aragatnaşyk toplumlarynda, ekologiýa ulgamynda netijeli ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek ýaly möhüm wezipeleri çözmäge gönükdirilendir.

Milletler Bileleşigi bütin dünýäde parahatçylygy, abadançylygy, durnukly ösüşi üpjün etmegi maksat edinýär. Bu abraýly guramanyň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen hyzmatdaşlyk etmek ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugruna öwrüldi. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyna 30, Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmegine bolsa 80 ýyl dolýandygy, 2025-nji ýylyň – «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly», hakykatdan-da, öz adyna mynasyp boljakdygyna, şanly wakalara beslenjekdigine ynamymyzy artdyrýar.

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady strategiýasynyň esas goýujy düzüm bölegi: adamyň mynasyp ýaşamagy we erkin ösmegi üçin ähli zerur şertleri döretmek. Milli syýasatyň durmuş ugry 2030-njy ýyla çenli gün tertibiniň «hiç kimi çetde goýmaly däl» diýen esasy ýörelgesini amala aşyrmakda üstünlikleriň gazanylmagyna ýardam edýär.

Türkmenistanda DÖM-i durmuşa geçirmek ýurduň durmuş syýasatynyň logiki dowamy bolup durýar we ilatyň umumy hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, hemme ýerde sagdyn ýaşaýşy ornaşdyrmaga, ähli zady öz içine alýan, hemmeler üçin adalatly we gowy hilli bilim almak üçin şertleri döretmäge, gender deňligini üpjün etmäge, ykdysadyýetiň ähli ugurlaryny sanlylaşdyrmaga we innowasiýalara gönükdirilendir.

Durnukly ösüş boýunça maksatlaryň we wezipeleriň milli maksatnamalaýyn resminamalaryna goşulmagynyň ýokary derejesi netijesinde Türkmenistan DÖM-i ornaşdyrmak işine gowy badalgadan başlady. Häzirki wagtda ähli milli maksatlar, meýilnamalar, konsepsiýalar we beýleki maksatnamalaýyn resminamalar ilatyň ýaşaýyş derejesini, hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmagy ýurdy uzak möhletli ösdürmegiň baş maksady hökmünde goýýarlar, 2030-njy ýyla çenli global gün tertibinde goýlan wezipeleri beýan edýärler.

Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan işlerini mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň

mähriban Watanymyzyň gülläp ösmegine, ykdysady kuwwatynyň has-da berkemegine, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň mundan beýläk-de ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen tagallalary hem-de abadançylyk, parahatçylyk, hoşniýetli goňşuçylyk, deňhukukly we özara bähbitli halkara hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan oýlanyşykly başlangyçlary rowaçlyklara, üstünliklere beslenýär. «Açyk gapylar» syýasatynyň durmuşa geçirilmegi esasynda daşary ýurt maýa goýumlary üçin amatly şertleriň döredilmegi, dürli halkara guramalary, döwletler we halklar bilen özara peýdaly gatnaşyklaryň ösdürilmegi Türkmenistanyň halkara abraýynyň ýokarlanmagyna getirýär hem-de ygtybarly hyzmatdaş hökmünde ýurdumyzyň dünýädäki ornuny pugtalandyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dünýä bileleşigi tarapyndan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň ykrar edilmeginiň 30 ýyllygy bilen gabat gelmeginde çuňňur syýasy many bar diýip hasaplaýaryn. Biz Bitarap döwlet bolmak ugrundaky maksadymyzyň hut Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde durmuş hakykatyna öwrülendigine we dünýä jemgyýetçiliginiň ähli agzalary tarapyndan ykrar edilendigine buýsanýarys» diýip bellemegi ýurdumyzyň halkara arenasynda ägirt uly hormatyň eýesidigini ýene-de bir gezek subut edýär. Türkmenistan döwletimiz durnukly ösüşiň özara baglanyşykly 17 maksadyndan durýan ugurlar boýunça wezipeleri durmuşa geçirmekde dünýä ýurtlarynyň arasynda öňdäki orny eýeleýär.

Döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan esasy ýörelgeler, ýagny ählumumy parahatçylygyň we howpsuzlygyň pugtalandyrylmagy, hoşmeýilli erk-islege esaslanýan dost-doganlyk gatnaşyklarynyň giňeldilmegi, dünýäde durnukly ösüşiň üpjün edilmegi Garaşsyz türkmen döwletiniň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda eden çykyşynda bu ýörelgeler öz beýanyny tapdy. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz şol sessiýada eden çykyşynda: «Hakyky ykbal kesgitleýji maksatlara ýetmek üçin wagtlaýyn bähbitlerden we artykmaçlyklardan el çekmeli diýip hasap edýärin. Şol maksatlar pugta parahatçylygy we howpsuzlygy, uzak döwür üçin ösüşi üpjün edip biler. Muny bolsa diňe bilelikde we Birleşen Milletler Guramasynyň aýgytly orny bolanda gazanyp bolar. Häzirki zaman dünýäsinde BMG-niň orny baradaky çekişmeler, ony özgertmek boýunça teklipler netijesinde, bu guramanyň ýerini tutjak edaranyň ýokdugy üýtgewsiz we äşgär bolup galýar. Esaslan-

dyrylan gününden bäri geçen on ýyllyklaryň dowamynda bolşy ýaly, Birleşen Milletler Guramasy häzirki döwürde hem parahatçylygy saklamak, ählumumy, hemmetaraplaýyn howpsuzlygy, halkara gatnaşyklaryň häzirki gurluşynyň durnuklylygyny üpjün etmek üçin jogapkär bolan ýeke-täk köptaraply we kanuny gurama bolup çykyş edýär» diýmek bilen, munuň Türkmenistanyň düýpli garaýşydygyny aýratyn nygtady.

30 ýyldan gowrak wagt bäri Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly we işjeň agzasy hökmünde onuň Tertipnamasynyň ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmegine möhüm goşant goşmagyny dowam etdirip gelýär. Parahatçylykly ýaşamagyň, öňüni alyş diplomatiýasynyň, deňhukukly dialogyň ähmiýetini öňe sürýän Türkmenistan halkara giňişlikde hemişe netijeli hyzmatdaşlygyň tarapdary bolup çykyş edýär. Şu ýylda ýurdumyzda Bitaraplygyň 30 ýyllygyny dabaraly bellemäge, şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakynda Kararnamasyny durmuşa geçirmek ugrunda giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Döwletimiziň anyk ädimleri hakynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynda Türkmenistanyň ileri tutan garaýyşlary beýan edildi. Şunda esasy ugurlardan 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Durnukly ösüş ulgamynda gün tertibiniň üstünde işlemegi dowam etdirýän Türkmenistan garyplygy ýok etmäge, ösüp barýan ýurtlary goldamak üçin halkara maliýe arhitekturasyny kämilleşdirmäge, ählumumy energiýa, ulag baglanyşygyny berkitmäge, bütindünýä aragatnaşyk-tehniki serişdeleriniň, emeli aň ulgamlarynyň deňagramly ösüşine gönükdirilen anyk ädimleri amal etmegi maksat edinýär.

Hemişelik Bitaraplygymyz ýurdumyzyň ygtybarly daýanjy bolup hyzmat edýär. Bu bolsa hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda diňe bir halkymyzyň däl, eýsem, ähli halklaryň bähbidini nazarlaýan daşary syýasatynyň gyşarnyksyz amala aşyrylmagydyr. Dünýä ýurtlary, halkara guramalar bilen hyzmatdaşlykda bilelikdäki taslamalaryň, maksatnamalaryň oýlanyşykly durmuşa geçirilmegi netijesinde berkarar döwletimiz ynamdar hyzmatdaş hökmünde uly abraýa eýe bolýar.

Özüniň ägirt uly tejribesi, ählumumy ösüşiň gidişini seljermäge we netije çykarmaga bolan ukyby, iň esasysy bolsa, öz halkynyň bagtyýarlygyny üpjün etmäge bolan çäksiz yhlasy bilen türkmen taryhynyň altyn sahypalarynda ýitmejek yz goýýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda türkmeniň gadymy mukaddes topragynda gülläp ösüşleriň üstünlikli dowam etjekdigine biziň ynamymyz mizemezdir.

***B. Atagulyýew,***

*Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar
täjirçilik bankynyň müdiriýetiniň başlygy*

# HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BINÝADY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda durmuş-ykdysady taýdan barha kuwwatlanýan ýurdumyzda, mähriban halkymyzyň ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan hödürlenýän köpugurly döwrebap bank hyzmatlaryndan peýdalanyp, özleriniň ýaşaýyş-durmuş şertlerini döwrüň ösýän talaplaryna laýyklykda gowulandyrmak üçin giň mümkinçilikler döredilýär.

Gahryman Arkadagymyz tarapyndan oýlanyşykly başlangyçlar bilen başy başlanyp, häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän milli Maksatnamalara we Konsepsiýalara laýyklykda, ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan dünýäniň ykdysady taýdan ösen ýurtlarynyň iş tejribesinden, şeýle hem, ilatyň döwrebap ösýän isleglerinden ugur alnyp, bank hyzmatlarynyň hilini yzygiderli kämilleşdirmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, bank ulgamynyň işini döwrebaplaşdyrmak boýunça döwletimiz tarapyndan uly göwrümli maýa goýum taslamalary maliýeleşdirilýär, kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamaklygyň hasabyna ösdürilýär, häzirkizaman innowasion tehnologiýalary karz edaralaryna ornaşdyrylyp, bank hyzmatlarynyň gerimi günsaýyn giňeldilýär we ýurdumyzyň ilatyna köp ugurly, ýokary hilli bank hyzmatlarynyň häzirkizaman görnüşleri hödürlenilýär.

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynyň işi karz edaralary bilen aýrylmaz özara arabaglanyşykda bolup, şol pudaklary sanly ulgama geçirmek arkaly ösdürmek üçin, ilkinji nobatda, bu işleriň karz edaralarynda kämil derejede ýola goýulmagy möhüm şertleriň biri bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, häzirki wagtda hereket edýän «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň bank edaralarynda karz işleriniň döwrebaplaşdyrylmagy, sanly tehnologiýalara esaslanýan bank hyzmatlarynyň görnüşleri artdyrylyp, müşderilere men-

zilara bank hyzmatlaryndan peýdalanmak üçin zerur bolan şertleriň döredilmegi, öz gezeginde ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny döwrebap derejede ösdürmäge, olaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga we nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini has-da giňeltmäge uly mümkinçilikleri döredýär.

Görşümiz ýaly, häzirki zaman dünýäsi ähli ugurlar babatda örän tiz ösýär we özgerýär. Ylmyň we tehnikanyň gazananlary ilatyň maliýe sowatlylygyny ýokarlandyryp, olaryň döwrebap bank hyzmatlaryna bolan isleglerini has-da artdyrýar. Ilatyň täze bank hyzmatlaryndan peýdalanmaga bolan isleglериniň günsaýyn artmagy, öz gezeginde banklar tarapyndan müşderilere ozaldan teklip edilip gelnen bank önümleriniň adaty görnüşlerini döwrüň ösýän talaplaryna laýyklykda has-da kämilleşdirip, sanly tehnologiýalara esaslanýan häzirkizaman bank hyzmatlarynyň täze görnüşleriniň ýola goýulmagyny karz edaralarynyň öňünde möhüm wezipe edip goýýar. Şunuň bilen baglylykda, soňky ýyllarda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan bank amallaryny awtomatlaşdyrmak we sanly innowasion tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak arkaly bank hyzmatlarynyň täze görnüşlerini müşderilere hödürlemek bilen bir hatarda, bu ulgamlaryň maglumat we kiberhowpsuzlygyny üpjün etmek boýunça toplumlaýyn çäreler hem amala aşyryldy.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ornaşdyrylýan sanly hyzmatlaryň «Sanly we ýaşyl ykdysadyýet – durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmegiň möhüm şerti» atly ýörelgeden ugur almagyna aýratyn ähmiýet berilýär, çünki ýaşyl ykdysadyýet adamzadyň tebigy baýlyklara bolan jogapkärçilikli gatnaşygyny häsiýetlendirip, onuň esasy maksady häzirkizaman ekologiýa taýdan arassa innowasion tehnologiýalary ýurdumyzyň ykdysadyýetine oýlanyşykly ornaşdyryp, raýatlaryň tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmaklaryny we sebitlerde daşky gurşawyň goraglylygyny üpjün etmek arkaly, milli ykdysadyýetimiziň geljekki nesillerimiz üçin durnukly ösüşini üpjün etmekden ybarat bolup durýar.

Şu nukdaýnazardan, häzirki döwürde ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ornaşdyrylýan sanly tehnologiýalar milli ykdysadyýetimiziň binýadyny has-da kämilleşdirmäge ýardam bermek bilen bir hatarda, müşderilere banka gelmezden özleriniň bank amallaryny gije-gündiziň dowamynda menzilara amala aşyrmak boýunça döredilýän mümkinçilikler, bir tarapdan, olaryň gyzyldan gymmatly wagtlaryny we serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýän bolsa, beýleki bir tarapdan ýurdumyzda hereket edýän ulaglaryň gatnawlarynyň mukdaryny çäklendirip, netijede, daşky gurşawyň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge hem özüniň oňyn täsirini ýetirýär.

Ýeri gelende belläp geçsek, häzirki döwürde ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan karz serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýän iri möçberli taslamalaryň tehniki-ykdysady esaslandyrmalary seljerilende hem, olaryň diňe bir importyň ornuny tutýan we eksporta ukyply täze önümçilik pudaklaryny döretmek mümkinçilikleri göz öňünde tutulman, eýsem-de, ilkinji nobatda şol karz taslamalaryň hasabyna geljekde öndüriljek önümleriň ýurdumyzyň ilatynyň sarp edijiliginde olaryň sagdyn durmuşyny, şeýle hem daşky gurşawyň milli we sebit derejesinde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge nazarlanan taslamalaryň bolmagyna hem aýratyn ähmiýet berilýär.

Bellenilip geçilişi ýaly, häzirki döwürde ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan hereket edýän milli Maksatnamalara we Konsepsiýalara laýyklykda ornaşdyrylýan «Internet bank» we «Mobil bank» programmalarynyň mümkinçiliklerini has-da kämilleşdirmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar. Karz edaralarynyň bu ugurda döredýän mümkinçiliklerinden peýdalanmaga ýurdumyzyň ilaty tarapyndan uly islegler bildirilip, bank hyzmatlaryndan peýdalanýan müşderileriň sany we olar boýunça geçirilýän amallaryň möçberi günsaýyn artýar.

Ýakyn geljekde ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ýörite mobil programmalar arkaly bank kartlaryny ulanmazdan wirtual kartlar boýunça galtaşyksyz tölegleri amal etmek mümkinçiligini özünde jemleýän taslama tapgyrlaýyn esasda ýola goýlup, bu ugurda geçirilýän amallaryň geriminiň has-da giňeldilmegi bilen, ýurdumyzyň raýatlaryna gymmatly wagtlaryny we maşgala býujetini has-da tygşytlamaga, şeýle hem ýurdumyzda sanly ulgam arkaly ýaşyl ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmäge zerur bolan şertler döredildi.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetini özgertmekde aýratyn ähmiýete eýe bolan sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi, geljekde hem uzak möhletleýin strategiki ösüşlere esaslanýan milli ykdysadyýetimiziň we bank ulgamynyň işini kämilleşdirmäge, bu ugurdan täze önümçilik pudaklaryny we iş ýerleri döredilip, ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlara özleriniň hünär ussatlygyny kämilleşdirmäge, sanly aragatnaşyk babatynda şäherler bilen obalaryň arasyndaky tapawudy aradan aýyrmaga we mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmaga giň mümkinçilikleri berer.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň milli Maksat-

namalary boýunça bank ulgamynyň öňünde goýlan wezipeleri üstünlikli amala aşyrmak we hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygyny mynasyp garşylamak ugrunda giň gerimli işleriň alnyp barylýar.

***S. Baýramow,***

*Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň müdiriýetiniň başlygy*

## «ÝAŞYL» YKDYSADYÝET – DURNUKLY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEGIŇ INNOWASION ÝOLY

Milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryna energiýa tygşytlaýjy we ekologik taýdan arassa tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça milli maksatnamalaryň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Alnyp barylýan döwlet syýasatynyň çäklerinde orta we uzak möhletleýin döwür üçin «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmäge, ekologik taýdan kabul ederlikli tehnologiýalary ornaşdyrmaga, daşky gurşawy goramak babatda innowasion çözgütleri işläp taýýarlamaga aýratyn ähmiýet berilýär.

Aslynda, «ýaşyl» ykdysadyýet – bu adamlaryň maddy hal-ýagdaýynyň düýpli gowulanmagyny üpjün edýän we şunuň bilen birlikde daşky gurşawa abanýan howpy düýpli peseldýän ykdysadyýetdir. «Ýaşyl» ykdysadyýete geçmegiň aňyrsynda daşky gurşawyň üýtgemek hadysasyny gowşatmak, ekoinnowasiýalary işläp taýýarlamak we ulanmak, ekologik taýdan arassa ulaglara geçmek, energiýa netijeliligini ýokarlandyrmak ýaly meseleler durýar. Häzirki döwürde durnukly ösüşe, şol sanda «ýaşyl» ykdysadyýete ugur alýan ýurtlaryň sany artýar. Bu ugurda dünýä döwletleri tebigy, durmuş, ykdysady we syýasy aýratynlyklaryna laýyklykda iş alyp barýarlar. Şol sebäpli ykdysadyýetiň bu nusgasyna geçmegiň dünýä tejribesini öwrenmegiň möhüm ähmiýeti bardyr.

Türkmenistan baý we täsin ösümlikdir haýwanat dünýäsi bilen tapawutlanýar. Tebigatyň eçilen bu ajaýyp gözelligini gorap saklamak, ylmy taýdan çuňňur öwrenmek we geljekki nesillere ýetirmek häzirki döwrüň esasy aýratynlygydyr. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda durmuşa ornaşdyrylýan «ýaşyl» ykdysadyýetiň esasy maksady hem tebigy baýlyklarymyzy gorap saklamakdan we rejeli peýdalanmakdan,

daşky gurşawymyzdaky ekologik deňagramlylygyň bozulmagynyň, tebigatyň hapalanmagynyň we zaýalanmagynyň öňüni almakdan, jemgyýetde adamlaryň has gowy we ekologik taýdan abadan ýaşamaklaryny, zähmet çekmeklerini, dynç almaklaryny gazanmakdan, raýatlarymyzyň maddy we medeni isleglerini kanagatlandyrmakdan ybaratdyr. Şu maksat bilen, ýurdumyzyň ylmy-tehniki kuwwatynyň artdyrylmagy ekologik abadançylygy saklamaga hemmetaraplaýyn ýardam edýär. Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda häzirki wagtda serişdeleri tygşytlaýan innowasion tehnologiýalar ornaşdyrylýar, howanyň arassalygyna gözegçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak, gurulýan zawod-fabrikleriň, beýleki desgalaryň ekologiýa ülňülerine we talaplaryna laýyk gelmegi babatda anyk çäreler görülýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 53-nji maddasynda her bir raýatyň jany we saglygy üçin amatly daşky gurşawa, onuň ýagdaýy barada hakyky maglumata hem-de ekologiýa kanunçylygynyň bozulmagy ýa-da tebigy betbagtçylyk netijesinde saglygyna, emlägine ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyna hukugynyň bardygy, döwletiň ilatyň sagdyn ýaşaýyş şertlerini goramak, üpjün etmek, daşky gurşawy goramak, onuň durnukly ýagdaýyny saklamak maksady bilen tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylyşyna gözegçilik edýändigi, her bir raýatyň tebigaty goramaga, daşky gurşawa we tebigy baýlyklara aýawly çemeleşmäge borçludygy kadalaşdyryldy. Munuň özi tebigy baýlyklary geljek nesiller üçin gorap saklamakda we ekologik howpsuzlygy üpjün etmekde-de möhüm ähmiýete eýedir.

Dünýä ýüzünde daşky gurşawy arassalamak, goramak we gaýtadan dikeldiş işlerine uly möçberde maýa goýum serişdeleri goýberilýär. Türkmenistanda hem ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, daşky gurşawy goramak, biodürlüligi saklamak hem-de rejeli peýdalanmak babatda innowasion çözgütleri işläp taýýarlamaga aýratyn ähmiýet berilýär. Şunda sanly tehnologiýalaryň, «ýaşyl» başlangyçlaryň utgaşdyrylmagynyň hem zerur bolup durýandygyny nygtamak gerek. Bu ugurdaky işleriň üstünlikli mysaly hökmünde Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen binýat bolan Arkadag şäherini görkezmek bolar. Şäheriň birinji tapgyryndaky desgalaryň gurluşygynda ekologik taýdan arassa serişdeler ulanyldy. Arkadag şäheriniň «Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sebitinde durnukly, «ýaşyl», howa üçin oňaýly we innowasion çözgütli şäherleri ösdürmek» taslamasyna goşulandygy baradaky we beýleki onlarça güwänamanyň berilmegi bu ulgamda öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli çözülýändigine şaýatlyk edýär.

Ýurdumyzda kabul edilen durmuş-ykdysady we pudaklaýyn maksatnamalarda, durmuşa geçirilýän taslamalarda ekologik abadançylyga aýratyn üns berilýär. Täze önümçilik toplumlarynyň gurluşygynda, ozal bar bolan desgalar döwrebaplaşdyrylanda öňdebaryjy tehnologiýalar, daşky gurşawa zyýany aradan aýyrmaga nebithimiýa senagatynyň öňdebaryjy kärhanasy bolan Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda döwrebaplaşdyryş işleriniň geçirilmegi munuň aýdyň mysalydyr. Bu ýerde häzirki zaman arassalaýyş enjamlary hereket edýär. Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň, «Garabogazkarbamid» zawodynyň, Gyýanly şäherçesindäki polimer zawodynyň we beýleki birnäçe toplumlaryň abraýly halkara guramalaryň önümçiligiň daşky gurşaw üçin howpsuzlygyny tassyklaýan güwänamalaryna eýe bolmagy buýsançlydyr.

Türkmen hünärmenleriniň, halkara bilermenleriň baha bermegine görä, Hazar deňziniň türkmen bölegi ekologik taýdan has arassa hasap edilýär. Munuň özi bu ugurda yzygiderli durmuşa geçirilýän çäreleriň oňyn netijesidir. Hazaryň kenarynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Ol bu sebitiň şypahana mümkinçiliklerini peýdalanyp, iri halkara syýahatçylyk merkezine öwürmäge gönükdirilendir.

Arid zolagynda ekerançylygyň we suwdan peýdalanmagyň ägirt uly tejribesine eýe bolmak bilen, ýurdumyz bu ulgamdaky ylmy barlaglaryň öň hatarynda çykyş edip, beýleki döwletleri hem suw gorlaryna tygşytly çemeleşmäge çagyrýar. Şunda «Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurluşygynyň möhüm ähmiýeti bar. Merkezi Garagumda döredilen bu täsin suw desgasy Garagum sährasynyň howa gurşawynyň gowulanmagyna ýardam edip, onuň haýwanat we ösümlik dünýäsini baýlaşdyrýar, tutuş sebitiň ekologik ýagdaýynyň oňyn özgermegine getirýär. Aral deňzi sebitiniň durmuş-ekologik ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça hem çäreleriň giň toplumy amala aşyrylýar.

2021-nji ýylyň martynda kabul edilen «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny Gün, ýel, suw energiýasy ýaly tebigy çeşmeleri giňden peýdalanmaga, önümçilige ekologik taýdan arassa tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmäge gönükdirilen işleri amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

Bu günki gün Türkmenistan daşky gurşawy goramak we ekologiýa boýunça BMG-niň konwensiýalaryna hem-de beýleki halkara ylalaşyklara goşulmak bilen, olardan gelip çykýan borçnamalary gyşarnyksyz

berjaý edýän ýurt hökmünde uly abraýdan peýdalanýar. Şolaryň hatarynda BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasy, Çölleşmä garşy göreş, Biologik dürlülik, Serhetüsti suw akymlaryny we halkara kölleri peýdalanmak, Ýabany haýwanlaryň göçýän görnüşlerini gorap saklamak hakynda Konwensiýalar, Ozon gatlagyny goramak hakynda Wena konwensiýasy, Howply galyndylaryň serhetüsti daşalyşyna we olaryň çykarylyşyna gözegçilik etmek hakynda Bazel konwensiýasy, Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak hakynda Çarçuwaly konwensiýa, Pariž ylalaşygy ýaly möhüm halkara resminamalar bar. Şunda Türkmenistan tarapyndan ýokary derejeli forumlardyr maslahatlarda öňe sürlüp, dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldawa eýe bolan oňyn başlangyçlaryň ähmiýetine-de ünsi çekmek zerur. Bu ýerde gürrüň, hususan-da, Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini we BMG-niň Merkezi Aziýa üçin suw meseleleri boýunça ýöriteleşdirilen düzümini döretmek, BMG-niň Suw strategiýasyny, şeýle-de Aral deňziniň sebiti üçin Ýörite maksatnamasyny, pes uglerodly energetika bilen bagly Strategiýasyny, wodorody ösdürmek boýunça halkara «Ýol kartasyny» işläp taýýarlamak, Aral meselesini BMG-niň işiniň aýratyn ugry hökmünde kesgitlemek ýaly anyk teklipler barada barýar.

2023-nji ýylyň dekabrynda BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde geçirilen maslahatynda (COP28) Türkmenistanyň Ählumumy metan borçnamasyna goşulýandygy resmi taýdan yglan edildi. Bitarap döwletimiziň bu borçnama goşulmagy bilen, halkara we milli derejede amala aşyrylýan netijeli işler howanyň üýtgemegine hem-de onuň täsirlerine garşy göreşmekde durnukly ösüşi üpjün etmäge ýardam berer.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda sanly tehnologiýalary peýdalanmagyň hasabyna milli ykdysadyýetiň binýadyny has-da kämilleşdirmek, gaýtadan işleýän kärhanalary bank karz serişdeleri bilen üpjün etmek we önümçiligiň galyndysyz alnyp barylýan bu ugruna maýa goýumlaryň goýulmagy babatda alnyp barylýan işler ýurdumyzda gaýtadan işleýän senagatyň ösmegine we ykdysadyýetiň girdejili ulgamyna öwrülmegine uly itergi berýär. Şunda Aziýanyň ösüş bankynyň dolandyryjylar geňeşi tarapyndan kabul edilip, ýurdumyzyň Hökümeti tarapyndan makullanan 2024–2028-nji ýyllarda Türkmenistan üçin ýurt boýunça hyzmatdaşlyk Strategiýasy aýratyn bellärliklidir. Bu Strategiýa ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmegiň esas goýujy resminamasy bolup, üç ugur boýunça netije-

li hyzmatdaşlygy ösdürmegi öz içine alýar. Olar howa şertlerine durnukly «ýaşyl» ykdysadyýete geçmäge ýardam bermekden; diwersifikasiýa arkaly bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmakdan, hususy telekeçiligi we adam maýasyny ösdürmekden; düzümleýin özgertmelerdir institusional ösüşlere ýardam bermekden ybaratdyr.

Häzirki wagtda Arkadag şäherinde Gün panelleri arkaly gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden elektrik energiýasyny öndürmek maksady bilen täze tehnologiýalary ornaşdyrmak we suw serişdelerini gaýtadan işlemek üçin niýetlenen taslamalar boýunça degişli işleriň alnyp barylýandygy hem ýurdumyzyň ekologiýa syýasatyna ýokary derejede üns berilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

**_S. Gurbandurdyýew,_**

*«Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň müdiriýetiniň başlygy*

## HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK – DURNUKLY ÖSÜŞIŇ SARSMAZ SÜTÜNI

Ýurdumyzda 2025-nji ýylynyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly diýlip yglan edilen hem-de Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýylynyň giňden bellenip geçilýän ýylynda bu maslahaty geçirmek bize täze işewürlik gatnaşyklary ýola goýmaga we mümkin bolan hyzmatdaşlar bilen tanyşmaga ajaýyp mümkinçilikleri döredýär.

Halkara hyzmatdaşlarymyz bilen hereket edýän ykdysady aragatnaşygymyzyň derejesine goşmaça itergi bermäge, Türkmenistanyň ösüşiniň ileri tutulýan ugurlary we onuň maýa goýum mümkinçilikleri barada gürrüň bermäge biziň üçin ajaýyp mümkinçilikdir.

Häzirki wagtda, döwleti ösdürmegiň umumy maksatnamalarynyň çäklerinde Türkmenistanda döwrebap, innowasion esaslarda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek boýunça toplumlaýyn çäreler durmuşa geçirilýär.

Döwlet maýa goýum syýasaty ykdysadyýetiň pudaklarynda ösüşiň ýokary depginlerini we netijeliligi ýokarlandyrmagy üpjün etmäge gönükdirilendir.

Bu wezipeleri meýilnamalara laýyklykda çözmek we bazar özgertmelerini ilerletmek üçin Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-

-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy, şeýle-de Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy we başga-da birnäçe maksatnamalar kabul edildi.

Ykdysadyýeti ösdürmek boýunça düýpli maksatnamalaýyn çäreleriň amala aşyrylmagynyň netijesinde, milli ykdysadyýetimiziň esasy makroykdysady görkezijileri ýokarlanýar we maliýe ulgamynyň durnuklylygy pugtalanýar, şeýle hem maýa goýum we işewürlik şertleri gowulanýar. Munuň şeýledigini Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky ýaly abraýly maliýe düzümleri ençeme gezek tassykladylar.

«Fitch Ratings» halkara agentliginiň biziň ýurdumyza «BB-durnukly» derejäni bermegi hem ykdysadyýetimiziň depginli ösýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Ykdysadyýetiň pudaklaryny tehnologik taýdan ösdürmegiň wezipelerini durmuşa geçirmekde hususy pudaga aýratyn orun berilýändigini bellemek isleýärin. Hususy pudagyň depginli ösmegi üçin amatly hukuk we ykdysady şertler döredilýär.

Telekeçilige hemmetaraplaýyn döwlet goldawynyň berilmegi netijesinde ýurtda öndürilýän harytlaryň we hyzmatlaryň möçberi artýar, jemi içerki önümiň düzüminde hususy pudagyň paýy ýokarlanýar.

Düzümleýin özgertmeleriň ýurduň maliýe-ykdysady ulgamyny hem öz içine alýandygyny we onuň netijesinde hususy pudak özüniň maýa goýum wezipelerini üstünlikli çözýändigini bellemek zerurdyr.

Doly döwlete dahylsyz eýeçiligiň subýektleriniň gatnaşmagynda «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň esaslandyrylmagy muňa aýdyň mysal bolup durýar.

Esaslandyrylan döwründen bäri, bankyň öňünde döwrebap bank hyzmatlarynyň görnüşleriniň giň toplumyny hödürlemek arkaly hususy telekeçileriň işewür başlangyçlaryna ýardam bermek boýunça wajyp wezipeler durýar.

Döwlet hususy pudagyň maýa goýum taslamalaryny ýeňillikli şertlerde maliýeleşdirilmegi üpjün etmek üçin uly möçberde maliýe serişdelerini bölüp berýär. Oba hojalygynda, şeýle-de önümçilik we gaýtadan işleýän pudaklarda ýeňilleşdirilen şertlerde karz pul bermek maksatnamasy durmuşa geçirilýär.

Bankyň aktiw amallary eksporta we importyň ornuny tutýan taslamalaryň maliýeleşdirilmegine, şeýle-de oba hojalygyna, gurluşyk senagatyna, senagat önümçiligine, durmuş ulgamyna we beýleki taslamalara gönükdirilendir.

Bank öňde goýlan ähli wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek üçin, bank hyzmatlarynyň dünýä bazaryndaky ählumumy meýillerden ugur almak bilen, müşderileri üçin ýokary tehnologik hyzmatlary tapgyrlaýyn girizýär. Şunda bank öňdebaryjy tehnologiýalara esaslanýan hem-de geljegi uly bolan innowasion hyzmatlaryň ulgamyny emele getirmäge çemeleşýär.

Özüniň esaslandyrylan pursadyndan bäri «Rysgal» PTB halkara maliýe guramalary bilen hem hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça işleri alyp barýar.

– Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky (ÝTÖB) bilen söwdany maliýeleşdirmek boýunça baglaşylan ylalaşygyň çäklerinde ýurduň telekeçileriniň eksport-import amallaryna goldaw berilýär.

– Yslam ösüş bankynyň toparyna girýän Hususy pudagyny ösdürmek boýunça Yslam korporasiýasy (HUÖYK) bilen baglaşylan karz ylalaşygynyň çäklerinde hususy pudagyň eksporta gönükdirilen taslamalary maliýeleşdirilýär.

Ondan başga-da, Aziýa ösüş banky tarapyndan ýurdumyzyň kiçi we orta telekeçilige goldaw bermek üçin dürli gurallaryny işe girizmek boýunça mümkinçilikleri öwrenilýär.

Çuňňur hormatlanylýan Türkmenistanyň Prezidentiniň hemme taraplaýyn goldaw bermeginde ýurdumyzyň telekeçileriniň öňünde deňsiz-taýsyz mümkinçilikleriň açylýanlygyny bellemek isleýärin. Şeýle mümkinçilikler sebäpli hususy pudak işjeň ösýär we ýurduň ösmegine mynasyp goşandyny goşýar.

Şunuň bilen baglylykda, «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky Türkmenistanyň işewürler bileleşiginiň wekilleri bilen halkara hyzmatdaşlaryň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklara hemme taraplaýyn goldaw bermäge taýýardygyny aýtmak isleýärin.

***J. Jumagylyjow,***

*Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynyň müdiriýetiniň başlygy*

## DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEKDE SANLY BANK HYZMATLARYNYŇ TUTÝAN ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady

taýdan ösdürmegiň maksatnamasynda» hem-de «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» halkara ülňülere laýyk gelýän häzirki zaman maglumat aragatnaşyk tehnologiýalara esaslanýan sanly ulgamy yzygiderli ornaşdyrmagyň hasabyna milli ykdysadyýetimiziň belent sepgitlere ýetmegi üçin döwlet bähbitli çäreler göz öňünde tutulandyr. Häzirki döwürde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda döwrüň talaby bolan, sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmak işi giň gerimde dowam edýär hem-de ylmyň we tehnikanyň iň soňky gazananlaryny, öňdebaryjy halkara tejribeleri esasynda innowasion tehnologiýalary ornaşdyrylyp ýokary ykdysady ösüşler gazanylýar.

Hormatly Prezidentimiziň çuňňur oýlanyşykly syýasaty netijesinde ýurdumyzyň ykdysady ösüşi durnukly häsiýete eýe bolýar, onuň bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti üpjün etmek üçin maliýe we bank ulgamlarynyň yzygiderli ösüşini gazanmak wajyp bolup durýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň möçberini artdyrmak hem-de pul dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan halkara tejribesiniň öňdebaryjy tilsimatlaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary has-da ýaýbaňlandyrmak boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar. Häzirki zaman sanly tehnologiýalaryň yzygiderli ornaşdyrylmagy, ilata töleg-hasaplaşyk, bankdan alan karz göterimlerini we beýleki hyzmatlary banka gelmezden menzilara ýerine ýetirmäge mümkinçilik döredýär. Bank ulgamyny has-da kämilleşdirmek, milli töleg ulgamyny ösdürmek we onuň netijeliligini, ygtybarlylygyny, howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, töleg ulgamy yzygiderli sanly maglumat tehnologiýalary, kompýuter programmalary bilen üpjün edilýär.

Sanly ulgamlary ornaşdyrmak boýunça geçirilýän işleriň çäklerinde Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynda hem bankyň müşderilerine karz edarasyna barmazdan, internet arkaly bank hasaplary barada maglumatlary görmek we elektron göçürmeleri hem-de dürli görnüşli töleg tabşyryklaryny (şol sanda daşary ýurt pulundaky amallary), aýlyk zähmet haky tölegleri taýýarlamaga mümkinçilik berýän sanly hyzmatlary ýola goýuldy. Bankymyz tarapyndan fiziki şahslar üçin menzilara «Online kabulhana» hyzmaty ulanyşa girizildi. Bu ulgam arkaly dürli görnüşli güwänamalary almak boýunça banka menzilara ýüz tutmak, ýüztutmanyň ýagdaýyny görmek we elektron jogabyny almak ýaly sanly hyzmatlary ýola goýuldy.

Ýurdumyzda sanly nagt däl hasaplaşyklaryň gerimi günsaýyn giňeýär we karz edaralarynda hyzmatlaryň täze görnüşleri yzygiderli ornaşdyrylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararlaryna laýyklykda, kiçi we orta telekeçiligi, şol sanda hususy telekeçileri goldamak, ýurduň ykdysady taýdan kuwwatlanmagyny gazanmak, ilatyň durmuş taýdan üpjünçiligini ýokarlandyrmak maksady bilen, ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan önüm öndürijilere ýeňillikli bank karzlary berilýär. Amatly şertlerde dürli görnüşli ýeňillikli bank karzlarynyň berilmegi ýurduň ykdysadyýetinde hojalygy dolandyrmagyň öňdebaryjy usullarynyň işjeň ornaşdyrylmagyny, netijeli, döwrebap tehnologiýalaryň özleşdirilmegini, täze iş ýerleriň döredilmegini, ýurdumyzda daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan ýokary hilli önümleriniň möçberleriniň ýokarlanmagyny üpjün edýär.

Ýurdumyzyň sebitleriniň sazlaşykly ösdürilmegi, maýa goýumlaryň möçberleriniň köpeldilmegi, pul-karz, salgyt-býujet we nyrh syýasatyna täze usullaryň ornaşdyrylmagy, kiçi we orta telekeçilige döwlet tarapyndan goldaw berilmegi, ilatyň durmuş derejesiniň has-da ýokarlandyrylmagy Türkmenistanyň Prezidentiniň uzak möhletleýin durmuş-ykdysady strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, raýatlaryň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga, olaryň ýaşaýyş derejesini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine çykarmaga gönükdirilen giň gerimli wezipeler amala aşyrylýar. Garaşsyz we baky Bitarap ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriniň netijesinde halkymyzyň hal-ýagdaýy gün-günden gowulanýar we olaryň girdejileri yzygiderli artýar. Şeýlelikde, raýatlarda erkin pul serişdeleriniň peýda bolmagy netijesinde banklarda goýumlaryň dürli görnüşinde goýum goýmak islegini ýüze çykarýar. Ýurdumyzyň banklary tarapyndan bolsa, ilatyň wagtlaýyn ulanylmaýan erkin pul serişdelerini banka goýuma çekmek barada yzygiderli işler geçirilýär, ilata goýumlaryň täze görnüşleri hödürlenýär ýagny, bankymyz tarapyndan halkara Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli «Bitaraplygyň 30 ýyllygy» atly möhletli goýumy ýurdumyzyň raýatlaryna hödürlendi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda milli ykdysadyýetimizi ösdürmek boýunça öňe sürlen başlangyçlaryň çäklerinde amala aşyrylýan maliýe özgertmeleri bank ulgamynyň berk binýadyny döretmäge, ýurdumyzda ykdysady durnuklylygy berkitmek arkaly türkmen ykdysadyýetini mundan beýläk hem ösdürmäge uly ýardam berýär. Bu ugurda has netijeli işlemäge giň mümkinçilikleri, döwrebap şertleri döredip berýändigi üçin hormatly Prezidentimize we Milli Liderimize egsilmez alkyş aýdýarys.

***G. Nurmuhammedow,***

*Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň baş direktory*

## ÖSÜŞLERIŇ AK ÝOLUNY NAZARLAP

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda Watanymyzyň her bir güni beýik ösüşlere beslenýär.

Özi gülüstan, çar ýany bagy-bossan Türkmenistan ykdysady ösüşleriň jümmüşinde has hem ajaýyp. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak durnukly ösüşiň binýady bolup, Garaşsyzlygymyzyň taryhyndaky altyn sahypadyr.

Ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň barha artmagy, şöhratly geçmişimizi, bagtyýar şu günümizi, nurana geljegimizi alamatlandyryp, kalplarymyza nur çaýýar.

Ykdysadyýet döwletiň ösüşi, ynsanlaryň bolelin durmuşda ýaşamagyna gönükdirilen pudakdyr. Bu günki gün bu pudagyň pajarlap ösmegi rowaçlygyň belent sepgitleridir.

Ösüşleriň ak ýoluny nazarlap, bedew bady bilen ynamly öňe barýan Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň pähim-paýhasy bilen döwletimiziň ykdysady ösüşini hil taýdan täze derejä çykarmak, düzümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, ähli ugurlara sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Sanly ulgamyň ornaşdyrylmagynyň hasabyna durmuşymyzda gündelik zerur bolan hyzmatlaryň islendigini hiç ýere barmazdan, nobata durmazdan, oturan ýeriňde ýa-da gezip ýören çagyňda bitirmek mümkinçilikleri giňeýär. Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy esasynda durmuşymyzda sanly özgertmeleriň eýýäm ençemesi ornaşdy.

Hawa, halkymyzyň ykbalyny arşa göteren Garaşsyzlygymyz rowaçlygyň özeni. Ol gysga döwrüň içinde türkmen milletini täze uly ýeňişlere atardy, egsilmez bagta ýetirdi, beýik ösüşlere, asuda bagtyýar durmuşa ýol açdy. Şanly Garaşsyzlygymyzyň 34 ýylynyň dowamynda eziz Diýarymyzyň täze taryhyna altyn harplar bilen ýazylan deňsiz-taýsyz ösüşler, uly üstünlikler, ýokary netijeler gazanyldy.

Garaşsyzlyk bagtymyzyň gözbaşydyr, onuň gadyr-gymmaty bimöçberdir. Taryh üçin uly bolmadyk bu döwrüň içinde Garaşsyzlyk eýýamynda halkyň bähbidine gurulýan binalardyr ymaratlar döwrebap ýollar, ulag we aragatnaşyk, şanly seneler, toý-dabaralar bilen utgaşyp, döwrümizi-ömrümizi has-da bagtyýarlyga öwürýär.

Garaşsyzlygyna eýe bolan ata Watanymyz kämil ulaglar düzümini we häzirki zaman kommunikasiýa ulgamyny kemala getirmek üçin uly serişdeleri gönükdirip, ýurdumyzy mundan beýläk-de ösdürmekde berk binýat döretdi. Ykdysady ösüşimizde gazanylýan üstünlikler, geljekki işlere güýç-kuwwat berip, ýene-de ýurdumyzy gözelliklere besleýär. Awtomobil, demir ýol, howa, deňiz, derýa ulaglary arkaly ýükleri daşamagyň ösüş depginleri ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmakda uly ähmiýete eýedir.

Hormatly Prezidentimiziň dostlukly ýörelgeleri esasynda Türkmenistan Watanymyz bu gün dünýä döwletleri bilen hoşniýetli, dost-doganlyk, özara bähbitli, arkalaşykly hereket etmek ýaly gatnaşyklary alyp barýar. Bu babatda ýetilýän belent sepgitler, gazanylýan üstünlikler Berkarar döwletimiziň binýadynyň örän berkden tutulýandygyna güwä geçýär. Güneşli, asuda Watanymyzda dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmak baradaky anyk we tutumly işler alnyp barylýar.

Parahatçylyk we ynanyşmak adamzat üçin iň zerur düşünjelerdir, häzirki wagtda biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly bu ýörelgeler hyzmatdaşlygyň we ösüşiň baş şertine öwrülýär. Dünýäniň ähli halklary üçin ählumumy howpsuzlyk hem-de abadançylyk, ösüş, ynsanperwerlik, ruhy kämillik we dostluk – bularyň ählisi Bitarap daşary syýasat derejesine eýe bolan Garaşsyz döwletiň, türkmen halkynyň Milli Lideriniň öňe sürýän taglymatynda öz beýanyny tapýar. Türkmenistan diňe bir öz sebitinde hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny alyp barmak bilen çäklenmän, gyzyklanma bildirýän ähli döwletler bilen şeýle syýasaty durmuşa geçirýär hem-de diňe bir bähbitleriň gabat gelmegini gözlemän, öz hyzmatdaşlaryny ählumumy abadançylygyň bähbidine bilelikde netijeli işlemäge gönükdirilen pikirdeşlerine öwürýär. Munuň özi ýurdumyzyň häzirki wagtdaky we geljekde alyp barjak halkara işiniň üstünliklere beslenmeginiň kepili bolup durýar.

Parahatçylyk we ynanyşmak. Bu sözler barada pikir edeniňde, ilkinji nobatda, Gahryman Arkadagymyzyň «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly ýörelgesi hakyda gelýär. Çünki ynanyşmak – dialogyň miwesi. Dialog bolmadyk ýerde, ýagny kalplar sözlemedik ýerde ynam öz ornuny ymykly

eýeläp bilmeýär. Hut şonuň üçin-de Türkmenistanyň teklibi bilen şu ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi zemininiň häzirki we geljekki nesilleriniň abadan durmuşynyň hatyrasyna ähli ynsanlary, ähli ýurtlary birek-biregi diňlemäge, dialoga çagyryş bar. Has takygy, bu ýylyň adynda Milli Liderimiziň ynsanperwer filosofiýasy bar.

Şu babatda ýurdumyzyň ykdysady ösüşinde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak durnukly ösüşiň binýadynyň belentliklerden gol bulaýan üstünlikleriň bossanynda ýalkym saçýan gül-gülälekli sähralaryň owadanlygyna bürenen, şirinden-şirin owazy göwünleri galkyndyrýar. Bagtyýarlyga beslenen ak ýollaryň aýdyňlygy gün-günden gözelleşýän, barha gözelleşýän barha pajarlap ösýän Diýarymyzyň gül keşbine nur çaýýar. Ýurdumyz Garaşsyzlygyň nurana ýoly bilen ynamly öňe gidip, ykdysady kuwwatly abadan döwlet, parahatçylyk dörediji merkez hökmünde tutuş dünýä abraýyny ýylsaýyn belende galdyrýar. Ýurdumyzyň halkara gatnaşyklaryndaky mertebesi ýokary göterilýär.

Garaşsyz Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagy, halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň has ösmegi babatda beýik işleri durmuşa geçirýän, hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerimiziň ähmiýetini buýsançly netijeler bilen belende galdyrýan Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, dünýä bähbitli sahabatly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

***M. Datdow,***

*Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň orunbasary*

## «ÝAŞYL» YKDYSADYÝETI ÖSDÜRMEKDE HALKARA MALIÝE GURAMALARY BILEN NETIJELI HYZMATDAŞLYK

«Halkara Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilen 2025-nji ýylda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ykdysadyýetimizi durnukly ösdürmäge, berk maliýe-bank ulgamyny döretmäge gönükdirilen işler ýokary depgin bilen dowam etdirilýär. Durmuşa geçirilýän giň gerimli özgertmeleriň netijesinde, ýurdumyzyň halkara abraýy barha artýar, halkara gatnaşyklary ýokary depginli ösdürilýär. Daşary

syýasatyň ileri tutulýan ugurlaryna degişli bolan halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy berkitmekde häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän derejede uly işler amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän ol işler ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň esasy bolup çykyş edýär. Ýurdumyzda bank işleriniň we tehnologiýalaryň tapgyrlaýyn döwrebaplaşdyrylmagy, netijeli pul-karz syýasatynyň alnyp barylmagy, ýaşyl maýa goýumlaryň möçberiniň artdyrylmagy, bank hyzmatlarynyň döwrebap tehnologiýalara esaslanýan täze görnüşleriniň hödürlenmegi, nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleriniň artdyrylmagy milli bank ulgamynyň häzirki zaman ösüşine laýyk gelmegine mümkinçilik berýär. Şeýle ýagdaý bazar gatnaşyklaryna yzygiderli geçilmegini üpjün edýär hem-de ýurdumyzyň gülläp ösmegine we türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam edýär.

«Ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek, her bir durmuşa geçirilýän taslamalarda «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny gurşap alýan düýpli ykdysady özgertmeleriň özenini düzýär. Diýarymyzda kabul edilen 30 ýyla niýetlenen strategik ähmiýetli «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynyň» esasy maksatlarynyň biri hem ekologiýa we azyk howpsuzlygyny üpjün etmek, «ýaşyl» ykdysadyýeti höweslendirmek bolup durýar.

Şol sebäpden, dünýäniň abraýly sebit we halkara maliýe guramalary, maliýe institutlary Türkmenistanda amala aşyrylýan «ýaşyl» taslamalara işjeň gatnaşmaga, bu ugra maýa goýumlary gönükdirmäge, «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek boýunça halkara tejribesini ornaşdyrmaga, özara tejribe alyşmaga ýokary isleg bildirýärler. Bu ugurda Türkmenistan bilen halkara maliýe guramalaryň, maliýe institutlaryň arasyndaky hyzmatdaşlyk yzygider ösdürilýär.

Şu ýylyň 19-njy martynda Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda paýtagtymyzda geçirilen hem-de halkara maliýe ulgamyň wekillerine degişli teklipleri beýan etmek üçin gowy mümkinçilikleri beren «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahatda hem Milli Liderimiz ýurdumyzyň öňden gelýän we ygtybarly maliýe hyzmatdaşlary bolan Bütindünýä bankynyň, Aziýanyň Ösüş bankynyň, Yslam Ösüş bankynyň, Ýewropanyň Täzeleniş we Ösüş bankynyň, Saud Arabystanyndan, Birleşen

Arap Emirliklerinden, Katardan, beýleki dostlukly ýurtlardan ösüş gaznalarynyň hem-de banklarynyň Merkezi we Günorta Aziýa bilen ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmäge gönükdirilen işini dowam etdirjekdigine ynam bildirdi.

Köpetdagyň eteginde ajaýyp künjekde ýerleşen «akylly», öňdebaryjy sanly, maglumat-aragatnaşyk we «ýaşyl» tehnologiýalar giňden ornaşdyrylan Arkadag şäheri «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek ugrunda halkara maliýe guramalaryň ünsüni ýakyndan çekýär. Şäheriň gurluşygynyň birinji tapgyrynda bina edilen desgalar, ikinji tapgyrynda gurluşygy alnyp barylýan desgalar Gahryman Arkadagymyzyň binagärlik zehininiň netijesinde dolulygyna «ýaşyl» ykdysadyýetiň talaplaryna laýyklykda alnyp barylýar. Bu bolsa, halkara maliýe guramalaryny şähere ýaşyl maýa goýumlary gönükdirmäge höweslendirýär.

Halkara Parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 17-nji maýynda Arkadag şäherinde Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komiteti bilen Aziýanyň Ösüş bankynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilmegi aýdanlarymyzy doly tassyklaýar. Resminama häzirki zaman tehnologiýalary we sanly çözgütler ornaşdyrylan, «akylly» hem-de «ýaşyl» şäher konsepsiýalaryna laýyklykda bina edilen Arkadag şäherinde energetika, suw üpjünçiligi, şäher gurluşygy pudaklaryny ösdürmäge, bu babatda zerur bolan tehnologiýalary ornaşdyrmaga, suwy, energiýany tygşytlamaga, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ösdürmäge, suwy gaýtadan ulanmaga, bu ugurlarda täze taslamalary işläp düzmekde we durmuşa geçirmekde öňdebaryjy tejribeleri alyşmak babatda hyzmatdaşlyk etmäge gönükdirilendir.

Aziýanyň Ösüş banky ýurdumyzyň strategik hyzmatdaşlarynyň biridir. Şu ýyl bolsa, Türkmenistan bilen Aziýanyň Ösüş bankynyň arasynda ýola goýlan hyzmatdaşlyga 25 ýyl dolýar. Agzalan döwürde maliýe düzüminiň gönüden-göni gatnaşmagynda Türkmenistanda energiýa, demir ýol ulagy ulgamlarynda iki taslama üstünlikli amala aşyryldy. Mundan başga-da, Aziýanyň Ösüş banky Türkmenistanyň dürli pudaklaryna umumy möçberi 12 million amerikan dollaryna barabar tehniki kömegi berýändigini bellemelidiris.

«Ýaşyl» ykdysadyýete maýa goýumlar halkymyzyň geljegine, sagdyn ýaşaýşyna maýa goýumlardyr. «Ýaşyl» ykdysadyýete maýa goýumlar milli ykdysadyýetimiziň strategik häsiýetli durnukly ösüşini kepillendirjek maýa goýumlardyr. «Ýaşyl» ykdysadyýete maýa goýumlar bütin dünýäniň ekoulgamyny gorap saklamaga gönükdirilen maýa goýumlardyr. Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde,

ýurdumyzda «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek ugrunda halkara maliýe guramalary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk mundan beýläk-de ösdüriler.

Umuman, Türkmenistanda durmuşa geçirilýän ykdysady ösüş strategiýasynda halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek, hususan-da, abraýly maliýe guramalary we bank düzümleri bilen gatnaşyklary ösdürmek möhüm orny eýeleýär. Bu bolsa, ýurtda «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygy ösdürip, agzalan ugurda dünýäniň ösen tejribesiniň milli ulgama ornaşdyrylmagyny çaltlaşdyrmaga ýardam berer.

***A. Atabaýewa,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň rektory, ykdysady ylymlaryň kandidaty*

## «ÝAŞYL» YKDYSADYÝET ÝURDUMYZYŇ DURNUKLY ÖSÜŞINIŇ ESASY UGRY

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek babatda giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Bu işler durnukly ösüşiň, daşky gurşawy goramagyň we tebigy serişdeleri tygşytly peýdalanmagyň esasy ugurlaryny öz içine alýar.

Ýurdumyzda tebigy serişdeleri, şol sanda suw, toprak, energiýa çeşmeleri netijeli we tygşytly ulanylýar. Energiýanyň ekologik taýdan arassa görnüşini, Gün we ýel energiýasy ýaly gaýtadan dikeldip bolýan energiýa çeşmelerini ulanmak boýunça işler amala aşyrylýar. Ykdysadyýetiň pudaklarynda ekologik taýdan arassa we energiýa tygşytly tehnologiýalary ornaşdyrmak, ýaşyl zolaklary döretmek we biodürlüligi gorap saklamak boýunça taslamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Aýratyn bellemeli zatlaryň biri hem, ýurdumyzda «ýaşyl» ykdysadyýete esaslanýan giň möçberli şähergurluşyk taslamalary alnyp barylýar.

Şunuň bilen baglylykda, Arkadag şäheriniň Türkmenistanda «Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sebitinde durnukly, «ýaşyl», howa üçin oňaýly we innowasion çözgütli şäherleri ösdürmek» taslamasyna girizilen ilkinji «akylly» şäherdigini bellemek gerek. Munuň

özi ýurdumyzyň bu ugurda alyp barýan ägirt uly işleriniň halkara derejede ykrar edilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Daşky gurşawy goramak, «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak babatynda kanunçylyk binýady kämilleşdirilýär. Tebigaty goramak, ýaşyl durmuş ýörelgelerini wagyz etmek boýunça maslahatlary, wagyz-nesihat işlerini geçirmek arkaly jemgyýetiň ekologik düşünjesi ýokarlandyrylýar. Şeýlelik bilen, ýurdumyzy ekologik taýdan arassa we tehnologik taýdan kämil ýurtlaryň birine öwürmek maksady amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň «ýaşyl» ykdysadyýete geçişi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup, global derejede durnukly ösüşiň möhüm şertidir. «Ýaşyl» ykdysadyýet tebigy baýlyklaryň tygşytly ulanylmagyny, innowasion we ekologik taýdan arassa tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly ekoulgamlaryň goralmagyny we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyny üpjün edýär. Türkmenistanyň özboluşly tebigy we howa şertleri hem-de ýokary depginli ösüşi göz öňünde tutulanda, «ýaşyl» ykdysadyýet durnukly ösüş boýunça milli strategiýanyň möhüm bölegidir.

«Ýaşyl» ykdysadyýet adalgasy ilkinji gezek 1989-njy ýylda Angliýanyň hökümeti üçin taýýarlanan «Ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmegiň meýilnamasy» atly hasabatda ulanyldy. 2009-njy ýylda Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň ýurtlary ekologiýa gönükdirilen («ýaşyl») ösüş strategiýasyny 2008-nji ýyldaky maliýe we ykdysady çökgünligi ýeňip geçmegiň guraly hökmünde kabul etdiler. «Ýaşyl» ykdysadyýetiň maksady, ekoulgamyň ýüküni azaltmak bilen bir hatarda, adam durmuşynyň hilini, abadançylygyny ýokarlandyrmak bolup durýar. «Ýaşyl» ykdysadyýet daşky gurşaw, ykdysadyýet we durmuş syýasatynyň arasynda deňagramlylygy saklamak üçin döredildi.

Türkmenistanda döwlet derejesinde dolandyryşyň ekologik-ykdysady modeline geçmek üçin ähli şertler döredilýär. Bu maksat bilen kadalaşdyryjy hukuk resminamalary kämilleşdirilýär. «Ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmegiň hukuk binýadyny döredýän möhüm resminama 2021-nji ýylyň 13-nji martynda kabul edilen «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, esasan-da, Gün, ýel, suw energiýasy ýaly tebigy hadysalaryň hasabyna döreýän we gorlary tükenmeýän, yzygiderli gaýtadan dikeldilýän energiýany öndürmek, ony aýawly ulanmak hem-de daşky gurşawy goramak, gazylyp alynýan tebigy baýlyklarymyzy, ýagny nebiti we gazy tygşytlamak, şol sanda atmosfera howasyny goramak babatda işleriň hukuk, guramaçylyk we ykdysady esaslaryny kesgitleýär hem-de

bu çygyrda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär. «Türkmenistanda 2030-njy ýyla çenli gaýtadan dikeldilýän energetikany ösdürmek boýunça Milli strategiýa» laýyklykda, 2030-njy ýyla çenli ýurduň jemi içerki önüminiň birliginde energiýanyň sarp edilýän we $CO_2$-niň çykarylýan möçberlerini azaltmak bellenilendir.

«Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmek baradaky 2019–2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýa» ekologik maglumatlaryň ýygnalmagy we dolandyrylmagy üçin sanly platformalaryň döredilmegini nazarda tutýar. Bu mümkinçilikler tebigy baýlyklary has netijeli dolandyrmaga, işewürlik we ilat arasynda daşky gurşawy goramak barada düşünjäni artdyrmaga ýardam berýär. Şeýlelikde, bu ekologiýa ulgamynda tehnologiýa startaplarynyň ösmegine hem täze mümkinçilikleri açýar.

Ylmy gözlegler we innowasiýa Türkmenistanda «ýaşyl» ykdysadyýetiň ösmeginde hem möhüm orun tutýar. Ýurdumyzda täze ekologik taýdan arassa tehnologiýalary we usullary işläp düzýän ylmy-barlag merkezler we barlaghanalar döredilýär. Energiýa netijeliligi, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri, galyndylary gaýtadan işlemek we ekologik taýdan arassa oba hojalygynda innowasion çözgütleri işläp düzmek we durmuşa geçirmek möhüm ugur bolup durýar. Bu ylmy barlaglar täze iş ýerleriniň döredilmegine goşant goşýar we daşky gurşawa ýaramaz täsirini azaltmak bilen ykdysady ösüşi höweslendirýär.

«Ýaşyl» ykdysadyýetiň ýene-de bir möhüm ugry – ilatyň ekologiýa jogapkärçiligini ýokarlandyrmak bolup durýar. Türkmenistanyň Bilim ministrligi hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasy (ÝUNISEF) bilen bilelikde işlenilip taýýarlanylan we 2025-nji ýylda durmuşa geçirilip başlanylan «Ýaşyl mekdep» atly bilelikdäki maksatnama ýaş nesilleriň arasynda durnukly ösüşiň ýörelgelerini berkitmek üçin döredildi. Bu maksatnama okuwçylaryň we mugallymlaryň daşky gurşawy goramak boýunça taslamalara gatnaşmagyny üpjün edip, ekologik taýdan arassa durmuş ýörelgelerini ösdürýär.

Azyk önümçiliginiň we ýaşaýyş hyzmatlarynyň tygşytly bolmagy üçin ýangyç sarp edişiň, serişdeleriň gaýtadan ulanylmagynyň, galyndylaryň dolandyrylmagynyň ýeňilleşdirilmegi Türkmenistanda möhüm ähmiýete eýedir. Ýurduň her künjeginde galyndylaryň ýygnalyp, gaýtadan işlenmegi üçin ulgamlar ösdürilýär. Bu ulgamlar plastik we çüýşeden edilýän önümleriň gaýtadan ulanylmagyny giňeltmäge, daşky gurşawa düşýän zyýany azaltmaga mümkinçilik berýär.

Ýurdumyzda «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek babatynda halkara hyzmatdaşlyk giňden ösdürilýär. Aziýa ösüş banky, Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky (Global ekologiýa gaznasy), ÝUNISEF ýaly guramalaryň tehniki we maliýe goldawlary «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmekde möhüm ähmiýete eýe bolup, milli taslamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegine goşant goşýar. Bu hyzmatdaşlyk halkara standartlaryň we ylmy-tehniki tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna, maýa goýumlary çekmäge ýardam edýär.

Beýan edilenler bilen baglylykda, «ýaşyl» ykdysadyýet Türkmenistanyň Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmekde daşky gurşawy goramaga we ykdysady ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen köp ugurly we hemmetaraplaýyn çemeleşmeleri öz içine alýar. Galyndylaryň gaýtadan işlenilmegi üçin infrastrukturalaryň ösdürilmegi, ylmy barlaglary we innowasiýalary ösdürmek, «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça startaplary durmuşa geçirmek, maýa goýumlary çekmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek we raýatlaryň ekologiýa baradaky düşünjelerini artdyrmak ýurdumyzda «ýaşyl» ykdysadyýeti mundan beýläk hem ösdürmäge ýardam eder.

**_B. Taňryberdiýew,_**

_Türkmen döwlet maliýe institutynyň rektory,_
_ykdysady ylymlaryň kandidaty_

## ADAM MAÝASYNY ÖSDÜRMEK – BILIMLER YKDYSADYÝETINIŇ BAŞ ŞERTI

Ýurdumyzda bazar gatnaşyklarynyň giňden ornaşdyrylýan we innowasion ykdysadyýetiň ösdürilýän şertlerinde adam maýasy bilen bagly meseleleriň ähmiýeti barha artmak meýline eýedir. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň ykdysadyýete degişli ylmy işlerinde adam maýasynyň nazaryýet esaslary, Türkmenistanda alnyp barylýan durmuş syýasaty ykdysadyýetiň innowasion ösüşi bilen berk baglylykda seljerilýär we bu nazaryýetiň amaly ähmiýeti şeýle kesgitlenilýär: «Adam – bu diňe bir çykdajy däl-de, eýsem, girdeji almagyň, iş öndürijiligini ýokarlandyrmagyň, kabul edilýän karardyr çözgütleriň dürslügini berjaý etmegiň hem esasy serişdesidir, şol sebäpden hem onuň zähmet ukybyny ýokarlandyrmaga, başarnygyny hem zehinini doly

açmaga şert döretmek üçin goýberilýän serişdeler ykdysady taýdan doly delillendirilendir».

Bilşimiz ýaly, bilimler ykdysadyýeti postindustrial we innowasion ykdysadyýetiň ýokary derejesi bolup, ol tehnologik ösüşiň geljekki derejesini emele getirýär. «Bilimler ykdysadyýeti» adalgasy, köplenç ýagdaýda, «innowasion ykdysadyýet» adalgasy bilen manydaş ulanylýar. Döredijilikli, innowasion adam maýasy bilimler ykdysadyýetiniň emele gelmeginiň we ösmeginiň esasy şerti bolup durýar. Bilimler ykdysadyýetiniň netijeleri adam ukyplarynyň ösmeginde, ýaşaýyş-durmuş şertleriniň gowulanmagynda, bilimiň kämilleşmeginde, ýokary tehnologiýalarda, innowasiýalarda we ýokary hilli hyzmatlarda özüniň beýanyny tapýar.

Häzirki döwürde döwletleriň adam maýasyny ösdürmek bilen bagly meselelere ünsüniň güýçlenmegi onuň girdeji getirmek ukybynyň ýokarydygy bilen baglanyşyklydyr. Ösen ýurtlaryň milli girdejisinde ösüşiň 70–80 göteriminiň adam maýasy arkaly üpjün edilmegi munuň şeýledigine şaýatlyk edýär. Dünýä tejribesinde maýa serişdeleriniň köp bölegini adam maýasyna öwürmek ugrunda dürli usullardyr çemeleşmeleri ulanylýar we onuň esasynda ýokary netijeler gazanylýar. Bu, öz gezeginde, ylmyň, innowasiýalaryň we akyl ýetirişiň ösüşine aýgytlaýjy artykmaçlyk bermek bilen bir hatarda, ol ilatyň durmuş ýagdaýynyň has hem öňe ilerlemegine şert döredýär. Dünýäniň ösen ýurtlarynda alymlaryň oýlap tapyşlarynyň, täzeçil pikirleriniň çalt we netijeli durmuşa ornaşdyrylmagy harytlaryň täze görnüşleriniň öndürilmegi üçin oňaýly şertler döredýär.

Häzirki döwürde adam maýasyna gönükdirilýän sermaýalaryň ýokary derejesi we olaryň netijesinde döredilýän täze tehnologiýalar ýurduň öňdäki orunlary eýelemegine mümkinçilik berýär. Bu ýagdaý adam maýasynyň hili we ony ösdürmegiň ýollary baradaky meseleleriň özüniň wajyplygy bilen tapawutlanýandygyny görkezýär.

Dünýäniň ykdysady giňişliginde dürli ýurtlaryň ykdysady syýasaty özbaşdak alyp barmak üçin täze mümkinçilikleriň döredilmegi adam maýasyny ösdürmeklige itergi berdi. Türkmenistanyň hem garaşsyzlygyny gazanmagy netijesinde alnyp barylýan ykdysady syýasat eziz Watanymyzyň ykdysady taýdan rowaçlanmagyna, ýagny ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyny, şeýle-de saglyk, ylym-bilim ulgamlarynyň ösmegini şertlendirdi. Bu ykdysady üstünlikler adam maýasynyň ösdürilmegi, netijede, uzak möhleti nazarlaýan ykdysady ösüşi üpjün etmek üçin güýçli başlangyç bolup hyzmat edýär. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy:

Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynda» bilimler ykdysadyýetini ösdürmek, adam maýasyny ykdysady ösüşleriň çeşmesine öwürmek meseleleriniň esasy maksatlaryň hatarynda kesgitlenmegi milli ykdysady ösüşi üpjün etmekde olara wajyp ornuň degişlidigini görkezýär. Bu strategik maksatlary üstünlikli durmuşa geçirmek üçin ykdysady syýasatyň milli taýdan şertlendirilen, halkara hyzmatdaşlyga ugrukdyrylan, durmuş taýdan kadalaşdyrylan bolmalydygy has aýdyň görünýär. Ýokary tehnologiýaly önümçiligiň we töwekgelçilikli işewürligiň ösdürilmegini höweslendirmek, hususan-da, ýokary hilli önümleri öndürýän, gaýtadan işleýän kärhanalary ösdürmek, bilimi, düýpli ylmy maliýeleşdirmegi giňeltmek bu işleriň esasy möhüm ugurlary bolup durýar.

Ýurtda badalga alan ileri tutulýan taslamalar hem hökümet tarapyndan durmuş-ykdysady syýasaty meýilnamalaşdyryp, adam maýasyny ösdürmäge gönükdirilen maksatly çemeleşmäniň aýdyň mysaly bolup durýar. Mynasyp ýaşaýyş jaýlary, ýokary hilli bilim, elýeterli lukmançylyk hyzmatlary we ösen oba hojalygy ýaly ilatyň ýaşaýyş durmuşynyň gowulanmagyna degişli bu ulgamlar döwlet tarapyndan ilkinji nobatdaky ulgamlaryň hatarynda bellenilendir.

«Bilimler ykdysadyýeti» konsepsiýasy esasy ünsi önümçilikde däl-de, innowasiýalarda jemleýändigi bilen tapawutlanýar. Ýagny durnukly innowasion ykdysady ösüş ýuwaş-ýuwaşdan döwrebaplaşdyrylýan harytlaryň öndürilişini we hyzmatlaryň amala aşyrylyşyny artdyrmak ýoly bilen däl-de, eýsem, hyrydarlygyň täsiri bilen öndürilýän harytlaryň hem-de edilýän hyzmatlaryň düzümini yzygiderli özgertmek, şeýle-de adam maýasyna gönükdirilýän maýa goýumlarynyň paýyny ýokarlandyrmak arkaly üpjün edilýär. Ýokary tehnologiýaly pudaklaryň bäsdeşlige ukyplylygy ýokary hünärli işçi güýjüne we guramaçylyk mehanizmlerine siňdirilen aýratyn bilimleriň, başarnyklaryň hem-de innowasiýalaryň derejesi bilen kesgitlenýär. Bu ýagdaý bir kanunalaýyklygy ýüze çykarýar: işiň bir görnüşi hökmünde bilim ulgamynda maliýe sermaýasy adam maýasyna öwrülýär, ýagny bilim üçin edilýän maliýe çykdajylarynyň netijesi hökmünde adamyň intellektual mümkinçiligi we medeniýeti çykyş edýär. Netijede, olar adama hem-de jemgyýete girdeji getirýär. Mundan başga-da, bilimiň maliýeleşdirilmegi maýa goýmagyň iň netijeli görnüşi hasaplanýar. Hasaplamalara görä, bilime sarp edilýän 1 amerikan dollarynyň ýene-de uzak wagtyň dowamynda 3–5 esse köpelip, yzyna gaýdyp gelmek häsiýetiniň bolmagy adam başarnyklarynyň,

onuň hiliniň täze gymmaty döretmäge ukyply bolan gymmatlyk bolup durýandygyny görkezýär.

Zähmetiň bilimler bilen ornunyň çalşyrylmagy arassa tehniki endiklerden intellektual endiklere geçilmegini aňladýar we ol häzirki döwürde «täze durmuş gurluşynyň» ýüze çykýandygyny alamatlandyrýar. Bilim bilen zähmetiň ornunyň çalşylmagy bilen baglanyşykly çürt-kesik özgerişleriň çuňlugy şulardan ybaratdyr: haçanda bilim serişdeleri amaly taýdan gaýtadan işlemäge gatnaşdyrylýan bolsa, bu ýerde zähmet däl-de, bilimiň hut özi gymmat çeşmesi hökmünde çykyş edip başlaýar. Başgaça aýdylanda, gymmatyň zähmet nazaryýeti «bilimler bilen döredilýän gymmat» nazaryýeti bilen çalşyrylýar. Ösüşiň täze tapgyrynda bilimler bilen döredilýän gymmatlyklar hereketlendiriji güýç bolup durýarlar. Netijede, ykdysadyýet bilimleriň we olaryň gymmatlyklarynyň çalşylmagynyň esasynda hereket edýän ulgama öwrülýär.

Ykdysadyýetiniň obýektiw (hakyky) meýillerini hasaba almak bilen, Türkmenistan üçin daşary ýurt maýa goýumlaryny we tehnologiýalaryny çekmek arkaly ýurduň özüniň ylmy-tehniki mümkinçilikleriniň ulanylmagyna esaslanýan ösüşiň milli innowasion ulgamyny ösdürmegiň nusgasy häsiýetlidir. Ylmyň we tehnikanyň özüne, bir tarapdan, ýurduň özündäki oýlap tapmalary (olar beýleki ýurtlardaky oýlap tapmalar bilen bäsdeşlik edip bilen ýagdaýlarynda), beýleki tarapdan, daşary ýurtly nou-haulary (özleriniň ulanylyş netijeliliginiň derejesi boýunça ýurduň ylmy-tehniki mümkinçilikleri ýokary bolan) birleşdirýän öňdebaryjy gazananlaryny çekmek bilen netijeli innowasion bölümleriň döredilmegi we ösdürilmegi zerur bolup durýar. Şeýle-de kärhanalaryň innowasion işjeňligi olaryň özlerinde bar bolan adam maýasyna we bu maýany netijeli ulanmaga hem-de ösdürmäge mümkinçilik berýän guramaçylyk aragatnaşyklaryna gönüden-göni baglydyr. Innowasion ösüş üçin ýöriteleşdirilen serişdeler – ýokary hünärli alymlar, inženerler, tehnikler möhümdir. Sebäbi olaryň jemlenen ýerlerinde, ýagny uniwersitetleriň hem-de beýleki ylmy-barlag institutlaryň, klasterleriň artykmaçlygyny üpjün edýän has möhüm bolan beýleki innowasion firmalaryň golaýda ýerleşýän ýerlerinde innowasiýalar toplanýarlar.

Ýokarda agzalanlaryň esasynda, ykdysadyýetiň ösüşiniň innowasion görnüşiniň adam maýasynyň emele gelmeginiň möhüm aýratynlyklaryny şertlendirýändigini aýtmak bolar. Bilimiň önümçilik bilen üznüksiz aragatnaşykda bolmagy obýektiw zerurlyk bolup durýar. Häzirki tehnikanyň ösen döwründe ylym-bilim, başarnyklar, olardan akylly-başly hem-de

döredijilikli peýdalanmagy başarmak, ýagny täze nou-haulary işläp taýýarlamak döwrüň talaby bolup durýar.

Milli innowasion ulgam, düzgün bolşy ýaly, ösüşiň uzak möhletli strategiýasynyň geçirilmeginde jemgyýetçilik we döwlet institutlarynyň, bilim edaralarynyň we işewürlik jemgyýetiniň gönüden-göni özara ylalaşykly hereketleriniň bolmagyny göz öňünde tutýar. Şunuň ýaly strategiýany döretmek we ony durmuşa geçirmek üçin zerur institusional şertleri üpjün etmek wezipesi döwlete degişli bolup durýar. Ol tehnologik-ykdysady klasterleriň, tehnopolisleriň, wençur gaznalarynyň döredilmegini, ýokary tehnologiýalar ýaýrawynda kiçi we orta telekeçiligiň tehniki, maglumat hem-de maliýe goldawynyň güýçlendirilmegini, uzak möhletli barlag maksatnamalaryny işläp taýýarlamak üçin korporasiýalaryň we barlag merkezleriniň konsorsiumynyň döredilmegini we ş.m. höweslendirmegi öz içine alýar. Öz-özünden ösýän innowasion ulgamyň döredilmegi ýurduň häzirki zaman durmuş-ykdysady ösüşinde adam maýasyny birinji hatara çykarýar.

Ykdysady bilimlerdäki innowasiýalar, ilkinji nobatda, ylmyň we tehnologiýalaryň maksada ugrukdyrylan ösüşiniň netijesinde alnan bilimleriň we maglumatlaryň akymlaryna esaslanýar. Şunuň bilen baglanyşykly, üznüksiz bilimiň bolmagyny, diňe bir aýry-aýry işgärleriň däl-de, eýsem, kärhananyň ýa-da guramanyň tutuş işgärler düzüminiň döredijilik mümkinçilikleriniň işjeň häsiýetli bolmagyny talap etmek adam maýasynyň ikinji möhüm aýratynlygyny düzýär. Bu ýagdaýda adam maýasy kärhanada işgärleriň ýönekeý jemlenmesini aňlatman, eýsem, olaryň sinergetik netijesi hökmünde garalýar, ýagny bilimler ykdysadyýetiniň esasynda ýatan innowasion işde işgärleriň döredijilikli özara ylalaşykly hereketi möhüm şert bolup durýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanda kabul edilen milli maksatnamalardyr meýilnamalaryň çäklerinde ýurtda, ähli ugurlarda bolşy ýaly, bilim ulgamyny ösdürmek, bu ulgamy sanlylaşdyrmak, onuň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek, dünýäniň bilim giňişliginde eýeleýän ornuny has-da berkitmek boýunça möhüm işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Türkmenistany geljek 30 ýylda ösdürmegiň döwlet strategiýasynyň çäklerinde ýokary hünär bilimi edaralarynda bilimiň, ylmyň we önümçiligiň arabaglanyşygyny üpjün edýän täze düzüm birliklerini girizmek, bilimiň özgerdiji güýjüni innowasion ösüşiň hatyrasyna ulanmak wezipelerine aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň ýaly döwlet ähmiýetli çäreleriň geçirilmegi bilen, adam maýasyny kämilleşdirmegiň esasynda bilimler ykdysadyýetiniň ösdüriljekdigine, netijede, Türkmenistanyň hem dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň hataryna goşuljakdygyna ynam döredýär.

***O. Ataýew,***
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň ylmy işler boýunça prorektory, ykdysady ylymlaryň kandidaty*

# MILLI YKDYSADYÝETIŇ DIWERSIFIKASIÝASY DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞIŇ KEPILIDIR

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynda» ykdysadyýetimizi bazar gatnaşyklaryna esaslanyp ösdürmek, ýokary tehnologik önümçilikleriň ykdysady ösüşe goşandyny artdyrmak, ykdysadyýetimiziň köp ugurlylygyny gazanmaga gönükdirilen özgertmeleri, onuň gurluş düzümleriniň diwersifikasiýasyny hem-de pudaklary we sebitleri arabaglanyşykly ösdürmegi dowam etdirmek maksady bilen, çäreleriň giň toplumynyň amala aşyrylandygy bellenilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: durnukly ösüşiň milli nusgasy» atly ylmy işinde «Garaşsyzlyk ýyllarynda milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, ähli infrastrukturany gowulandyrmak üçin ýurdumyza uly möçberde maýa goýumlar çekildi. Ykdysadyýetiň önümçilik mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilen maýa goýum syýasaty önümçilik serişdeleriniň netijeliliginiň ösüşine, umumy islegiň we jemi içerki önümiň durnukly ösmegine itergi berýän goşmaça täsiriň ýüze çykmagyny üpjün etdi» diýip belleýär.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, geljekde milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, senagat önümçiliklerini döwrebaplaşdyrmak, ösen infrastruktura we inženerçilik ulgamlaryny döretmek üçin ýurdumyza uly möçberde maýa goýumlar çekiler. 2028-nji ýyla çenli 500-den gowrak esasy önümçilik we durmuş maksatly binalar we desgalar gurlup, ýurdumyzyň önümçilik kuwwatyny has-da pugtalandyrmaga we täzelemäge, durmuş ulgamyny ösdürmäge 278,9 mlrd manatdan gowrak maýa goýumlaryň goýulmagy göz öňünde tutulýar.

Diwersifikasiýa – öndürilýän önümiň assortimentiniň giňemegi we sarp ediş bazarlarynyň üýtgemegi, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, täze önümleriň çykarylmagy hökmünde kabul edilýär. Häzirki wagtda ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, öndürilýän önümleriň

görnüşlerini köpeltmek, daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň önümçiliklerini döretmek döwrüň wajyp wezipeleriniň hataryna girýär.

Bu bolsa milli ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegiň zerurlygyny has-da artdyrýar. Milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak üçin şertleri döretmäge gönükdirilen çäreleriň ulgamy ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmagyň binýatlyk maksadyndan ugur almalydyr. Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň uzakmöhletleýin maksatlary bilen, ykdysadyýeti ösdürmegiň senagat-innowasion modeliniň sazlaşygyny gazanmak zerurdyr. Bu maksatlar ýurdumyza mahsus bolan aýratynlyklary we mümkinçilikleri dolulygyna peýdalanmagyň zerurlygyny şertlendirýär.

Diwersifikasiýa strategiýasy bazar ýagdaýynyň üýtgän halatynda ykdysadyýetiň ösüşiniň durnukly ösüşine oňaýsyz täsir edip biljek ykdysady işiň bir görnüşine ýa-da bir kärhana garaşly bolmagynyň öňüni almak üçin ulanylýar. Ösen döwletleriň oňyn tejribesine, görnükli ykdysatçy alymlaryň we bilermenleriň garaýyşlaryna salgylanmak arkaly, häzirki wagtda diwersifikasiýa ykdysadyýeti üýtgedip gurmakda we bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmakda esasy ileri tutulýan ugurlaryň biri hökmünde ykrar edilýär.

Şonuň bilen birlikde, ykdysadyýeti diwersifikasiýa etmegiň mehanizminiň bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmagyň ileri tutulýan ugry hökmünde iş tejribesine doly ornaşdyrmak zerurdyr. Günbatarly alymlaryň ylmy-barlag işlerinde, diwersifikasiýa, esasan, ykdysadyýetiň makroykdysady durnuklaşdyryş meseleleriniň çäginde seredilýär. Olar diwersifikasiýany köp ugurly ykdysady gurluşy dikeltmek, önümçiligi giňeltmek we dikleýin hem-de keseligine goşulyşmak zerurlygy nukdaýnazaryndan seljerýärler.

Milli ykdysadyýeti diwersifikasiýa etmegiň strategiýasy işlenilip taýýarlanylanda, şu aşakdakylara üns bermek zerurdyr:

– ýurduň durmuş-ykdysady ösüşi üçin ileri tutulýan ugurlary kesgitlemek;

– ykdysadyýeti ösdürmegiň ylmy esaslaryny işläp taýýarlamak;

– diwersifikasiýany durmuşa geçirmegiň esasy maksatlaryny, wezipelerini we ugurlaryny kesgitlemek;

– strategiýany işläp taýýarlamak;

– diwersifikasiýa strategiýasynyň durmuşa geçirilmeginiň toplumlaýyn çaklaýyş bahalandyrmasyny taýýarlamak;

– ykdysadyýetiň diwersifikasiýasyny durmuşa geçirmek üçin çäreleriň meýilnamasyny işläp taýýarlamak.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasy» ýurdumyzyň innowasion häsiýete esaslanýan milli ykdysadyýetini diwersifikasiýa arkaly ösdürmäge gönükdirilen özgertmeleri dowam etdirmegiň uzakmöhletleýin strategiýasy bolup hyzmat edýär.

Milli Maksatnamanyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň durnukly ösüşini üpjün eder, milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda bäsdeşlik gurşawy has-da öser, milli ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagy we senagat-innowasion taýdan durnukly ösüşini üpjün eder, innowasion häsiýetli täze döwrebap önümçilikleriň işe girizilmegi ýurdumyzyň senagatyny düýpli diwersifikasiýalaşdyrmaga ýardam berer. Hormatly Prezidentimiziň üstünliklere beslenen döwlet syýasaty milli ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýalaşdyrylmagynyň we durnukly ösüşiniň kepili bolup, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlanmagyna oňyn täsir edýär.

***O. Geldymuhammedowa,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň*
*Ylym bölüminiň başlygy, ykdysady ylymlaryň doktory, professor*

## TÜRKMENISTANYŇ DAŞKY GURŞAWY GORAMAK BABATYNDAKY HALKARA HYZMATDAŞLYGY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň döwlet baştutanlygynda ýurdumyz ösüşiň hil taýdan täze basgançagyna çykyp, bedew bady bilen öňe barýar. Ýurdumyzda döwlet we jemgyýetçilik durmuşynda ýetilen belent sepgitler iň ýokary gymmatlyk bolan adamyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň barha ýokarlanmagyna, milli ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýa ýoly bilen durnukly ösmegine we dünýä hojalyk ulgamyna deňhukukly esasda goşulyşmagyna, halkara giňişligindäki abraýynyň has-da artmagyna özüniň oňyn täsirini ýetirýär.

Ýurdumyzyň geljekki ösüşiniň strategik ugurlaryny kesgitleýän «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynda»,

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda», «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda» Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlyk strategik ugurlaryň biri hökmünde ykrar edilýär.

Ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy ileri tutmak bilen, guramanyň işine işjeň gatnaşmak, döwletimiziň milli bähbitlerini halkara jemgyýetçiliginde öňe ilerletmek, ynsanperwerlige we umumadamzat üçin global ähmiýetli bolan derwaýys meseleleriň çözülmegine dünýä derejesinde mynasyp goşandyny goşmak babatynda toplumlaýyn we maksatnamalaýyn işleriň hem-de çäreleriň onlarçasyny durmuşa geçirýär.

Daşky gurşawy goramak işiniň hukuk esaslary bolup Türkmenistanyň Konstitusiýasy, «Tebigaty goramak hakynda», «Ekologiýa auditi hakynda», «Ekologiýa howpsuzlygy hakynda», «Ekologiýa maglumaty hakynda», «Ekologiýa seljermesi hakynda», «Ozon gatlagyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary, şeýle hem pudaklaýyn maksatnamalar bolan «Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň Milli strategiýasy», «Türkmenistanyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasy», «Türkmenistanyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Aral Milli maksatnamasy» we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalar çykyş edýär. Bu hukuk namalarynyň ählisinde daşky gurşawy goramagyň milli, sebit we halkara derejesindäki ähmiýeti doly ykrar edilip, bu ugurdaky halkara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň möhümdigi bellenilýär.

Türkmenistan dünýä jemgyýetçiligi bilen hyzmatdaşlykda daşky gurşawy goramaklyga we ekologiýa syýasatyny umumadamzadyň bähbidine durmuşa geçirmäge aýratyn ähmiýet berýär. Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän döwlet ekologiýa syýasaty Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň ýöriteleşdirilen edaralary bolan Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy, Ösüş maksatnamasy, Azyk we oba hojalyk guramasy we başgalar, Ýewropa Bileleşigi, Bütindünýä ekologiýa gaznasy, Ýabany tebigatyň bütindünýä gaznasy, Germaniýanyň halkara hyzmatdaşlyk boýunça jemgyýeti we beýleki iri halkara guramalar bilen ýakyn hyzmatdaşlykda, şeýle hem köptaraplaýyn halkara konwensiýalaryň we ylalaşyklaryň, bilelikdäki maksatnamalaryň hem-de taslamalaryň esasynda alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz ösümlik we haýwanat dünýäsini gorap saklamak, suw serişdelerini netijeli ulanmak babatynda «Ekologik abadançylygy

üpjün etmek, geljek nesillerimiz üçin ösümlik we haýwanat dünýäsini gorap saklamak hem-de olaryň biologik dürlüligini artdyrmak, tebigy serişdelerimizi netijeli we durnukly peýdalanmak, şeýle hem bereketli topragymyzy gülläp ösýän mekana öwürmek boýunça giň gerimli işler geçiriler» diýip belläp geçýär.

Türkmenistan ekologik howpsuzlygy we howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly tagallalaryny daşky gurşawy goramak we ekologiýa meseleleri hem-de suw serişdeleriniň tygşytly ulanylmagy ulgamyndaky oňyn çemeleşmelere eýermek arkaly, ýurtda dürli ugurly milli maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine, milli seýilgähleriň, tokaý zolaklarynyň hem-de biologik köpdürlüligiň giňden ýaýbaňlandyrylmagyna gönükdirilen oňyn şertleri döretmegi ileri tutýar. Bu wezipäniň milli bähbitlerimizi nazara alyp durmuşa geçirilmegi üçin, bütindünýä bileleşiginiň bähbitlerine gönükdirilen energiýa serişdelerini tygşytlaýjy iň täze tehnologiýalaryň çekilmeginiň we halkara hyzmatdaşlygyň giňeldilmeginiň binýadynda amala aşyrylýar.

Ýurdumyzyň meýdanynyň 80%-ini çöllük ýerleriň tutýandygyndan ugur alyp, bu ugurdaky esasy wezipeleriň biri hökmünde çölleşmä garşy göreş diýip belläp bileris. Türkmenistan BMG-niň Çölleşmä garşy göreşmek boýunça konwensiýasynyň agzasy bolmak bilen, ondan gelip çykýan halkara borçnamalary doly ýerine ýetirýär. Şunuň bilen baglylykda, suw üpjünçiligi ulgamyna gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň ornaşdyrylmagy ýerleriň çölleşmegine garşy göreşmegiň esasy maksatlarynyň biri bolup durýar. Ýerden we suw serişdelerinden rejeli peýdalanylmagy, şorlaşan we zaýalanan ýerleriň dikeldilmegi, oba hojalygyna innowasion çözgütleriň ornaşdyrylmagy çölleşmä garşy göreşmek üçin esas döredýär.

Ýurdumyzyň tebigy-howa şertlerini nazara almak bilen, bu ugurdaky möhüm wezipeleriň biri hökmünde suw serişdelerini rejeli peýdalanmak bolup durýar. Türkmenistan Merkezi Aziýa sebitinde suw ulgamyndaky howpsuzlyk we suw serişdeleriniň rejeli peýdalanylmagy, Aral deňzini halas etmek we onuň guramagynyň ýaramaz netijeleriniň azaldylmagy ýaly meseleler boýunça goňşy döwletler bilen, şol sanda Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň çäklerinde ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyny ösdürýär.

Türkmenistanyň ýokary derejeli forumlarda öňe süren we halkara bileleşik tarapyndan giň goldawa eýe bolan netijeli başlangyçlarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi babatyndaky tagallalarynyň dünýä jemgyýetçiligi

tarapyndan ykrar edilmegi bolsa, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň döredijilige ýugrulan döwlet syýasatyna berilýän ýokary bahadyr.

***G. Penaýew,***

*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň ylmy işler boýunça prorektory, ykdysady ylymlaryň kandidaty*

## TÜRKMENISTANYŇ IŞJEŇ ULAG SYÝASATYNY ALYP BARMAGYNYŇ ESASY ŞERTLERI

Hormatly Prezidentimiziň ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem ýurdumyzda köp ugurly ulag düzümini döretmekden ybaratdyr. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň maksatnamalaýyn özgertmeleri netijesinde, ulag ulgamynda giň gerimli taslamalar, şol sanda hereket edýän awtomobil we demir ýollarynyň durkuny döwrebaplaşdyrmak, täze ugurlaryny gurmak, raýat awiasiýasynyň, gämigurluşygyň maddy-enjamlaýyn binýadyny düýpli özgertmek hem-de giňeltmek boýunça ägirt uly işler durmuşa geçirilýär.

Häzirki wagtda ulag logistikasy ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň hereketlendirijisine öwrüldi. Demirgazyk – Günorta we Gündogar – Günbatar üstaşyr ulag hyzmatlarynyň eksportyny giňeltmek Türkmenistanyň durmuş-ykdysady strategiýasynyň möhüm ugrudyr. Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli syýasaty, ulag syýasatynyň halkara derejesindäki goldawy, döwrebap kanunçylyk binýadynyň kemala gelmegi, kämil ulag infrastrukturalarynyň bolmagy, ulag we ugurdaş hyzmatlaryň amatly tölegleri, düzümiň ösdürilmegine maýa goýumlaryň yzygiderli artdyrylmagy, häzirki zaman tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy, täze iş orunlarynyň döredilmegi we beýleki amatlyklar ulag strategiýasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegine ýardam edýär.

Türkmenistanyň ulag syýasaty özüne çekijiligi we maýa goýum işjeňligi bilen tapawutlanýar. Munuň şeýle bolmagyna birnäçe şertler täsir edýär.

Birinjiden, Bitarap Türkmenistanyň ulag diplomatiýasy parahatçylyk we ynanyşmak syýasaty bilen baglydyr. Häzirki wagtda Bitarap Türkmenistanyň ulag syýasaty sebitiň durnukly ösüşiniň esasy şerti hökmünde çykyş edýär.

Ikinjiden, Bitarap Türkmenistanyň ulag syýasaty halkara derejesinde ykrar edilýär. Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine hil taýdan täze itergi bermäge gönükdirilen degişli Kararnamalaryň 6-syny kabul etdi. 2016-njy ýylyň, 26-njy noýabrynda Aşgabatda BMG-niň Durnukly ulag ulgamy boýunça Ählumumy I maslahaty geçirildi. Türkmenistanyň başlangyjy bilen kabul edilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamasyna laýyklykda, 26-njy noýabr «Bütindünýä durnukly ulag güni» diýlip yglan edildi. Şular we beýleki ýokary derejedäki ykrarnamalar, döwletimiziň ulag ulgamynda öňe sürýän dünýä ähmiýetli başlangyçlarynyň giň goldawa eýe bolýandygynyň aýdyň güwäsidir.

Üçünjiden, ulag ulgamynyň işini kadalaşdyrýan döwrebap kanunçylyk binýadynyň döredilmegi hem pudagyň sazlaşykly işine ýardam edýär. Türkmenistan ulag babatda halkara konwensiýalara goşulmak bilen bir hatarda, milli kanunçylygy hem yzygiderli kämilleşdirýär. Bu bolsa pudagyň netijeli işlemegine, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyň giňelmegine uly mümkinçilikleri döredýär.

Dördünjiden, Türkmenistanda kämil ulag infrastrukturalarynyň kemala getirilmegi pudagyň ösmegine we sebitde bäsdeşlige ukyply bolmagyna oňyn täsir edýär. Häzirki wagtda ýurdumyzda döwrebap, köpugurly ulag-kommunikasiýa ulgamy kemala getirildi. Sebit we halkara ulag geçelgeleriniň möhüm bölegi bolup durýan awtomobil, demir ýollaryň, täze köprüleriň, howa menzilleriniň, Merkezi Aziýanyň «deňiz derwezesi» hasaplanýan Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň gurulmagy we beýleki taslamalar ulag ulgamynda ýurdumyzyň ägirt uly kuwwatynyň bardygyny görkezýär.

Bäşinjiden, ýurdumyzyň ulag pudagynyň işine täsir edip biljek ykdysady gurallaryň peýdalanylmagy hem netijeliligi bilen tapawutlanýar. Ulag we ugurdaş hyzmatlaryň amatly tölegleri, düzümiň ösdürilmegine maýa goýumlaryň yzygiderli artdyrylmagy, üstaşyr ulag daşamalarynda salgyt, gümrük we beýleki ýeňillikler pudagyň netijeli işlemegine ýardam berýär.

Altynjydan, ýurdumyzyň ulag logistika ulgamynyň netijeli işi hünärmen üpjünçiligi bilen aýrylmaz baglydyr. Ulag kärhanalary üçin hem başlangyç, orta we ýokary hünär bilimli hünärmenleri taýýarlaýan birnäçe

ýöriteleşdirilen okuw mekdepleri hereket edýär. Häzirki wagtda demir ýol, awtomobil, howa we suw ulaglary pudaklary üçin ýurdumyzyň hem-de daşary ýurtlaryň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde bilim alan ýaşlaryň ýüzlerçesi döwrebap ulag kärhanalarynda zähmet çekýärler.

Türkmenistanyň ulag syýasatynyň netijeli alnyp barylmagynda ýokarda agzalan şertleriň bolmagy pudakda halkara hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine, işjeň maýa goýum syýasaty netijesinde pudagyň ösüşlerini täze derejelere çykarmaga uly mümkinçilikleri döredýär.

***B. Taýharow,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Bank işi kafedrasynyň professory, ykdysady ylymlaryň kandidaty*

## MAÝA GOÝUM IŞJEŇLIGI WE DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞ

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ykdysadyýeti bazar ýörelgeleri esasynda ösüşiň täze belentliklerine ynamly barýar. Munuň şeýledigini şu ýylyň 5-nji aprelinde geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde getirilen makroykdysady görkezijilerden hem görmek bolýar. Onda üstümizdäki ýylyň ýanwar-mart aýlarynda gazanylan netijelere garaldy hem-de ösüşiň geljekki ugurlary kesgitlenildi. Şu ýylyň birinji çärýeginde geçen 2024-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende jemi içeki önüm 6,3 göterim we jemi öndürilen önümiň 9,6 göterim artandygy bellenildi. Şu görkezijilerden ugur alsaň, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklarynyň we sebitleriň kadaly, sazlaşykly hem-de talaba laýyk ösýändiginden habar berýär. Durnukly, ýokary depginli ösüşi gazanmakda aýratyn orun ýurduň maliýe-ykdysady syýasatyna we onuň düzüm bölegi bolan maýa goýum syýasatyna degişlidir. Şondan ugur alyp, ýurdumyzda maýa goýum işjeňligini has-da ýokarlandyrmaga aýratyn ähmiýet berilýär. Maýa goýum işiniň döwrüň talabyna laýyklykda guralmagy, onuň yzygiderli kämilleşdirilmegi we ösdürilmegi ýurtda kabul edilýän dürli maksatnamalary üstünlikli amala aşyrmaga ähli amatlyklary döredýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde maýa goýum işi üçin ähli amatlyklar döredilendir. Bu amatlyklara, öňi bilen parahatçylyk

syýasatymyzy, durnukly ykdysady ösüşi, halkara talaplaryna laýyk gelýän hukuk binýadynyň döredilmegini, ýeňillikli salgyt syýasatynyň ýöredilmegini, pes göterimden uly möçberli, uzak möhletli karzlaryň berilmegini, töleg-hasaplaryň işleriniň öz wagtynda doly derejede amala aşyrylmagyny, tebigy baýlyklarymyzyň bimöçber köp bolmagyny mysal getirmek bolar. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynda» daşary ýurt maýa goýumlaryny giňden çekmek ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar.

Maýa goýum işjeňligini ýokarlandyrmakda aýratyn orun milli we halkara derejesinde geçirilýän forumlara, ylmy-amaly maslahatlara degişlidir. Olarda garalýan meseleler we gazanylýan ylalaşyklar maýa goýum işini täze derejä çykarmak bilen bir hatarda bilelikdäki maýa goýum taslamalaryny ýerine ýetirmeklige hem mümkinçilikleri döredýär.

Dünýäniň öňdebaryjy döwletleri bolan Ýaponiýa, Germaniýa Federatiw Respublikasy, Russiýa Federasiýasy, Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Hytaý Halk Respublikasy we ýene-de dünýäniň birnäçe ösen döwletleri bilen maýa goýum hyzmatdaşlygynyň geriminiň yzygiderli giňelýändigini bellemek ýerliklidir. Şeýle çözgütleriň kabul edilmegi netijesinde, ýurdumyzyň ykdysadyýetine öňdebaryjy innowasion tehnologiýalar çekilýär we olarda öndürilýän önümler özüniň ýokary hililigi bilen tapawutlanýar hem-de ýokary islegden peýdalanýar.

Şeýlelikde, ýurdumyzda öndürilýän ýokary hilli önümler diňe bir içki bazarlarymyzy elýeterli bahadan zerur bolan harytlar bilen üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem, onuň belli bir bölegini daşary ýurtlara eksport etmäge hem ähli amatlyklary döredýär. Bu öz gezeginde ýurda gelýän erkin ýörgünli puluň köpelmegine we döwletimiziň ykdysady kuwwatynyň has-da ýokarlanmagyna hem-de dünýä döwletleriniň arasynda eýeleýän ornunyň berkemegine oňaýly täsir edýär. Şu ýerde ýene-de bir zady bellemek gerek, ol hem öňdebaryjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen, galyndysyz önümçiligi ýola goýmaga, «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmäge, ekologiýany gowulandyrmaga we tebigy gurşawa aýawly çemeleşmäge giň mümkinçilikler döreýär.

2024-nji ýylda Türkmenistanyň eksporty 12 milliard amerikan dollary bolan bolsa, 2025-nji ýylda ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygyny 20 milliard amerikan dollaryna ýetirmek meýilleşdirildi. Ýurdumyzyň häzirki ösüş derejesinden çen tutsaň, bu beýik sepgide ýetiljekdigine ynanýarsyň.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetine goýulýan maýa goýumlaryň möçberi ýylsaýyn artýar. Statistiki maglumatlara görä, 2007–2023-nji ýyllarda ýurdumyzda esasy serişdelere gönükdirilen maýa goýumlaryň möçberi 8,5 esse artdy. 2023-nji ýylda özleşdirilen maýa goýumlaryň möçberi 38,9 milliard manada deň boldy. 2025-nji ýylda bolsa maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna 40,1 milliard manatlyk maýa goýumlar goýular, onuň 26,3 milliard manady ýa-da 65,6 göterimi önümçilik maksatly desgalaryň gurluşygyna gönükdiriler. Şeýle uly möçberli maýa goýumlaryň goýulmagy bilen diňe bir milli ähmiýetli desgalary gurmak bilen çäklenmän, eýsem, sebit we halkara maýa goýum taslamalarynyň gurluşygy amala aşyrylýar. Munuň özi Türkmenistanyň tebigy baýlyklaryny, energiýa serişdelerini dünýä bazaryna çykarmaklyga giň ýol açar we sebitiň, şeýle hem dünýä döwletleriniň durnukly ykdysady ösüşine oňaýly täsir eder, ol ýurtlarda goşmaça iş orunlaryny döreder.

Ykdysadyýete goýulýan maýa goýumlaryň ýokary netijeliligini üpjün etmekde aýratyn orun hünärmenleriň ylym-bilim taýýarlygyna degişlidir. Şondan ugur almak bilen, biziň ýurdumyzda adam ösüşine (saglygy goraýşa, ylym-bilim ulgamlaryna) gönükdirilýän maýa goýumlar yzygiderli artýar we ol işler halkara talaplaryna laýyk getirilýär. Munuň özi biziň hünärmenlerimize dünýäniň, aýratynam, halkara maliýe guramalary bolan Aziýanyň ösüş banky, Yslam ösüş banky, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky, Bütindünýä banky, şeýle hem ösen döwletleriň banklary bilen köp ugurly hyzmatdaşlygy ýola goýmaga we maýa goýum taslamalary öz wagtynda, ýokary hilli gurup, ulanmaga bermäge mümkinçilikleri döredýär. Şeýle taslamalaryň mysalyny Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý; Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijileri; Türkmenistan–Owganystan–Pakistan ugry boýunça ýokary woltly elektrik geçirijisi hem-de optiki süýümli aragatnaşyk ulgamy we ýene-de birnäçe halkara ähmiýetli maýa goýum taslamalaryndan hem görmek bolar.

Ýurdumyzyň geografik taýdan amatly ýerleşmegi netijesinde maýa goýum taslamalarynda halkara derejesinde ulag ulgamynyň ähli görnüşlerini ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär we ýokary netijeler gazanylýar. Owganystan–Türkmenistan–Azerbaýjan–Gruziýa–Türkiýe halkara ulag geçelgesiniň çäklerinde Ymamnazar–Akina we Serhetabat–Turgundy demir ýol geçelgeleri; Gazagystan–Türkmenistan–Eýran; Kerki (Türkmenistan) – Andhoý (Owganystan) halkara demir ýollary ýaly iri taslamalar ýurdumyzda soňky ýyllarda amala aşyrylýan we häzirki wagtda dowam etdirilýän iri

maýa goýum taslamalarydyr. Halkara ähmiýetli ulag ulgamlary bilen bagly maýa goýum taslamalarynyň ýerine ýetirilmegi diňe bir olara gatnaşýan döwletleriň ykdysadyýeti üçin ähmiýetli bolman, eýsem, dünýä döwletleri üçin hem örän bähbitlidir.

Şu ýylyň 3–4-nji aprelinde Özbegistanyň Samarkant şäherinde geçirilen «Merkezi Aziýa–Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki birinji sammitde hormatly Prezidentimiz Merkezi Aziýanyň amatly geografik ýerleşişiniň mümkinçiliklerini ösüşiň we hyzmatdaşlygyň hatyrasyna ulanmak meselesine, bu sebiti Ýewropa ýurtlary bilen birleşdirjek Hazarüsti ulag geçelgesiniň bähbitli halkara taslamadygyna ünsi çekdi. Hakykatdan hem, şeýle halkara ähmiýetli maýa goýum taslamalarynyň amala aşyrylmagy diňe bir döwletara söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy amatly şertlerde ýola goýmak bilen çäklenmän, eýsem, parahatçylykly ýol bilen ösmäge ähli amatlyklary döreder.

Umuman, Garaşsyz hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde amala aşyrylýan maýa goýum syýasaty dünýä döwletleri üçin nusgalykdyr, onuň esasy wezipesi Watanymyzy gülledip ösdürmek, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini yzygiderli ýokarlandyrmak we dünýä döwletleri bilen köpugurly hyzmatdaşlygy ýola goýmakdan ybaratdyr.

***G. Romanowa,***

*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Döwlet maliýesini jemleýji we ykdysady syýasaty müdirliginiň başlygy, ykdysady ylymlaryň kandidaty*

## DURNUKLY ÖSÜŞ ULGAMYNDA MAKSATLARYŇ DURMUŞA GEÇIRILIŞINI ÇALTLANDYRMAK ÜÇIN DURNUKLY ÖSÜŞ

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň möhüm ugurlarynyň biri hem Durnukly ösüş maksatlaryny (DÖM) durmuşa geçirmek bolup durýar. Biziň ýurdumyz DÖM-iň aýry-aýry görkezijilerini durmuşa geçirmekde düýpli netijeleri gazandy we ykdysadyýetiň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmakdan, sebitleýin goşulyşmakdan, söwdany, ulag-üstaşyr geçelgelerini ösdürmekden, sanly ulgamlary ornaşdyrmakdan ugur alýan, şeýle hem howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak, onuň netijesini ýeňilleşdirmek,

daşky gurşawy goramak, ykdysady syýasatyň durnuklylygy hem-de üýtgewsizligi göz öňünde tutýan durmuşa gönükdirilen ugruny çuňlaşdyrmak boýunça toplumlaýyn çäreleri geçirmegi dowam edýär, bu bolsa raýatlaryň hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagyna we döwletiň gülläp ösmegine oňyn täsir edýär.

Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmak Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän durmuş-ykdysady ösüşiň esasy ileri tutulýan ugurlary bolup durýar.

2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini durmuşa geçirmekde möhüm wezipeleriň biri bolup durnukly ösüşi maliýeleşdirmek meseleleri çykyş edýär, bu soňky döwürde aýratyn derwaýys ähmiýete eýe bolýar, sebäbi dünýäde ýygylaşýan global çökgünlikler durnukly ösüş we DÖM-i maliýeleşdirmek üçin düýpli netijelere getirýär, bu ýagdaý öz gezeginde, «hiç kimi çetde goýmaly däl» ýörelgesine eýerip, global hem-de ýurt derejelerinde ösüşi maliýeleşdirmegiň täze çeşmelerini çekmek boýunça durnukly we köptaraply çözgütleri gözlemegiň zerurlygyny ýitileşdirýär.

Maliýeleşdirmek meselelerinde ileri tutulýan wajyp ugurlar şulardan ybaratdyr: ýaşyl ykdysadyýeti we zaýasyz ykdysadyýeti diwersifisirlemek hem-de ösdürmek, ylmyň ösüşini işjeňleşdirmek, sanly we innowasion çözgütleri ornaşdyrmak, durnukly ulag ulgamlaryny we logistiki özara baglanyşygy ösdürmek, telekeçiligi ösdürmek we söwda düzgünlerini ýönekeýleşdirmek, sebitleýin goşulyşmagy giňeltmek.

Sewilýada kabul edilen Durnukly ösüşi maliýeleşdirmek boýunça dördünji halkara maslahatyň jemleýji resminamasy Addis-Abeba hereketler meýilnamasynda kabul edilen borçnamalary tassyklaýar we DÖM-i gazanmagy çaltlandyrmak üçin köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň örän möhümdigini nygtaýar.

Şunuň bilen baglylykda, biziň ýurdumyz ykdysadyýeti diwersifisirlemäge, hakyky bölegi ösdürmäge (bu onuň çig mala gönükdirilen ugruny senagatyň gaýtadan işleýän pudaklaryny giňeltmäge geçirmeklige esaslanar) birinji derejeli ähmiýet berýär, bu goşmaça iş ýerlerini üpjün etmäge, goşulan gymmatyň bäsleşige has ukyply hatarlaryny döretmäge mümkinçilik berer. Şeýle hem ol makroykdysady durnuklylygy üpjün eder we eksport önümleriniň görnüşini hem-de sanawyny giňeltmäge mümkinçilik berer.

Söwdanyň, söwda düzgünleriniň ýönekeýleşdirilmeginiň we sebitleýin goşulyşmagyň durnukly ösüş üçin möhüm ähmiýeti bardyr.

Soňky ýyllarda harytlaryň eksportynyň peselme meýli bellenýär, munuň bolsa maýa goýum işlerini bökdeýändigi we durnukly ösüşiň aýry-aýry maksatlarynyň gazanylmagyna täsir edýändigi şübhesizdir. Meselem, eger 2022-nji ýylda JIÖ-de eksportyň paýy 25,9%-e deň bolan bolsa, onda 2023-nji ýylda bu paý JIÖ-niň 18,9%-ine, 2024-nji ýylda bolsa JIÖ-niň 17,6%-ine çenli azaldy. 2022-nji ýyl bilen deňeşdirilende 2024-nji ýylda ykdysadyýete gönükdirilýän maýa goýumlaryň jemi möçberde 17,1% köpelen ýagdaýynda maýa goýumlaryň JIÖ-däki paýynyň azalma meýli bar. Meselem, eger 2022-nji we 2023-nji ýyllarda maýa goýumlaryň JIÖ-däki paýy 18,3%-e deň bolan bolsa, onda 2024-nji ýylda bu paý JIÖ-niň 17,6%-ine çenli pese gaçdy.

Uzak möhletli sebitleýin ösüşe, durnuklylyga we parahatçylyga ýardam edýän faktorlar hökmünde dürli derejelerdäki ykdysady gatnaşyklaryň wajyplygyny belläp geçmek gerek. Şunuň bilen baglylykda, ykdysady ösüşi üpjün etmek, goşmaça iş ýerlerini döretmek we durnukly ösüş üçin halkara söwdanyň mümkinçiliklerini has giň peýdalanmak zerurdyr, şol sanda bu ugurdaky işleriň hususy bölek üçin amatly şertleri döretmek, ýokary goşulan gymmaty bolan eksporta gönükdirilen önümçilikleri giňeltmek arkaly amala aşyrylmagy zerurdyr.

Ýene bir höweslendiriji ugur hyzmatlaryň söwdasy, sanly söwda we elektron söwda bolup durýar, geografik çäklendirmeleri ýeňip geçmekde bu ugruň ägirt uly mümkinçiligi bardyr. Uglewodorod däl pudaklarda söwda mümkinçiligini, şol sanda söwda syýasatyny işläp taýýarlamak we söwda gepleşiklerini alyp barmak endiklerini öwrenmek babatynda mümkinçilikleri ýokarlandyrmak gerek, bu daşarky haryt ýerlenýän bazarlarda harytlaryň alşylmagyny gowulandyrmaga ýardam eder.

2022-nji ýyldan bäri Türkmenistan Bütindünýä söwda guramasyna (BSG) goşulmak boýunça uly işleri alyp barýar, bu söwda syýasatynyň kämilleşdirilmegine, söwda düzgünleriniň ýönekeýleşdirilmegine täsir edip, söwda çykdajylarynyň azalmagyna getirer. Şeýle hem BSG-niň kadalaryna laýyk gelmeýän tarif däl çäreleri aradan aýyrmak, öz erkine bellenýän we esaslandyrylmadyk tarif däl päsgelçilikleri azaltmak boýunça işler geçirilýär.

Üstaşyr geçirilýän ýükler babatynda sanitar we fitosanitar çäreler kabul edilende BSG-niň kadalaryna laýyklykda aýdyňlygyň üpjün edilmegi hem zerur çäreleriň biri bolup durýar.

Ulag geçelgeleriniň döredilmegine we ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilýär, olar üstaşyr geçelgeleriň ugrunda hyzmatdaşlygy ösdürmek ýoly bilen, söwdada «ynjyk ýerleriň» aradan aýrylmagy üçin netijeli gural bolup durýar. Şeýle hem ulag geçelgeleri howa babatda durnukly bolup durýar, şunuň ýaly desgalar özara baglanyşykly we funksionl laýyk gelýän üstaşyr düzgünleri, standartlary we ulgamlary işläp taýýarlamak, strategik baglanyşykly multimodal ulag we logistika amatlyklaryny işläp taýýarlamak hem-de maliýeleşdirmek ýoly bilen «akylly» bir duralga serhet nokatlary görnüşinde ösdürilmelidir.

Ulag geçelgeleri serhet düzgünlerini tertipleşdirmek, üstaşyr ulgamda kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny we düzgünlerini ornaşdyrmak, ulag amatlyklaryny geçelgeleriň ugurlaryna laýyk getirmek boýunça işleri utgaşdyrmak, maglumatlaryň ýygnalyşyny we geçelgeleriň arasynda öňdebaryjy tejribäniň alşylmagyny gowulandyrmak ýoly bilen ösdürilmelidir, bu çäreler, zerur bolşuna görä, sebitleýin özara hereketleriň giňeldilmegini höweslendirer.

«Akylly» tehnologiýalaryň esasynda daşky täsirlere durnukly, üýtgewsiz we howpsuz ulag amatlyklarynyň ösdürilmegi Durnukly ösüşiň «Durnukly infrastrukturany döretmek, hemme zady öz içine alýan durnukly senagatlaşma we innowasiýalara ýardam bermek» 9-njy maksadynyň has netijeli hem-de öz wagtynda durmuşa geçirilmegine ýardam berer.

Üstaşyr geçelgeleriň sanly amatlyklaryny we ulag hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmak maksady bilen, goşmaça maýa goýumlaryň, şol sanda hususy bölegiň hasabyna maýa goýumlaryň çekilmegi sanly, şeýle hem işgärler we institusional mümkinçiligi güýçlendirmäge mümkinçilik berer.

Elýeter, ygtybarly, durnukly hem-de döwrebap energetika amatlyklary, şol sanda serhetüsti amatlyklar, şeýle hem energogöterijileriň amatlyklary we energiýa ulgamlaryna birikmeler DÖM-i gazanmak üçin möhüm orny eýeleýärler.

Türkmenistan arzan, ygtybarly, durnukly we döwrebap energiýa çeşmelerini peýdalanmaga geçmekden ugur alýar, bu önümçilik mümkinçiligini giňeltmäge we Durnukly ösüş maksatlarynda global hyzmatdaşlygy (DÖM 17) amala aşyrmakda we işjeňleşdirmekde serişdeleri pugtalandyrmaga mümkinçilik berer.

Goýlan maksatlary durmuşa geçirmekde tebigy gazy (onuň ätiýaçlyklary boýunça biziň ýurdumyz dünýäde dördünji ýerde durýar) gazyp almaklyga we ony has çuň gaýtadan işlemeklige möhüm orun degişlidir. Tebigy

gazyň gazylyp alynmagy we gaýtadan işlenmegi taşlandylaryň az derejesi bolan energetika ulgamlaryna geçilmegini höweslendirer.

Ekologiýa taýdan arassa we gaýtadan emele gelýän energiýa çeşmeleriniň maliýeleşdirilmegini giňeltmek we maksatlaýyn goldaw bermek çäreleri hem durnukly ösüşiň ýene bir ileri tutulýan ugry bolup, elektrik energiýasyny öndürmek, ony satmak we oýlanyşykly paýlamak babatynda mümkinçiligi pugtalandyrar.

Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ägirt köp möçberde ätiýaçlyklarynyň bolmagy, olaryň ýerlenmegi we senagat önümçiliginde peýdalanylmagy, şol sanda galyndysyz önümçiligi ösdürmek üçin ulanylmagy, täze pudaklary ösdürmäge adalatly, durnukly we ählumumy geçmegi amala aşyrmaga, ykdysadyýeti diwersifisirlemegi we ählumumy ykdysady ösüşi goldamaga, gurluş taýdan özgertmelere we senagatlaşmaga mümkinçilik berer.

Ýokarda beýan edilen çäreleri durmuşa geçirmek bilen, Türkmenistan durnukly ösüşiň bellenen wezipelerini we maksatlaryny ýerine ýetirmekde ep-esli öňegidişlik gazanar.

***O. Aşyrow,***

*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň*
*Strategik we durnukly ösüş müdirliginiň*
*Durnukly ösüş syýasaty bölüminiň  başlygy,*
*fizika-matematika ylymlarynyň kandidaty,*

***S. Aşyrow,***

*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň*
*Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby*
*institutynyň awtomatlaşdyrylan dolandyryş*
*ulgamlary kafedrasynyň uly mugallymy*

## PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK – DURNUKLY ÖSÜŞIŇ MÖHÜM ŞERTI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň berk binýadyny goýan beýik işleri hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilýär.

Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeleriň, üstünlikli durmuşa geçirilýän milli, döwlet, pudak maksatnamalarynyň netijesinde ýokary depginli ykdysady ösüş gazanylýar we halkymyzyň ýaşaýyş-derejesi has-da ýokarlanýar.

Makroykdysady durnuklylygy üpjün etmek, ykdysady kuwwaty pugtalandyrmak, eksporta gönükdirilen we importyň ornuny tutmaga niýetlenen önümleriň öndürilýän möçberlerini artdyrmak, ykdysadyýetiň pudaklaryny sanlylaşdyrmak, «ýaşyl» ykdysadyýet ýörelgesini ornaşdyrmak, täze iş ýerlerini döretmek, kiçi we orta telekeçilige döwlet tarapyndan goldaw bermek, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak, Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa ornaşdyrmak milli ykdysadyýeti durnukly ösdürmegiň möhüm şertleri bolup durýar.

Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan yglan edilen Durnukly ösüş maksatlarynyň üstünlikli amala aşyrylmagyny hem-de öňde goýulan wezipeleriň we çäreleriň durmuşa geçirilmegini gazanmak «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» we «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» esasy wezipeleriň hataryna degişli bolup, bu resminamalaryň esasynda milli ykdysadyýetiň sazlaşykly we durnukly ösüşi üpjün edilýär.

2030-njy ýyla çenli Gün tertibi kabul edilenden soň, Türkmenistanda Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa ornaşdyrmak boýunça uly işler amala aşyryldy, biziň ýurdumyz ykdysady, durmuş we ekologiýa ugurlarynda möhüm netijeleri gazandy. Häzirki wagtda iň täze tehnologiýalary, innowasiýalary we sanlylaşdyrmagy, baý tebigy, ykdysady, maýa goýum mümkinçiliklerini giňden peýdalanmak, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek we ýurduň dünýäniň ykdysady ulgamyna goşulyşmagyny çuňlaşdyrmak arkaly milli ykdysadyýeti köptaraply ösdürmek üstünlikli alnyp barylýar.

Işjeň maýa goýum syýasaty hem ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň depginli ösmegine ýardam edýär. 2025-nji ýylda maýa goýumlaryň esasy ugurlary senagat pudaklarynyň ösdürilmegine, innowasion häsiýetli bilelikdäki kärhanalaryň işiniň giň gerimlerde ýola goýulmagyna, eksporta gönükdirilen we importyň ornuny tutýan önümçilikleriň döredilmegine, oba hojalygynda agrar özgertmeleri geçirmegiň netijesinde azyk üpjünçiliginiň has-da gowulandyrylmagyna, ýurdumyzyň ähli künjeklerinde täze döwrebap iş orunlarynyň döredilmegine we ilatymyzyň durmuş taýdan goraglylygynyň berk berjaý edilmegine gönükdirilendir.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan özgertmeler syýasatyna laýyklykda, ýurtda giň gerimli özgertmeler tapgyrlaýyn esasda alnyp barylýar, iri halkara we milli taslamalar durmuşa geçirilýär, ýüzlerçe önümçilik we durmuş desgalary guruldy we ulanylmaga berildi.

Durnukly ykdysady ösüşi gazanmak üçin möhüm milli strategik ileri tutulýan ugur hökmünde sanly ulgama geçmekligi we halk hojalygynyň ähli pudaklarynda ýokary tehnologik sanly tehnologiýalary peýdalanmagyň hasabyna ykdysadyýetiň hereket edişiniň netijeliligini ýokarlandyrmagy görkezip bolar, bu babatdaky işler, uzak möhletli geljegi göz öňünde tutanyňda, ýurduň gülläp ösmegi üçin esasy üpjün edýär. Sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi dünýä bazarlaryna çykmaga, halkara hyzmatdaşlygyň täze görnüşleriniň peýda bolmagyna, sanly görnüşde ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň paýyny artdyrmaga mümkinçilik berýär. Sanlylaşdyrmak we innowasiýalar Durnukly ösüşiň ähli maksatlary üçin hem umumy bolmak bilen, sanly tehnologiýalaryň işjeň ösdürilmegi Durnukly ösüşiň maksatlarynyň durmuşa ornaşdyrylmagyna giň mümkinçilikler döredýär.

Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň uzak möhletleýin strategiýasynda sanly ykdysadyýetiň ösüşini senagat öwrülişiginiň geljekki tapgyrlaryna esaslanyp amala aşyrmak bellenen.

Häzirki wagtda Türkmenistan dördünji tehnologik öwrülişige tapgyrlaýyn geçýär, ýurtda dünýä standartlaryna laýyk gelýän döwrebap maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny ornaşdyrmagyň hasabyna milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň konsepsiýasy» we «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda häzirki zaman tehnologiýaly täze pudaklaýyn düzümler döredilýär. Kabul edilen maksatnamalaryň üstünlikli amala aşyrylmagy bilen, ylym, bilim we innowasiýa işleriniň netijeliliginiň bitewüligi üpjün edilýär. Innowasion tehnologiýalardan, döwrebap ylmy barlaglardan oňat baş çykarýan ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işlere uly ähmiýet berilýär. Bu bolsa sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň ugurlary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Şeýle hem Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmak köp babatda global gatnaşyklara we hyzmatdaşlyga bagly bolup durýar.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna laýyklykda öňe sürýän başlangyçlary ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyna, ählumumy abadançylygyň, rowaçlygyň, gülläp ösüşiň bähbidine dünýä döwletleri bilen hyzmatdaşlyga üýtgewsiz ygrarlydygyny görkezýär.

Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna beslenýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Aşgabat şäherinde «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahatyň we Arkadag şäherinde Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň durnukly ösüş boýunça ministrler derejesindäki birinji forumynyň geçirilmegi bu ugurda möhüm waka boldy. Bu çäreler Türkmenistanyň Durnukly ösüş boýunça 2030-njy ýyla çenli gün tertibini gazanmaga ygrarly bolup galýandygyny ýene bir gezek tassyklaýar.

***P. Gurbanow,***

*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Barlag-derňew müdirliginiň Hojalyk hasaplaşygyndaky guramalaryň barlag-derňew bölüminiň başlygy, ykdysady ylymlaryň kandidaty*

## MALIÝE GÖZEGÇILIGINIŇ BINÝATLAÝYN ÝÖRELGELERI HEM-DE DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEK BILEN BAGLYLYKDA OLARYŇ KÄMILLEŞDIRILMEGI

Dünýä ösüşiniň taryhy her tapgyrynda özüne mahsus bolan aýratynlyklar, ileri tutulýan maksatlar hem aýdyň meýiller bilen häsiýetlendirilýär. Üçünji müňýyllygyň başynda hemmetaraplaýyn globallaşma, howanyň üýtgemegi, ekologiýany goramagyň umumadamzat derejedäki meselä öwrülmegi, şonuň ýaly-da geosyýasy ýagdaýlaryň barha çylşyrymlaşmagy ýaly hadysalar öňe çykdy. Bu hadysalaryň ýurtlaryň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmek wezipelerine ýetirýän täsiri wagtyň geçmegi bilen diňe ýokarlanýar. Dünýä giňişliginde ýüze çykýan geoykdysady meýiller söwda-ykdysady, ulag-logistika ulgamlaryndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek, maliýe, energiýa üpjünçiligi, syýasy durnuklylyk, halkara parahatçylygy we

abadançylygy bilen bagly meselelerde oňyn tagallalary birleşdirmek hem-de jemgyýetçilik howpsuzlygyny pugtalandyrmak, korrupsiýa we başbozarçylyk ýaly jemgyýetçilik howply hadysalara garşy barlyşyksyz göreş alyp barmak meseleleriniň ähmiýeti artýar.

Şu ugurda bar bolan meseleleriň umumadamzat ähmiýete eýe bolýanlygyny nazara almak bilen, dünýä döwletleri ady agzalan möhüm ugurlardaky maksatlarynyň birligine esaslanýan täze halkara birleşmelerine hem-de bölünişmelerine goşulyşýarlar. Dünýäniň geoykdysady kartasynda täze «ösüş merkezleri» emele gelýär, yklymlaryň we döwletleriň özara goşulyşmagynyň çäklerinde milli ykdysadyýetleriň halkaralaşmagy barha güýjeýär. Halkara durmuş-ykdysady integrasiýanyň gerimi yzygiderli giňelip, globallaşma täsirlerini ýitileşdirýär maliýe gurallaryny durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek üçin netijeli peýdalanmagyň täze talaplary we kadalary ýüze çykýar.

Şeýle şertlerde halkara we dünýä derejeli öňdebaryjy maliýe institutlarynyň, şonuň ýaly-da milli derejedäki maliýe institutlarynyň maliýe gözegçilik düzümleriniň işini döwrüň öňe çykarýan talaplaryna hem-de wehimlerine görä kämilleşdirmegiň ýiti zerurlygy ýüze çykýar. Munuň şeýle bolmagyny şertlendirýän birnäçe delil bar bolup, häzirki zaman ykdysady ösüşiň häsiýetli aýratynlyklary şol delilleriň doly esaslydygyny tassyklaýar. Çünki bütindünýä ösüş meýilleriniň güýjemegi maliýe institutlarynyň ykdysadyýeti düzgünleşdirmekdäki maksatlaryny, wezipelerini, ornuny we ähmiýetini düýpgöter özgerdýär.

Maliýe ulgamy ösüşiň obýektiw zerurlyklaryndan gelip çykýan wezipeleri üstünlikli çözmek üçin zerur bolan serişde gorlaryny toplamagyň hem maksatlaýyn gönükdirmegiň işjeň mehanizmidir. Şu mazmunda maliýe ulgamy durnukly ykdysady we jemgyýetçilik ösüşiniň düýpli faktory hökmünde öňe çykýan maddy-üpjünçilik (infrastruktura), tehnologiýalar, innowasiýalar hem tebigy-howa meseleleriniň netijeli çözülmegine itergi berýär. Şunuň bilen baglylykda maliýe ulgamy bilen «durnukly ösüş» adalgasyny özara baglanyşdyrýan ugurlar aýdyň ýüze çykýar.

Durnukly ösüş maksatlary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2015-nji ýylda geçirilen 70-nji mejlisinde kabul edildi hem-de ykdysady, durmuş we ekologiýa ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen umumadamzat maksatlaryň bitewi ulgamyny düzýär. Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2023-nji ýylyň 19-njy sentýabryndaky mejlisinde eden çykyşynda

belleýşi ýaly: «Geografik taýdan ýerleşýän ýerine, ilatynyň sanyna, ykdysadyýetiniň möçberine, jemgyýetçilik-syýasy nusgasyna garamazdan, dünýä döwletleriniň her biri Milletler Bileleşiginiň öňünde durýan wezipeleri çözmäge öz möhüm goşandyny goşmalydyr».

«Durnukly ösüş» hem-de «durnukly ykdysadyýet» düşünjeleriniň özara ýakyndan baglydygyny turuwbaşdan bellemek gerek. Durnukly ösüş özüniň asyl manysy boýunça oňyn ösüş hökmünde kesgitlenilip bilner, oňa daşky tebigy gurşawa, sebit we tutuş dünýä derejesinde emele gelen amatly (ýa-da hemme gatnaşyjylar üçin belli bir derejede kabul ederlikli) geoykdysady we geosyýasy deňagramlylyga, adamlaryň ýaşaýyş-durmuş abadançylygyna zyýansyz bolmagy, ählumumy parahatçylygyň pugtalanmagyna hem öňegidişlikli jemgyýetçilik ösüşine itergi bermek häsiýeti mahsusdyr. Durnukly ykdysady ösüşi gazanmakda ýetilen sepgitler Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ösüş maksatlarynyň esasy görkezijilerine degişlilikde kesgitlenilýär.

Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmegiň esasy mehanizmleriniň biri-de maliýe syýasatydyr. Onuň netijeli amal edilmegini milli ykdysadyýetiň hil taýdan ösmeginiň durnukly depginleriniň gazanylmagyna gönükdirilýär. Onuň esasy ösüş mehanizmleri hökmünde salgyt-býujet, pul--karz we maýa goýum strategiýalary çykyş edýär. Maliýe syýasatynyň netijeliligi maliýe gatnaşyklarynyň dürli ugurlarynyň we düzüm bölekleriniň özara bagly bolan, çylşyrymly ulgamynyň sazlaşykly hereket etmegine baglydyr. Maliýe ulgamynyň bökdençsiz, ykdysady taýdan netijeli hereket etmeginiň gözbaşynda pugta gözegçilik hem-de maglumatlaryň aç-açanlygy ýaly binýatlaýyn ýörelgeler durandyr. Ykdysady ösüş çeşmeleriniň ýagdaýlarynyň hemmetaraplaýyn öwrenilmegi hojalygy netijeli alyp barmagyň, önümçiligi yzygiderli ösdürmegiň möhüm şerti bolup durýar. Bu aýdylanlar, ilkinji nobatda, maliýe gözegçiligine degişli bolup durýar.

Maliýeleşdirmek işleriniň öz wagtynda, doly möçberde, maksadalaýyk ýerine ýetirilmegi, maksatlaýyn esasda gönükdirilen maýalyk serişdeleriniň tygşytly, delillendirilen esasda, jogapkärçilikli peýdalanylmagy islendik maýa goýum taslamasynyň rowaç almagyny üpjün edýär. Bu talaplar başy başlanýan maýa goýum taslamalarynyň ahyrky ykdysady netijeliligini kesgitleýär, ilkibaşda gönükdirilen maýa goýum serişdeleriniň gaýtarylyp alynmagyny üpjün edýär, maýa goýum işinden durnukly esasda girdejileriň gelip gowuşmagyny kepillendirýär. Islendik maýa goýum başlangyjynyň baş

maksady hem hut şonuň ýaly girdeji almakdan ybaratdyr. Muny nazara almak bilen, maýa gözegçiliginiň binýatlaýyn ýörelgeleri kesgitlenilýär. Olar:

– döwletlilik ýörelgesi (seljerme geçirilende döwletiň ykdysady, durmuş, ekologiýa, halkara syýasaty we halk hojalygynyň ösüşiniň degişli tapgyrynda olardan çykýan meseleleriň hasaba alynmagyny, ykdysady hadysalara baha berlende, olaryň döwlet bähbitlerinden ugur alynmagyny nazarlaýar);

– ylmylyk ýörelgesi (seljermäniň ylmy taýdan esaslandyrylmagyny, öňdebaryjy we netijeli ykdysady-matematiki usullarynyň, hasaplaýjy enjamlaryň hem tehnologiýalaryň peýdalanylmagyny, hereket edýän ykdysady kanunlaryň kadalaryna doly laýyklykda alnyp barylmagyny talap edýär);

– ulgamlylyk ýörelgesi (seljermelerde ulgamlaýyn çemeleşmäniň ulanylmagyny göz öňünde tutýar);

– obýektiwlik ýörelgesi (ýüz görmezlik, göni, hakykylyk – seljermäniň hakyky ykdysady ýagdaýlara we hadysalara, hakyky we obýektiw maglumatlara esaslanmak bilen geçirilmegini, netijeleýin jemleriň takyk hasaplamalar arkaly esaslandyrylmagyny şert edip belleýär);

– toplumlaýyn ýörelge (seljermäniň barşynda edaranyň ýerine ýetirýän işleriniň ýakyn arabaglylykda, hojalyk hadysalarynyň ösüş dinamikasynda öwrenilmegini talap edýär);

– dessinlik ýörelgesi (seljerme netijeleri boýunça dessin dolandyryş çözgütleriniň kabul edilmegini we olaryň çalt, aç-açan we dürs ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutýar);

– täsirlilik ýörelgesi (seljerilýän önümçilik işiniň mazmunyna we ahyrky netijeliligine oňyn täsir etmegiň mümkinçiliklerini ýüze çykarmagyň, ýol berilýän kemçilikleri, hasaplamalardaky ýalňyşlyklary öz wagtynda ýüze çykarylmagyny we aradan aýrylmagyny, ýagny seljerme maglumatlarynyň tejribede peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar);

– köpçülikleýinlik ýörelgesi (seljerme barlagyna edaranyň işgärleriniň giňden çekilmegini nazarlaýar).

Bu ýörelgeler özara baglanyşykly, biri beýlekisi bilen şertleşilen esasda berjaý edilýär hem-de maliýe seljermesiniň ahyrky netijeliligi üpjün edilýär. Şunuň bilen baglylykda, häzirki zaman ykdysady ösüşiň ileri tutulýan meýillerini hasaba almak bilen, bu ýörelgeleriň üstüni maliýe taýdan seljerilýän işiň ekologiýa taýdan zyýansyz derejesini (ekologiýalylyk ýörelgesi) hem-de durnukly ösüşi üpjün etmäge goşýan goşandyny nazarlaýan (durnuklylyk

ýörelgesi) ýörelgeler bilen ýetirmek maksadalaýyk bolup biler. Mundan başga-da maliýe gözegçiliginiň has doly bolmagyny gazanmak maksady bilen ösen dünýä döwletlerinde tutuş ilatyň, ýagny ýurduň her bir raýatynyň girdejilerini we çykdajylaryny hasaba alýan maglumatlaryň açylmagyny gazanmak (girdejiler we çykdajylar baradaky deklarasiýa) tejribesi üns bererliklidir, ol maliýe gözegçiliginiň ýörelgesi hökmünde netijeli peýdalanylyp bilner (oňa «dolulyk ýörelgesi» diýip bolar).

Awtomatlaşdyrmak we hemmetaraplaýyn sanlylaşdyrmak, emeli aň hem blokçeýn, çat-botlar hem «bulut» tehnologiýalary ýaly innowasiýalar maliýe gözegçiliginiň mazmunyny, amaly usullaryny, hilini hem ahyrky netijeliligini düýpli özgerdýär. Olar dürs maliýe seljermelerini we bazar çaklamalaryny geçirmäge, töwekgelçilikleri çaklamaga we dolandyrmaga, ulgamlaýyn kynçylyklary we howplary ýüze çykarmaga kömek berýär. Ykdysady işiň ähli görnüşleriniň ahyrky netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi hut şeýle öňdebaryjy tehnologiýalaryň peýdalanylmagy bilen gönüden-göni baglydyr.

Maliýe gözegçiliginiň maksady ýerine ýetirilen ykdysady işleriň netijeliligini seljermekden we bahalandyrmakdan, degişli netijenamalary çykarmakdan we gutarnykly çözgütleri çykarmaga ýardam bermekden ybaratdyr. Bu netijenamalar dürli derejeli býujetler işlenip taýýarlanylanda, çaklamalar düzülende, iri möçberli taslamalar meýilnamalaşdyrylanda peýdalanylýar. Şol sebäpden maliýe gözegçiliginiň binýatlaýyn ýörelgeleriniň kämilleşdirilmegi bu işiň hilini hem ahyrky netijeliligini ýokarlandyrmaga, ýurdumyzyň umumy durmuş-ykdysady ösüşini has-da pugtalandyrmaga saldamly goşant bolar.

**_M. Ataýewa,_**

_Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Döwlet edaralarynyň işgär düzümini seljeriş we düzgünleşdiriş bölüminiň başlygynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji_

## HYZMATLAR AUTSORSINGI: IŞEWÜRÇILIK HEM-DE DÖWLET ÜÇIN NETIJELI IŞ GURALYDYR

Ösüşiniň ýagdaýlary, ileri tutulýan meýilleri, şertleri hem talaplary tiz-tizden üýtgäp durýan häzirki dünýäde kärhananyň işini ýöretmekde ýa-da işewürçilik işini alyp barmakda gazanyp boljak ahyrky üstünlik köp

babatda, özüňde bar bolan kuwwatlyklary, mümkinçilikleri, ygtyýarlyklary esasy, binýatlaýyn, gaýragoýulmasyz ugurlara gönükdirmek ukybyna bagly bolmagynda galýar. Hut şunuň bilen baglylykda hyzmatlar autsorsingi öňe çykýar. Ol özüniň düýp mazmuny boýunça bitewi strategiýa bolmak bilen, oňa laýyklykda kärhana ýa-da döwlet edarasy özüniň alyp barýan işine belli bir derejede ýa-da asla degişli bolmadyk wezipeleriň ýerine ýetirilmegini bu ugra ýöriteleşdirilen daşarky üpjün edijä (oňa başgaça autsorser diýilýär) geçirýär.

Milli ykdysadyýeti öňegidişlikli, köpugurly esasda ösdürilýän (diwersifikasiýalaşdyrylýan) Türkmenistanda autsorsingiň many-mazmunyna hem-de ähmiýetine düşünmeklik, ony iş ýüzünde sowatly, ýerlikli hem-de netijeli peýdalanmak ukyby islendik işiň jemi netijeliligini ýokarlandyrmagyň, onuň bäsdeşlik ukybyny berkitmegiň möhüm faktory hökmünde öňe çykýar.

Autsorsingiň nazary esaslaryna garap geçeliň.

Autsorsing özüniň düýp manysynda ýöne bir «hyzmaty buýurmak» däl-de, özara ylalaşyga esaslanýan uzakmöhletleýin hyzmatdaşlykdyr, şunda işiň barşy we ahyrky netijesi boýunça jogapkärçilik autsorseriň üstüne ýüklenilýär. Autsorsingiň baş maksady hyzmatyň hilini ýokarlandyrmakdan, oňa çykarylýan harajatlary azaltmakdan, has netijeli hil barlagy usullaryna we tehnologiýalara giň ýol açmakdan, özüňde bar bolan gorlary we mümkinçilikleri baş maksatlara gönükdirmekden ybaratdyr.

Autsorsingiň görnüşleri:

IT-autsorsing: kompýuterlere hem-de elektron torlara edilýän hyzmatlar, programmalaýyn üpjünçiligiň işlenip taýýarlanylmagy, hosting, «bulut» tehnologiýasy hyzmatlary, tehniki goldaw.

Buhgalterçilik we maliýe autsorsingi: hasaby ýöretmek, aýlyk zähmet haklaryny, salgytlary hasaplamak we tölemek bilen bagly hyzmatlar.

Iş amallarynyň autsorsingi: maglumatlary gaýtadan işlemek, maglumat beriş we sowal-jogap alyşmak merkezleri, işgärler düzümini dolandyrmak bilen bagly hyzmat ugurlary.

Ulag-logistika autsorsingi: daşamak, ammarlarda ýerleşdirmek we saklamak, ätiýaçlyk gorlary dolandyrmak boýunça hyzmatlar.

Hukuk autsorsingi: maslahat bermek, kazyýet edaralarynda wekilçilik etmek, özara ylalaşyklary gazanmak we baglaşmak hyzmatlary.

Arassaçylygy saklamak we garawulçylyk autsorsingi: desgalarda arassaçylyk we howpsuzlyk kadalaryny berjaý etmek bilen bagly hyzmatlar.

Autsorsingiň üpjün edýän oňyn artykmaçlyklary:

Harajatlaryň pese düşürilmegi: autsorsing adamlaryň aýlyk zähmet haklaryna, salgytlara, täze enjamlara, ugurdaş bolmadyk wezipeler boýunça goşmaça okuwlary guramaga we geçirmäge edilýän çykdajylary azaltmagyň hasabyna ep-esli serişdeleri tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

Hiliň ýokarlandyrylmagy: autsorseriň ygtyýarynda bar bolan hünärmenleri we öňdebaryjy tehnologiýalary peýdalanmakda açylýan täze mümkinçilikler önümiň hiline oňyn täsir edýär.

Ähli ünsi işewürçilik işiniň esasy ugrunda jemlemek mümkinçiligi: autsorser ugurdaş iş-aladalary öz üstüne alýar, netijede, bar bolan serişde we iş dolandyryş gorlaryny strategik ähmiýetli wezipelere gönükdirmäge mümkinçilik döreýär.

Önümiň (hyzmatlaryň, işleriň) möçberini daşky şertlere görä kybalaşdyrmak: ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň göwrümini bildirilýän sarp ediş islegine görä gysga wagtyň içinde köpeldip ýa-da azaldyp bolýar;

Töwekgelçilikleriň azaldylmagy: bar bolan ýa-da ýüze çykmak ähtimallygy saklanyp galýan (mysal üçin, tehnologik häsiýetli ýa-da işgärler düzümi bilen bagly) töwekgelçilikleriň belli bir bölegi autsorsere geçýär.

Şunuň bilen birlikde, ugurdaş töwekgelçilikleriň hem bardygyny bellemek zerur, olar:

Işiň ähli tapgyrlaryny pugta gözegçilikde saklap bolmaýar: köp ýagdaýlar üpjün edijilere bagly bolýar, iş amallaryny dessin dolandyrmagyň aýry-aýry ugurlarynda düýpli kynçylyklar ýüze çykyp bilýär;

Ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hili bilen baglylykda: hyzmatlaryň hili garaşylýan ölçeglere ýa-da bu ugurdaky standartlaryň kadalaryna laýyk gelmän hem biler;

Gizlinlik we howpsuzlyk meselelerinde: maglumatlary ýa-da täjirçilik syrlaryny garaşylmadyk ýagdaýda ýitirmek ähtimallygy ýokarlanýar;

Öňünden bilip bolmaýan çykdajylar: kä ýagdaýlarda baglaşylan ylalaşygy dolandyrmak, sazlaşykly geçişi üpjün etmek bilen baglylykda goşmaça harajatlar ýüze çykyp bilýär;

At-abraýyňa zeper ýetmek töwekgelçiligi: ýagny autsorsing bilen baglylykda ýüze çykýan kynçylyklar buýrujynyň at-abraýyna ýaramaz täsir edip biler.

Autsorsingi peýdalanmak boýunça toplanan dünýä tejribesi we ony Türkmenistanda netijeli ösdürmegiň mümkinçilikleri:

Dünýä boýunça alanyňda, autsorsing senagat möçberinde ýola goýlan çylşyrymly gurluş bolmak bilen, öz ýaýrawyna milliardlarça maliýe gor-

laryny çekýär. Öňdebaryjy dünýä firmalarydyr, kompaniýalary, aýry-aýry döwletler IT-tehnologiýalar, peýdalanyjylara goldaw hyzmatlaryny bermek, buhgalteriýa hasaplaşyklaryny alyp barmak, ulag-logistika hyzmatlary ýaly möhüm ugurlar boýunça iş alyp barmagy işjeň ýagdaýda autsorsinge berýärler. Ösüp gelýän ýurtlarda autsorsingiň ösdürilmegi ilat üçin täze iş orunlaryny döretmäge, hyzmatlar ulgamynyň gerimini giňeltmäge itergi berýär.

Türkmenistanda autsorsingiň bazary ýaňy kemala gelip başlady diýseňem boljak. Ýurdumyzda autsorsingiň netijeli peýdalanyp bolýandygyna birnäçe mysallary getirmek bolar, aýratyn hem işiň bu görnüşine döwlet böleginde hem-de iri kompaniýalaryň işinde ýokary gyzyklanma bildirilýär, hususan-da:

IT-Autsorsing: dürli görnüşli hyzmatlary sanly ölçege geçirmek ýa-da sanly maglumatlar ulgamlaryny döremek (meselem, hasaba almak ýa-da resminamalary dolandyrmak) işinde peýdalanylýar;

Buhgalterçilik Autsorsingi: autsorsingiň bu görnüşi Türkmenistanda öz işini alyp barýan kiçi we orta telekeçilik kärhanalarynyň, şonuň ýaly-da ýerli bazarda orun alan käbir daşary ýurt kompaniýalarynyň arasynda has giňden ýaýrandyr. Kärhananyň esasy işgärler düzüminde, aýratyn hem salgyt salmak, maliýe kanunçylygyna yzygiderli goşmaçalaryň we üýtgetmeleriň girizilýändigini hasaba alanyňda, hemişelik esasynda buhgalteri saklamak, oňa yzygiderli esasda aýlyk zähmet hakyny tölemek belli bir derejede kynçylyk döredýär hem-de goşmaça çykdajylara alyp barýar. Bulary hasaba almak bilen, kompaniýalar ýöriteleşdirilen maslahat beriş (konsalting) firmalary ýa-da ýekebaraçylyk esasynda hyzmatlary ýerine ýetirýän ýokary hünärli buhgalterler bilen ýörite ylalaşygy baglaşýarlar. Olar bu ýagdaýda autsorserler bolup çykyş etmek bilen, ýagny: ilkinji resminamalary taýýarlamakdan, ýöretmekden, adamlaryň aýlyk zähmet haklaryny hasaplamakdan, tölemekden başlap, tä salgyt hasabatlylygyny işläp düzmäge hem-de bellenen tertipde we möhletde tabşyrmaga çenli hyzmatlaryň doly toplumynyň ýerine ýetirilmegini öz üstüne alýarlar.

Daşary ýurt kompaniýalary, köplenç ýagdaýda, iş alyp barylýan ýurtlarynda hereket edýän kadalara sazlaşykly uýgunlaşmak hem-de ýüze çykyp biljek gödek ýalňyşlyklaryň öňüni almak maksady bilen autsorsinge ýüzlenýärler. Has iri möçberli türkmen kompaniýalary hem hasaby we hasabaty alyp barmagyň aýry-aýry, has çylşyrymly ugurlaryny autsorsinge berip bilýändir, meselem, şeýle çemeleşme halkara hasabatlylygyny ýöretmegiň zerurlygy bolan ýerinde ýa-da iri möçberli taslamalar boýunça takyky hasaplamalary geçirmeli bolanda peýdalanylýar.

Logistika we ulag hyzmatlarynyň autsorsingi: iri senagat (nebitgaz, himiýa, gurluşyk ýaly pudaklara degişli bolan) kärhanalary ýa-da söwdany amala aşyrýan kärhanalary daşamak, ammar jaýlarynda ýerleşdirmek we saklamak, bellenilen gümrük iş amallaryny resmileşdirmek bilen bagly hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegini ýörite şu ugurda iş alyp barýan logistika operatorlaryna tabşyryp bilýär.

Gorag hyzmatlarynyň autsorsingi: guramalarda (edara ediş merkezleriniň, dükanlaryň, önümçilik desgalarynyň we beýlekileriň) aglaba bölegi özüniň esasy gurluş düzüminde özbaşdak howpsuzlyk gullugyny döretmegiň ýerine, köplenç, hususy gorag kärhanalary bilen şertnama baglaşýarlar.

Arassaçylyk we ýerleri abadanlaşdyrmak hyzmatlarynyň autsorsingi: ministrlikler, häkimlikler, döwlet edaralary (hassahanalar, ýokary okuw mekdepleri we ş.m.), şeýle-de täjirçilik edaralar (banklar, söwda merkezleri) özüniň esasy düzüm gurluşynda tam süpürijileri, bagbanlary we ş.m. saklamagyň ýerine, edara jaýlarynda we ýanaşyk ýerlerde arassaçylyk, abadanlaşdyryş işlerini geçirmek hyzmatlaryny ýerine ýetirmek boýunça bäsleşikli saýlap-seçişleri (tender) geçirip bilýär.

Bank ulgamy: bank edaralary ykjam elektron goşundylary, internet-banking ulgamyny işläp taýýarlamak hem-de ugurdaş hyzmatlary ýerine ýetirmek, maglumatlary goramak ýaly möhüm meselelerde daşyndan degişli hünärmenleri, bilermenleri çekmek arkaly autsorsing hyzmatyndan peýdalanyp bilýärler.

Telearagatnaşyk: aragatnaşyk operatorlary aýry-aýry IT-ugurlar ýa-da tehniki goldawy bermek hyzmatlaryny ýerine ýetirýän autsorsing firmalarynyň hyzmatyndan ýygy-ýygydan peýdalanýarlar.

Türkmenistanda autsorsingi peýdalanmagyň hem-de ösdürmegiň uly mümkinçilikleriniň bardygyny bellemek zerur. Hyzmatlar ulgamynyň bu ugrunyň geljekde pajarlap ösmegine şu ýagdaýlar itergi berip biler:

– milli ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagy: täze ykdysady pudaklaryň döredilmegi işewürlige berilýän ünsüň, ornuň we ähmiýetiň ýokarlanmagyny şertlendirýär;

– hemmetaraplaýyn sanlylaşdyrmak we sanly binýada aýgytly geçiş: «Elektron Hökümet» ulgamynyň işe girizilmegi, IT-bölegiň okgunly ösmegi hem-de giňelmegi daşyndan ýörite şu ugurda ýokary taýýarlygy bolan bilermenleriň, hünärmenleriň işe çekilmegini talap eder;

– döwlet çykdajylarynyň hem, hususy işewürçiligiň işiniň hem ahyrky netijeliliginiň üpjün edilmegine bildirilýän talaplaryň ýokarlanmagy;

– kiçi we orta telekeçiligiň geriminiň yzygiderligi artmagy: hususyýetçilik bölegi autsorsingi deň derejede hem öndürýän, hem sarp edýän tarap hökmünde çykyş edip biler (bu aýdylanlar, aýratyn hem, buhgalterçilik hasaby, bazary öwreniş (marketing), öz işine ussat işgärleri gözläp tapmak we işe çekmek ýaly ugurlarda özüniň ýokary ähmiýetini saklap galýar).

Hyzmatlar autsorsingi ýöne bir wagtlaýyn meýil, kopleriň ýykgyn edýän ugrukmasyna eýermek endigi däl. Häzirki ösüş şertlerinde autsorsing işleri döwrebap derejede dolandyrmagyň işjeň guraly hökmünde tutuş dünýäde uly meşhurlyga eýe bolýar hem-de özüniň ýokary netijeliligini iş ýüzünde subut edýär. Özüniň öňegidişlikli ykdysady ösüşini üpjün etmekde hemmetaraplaýyn täzeleniş we döwrebaplaşmak ýoluny saýlap alan Türkmenistan üçin autsorsingiň ýerlikli peýdalanylmagy zähmet öndürijiligini düýpli ýokarlandyrmagyň, harajatlary hem ugurdaş çykdajylary pese düşürmegiň, işewürlik gurşawynda hem döwlet dolandyryşynda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň görnüşini, hilini hem ahyrky netijeliligini kämilleşdirmegiň işjeň mehanizmi bolup hyzmat edip biler.

Üpjün edijileriň ýerli bazarynyň maksadalaýyk ösdürilmegi, milli hukuk binýadynyň yzygiderli kämilleşdirilmegi, şeýle-de buýrujylar bilen autsorserleriň arasynda özara ynanyşmak esasynda hyzmatdaşlyk etmek medeniýetiniň kemala getirilmegi bu ugurda düýpli üstünlik gazanmaga kuwwatly itergi berer.

Bu strategiýanyň çuňňur oýlanyşykly esasda işe ornaşdyrylmagy döwlet edaralarynyň we türkmen hususy kärhanalarynyň bazar ýagdaýlaryna çeýe uýgunlaşmak, bazar bäsdeşligine has durumly bolmak, öňdebaryjy innowasiýalary tiz kabul etmek hem-de netijeli peýdalanmak ukybyny diňe artdyrar.

***B. Miriýew,***

*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Döwlet maliýesini jemleýji we ykdysady syýasaty müdirliginiň Döwletiň makroykdysady syýasaty bölüminiň başlygy*

## GLOBAL WEHIMLERIŇ ŞERTLERINDE MAKROYKDYSADY DURNUKLYLYK

Dünýäde global wehimleriň we dürli dartgynlyklaryň ýygy-ýygydan, öňünden çaklap bolmaýan ýagdaýlarda emele gelmegi strategik ähmiýet-

li makroykdysady gurallaryň netijeliliginiň artdyrylmagyny talap edýär. Dünýä ýurtlarynda durnukly ösüşi gazanmak we onuň depginini saklamak üçin töwekgelçiliklere, şol sanda ykdysady we maliýe sanksiýalarynyň täsirlerine, bazarlardaky durnukzyslyga, energiýa serişdeleriniň bahalarynyň çalt üýtgemegine we howa şertleriň töwekgelçiliklerine garşy durup hem-de uýgunlaşyp biljek çeýe ykdysady syýasatyň alnyp barylmagy möhüm bolup durýar.

Şu günki günde dünýä ýurtlary şu aşakdaky töwekgelçilikler bilen ýüzbe - ýüz bolýarlar:

- Geosyýasy dartgynlyklar we ykdysadyýetiň syýasatlaşdyrylmagy;
- Energiýa serişdeleriniň we çig mallaryň bahalarynyň üýtgäp durmagy;
- Maliýe durnuksyzlyklary;
- Pul birlikleriniň hümmetsizlenmesi (inflýasiýa);
- Sanksiýalaryň basyşy;
- Logistika zynjyrlaryň bozulmagy we tehnologiýalara elýeterliligiň peselmegi;
- Howa şertleriň üýtgemegi;
- Biologik we epidemiologik howplar;
- Sanly ulgama hüjümleriň artmagy.

Dünýäde geosyýasy dartgynlyklaryň netijesinde töwekgelçilikleriň emele gelmegi bilen dünýä ýurtlarynda dowamly ösüşi üpjün etmek meselesi aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Ykdysadyýetiň ösüş depginini durnukly saklamak bilen bir hatarda, onuň howpsuzlygyny we garaşsyzlygyny berkitmek wajyp bolup durýar.

Ykdysadyýetiň syýasatlaşdyrylmagynyň we sanksiýalary ulanmagyň netijesinde emele gelýän töwekgelçilikler dawalara gatnaşmaýan ýurtlara hem söwda we maliýe hyzmatdaşlygy nukdaýnazaryndan özüniň ýaramaz täsirini ýetirýär. Şunuň bilen bir wagtda bütindünýä maliýe durnuklylygyna howp salýan töwekgelçilikleriň täsirini peseltmek üçin, hususan-da dünýäniň ösüp barýan ýurtlarynda makroprudensial gözegçiligi we maliýe garaşsyzlygyny berkitmek, maliýe bazaryny ösdürmek we çuňlaşdyrmak, býujet mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça işleriň has-da güýçlendirilmegi möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Dünýä ykdysadyýetiniň yzygiderli sarsgynlary başdan geçirmegi netijesinde näbellilikleriň derejesiniň artýandygyny nazara alyp, dünýä ýurtlarynyň milli ykdysadyýetleriniň esasy ugurlarynyň döwrebaplaşdyrylmagy we kämilleşdirilmegi maksada laýyk hasaplanylýar.

Şu ýylyň aprel aýynda Halkara Pul Gaznasy (HPG) tarapyndan dünýä ykdysadyýetiniň ösüş depgininiň durnuklaşýandygy bellenildi we söwdada, maliýe bazarlarynda çekeleşmeleriň ýokarlanmagy bilen bagly töwekgelçilikleri göz öňüne tutup çaklama maglumatlaryna gaýtadan seredildi. HPG-niň dünýä ykdysadyýetiň ösüşi boýunça maglumatlaryna laýyklykda, Amerikanyň Birleşen Ştatlary tarapyndan import harytlaryna tarifleriň möçberleriniň üýtgedilmegi we käbir ýurtlaryň öz gezeginde oňa garşy hereketleri sebäpli 2025-nji ýylda geçen ýyla garanyňda dünýä ykdysadyýetiniň ösüşiniň depgini 3,3%-den 2,8%-e çenli, şol sanda ykdysadyýeti ösen ýurtlarda 1,8%-den 1,4%-e çenli, ösüp barýan ýurtlarda bolsa 4,3%-den 3,7%-e çenli peselmegi çaklanylýar. Dünýäde hümmetsizlenme derejesiniň haýallyk bilen pese düşmegine garaşylýandygy bellenilýär.

Şeýle hem, dünýä söwdasynyň ösüş depgini peselip 1,7%-e deň bolmagyna garaşylýar. Bu tankydy ýagdaýda ýurtlaryň arasynda durnukly we oňyn söwda şertlerini döretmek üçin hökümetleriň özara utgaşykly işlemegi, şol sanda syýasy meseleleriň we bar bolan bökdençlikleriň aradan aýrylmagynyň möhümdigi bellenilýär.

Ýakyn Gündogar we Merkezi Aziýa sebitinde daşary ykdysady ýagdaýyň durnuklaşmagy we gowlaşmagy bilen geçen ýyla garanyňda 2025--nji ýylda ykdysady ösüşiň depgini 0,6 nokat artyp 3,0%-e deň bolmagy çaklanylýar. Şol bir wagtda, sebitiň daşary töwekgelçilikler, şol sanda geosyýasy darktgynlyklar we çig mal bazarynda bahalaryň üýtgemegi bilen ýüzbe-ýüz bolýandygy bellenilýär.

Ýokarda agzalan ýagdaýlary nazara alyp, ýurdumyzda global sarsgynlara garşy durmaga we uýgunlaşmaga ukyply, durnukly ykdysadyýetiň dowamly ösüşini üpjün etmekde maýa goýumlaryň möçberini we netijeliligini artdyrmak, ýurdumyzyň öz-özüni üpjünçilik derejesini ýokarlandyrmak, tehnologiki özbaşdaklygyny we eksport mümkinçiliklerini güýçlendirmek ugurlary ileri tutulýar.

Şu günki günde, global dartgynlyklaryň şertlerinde hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda alnyp barylýan daşary ykdysady syýasatyň netijesine Türkmenistan berk binýatly we özygtyýarly döwlet hökmünde pugtalanýar. Ýurdumyz halkara giňişliginde parahatçylygy pugtalandyrmak, ýurtlaryň arasynda hoşniýetli gatnaşyklary dowam etdirmek we özara bähbitli hyzmatdaşlygy berkitmek işine goşant goşýan döwlet hökmünde ykrar edilýär. Dünýäniň ähli ýurtlary hem-de abraýly halkara guramalary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyk has-da ösdürilýär,

ýurdumyz ygtybarly hyzmatdaş, halkara borçnamalaryna ygrarly ýurt hökmünde tanalýar.

Sebit gatnaşyklaryny ösdürmek we berkitmek, halkara infrastruktura taslamalaryna gatnaşmak, şol sanda strategiki ulag, energetika we logistika başlangyçlaryny durmuşa geçirmek bilen halkara hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini has-da giňeltmek ugry ileri tutulýar.

Ýurdumyzyň dünýä hojalyk aragatnaşyklary ulgamyna işjeň goşulyşmagy, daşary ykdysady işi mundan beýläk-de ösdürmek, eksport - import amallaryny kämilleşdirmek, halkara maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça işler dowam etdirilýär.

Ýurdumyzyň ykdysady ýagdaýyna, hususan-da ilatyň durmuş derejesine ýaramaz täsir edip biljek daşarky töwekgelçiliklere jogap hökmünde alnyp barylýan netijeli, çeýe we deňagramly ykdysady syýasatyň esasy ugurlary şulary özünde jemleýär:

- Ykdysady, maliýe durnuklylygyny saklamak we çaklanylýan ösüşi gazanmak;
- Ykdysady ösüşiň we döwlet býujetiniň kadaly artyş depginlerini üpjün etmek;
- Makroykdysady görkezijileriň oňyn depginlerini üpjün etmek;
- Döwlet dolandyryş ulgamyny yzygiderli döwrebaplaşdyrmak;
- Tehnologiki özbaşdaklygy ýokarlandyrmak;
- Azyk, energetika we maliýe garaşsyzlygyny berkitmek;
- Milli önümçiligi goldamak we içerki bazary ösdürmek;
- Uglewodorod däl pudaklary ösdürmek;
- Adam maýasyny ösdürmek we zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak;
- Maliýe bazaryny ösdürmek;
- Daşary ykdysady gatnaşyklaryň gurluşyny yzygiderli kämilleşdirmek.

Durmuş-ykdysady özgerişleriň strategiýalaryny göz öňünde tutup, milli, halkara we sebitleýin maýa goýum taslamalaryny üstünlikli durmuşa geçirmek, milli aktiwleri, bar bolan tebigy, zähmet we maliýe serişdelerini netijeli we oýlanyşykly peýdalanmak, çig mala bolan baglylygy peseltmek bilen ýurdumyzyň ykdysady binýadyny berkitmekde we jemi içerki önümiň (JIÖ) ösüş depgininiň ýokary derejede saklanmagyny üpjün etmekde uly üstünliklere ýetilýär.

2025-nji ýylyň ýanwar-iýun aýlarynda ykdysadyýetiň pudaklaryna 21,9 mlrd. manat möçberinde maýa goýumlary gönükdirilip, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwrüne garanyňda 14,7% artdy. Maýa goýum işjeňli-

giniň derejesi (esasy maýa gönükdirilýän maýa goýumlar, JIÖ-e garanyňda) 17,8%-e deň boldy.

Milli ykdysadyýetimiziň ösüş depgininiň saklanmagy bilen ýurdumyzda öndürilen JIÖ-niň deňeşdirme nyrhlardaky artyş depgini 6,3%-e deň boldy. 2024-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende şu ýylyň birinji ýarymynda JIÖ-niň hereket edýän nyrhlaryndaky möçberi 12,3% gowrak artyp, 122,8 mlrd. manada deň boldy.

Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygy 10,0 mlrd. amerikan dollaryna deň bolup, geçen ýyla garanyňda 4,1% artdy. Şonda söwdanyň oňyn aratapawudy 1,4 mlrd. amerikan dollaryna deň boldy.

2025-nji ýylyň iýul aýynda 2024-nji ýylyň dekabr aýyna garanyňda zähmet hakynyň köpeliş derejesi sarp ediş harytlaryň we ilata edilýän hyzmatlaryň tarifleriniň jemleýji indeksinden öňe gidýän derejede emele geldi. Ilatyň arassa girdejisi (puluň hümmetsizlenmegini hasaba alanyňda) 9,0%-e barabar ýokarlandy.

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli baştutanlygynda dürs ugurly makroykdysady syýasatyň alnyp barylmagy diňe bir töwekgelçilikleriň täsirini peseltmäge däl-de, ýüze çykýan mümkinçiliklerden peýdalanmak, ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmak, durnukly we ykdysady (inklýuziw) ösüş üçin berk binýady döretmek bilen ilatyň ýaşaýyş derejesini has-da ýokarlandyrmaga we saklamaga mümkinçilik berýär.

**_M. Saparow,_**

_Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Strategik we durnukly ösüş müdirliginiň «Maliýe we ykdysadyýet» ylmy-amaly žurnalynyň redaksiýasy bölüminiň başlygynyň – baş redaktoryň wezipesini ýerine ýetiriji_

## TÜRKMEN BITARAPLYGY – ÄHLUMUMY PARAHATÇYLYGYŇ BÄHBIDINE

Birleşen Milletler Guramasynyň giň goldawyna eýe bolan oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirýän Türkmenistan ähliumumy abadançylygyň, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegiň bähbidine netijeli halkara hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna uly goşant goşýar. Milletler Bileleşiginiň we beýleki abraýly düzümleriň çäklerinde öňe sürülýän netijeli başlangyçlar, şol sanda 2025-nji ýylyň «Halkara

parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi munuň şeýledigi-niň aýdyň güwäsidir.

Hemişelik Bitaraplygyň 30 ýyllygy hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda parahatçylyk we döredijilik ýoly bilen ynamly öňe barýan Garaşsyz Türkmenistanyň taryhynda şanly senedir. BMG-niň degişli Kararnamalary bilen üç gezek tassyklanan bu hukuk derejesi Watanymyzyň diňe bir milli bähbitlerine laýyk gelmek bilen çäklenmän, eýsem, parahatçylyk döredijiligiň, sebit we dünýä derejesinde howpsuzlygy, durnuklylygy berkitmegiň netijeli guraly hökmünde özüni görkezdi.

Mälim bolşy ýaly, BMG-niň Baş Assambleýasy ýurdumyzyň başlangyjy esasynda, 86 döwletiň awtordaşlygynda öňe sürlen degişli Kararnamany biragyzdan kabul etdi. Bu resminama türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň halkara gatnaşyklaryň täze filosofiýasy hökmünde öňe süren «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly başlangyjynyň logiki dowamy hem-de onuň iş ýüzünde durmuşa geçirilýändiginiň nyşany boldy. Ýurdumyzyň bu başlangyjy dünýäniň ähli döwletlerine adamzadyň ykbaly babatda öz jogapkärçiligini duýmaga, artýan gapma-garşylyklary, ylalaşyksyzlygy aradan aýyrmaga, häzirki döwrüň ýagdaýlaryny seljermäge, oňa taryhy we geljegiň nukdaýnazaryndan garamaga gönüden-göni çagyryş bolup durýar. Çünki parahatçylyk we ynanyşmak filosofiýasy, ilkinji nobatda, ählumumy ähmiýete eýedir. Ol oňyn häsiýete eýe bolup, oňa hemişe isleg bildirilýär.

Şunlukda, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna beslenip, «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary astynda geçýän 2025-nji ýyl Watanymyzyň şöhratly taryhyna ajaýyp sahypa bolup ýazylar. Şu mynasybetli ýylyň dowamynda dürli çäreleriň, maslahatlaryň, dabaralaryň geçirilmegi meýilleşdirilýär. Şu ýylda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyna eýe bolmagynyň 30 ýyllygynyň Birleşen Milletler Guramasynyň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygy bilen gabat gelmeginde çuňňur many bar. BMG bilen strategik hyzmatdaşlyk döwletimiziň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Türkmenistanyň halkara gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça jogapkärçilikli we başlangyçly çemeleşmesi Milletler Bileleşiginiň ýokary bahasyna eýe boldy. Şunda ýurdumyzyň BMG-niň düzüm birliklerine, şol sanda onuň iri wekilçilikli düzümi bolan Baş Assambleýanyň sessiýalarynyň wise-başlyklygyna birnäçe gezek saýlanylmagy hem bellenilmäge mynasypdyr.

Bitaraplygyň binýatlaýyn ýörelgeleri bolan parahatçylyk, hoşniýetli goňşuçylyk, özara hormat goýmak, deňhukukly hyzmatdaşlyk, ýüze çykýan düşünişmezlikleri syýasy-diplomatik serişdeler hem-de usullar arkaly çözmek Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň mazmunyny düzýär. Bu ýörelgeler dünýäniň häzirki gurluşynyň möhüm talabyna, onuň yzygiderli, döredijilikli ösüşiniň, asuda geljeginiň üýtgewsiz we esasy şertine öwrülýär. Bularyň ählisi Türkmenistanyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamyndaky işleriniň hem-de ileri tutýan ugurlarynyň Konsepsiýasynda öz beýanyny tapdy.

Şeýlelikde, Türkmenistan ählumumy howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen täze guraly döretmek başlangyjyny teklip etmek bilen, BMG-niň dünýä jemgyýetçiliginiň häzirki döwrüň kynçylyklary we olary ýeňip geçmegiň ýollary baradaky garaýyşlaryny beýan edýän halkara hukuk binýadyna berk esaslanýar. Konsepsiýada 2025-nji ýylyň dünýä meselelerinde ösüp barýan ýurtlaryň has aýdyň we täsirli ornuny görkezmegi maksat edinýändigi hem bellenilýär. Şunuň bilen bir hatarda, Türkmenistan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda sebit howpsuzlygy meselelerine aýratyn üns bermegi hem teklip edýär. Şunda biziň ýurdumyz Merkezi Aziýanyň we oňa ýanaşyk sebitleriň bar bolan meseleleriniň toplumyna örän ünsli garamagyň zerurdygyndan ugur alýar.

Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, Türkmenistan köp ýyllaryň dowamynda howpsuzlygyň bölünmezligi we bitewüligi, onuň dürli ugurlarynyň biri-birinden aýrylmazlygy ýörelgesini berk hem durnukly goraýar. Şunuň bilen baglylykda, harby we syýasy howpsuzlyga ykdysady, ekologik, tehnogen, energetika, ulag, azyk, biologik, maglumat howpsuzlygyndan aýrylykda seredip bolmaz. Sanalyp geçilen ugurlaryň hiç biri ikinji derejeli ýa-da möhüm däl hasaplanyp bilinmez. Şunuň bilen baglylykda, ählumumy meselelere toplumlaýyn çemeleşmäni göz öňünde tutýan bu Strategiýa döwletara gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýlaryny we dünýä ösüşiniň zerurlyklaryny beýan edýän täzelenen halkara hukuk binýady bolup hyzmat etmek üçin niýetlenendir. Şoňa görä, Türkmenistan bu resminamany konsepsional esasda işläp düzmek pikirini parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgelerini ykrar etmegiň logiki hem kanunalaýyk baglanyşygy hasaplaýar.

Häzirki döwrüň ýagdaýlary bilen baglylykda, türkmen Bitaraplygynyň möhüm ähmiýeti we onuň mümkinçiliklerine bolan gyzyklanma yzygiderli artýar. Ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň howandarlygynda Bitaraplygyň dostlary toparynyň döredilmegi hem munuň şeýlediginiň aýdyň mysalydyr. Bu köptaraplaýyn dialogyň çäklerinde yzygiderli geçirilýän

duşuşyklar halkara gatnaşyklarda bitaraplyk ýörelgelerini ilerletmek, ählumumy abadançylygyň bähbidine netijeli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak üçin durnukly syýasy-diplomatik mehanizmiň işlenip taýýarlanylmagyna goşant goşmaga gönükdirilendir.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň ykrar edilmeginiň 30 ýyllygy bilen sazlaşykly gabat gelmegine aýratyn üns çekilýändigi bellärliklidir. Onda geçen ýyllaryň dowamynda türkmen Bitaraplygynyň yzygiderli ösüşiniň bu derejäniň BMG-niň esas goýujy gymmatlyklaryna we maksatlaryna laýyk gelýändigini subut edendigi hem-de dünýä jemgyýetçiliginiň umumy gymmatlygy hökmünde ykrar edilýär.

Türkmenistan Milletler Bileleşiginiň tutýan ornuny bellemek bilen, BMG-niň döredilmeginiň 80 ýyllygyna gabat gelýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hemme agza döwletleriň hukuk taýdan ähli ygtyýarlyklara eýe bolan ýeke-täk halkara gurama hökmünde BMG-niň Tertipnamasyna we onuň mandatyna ygrarlydyklaryny tassyklajakdyklaryna ynam bildirýär.

Türkmenistanyň ädimleri Durnukly ösüş maksatlary babatda bilelikdäki işe hem-de geoykdysadyýetiň durmuşa geçirip boljak we uzak möhletleýin nusgalaryny döretmäge gönükdirilendir. Şunda energetiki geçiş hem-de ulag arabaglanyşygy ýaly iki strategik ileri tutulýan ugruň amala aşyrylmagyna kesgitleýji orun berilýär. Şunuň bilen baglylykda, öňde goýlan wezipeleriň ýerine ýetirilmegi, şol sanda ekologik şertleriň gürrüňsiz ileri tutulmagy babatda ýurdumyzyň garaýyşlarydyr çemeleşmeleri beýan edilýär.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistanyň «ýaşyl» diplomatiýa hem-de umumy jogapkärçilige esaslanjak, şahsy, toparlaýyn bähbitleri ýeňip geçjek, umumy bähbitlere hyzmat etjek özara gatnaşyklaryň görnüşlerini dünýä giňişliginde ilerletmäge aýratyn üns berjekdigi nygtalýar. Ýurdumyz ählumumy azyk howpsuzlygy, elýeterli saglygy goraýyş ýaly ugurlaryň meselelerinde hem şeýle ýörelgeleriň tarapdary bolup çykyş eder.

Türkmenistan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna halkara gatnaşyklary ynsanperwerleşdirmegiň örän möhüm döwri hökmünde garaýar. Şunuň bilen baglylykda, ynsanperwer gün tertibi medeniýetara gatnaşyklaryň, halklaryň arasynda özara düşünişmek, hormat goýmak, hoşniýetlilik köprülerini gurmagyň, düşünişmezlikleri, köpçüligiň aňyna ornaşan ters garaýyşlarydyr pikirleri ýeňip geçmegiň wajyp we aýrylmaz bölegine öw-

rülmäge gönükdirilendir. Şeýlelikde, häzirki döwürde oňyn Bitaraplyk ýörelgelerini halkara we sebit hyzmatdaşlygynyň ähli ugurlarynda iş ýüzünde ulanyp bolýandygy baradaky hakykat barha aýdyň ýüze çykýar.

Türkmen Bitaraplygynyň täze garaýyşlar we işläp düzmeler bilen yzygiderli baýlaşdyrylýan, häzirki zaman şertlerine, döreýän howplara uýgunlaşýan döredijilikli hadysadygyny bellemek gerek. Onuň mümkinçilikleriniň netijeli ulanylmagy BMG-niň esas goýujy maksatlaryna ýetmäge, ählumumy derejede parahatçylygy, abadançylygy we durnukly ösüşi pugtalandyrmaga ýardam eder.

**_J. Arazowa,_**

*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň*
*Strategik we durnukly ösüş müdirliginiň*
*Strategik çaklaýyş we seljeriş bölüminiň başlygy*

## STRATEGIK HYZMATDAŞLYK – DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BINÝADY

Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde halkara hyzmatdaşlygy möhüm orun eýeleýär. 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş ulgamynyň Gün tertibinde beýan edilen «Durnukly ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» atly 17-nji maksat ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýär.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasyna» we «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty dünýä döwletleri bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge gönükdirilendir. Ýurdumyz global gatnaşyklary we halkara hyzmatdaşlygy giňeltmekde uly işleri alyp barýar. Halkara proseslerine işjeň gatnaşyjy bolup durmak bilen, sebitde we bütin dünýäde durnukly ösüşi öňe sürmek arkaly deň hukuklylyk, «açyk gapylar», hoşniýetli goňşuçylyk, özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgeleriniň esasynda özara gatnaşyklary ösdürýär.

Häzirki wagtda döwletimiz dünýäniň 153 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy, 54 sany halkara guramalaryň, hem-de 11 sany

Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki halkara guramalaryň geňeşleriniň, komitetleriniň we komissiýalarynyň agzasy bolup durýar hem-de halkara konwensiýalaryň, şertnamalaryň we beýleki köptaraplaýyn resminamalaryň 182-sine gatnaşýar.

Türkmenistan Addis-Abeba hereketler meýilnamasyny goldady we ýurdumyzda hem-de onuň çäklerinden daşarda Durnukly Ösüş Maksatlaryny durmuşa geçirmek boýunça çäreleriň durnukly maliýeleşdirilmegini üpjün etmek üçin degişli işlerini alyp barýar.

Ýurdumyzda maýa goýumlaryny çekmek üçin amatly şertler döredildi. Içerki we daşary ýurt maýa goýum işlerini güýçlendirmek, ykdysady kuwwaty berkitmek hem-de sebitleriň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmek boýunça ägirt uly işler alnyp baryldy. Netijeli maýa goýum syýasaty halkara we milli derejesindäki birnäçe iri taslamalaryň amala aşyrylmagyna, ýüzlerçe önümçilik we durmuş maksatly desgalarynyň gurulmagyna ýardam berýär, bu bolsa milli abadançylygyň durnukly ösmegini üpjün edilmegine esas döredýär.

Türkmenistanda ykdysady özgertmeleriň amala aşyrmagynda milli ykdysadyýeti dünýä ykdysady gatnaşyklaryna netijeli goşmaklyga gönükdirilen döwlet tarapyndan alnyp barylýan daşary ykdysady syýasat möhüm orun eýeleýär. Häzirki wagtda dünýäniň 100-den gowrak ýurdy, hususan-da Aziýa we Ýewropa ýurtlary, Türkmenistanyň söwda hyzmatdaşlary bolup çykyş edýär. Eksportyň paýynyň artmagy daşary söwdanyň deňagramly bolmagyna getirdi, bu bolsa esasan ýurduň içinde önümçiligiň ösüşi bilen baglydyr. Ýurdumyzyň daşary ykdysady işjeňligini has-da gowulandyrmak, diwersifikasiýalaşdyrmak we milli öndürijileriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen 2019-njy ýylda «Türkmenistanda daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy» kabul edildi. Şeýle hem, Türkmenistanyň 2026–2030-njy ýyllar üçin daşary ykdysady işini ösdürmegiň täze maksatnamasyny taýýarlamak boýunça işjeň işler alnyp barylýar.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz Bütindünýä Söwda Guramasyna agza bolmak wezipesini goýdy. 2020-nji ýylyň iýulynda Türkmenistan Bütindünýä Söwda Guramasynda synçy statusyny aldy, 2022-nji ýylda bolsa Bütindünýä Söwda Guramasyna girýän ýurt («işjeň synçy») statusyny aldy. Bütindünýä Söwda Guramasyna agza bolmak bilen, ýurdumyzda öndürilýän önümleriň daşary ýurt bazarlaryna eksportynyň mukdary artar we ýurda göni maýa goýumlaryny çekmek üçin amatly şertleri döreder.

Türkmenistanyň geografik taýdan amatly ýerde we halkara ulag ýollarynyň strategiki çatrygynda ýerleşýänligi sebäpli, ýurdumyz köp ugurly halkara ulag we logistika infrastrukturasyny döretmek üçin iri milli we sebit taslamalaryny durmuşa geçirmek başlangyçlaryny öňe sürýär. Bu taslamalar uly göwrümli halkara ulag-logistika infrastrukturasynyň döredilmegine gönükdirilendir. Olar, hususan-da, ýük ulaglarynyň geçiş wagtyny we aralygyny ep-esli azaltmaga mümkinçilik berýär. Durnukly multimodal tranzit koridorlarynyň emele gelmegi, bir ulag infrastrukturasynyň işlemegi üçin möhüm şertdir. Logistika merkezleriniň, deňiz portlarynyň we halkara howa menzilleriniň utgaşykly işini üpjün edilmegi Türkmenistanyň eksport kuwwatyny sebitleýin we dünýä derejesinde artmagyna itergi berer.

Şeýle-de, Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan transmilli gaz geçirijisiniň, Türkmenistan–Owganystan–Pakistan elektrik geçirijisiniň hem-de optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlarynyň gurluşygynyň ileri tutulýan taslamalary amala aşyrylýar. Bu sebitleýin taslamalaryň örän uly geljegi bolup, olaryň amala aşyrylmagy bilen, energiýa akymlary üçin täze strategik ugurlary açylyp, Hindistan we Pakistan ýaly iri, depginli ösýän ýurtlaryň ykdysadyýetini ýangyç serişdeleri bilen üpjün etmek arkaly geljekde Aziýa – Ýuwaş umman sebitindäki, Ýakyn hem-de Orta Gündogardaky beýleki ösýän bazarlara çykmaklyk göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň ösüş strategiýasynda daşary ykdysady syýasat möhüm orun eýeläp, häzirki wagtda bu syýasat eksport bazarlarynyň ugruny giňeltmäge, gaýtadan işleýän pudaklaryň önümleriniň eksporta iberilýän möçberlerini artdyrmaga, eksportyň geografik ugurlaryny giňeltmäge, Türkmenistanda öndürilen önümleriň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, eksportyň çig mal ugruny peseltmäge gönükdirilendir.

Senagat pudagynda iri innowasion taslamalaryň durmuşa geçirilmegi we ýurduň senagat ulgamynda döredilen önümçilik kuwwatlyklary ýurduň daşary söwda dolanyşygynda gurluş üýtgemelerine getirdi - gaýtadan işleýän pudaklaryň ýokary goşulan gymmaty bolan önümleriniň eksport edilýän görnüşleri ep-esli giňeldi. Bu bolsa soňky ýyllarda eksportyň durnukly ýokary ösüş depginleriniň bolmagyna getirdi.

Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmagyň möhüm ugurlarynyň biri hem döwlet bilen hususy bölegiň netijeli hyzmatdaşlygy bolup durýar. «Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň hem-de 2021-nji ýylyň fewralynda kabul edilen «Türkmenistanda 2021–2025-nji ýyllarda döwletiň gatnaşmagyndaky kärhanalary dolandyrmak we

özgertmek boýunça Strategiýanyň» netijesinde ýurduň innowasion ösüşinde hususy bölegiň paýy barha artýar, bazar gatnaşyklary giňelýär, döwletiň we hususy bölegiň hyzmatdaşlygy işjeňleşýär.

Şeýlelikde, Türkmenistan Durnukly ösüşi gazanmakda nusga alarlyk işleri durmuşa ornaşdyrýar. Ykdysady ösüşiň yzygiderli ýokary derejesiniň gazanylmagy, önümçilige täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, ähli pudaklaryň sanly ulgama geçmekligi hem-de durmuş-ykdysady maksatnamalarynyň üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi has-da ýokarlanýar.

Türkmenistanyň halkara ykdysady hyzmatdaşlyga işjeň goşulyşmagy, söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmegi we halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy berkitmegi netijesinde dünýädäki orny has-da pugtalanar.

***A. Ussaýewa,***

*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Ýerine ýetiriji häkimiýetiniň merkezi we ýerli edaralaryny, harby, hukuk goraýjy edaralaryny maliýeleşdiriş müdirliginiň Ýerine ýetiriji häkimiýetiniň merkezi we ýerli edaralaryny seljerişi we maliýeleşdiriş bölüminiň başlygy,*

***O. Çerkezowa,***

*Türkmen döwlet maliýe institutynyň Buhgalterçilik hasaba alnyşy kafedrasynyň mugallymy*

## PARAHATÇYLYK, YNANYŞMAK WE DOLANDYRYŞ HASABY

XXI asyrda dünýä döwletleriniň arasynda parahatçylykly gatnaşyklary ösdürmek we birek-birege bolan ynamy güýçlendirmek dünýäde durnukly ösüşiň üpjün edilmeginde esasy şertleriň biri hökmünde öňe çykýar.

Parahatçylyk – halklaryň, ýurtlaryň arasynda güýç ulanmazlyk, birek-birege hormat goýmak, içerki işlere gatyşmazlyk ýaly ýörelgelere daýanýan ýagdaý. Halkara parahatçylyk dünýäniň islendik künjeginde durnukly ösüşiň, howpsuzlygyň we abadançylygyň üpjün edilmegi üçin ilkinji şertdir.

Birleşen Milletler Guramasy (BMG) tarapyndan kabul edilen 2030-njy ýyla çenli Durnukly ösüş maksatlarynyň (DÖM) 16-njy maksady «Parahat-

çylyk, adalat we güýçli institutlar» ady bilen ykrar edilip, dünýäde parahatçylykly jemgyýetleri gurmagy maksat edinýär. Sebäbi konfliktleriň dowam edýän ýerlerinde ösüşiň gazanylmagy mümkin däl. Mysal üçin, Siriýa, Ýemen, Sudan ýaly konfliktli ýurtlarda ykdysady ösüş hem-de durmuş hyzmatlar çökgünlik ýagdaýynda.

Halkara gatnaşyklarda ynanyşmak – döwletleriň birek-birege bolan ynamy, aç-açanlygy, hyzmatdaşlyga taýýarlygy bilen baglanyşykly.

Diplomatiýa gatnaşyklaryň güýçlenmegi, halkara ylalaşyklaryň baglaşylmagy, halkara hukuk düzgünleriniň berjaý edilmegi ynanyşmagy berkitmegiň esaslarydyr. Bu babatda Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty nusgalyk görelde bolup durýar. Türkmenistan dürli halkara meselelerde parahatçylykly ýol bilen çemeleşmegi hem-de dialog arkaly meseleleriň çözülmegini öňe sürýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2021-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2021-nji ýyl «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi döwletara ynanyşma we diplomatiýa gatnaşyklarynyň ösdürilmegine uly goşant boldy.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak diňe bir syýasy ýagdaý bolman, eýsem, dünýä ösüşiniň, durnukly ösüşiň binýady bolup durýar. Parahatçylykly şertlerde ykdysady ösüş, bilim, saglygy goraýyş, daşky gurşawyň goragy ýaly ugurlar üstünlikli ösdürilýär. Ynanyşmak arkaly döwletler arasyndaky hyzmatdaşlyk giňelýär, köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk berkeýär. Türkmenistanyň öňe sürýän Bitaraplyk we ynanyşmak ýörelgeleri häzirki döwürde halkara jemgyýetçiliginiň arasynda giň goldaw tapýar we dünýäde durnukly ösüşiň berk binýadyny üpjün etmäge gönükdirilendir.

Dünýä ykdysadyýeti çalt depginler bilen ösýärkä, durnukly ösüşe ýetmegiň esasy şertleriniň biri hökmünde halkara parahatçylyk we ynanyşmak öňe çykýar. Bu ýagdaý diňe syýasy ýa-da jemgyýetçilik derejesinde däl, eýsem ykdysady ulgamda, aýratyn-da dolandyryş hasaby bilen işleşýän kärhanalar üçin möhüm ähmiýete eýe bolýar. Sebäbi dolandyryş hasaby diňe maliýe görkeziji däl, eýsem, strategiýa, meýilnamalaşdyrma we durnukly ösüş bilen gönüden – göni bagly ýörelgeleri öz içine alýar.

Parahatçylykly we ynanyşykly gurşawda işlän ýagdaýynda kärhanalar has netijeli strategiýalary düzýär, çykdajylary has takyk meýilleşdirýär we gymmatlyklaryň durnukly ösdürilmegine itergi berýär.

Dolandyryş hasaby (menejment buhgalterçiligi) – bu ýolbaşçylaryň we dolandyryjylaryň strategik çözgüt kabul etmegine goldaw bermek üçin

ykdysady maglumatlary taýýarlamak, seljermek we düşündirmek bilen meşgullanýan ulgam. Durnukly ösüş bilen baglanyşykda dolandyryş hasaby diňe girdeji – çykdajy däl, eýsem ekologik, durmuş we ykdysady durnuklylyk bilen baglanyşykly maglumatlary hem öz içine alýar. Mysal üçin:

Parahatçylykly ýurtlarda önümçilik töwekgelçiligi pes bolýar, bu bolsa meýilleşdirilen çykdajylaryň üýtgemeginiň öňüni alýar.

Ynanyşykly halkara hyzmatdaşlygy kärhanalaryň daşary ýurt bazarlaryna çykmagyny ýeňilleşdirýär, bu bolsa strategik meýilleşdirmede hasabatlylygyň artmagyna sebäp bolýar.

Durnukly ösüş maksatlaryna laýyklykda ekologik, durmuş, gurşawy dolandyryş hasaba alnyşynda möhüm orun eýeleýär.

Parahatçylyk we ynanyşmagyň dolandyryş hasabyna täsiri:

*Strategik meýilleşdirmede durnuklylyk.* Parahatçylykly gurşawda halkara üpjünçilik zynjyrlary durnukly işläp bilýär. Bu bolsa kärhanalaryň önümçilik meýilnamalaryny, material çykdajylaryny we bazar islegini has takyk çaklamagyna mümkinçilik berýär. Netijede, dolandyryş hasabynda taýýarlanan býujetler has takyk we netijeli bolýar.

*Töwekgelçilikleriň azalmagy.* Parahatçylyk we ynanyşmak ýagdaýy ýurduň ykdysady we syýasy durnuklylygyny üpjün edýär. Bu ýagdaý kärhanalaryň töwekgelçilikleriň, hususan-da maliýe we logistik töwekgelçilikleriň derejesini peseldýär. Töwekgelçilikleriň azalmagy bolsa dolandyryş hasabynda seljerme işleriniň netijeliligini ýokarlandyrýar.

*Maýa goýumlaryň çekilmegi.* Ynanyşykly halkara gatnaşyklary we parahatçylykly syýasat daşary ýurt maýa goýumlary özüne çekýär. Maýa goýujylar durnukly ykdysadyýeti we aç-açan hasabatlylygy saýlaýarlar. Ekologik, durmuş gurşawynda hasabatlarynyň bir bölegi hökmünde dolandyryş hasaby maglumatlarynyň ulanylmagy bu ynamy artdyrýar.

Türkmenistanyň başlangyçlary we durnukly ösüşinde ýurdumyzyň alyp barýan Bitaraplyk we ynanyşmak diplomatiýasy, diňe bir syýasy taýdan däl-de, eýsem ykdysady taýdan hem halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmäge ýardam edýär. Ýurduň halkara başlangyçlary, hususan-da:

«Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» başlangyjy (BMG derejesinde);

Ulag diplomatiýasy arkaly durnukly üpjünçilik zynjyrlarynyň ösdürilmegi;

Energetika hyzmatdaşlygy – uzak möhletleýin maýa goýumlara we ösüşe esas bolýar.

Bu ýagdaýlar dolandyryş hasaby ulgamynda durnukly ösüşe gönükdirilen strategik çemeleşmeleri işläp düzmäge mümkinçilik döredýär.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak diňe syýasy derejesinde däl, eýsem ykdysady ulgamlaryň hem ösüşiniň binýadydyr. Dolandyryş hasaby bolsa, bu ösüşi meýilleşdirmekde, dolandyrmakda we seljermekde möhüm gural bolup çykyş edýär. Parahatçylykly we ynanyşykly şertlerde kärhanalar çykdajylaryny netijeli dolandyrýarlar, strategik meýilnamalaryny takyk düzýärler we ekologik, durmuş gurşawynyň ýörelgelerine laýyklykda durnukly ösüş maksatlaryna laýyk hereket edýärler.

Şeýlelikde, halkara gatnaşyklaryň parahatçylykly ýörelgeler bilen ösdürilmegi dolandyryş hasaby ulgamynyň hem ösüşini höweslendirýär.

**_B. Gurbanlyýew,_**

*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň*
*Döwlet maliýesini jemleýji we ykdysady syýasaty müdirliginiň*
*Döwletiň makroykdysady syýasaty bölüminiň baş hänärmeni*

## HALKARA PARAHATÇYLYK WE BITARAPLYK HUKUK DEREJESI

Türkmenistan ählumumy howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen täze guraly döretmek başlangyjyny teklip etmek bilen, BMG-niň dünýä jemgyýetçiliginiň häzirki döwrüň kynçylyklary we olary ýeňip geçmegiň ýollary baradaky garaýyşlaryny beýan edýän halkara hukuk binýadyna berk esaslanýar. Şunuň bilen bir hatarda, Türkmenistan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda sebit howpsuzlygy meselelerine aýratyn üns bermegi hem teklip edýär. Şunda biziň ýurdumyz Merkezi Aziýanyň we oňa ýanaşyk sebitleriň bar bolan meseleleriniň toplumyna örän ünsli garamagyň zerurdygyndan ugur alýar.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistanyň işleriniň we ileri tutýan ugurlarynyň Konsepsiýasy çap edildi. Türkmenistan 2025-nji ýylda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny geçirmek baradaky çözgüde ählumumy derejedäki waka, halkara gatnaşyklaryň hil taýdan täze tapgyryna geçmek üçin hakyky mümkinçilik hökmünde garaýar. Aslynda, ýurdumyzyň bu başlangyjy ähli döwletleri dünýä ulgamynyň esasy ýörelgesi hökmünde parahatçylyk we ynanyşmak baradaky baş pikiri durmuşa

geçirmegiň syýasy, ideologik, amaly taraplaryny öz içine alýan bilelikdäki işe başlamaga çagyryşdyr.

Bu wezipäniň ulgamlaýyn esasda çözülmelidigi, şunda hukuk we institusional gurallara esaslanylmalydygy äşgärdir. Şundan ugur alyp, Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow 2023-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň münberinden Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp düzmek baradaky başlangyjy öňe sürdi. Biz muny XXI asyrda döwletara we halkara gatnaşyklaryň gurluşynyň garaýyşlar we ýörelgeler ulgamy hökmünde görýäris. Strategiýa howpsuzlygyň ähli ugurlarynyň, ýagny harby-syýasy, ykdysady, energiýa, daşky gurşaw, biologik, tehnogen, maglumat howpsuzlygynyň özara baglanyşygyna esaslanýan dünýä meselelerini çözmekde toplumlaýyn çemeleşmäni göz öňünde tutýar.

Ählumumy howpsuzlyk strategiýasy döwletara gatnaşyklaryň bar bolan hakyky ýagdaýlary we dünýä ösüşiniň zerurlyklaryny beýan edýän täzelenen halkara hukuk binýady bolup hyzmat etmek üçin niýetlenendir. Şol sebäpli, Türkmenistan agzalan strategiýany konsepsional esasda işläp düzmek pikirini parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgelerini ykrar etmegiň logiki hem kanunalaýyk baglanyşygy hasaplaýar. Şeýlelikde, Türkmenistan ählumumy howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen täze guraly döretmek pikirini teklip etmek bilen, BMG-niň dünýä jemgyýetçiliginiň häzirki döwrüň kynçylyklary we olary ýeňip geçmegiň ýollary baradaky garaýyşlaryny beýan edýän halkara hukuk binýadyna berk esaslanýar. 2025-nji ýyl dünýä meselelerinde ösüp barýan ýurtlaryň has aýdyň we täsirli ornuny görkezmegi maksat edinýär.

Hakyky ynanyşmak diňe ösüp barýan döwletleriň kanuny hukuklarynydyr bähbitlerini, azatlyklaryny ykrar etmegi, olaryň syýasy özygtyýarlylygyna hormat goýulmagyny, energiýa çeşmeleriniň deňeçer paýlanylmagyny, tehnologik elýeterliligi, howanyň zyňyndylary we daşky gurşawy aýawly saklamak meselelerinde kemsitmezlik çemeleşmelerini berjaý etmegi göz öňünde tutýan deňhukukly we sazlaşykly dialogyň esasynda döredilip bilner. Ählumumy derejede howpsuzlygy, durnuklylygy diňe şu agzalan şertler ýerine ýetirilen halatynda üpjün edip boljakdygy äşgärdir.

Türkmenistan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda sebit howpsuzlygy meselelerine aýratyn üns bermegi teklip edýär. Şu nukdaýnazardan, biziň ýurdumyz Merkezi Aziýanyň we oňa ýanaşyk sebitleriň meselelerine, ýagny bar bolan syýasy, durmuş, ynsanperwer, daşky gurşaw, energetika, suw serişdelerini ulanmak hem-de beýleki meseleleriň toplumyna örän üns-

li garamagyň zerurdygyndan ugur alýar. BMG-niň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň başlangyjy bilen kabul edilen «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy», «Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakyndaky Şertnama», «Birleşen Milletler Guramasynyň we Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň arasynda hyzmatdaşlyk» atly Kararnamalary munuň üçin esas bolup hyzmat edýär.

Türkmenistan BMG-niň işine mazmun we gurluş taýdan sebit ölçeginiň berilmegi ugrunda-da çykyş edýär. Şeýle çemeleşmäniň bilelikdäki işe zerur bolan aýdyňlygy berjekdigine, onuň iş ukyplylygyny, täsirliligini artdyrjakdygyna ynanýarys. «Merkezi Aziýa – BMG» ugry boýunça hemmetaraplaýyn, doly görnüşli, köp derejeli we ulgamlaýyn dialogyň ýola goýulmagynyň wagtynyň gelendigi babatda berk ynam bar.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda biragyzdan kabul edilen Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň ykrar edilmeginiň 30 ýyllygyna gabat gelýär. Geçen ýyllaryň dowamynda türkmen Bitaraplygynyň yzygiderli ösüşi bu derejämiziň BMG-niň esas goýujy gymmatlyklaryna we maksatlaryna laýyk gelýändigini subut etdi hem-de dünýä jemgyýetçiliginiň umumy gymmatlygy hökmünde ykrar edildi.

Bu ýagdaý Türkmenistanyň başlangyjy bilen Baş Assambleýa tarapyndan 12-nji dekabryň Halkara Bitaraplyk güni hökmünde yglan edilmegi bilen hem tassyklanyldy. Beýan edilenlerden ugur alyp, Bitaraplyk, onuň ýörelgeleri we amaly gurallary halkara bileleşik tarapyndan has giňden ulanylmalydyr. Çünki Bitaraplygyň mümkinçilikleri örän uludyr. Ol diňe birnäçe döwletiň özi üçin parahatçylyk, hoşniýetli goňşuçylyk, abadançylyk getiren daşary syýasatynyň milli nusgasy bolman, eýsem, ýüze çykýan düşünişmezlikleri gepleşikler stolunyň başynda parahatçylykly ýollar arkaly çözmek üçin meýdança bolup hem hyzmat edýär.

Şu pikire eýermek bilen, Türkmenistan Bitarap döwletlere Milletler Bileleşiginiň parahatçylyk döredijilikli tagallalarynda «BMG-niň ileri tutulýan hyzmatdaşy» hukuk derejesiniň berilmegi baradaky başlangyjy öňe sürdi. Munuň bitaraplygyň we öňüni alyş diplomatiýasynyň mümkinçilikleriniň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan has işjeň, netijeli ulanylmagy üçin täsirli hem-de ruhlandyryjy itergi boljakdygyna ynanýarys.

Türkmenistan bitarap, goşulyşmaýan we birleşmelere girmeýän ýurtlaryň, bar bolan hem-de ýüze çykyp biljek gapma-garşylyklary çözmegiň

parahatçylykly, syýasy-diplomatik usullaryna geçmek üçin şertleri döretmekde mümkinçiliklerini, tejribesini we ygtyýarlygyny birleşdirip, gapma-garşylyklara gatnaşmazlyk hem-de goşulyşmazlyk ýörelgelerine eýerýän ähli döwletleriň goldawyna garaşýar

Türkmenistan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Durnukly ösüş maksatlaryny ilerletmek boýunça hyzmatdaşlygyň ulgamlaýyn strategiýasyny işjeňleşdirmegi teklip edýär. Bu maksatlara diňe häzirki zaman dünýä ulgamynyň esasy ösüş hadysalaryna ähli döwletleriň doly görnüşde gatnaşmagy üçin şertleri üpjün etmek, çäk goýmak, birtaraplaýynlyk, syýasatlaşdyrmak we kemsitmek ýaly ýagdaýlar bolmazdan, geljegiň ykdysadyýetine täze çemeleşmeleri döretmek arkaly ýetmek mümkindir.

Türkmenistan tarapyndan öňe sürlen Äh1umumy energetika howpsuzlygy we durnukly ösüş boýunça hyzmatdaşlygyň bileleşigini hem-de Durnukly ulag arabaglanyşygynyň ählumumy atlasyny döretmek baradaky tekliplere düşünilmegini we olaryň goldanylmagyny gazanmak zerurdyr. Türkmenistan pes uglerodly energetika geçmek arkaly energetiki geçişi amala aşyrmagyň strategik ugruny saýlap aldy. Bu ýagdaýda agzalan ýoldan gitmek isleýän döwletler üçin deň we birmeňzeş amatly şertleri kepillendirjek, energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalara elýeterliligi üpjün etmek üçin zerur şertleri döredip biljek, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini mümkin boldugyndan köp ulanmak üçin öz howa we geografik artykmaçlyklaryny peýdalanmaga mümkinçilik berjek çemeleşmeler hem zerur hasaplanýar. Bu çemeleşme ykdysadyýetde, söwdada, ulagda, senagatda, çig mal öndürmekde, gaýtadan işlemekde we beýleki birnäçe ugurlarda ekologik ölçegleriň gyşarnyksyz ileri tutulmagyny, ilatyň ekologiýa babatda sowatlylygyny, biliminiň, aň-düşünje derejesiniň ýokarlandyrylmagyny göz öňünde tutýar.

Häzirki wagtda adaty energiýa çeşmeleriniň «ýaşyl» gün tertibine esaslanýan täze çeşmeler bilen utgaşdyrylmagy we sazlaşykda ulanylmagy talap edilýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistan «ýaşyl» diplomatiýa hem-de umumy jogapkärçilige esaslanjak, şahsy, toparlaýyn bähbitleri ýeňip geçjek, umumy bähbitlere hyzmat etjek özara gatnaşyklaryň görnüşlerini dünýä giňişliginde ilerletmäge aýratyn üns berer. Şeýle-de ýurdumyz ählumumy azyk howpsuzlygy, elýeterli saglygy goraýyş, ýokanç keselleriň öňüni almak we bütindünýä epidemiýalarynyň netijelerini ýeňip geçmek meselelerinde hem hut şeýle ýörelgeleriň tarapdary bolup çykyş eder. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň (BSGG) ornuny berkitmegiň we goldamagyň maksadalaýyk-

dygyndan ugur alýar. BSGG-niň ýardamy hem-de utgaşdyrmagy esasynda derman serişdelerini, lukmançylyk enjamlaryny bu ugurda has uly kynçylyk çekýän ýurtlara öz wagtynda we üznüksiz eltip bermek üçin has netijeli, adalatly logistika ulgamyny döretmek zerur hasaplanýar.

Demokratik institutlary, raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini üpjün etmegiň usullary, bu meselelerde halkara hyzmatdaşlygy kämilleşdirmekde hukuk goraýjy düzümler hem-de BMG-niň edaralary bilen netijeli, birek-birege hormat goýmak esasyndaky hyzmatdaşlyk uly ähmiýete eýedir.

***J. Gurbangulyýew,***

*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Ykdysadyýetiň pudaklarynyň ösüşi we maliýesi müdirliginiň ýangyç-energetika toplumynyň we senagatyň maliýesini seljeriş bölüminiň baş hünärmeni*

## PARAHATÇYLYK HEM YNANYŞMAK YGTYBARLY ÖSÜŞIŇ KEPILIDIR

Gahryman Arkadagymyzyň pähim-paýhasy bilen işlenip düzülen, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan döredijilikli dowam etdirilýän ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň döwlet syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde Diýarymyz ykdysady taýdan ösen döwletleriň hataryna goşuldy. Häzirki döwürde bolsa türkmen döwleti durmuş-ykdysady taýdan durnukly, ygtybarly ösüş ýoluna düşdi.

Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan ösüş depginini has ýokary derejä ýetirmekligiň mümkinçilikleriniň has hem uludygyny aýratyn belläp geçmek gerek. Bu babatda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Ýaponiýanyň işewür toparlarynyň wekilleri bilen duşuşygyndaky (Tokio şäheri, 2025-nji ýylyň 15-nji apreli) çykyşynda milli ykdysadyýetimiziň ösüş depgininiň ýakyn geljekde 6,3–8,3 göterim derejede bolmagyna garaşylýandygyny aýratyn nygtap geçdi. Bu bolsa Türkmenistanda geljekde hem durmuş-ykdysady taýdan durnukly hem ygtybarly ösüşi üpjün etmek üçin ähli şertleriň barlygyna doly şaýatlyk edýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan döwlet syýasatynda parahatçylyk hem-de ynanyşmak ýörelgeleriniň binýatlyk esas bolup

durýandygyny aýratyn belläp geçmek gerek. Parahatçylyk, ynanyşmak, hoşniýetlilik ýaly durmuş kadalary türkmen halkynyň gadymdan gelýän hem sarpa goýýan däp-dessurydyr. Türkmen halkynyň umumadamzat gymmatlyklary hökmünde gadymdan bäri gözüniň göreji ýaly gorap gelýän bu däp-dessurynyň ähmiýetini nazarda tutup, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyzyň özüniň «Ömrümiň manysy» atly kitabynda «Parahatçylyk we ynanyşmak adamzadyň örän uly baýlygydyr» diýip, aýratyn nygtamagy hem bellenip geçilenler bilen baglydyr. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow «EKSPO–2025» Bütindünýä sergisinde Türkmenistanyň Milli gününiň açylyş dabarasynda eden çykyşynda (Osaka şäheri, 2025-nji ýylyň 14-nji apreli) «Parahatçylyk, ynanyşmak, deňhukuklylyk bütindünýä ykdysady gatnaşyklarynyň esasyny düzmelidir» diýip, aýratyn belläp geçdi. Bu bolsa dünýä ýurtlarynyň arasyndaky ykdysady, söwda hem medeni gatnaşyklaryň durnukly ösüşini üpjün etmekligiň esasynda parahatçylyk, ynanyşmak ýörelgeleriniň binýatlyk ýörelgeler hökmünde kabul edilmelidigininiň zerurlygygyny aňladýar.

Türkmenistanyň parahatçylyk, ynanyşmak ýörelgeleri esasynda dünýä ýurtlary bilen ykdysady gatnaşyklary giňden ýola goýmagynyň uly ähmiýeti bardyr. Ilkinji nobatda, Türkmenistan ulag we aragatnaşyk ulgamynyň halkara ýollarynyň çatrygynda ýerleşýär. Bu bolsa ýurdumyzda ykdysady hem syýasy logistikany ösdürmek üçin giň ýol açýar. Muňa bolsa Türkmenistanyň sebit hem halkara ähmiýetli «Demirgazyk–Günorta», «Gündogar-Günbatar» ugurlary boýunça iri ulag hem aragatnaşyk ulgamlaryny ösdürmegiň taslamalaryny durmuşa geçirmeklige işjeň gatnaşmagy hem aýdyň mysal bolup biler. Sebit hem halkara ähmiýeti uly bolan bu iri taslamalaryň durmuşa geçirilmegi dünýä ykdysadyýetinde harytlaryň dolanyşygyny çaltlandyryp, Yklymyň ýurtlarynyň ykdysady ösüşine uly itergi berýär. Bu iri taslamalaryň durmuşa geçirilmegi netijesinde täze iş orunlary döredilip, dünýä ýurtlarynyň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlanmakda hem möhüm orun eýeleýär. Yklymyň ýurtlarynyň arasynda ylym, bilim, medeni ulgamlarda özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmekde, dünýä ýurtlaryndaky syýasy durnuklylygy üpjün etmekde hem «Demirgazyk – Günorta», «Gündogar-Günbatar» ugurlaryny öz içine alýan ulag hem aragatnaşyk ulgamlarynyň taslamalarynyň durmuşa geçirilmeginiň uly ähmiýete eýedigini hem hakykatyň hatyrasyna belläp geçmek möhümdir.

Häzirki döwürde energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna çykarmak, olaryň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak we howpsuzlygyny üpjün etmek meselesi halkara derejesinde uly ähmiýete eýe bolan we wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Bu ugurda hem Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň dünýä derejesinde geosyýasy we geoykdysady gatnaşyklary giňden ösdürmekde, ykdysady ösüşiň durnukly hem ygtybarly bolmagyny üpjün etmekde parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgelerine esaslanýan döwlet syýasatynyň möhüm orna eýedigini aýratyn belläp geçmek isleýäris. Türkmenistan uglewodorod serişdeleriniň tebigy gorlaryna örän baý ýurtlaryň biridir. Bu bolsa ýurdumyzyň dünýä bazarlaryna eksport edýän energiýa serişdelerini artdyrmaklyga mümkinçilik berýär we şol esasda bolsa onuň energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryndaky tutýan ornunyň ygtybarlylygyny ýokarlandyrýar.

Energiýa serişdelerine islegi has ýokary bolan Gündogar Aziýa ýurtlarynyň energiýa serişdeleriniň bazarlaryna girmek maksady bilen, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý transmilli gaz geçirijisi gurlup, ol 2009-njy ýylyň dekabr aýynda ulanmaga berildi. Halkara ähmiýetli bu gaz geçirijisiniň ulanmaga berilmegi bolsa Türkmenistanyň Gündogar Aziýa ýurtlarynyň energiýa serişdeleriniň bazarlaryndaky ornuny has hem berkitmeklige mümkinçilik berdi. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzyň energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna çykarylýan ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmakda alyp barýan sebitara hem halkara ähmiýetli iri maýa goýum taslamalarynyň biri hem Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan transmilli gaz geçirijisiniň gurluşygydyr. Onuň gurluşygy 2015-nji ýylyň dekabr aýynda başlandy. 2024-nji ýylda bolsa bu transmilli gaz geçirijisiniň esasy tapgyry bolan Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat–Hyrat gaz geçirijisiniň gurluşyna badalga beridi. Diňe bir Türkmenistanyň däl, eýsem, sebitiň ýurtlarynyň milli ykdysadyýetiniň ösmegine uly itergi berjek bu iri maýa goýum taslamasynyň durmuşa geçirilmegi bolsa Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döwlet syýasatynyň binýady bolan parahatçylyk hem ynanyşmak ýörelgeleriniň Aziýanyň merkezi, Beýik Ýüpek ýolunyň hem «Ýklymyň ýüregi» bolan Diýarymyzyň durnukly, ygtybarly ösüşiniň kepili bolup durýandygynyň ýene bir aýdyň şaýady bolar.

***A. Ataýew,***

*Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň Döwlet maliýe, tebigy we maddy serişdelerine gözegçilik müdirliginiň başlygynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji,*

***M. Batdaýew,***

*Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň Döwletiň maýa goýum taslamalaryny seljeriş müdirliginiň başlygynyň orunbasary*

# HOWANYŇ ÜÝTGEMEGI BILEN BAGLY MEÝILNAMALARYŇ MAKSATLARYNA ÝETMEKDE ÝURDUMYZYŇ ALYP BARÝAN HALKARA HYZMATDAŞLYGY

Türkmenistan Garaşsyzlygyny alan gününden bäri daşky gurşawy goramak boýunça halkara hyzmatdaşlygyny yzygiderli giňeltmäge we çuňlaşdyrmaga ygrarlydygyny görkezýär. Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki halkara ekologiýa guramalarynyň çäginde şeýle hyzmatdaşlygyň işjeň gatnaşyjysy bolmak bilen, Türkmenistanyň BMG-niň ýerine ýetiriji guramalary we beýleki halkara guramalary bilen özara gatnaşyklarynda baý tejribesi bar.

Häzirki wagtda, halkara guramalary bilen howanyň üýtgemegi, ozon gatlagynyň goralmagy boýunça dürli hyzmatdaşlyk we taslamalar bilelikde alnyp barylýar, ozony dargadyjy maddalaryň ýok edilmegi, biodürlüligi goralyp saklanmagy, tokaýlaryň, ýerleriň, suw baýlyklarynyň durnukly dolandyrylmagy, ýerleriň zaýalanmagyna we çölleşmegine garşy göreş bilen bagly meseleler boýunça milli hem-de sebitleýin taslamalar durmuşa geçirilýär.

Türkmenistan öz hyzmatdaşlarynyň goldawyna ýokary baha berýär. Şeýle hyzmatdaşlaryň arasynda Birleşen Milletler guramasynyň Daşky gurşaw boýunça Maksatnamasynyň (UNEP), BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň (UNDP), Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasynyň sekretariaty (UNFCCC), Senagat ösüşi boýunça maksatnamasy (UNIDO), Azyk we oba hojalygy guramasy (FAO), Dünýä ekologiýa gaznasy (GEF), Ýewropa bileleşigi (EU), Uýgunlaşmak gaznasy (AF), Merkezi Aziýanyň sebitleýin ekologiýa merkezi (CAREC), Beýik Britaniýanyň guşlary goramak boýunça patyşalyk jemgyýeti (RSPB),

Germaniýanyň halkara hyzmatdaşlyk boýunça jemgyýeti (GIZ), Tebigaty goramak boýunça Mihael Zukkow gaznasy (MZF), halkara bank edaralary – Dünýa Banky (WB), Aziýanyň Ösüş banky (ADB), Ýewropanyň Täzeleýiş we Osüş banky (EBRD) Yslam Ösüş banky (IsDB) we beýlekiler bar.

Türkmenistanyň Howanyň üýtgemegi barada Milli strategiýanyň 2012-nji ýylda kabul edilmegi, Türkmenistanyň howa meseleleri bilen bagly bütindünýä gün tertibine doly gatnaşmagy üçin başlangyç boldy. Pariž ylalaşygyna goşulandan soň, 2019-njy ýylda Howanyň üýtgemegi barada Milli strategiýanyň täzeden seredilen görnüşi tassyklandy.

BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasynyň maslahatlaryna laýyklykda, 2022-nji ýylyň maý aýynda biziň ýurdumyz Howanyň üýtgemegi baradaky Pariž ylalaşygy boýunça «Türkmenistanyň Milli derejede kesgitlenen goşandy» (NDC) resminamasy tassyklady. Bu strategik resminama, 2030-njy ýylda parnik gazlarynyň zyňyndylaryny 2010-njy ýyl bilen deňeşdirilende 20% azaltmagy göz öňünde tutýar.

Türkmenistan howanyň üýtgemegine garşy üstünlikli göreşmek maksady bilen, halkara we milli derejede tagallalaryny dowam etdirýär. Bu ugurdaky möhüm işleriniň biri – biziň ýurdumyzyň metanyň zyňyndylaryny azaltmak boýunça halkara tagallalaryna goşandy bolup durýar.

BMG-niň 2023-nji ýylyň dekabrynda howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasynyň taraplarynyň konferensiýasynyň 28-nji mejlisinde Türkmenistan Bütindünýä Metan borçnamasyna goşulýandygyny resmi taýdan yglan etdi. Türkmenistan, Bütindünýä Metan borçnamasyndan gelip çykýan borçnamalary iş ýüzünde durmuşa geçirmäge gönükdirilen taslamalar we maksatnamalar boýunça beýleki ýurtlar we halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygyny dowam edýär.

Mundan başga-da, Türkmenistan, ýurdumyzda BMG-niň Merkezi Aziýa ýurtlary üçin Howa tehnologiýasy boýunça sebit merkezini döretmek baradaky başlangyjy öňe sürdi. Şeýlelikde, sebit üçin bu ýöriteleşdirilen merkezi döretmek boýunça Türkmenistanyň halkara başlangyçlary, şeýlede onuň howanyň üýtgemegi bilen bagly bütindünýä gün tertibiniň çäginde köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy, ýurdumyzyň bu ugurdaky halkara tagallalaryň uzak möhletleýin goldawyny görkezýär.

Halkara howa başlangyçlary we ýüze çykýan meseleler, her bir ýurduň umumy maksatlara amaly goşant goşmagyny talap edýär. Türkmenistan howanyň üýtgemegi babatynda goýlan wezipeleriň we taslamalaryň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegine ýurduň içinde hem aýratyn üns berýär.

Howanyň üýtgemegi baradaky Pariž ylalaşygy boýunça «Türkmenistanyň Milli derejede kesgitlenen goşandy» (NDC), uýgunlaşmak goşandyny we täsirini gowşatmak goşandyny göz öňünde tutýar.

Uýgunlaşma goşandy, Pariž ylalaşygynyň temperatura maksatlaryny göz öňünde tutup, durnuklylygy ýokarlandyrmak we ýurduň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmek üçin howanyň üýtgemegine gowşaklygy azaltmakdan ybarat bolup durýar. Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň Milli strategiýasynda howanyň üýtgemegine iň durumsyz pudaklar kesgitlenildi – oba we suw hojalygy, saglygy goraýyş, toprak we ýer serişdeleri, ekologiýa ulgamlary we tokaý hojalygy, gidrometeorologiýa işi. Bu pudaklaryň her biri üçin howa täsiriniň netijelerini azaltmak üçin uýgunlaşma çäreleriniň sanawy teklip edildi.

Daşky gurşawy goramak, ekologiýa taýdan arassa gurşawy üpjün etmek we Türkmenistanyň Howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýasynda we Milli tokaý maksatnamasynda göz öňünde tutulan çäreleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi netijesinde, şeýle-de atmosfera zyňyndylarynyň daşky gurşawa täsirini azaltmak maksady bilen, Türkmenistan Garaşsyzlygyny alany bäri ýurdumyzda 93 million agaç oturdyldy we olaryň mukdary her ýylda ortaça 3 million köpelýär.

Howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak bilen baglylykda milli derejede birnäçe kanunlar kabul edildi. Soňky ýyllarda Türkmenistanyň «Tokaý kodeksi», käbir beýleki kanunlary kabul edildi, şol sanda: «Tebigaty goramak hakynda», «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda», «Ozon gatlagyny goramak hakynda», «Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda», «Ösümlik dünýäsi hakynda», «Haýwanat dünýäsi hakynda».

Türkmenistan oba hojalygy pudagynda uly özgertmeleri amala aşyrýar, her ýyl oba hojalygyny ösdürmek we suw dolandyryşy üçin, şeýle hem saglygy goraýyş ulgamyna uly möçberde serişdeler goýberilýär. Döwrebap oba hojalyk tehnikalaryny satyn almak üçin serişdeler hem çekilýär.

Howanyň üýtgemegi baradaky Pariž ylalaşygy boýunça «Türkmenistanyň Milli derejede kesgitlenen goşandyna» (NDC) laýyklykda, çäreleriň ýerine ýetirilmegine degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary jogapkär bellenen. Daşky gurşawy goramak boýunça pudagara topary we Türkmenistanyň daşky gurşawy goramak ministrligi durmuşa geçiriş işini utgaşdyrýar we ýerine ýetiriş derejesine we ösüşine wagtal-wagtal baha berilmegini üpjün eder.

***B. Gurbannazarow,***

*Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň Zähmet gory we iş üpjünçilik müdirliginiň başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji*

# TÜRKMENISTANYŇ GARAŞSYZ DÖWLETLERIŇ ARKALAŞYGYNA GATNAŞYJY DÖWLETLER BILEN HYZMATDAŞLYGYNYŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÇYGYRLARY

Türkmenistanyň parahatçylyk söýüji daşary syýasaty onuň dünýä bileleşiginde mynasyp orun almagyna ýardam etdi. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda dünýäniň iri halkara guramalary we döwletleri bilen hoşniýetli hyzmatdaşlyklar alnyp barylýar. Sebit we halkara guramalary bilen ýola goýlan hyzmatdaşlyk gatnaşyklary günsaýyn täze derejelere göterilýär. 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip atlandyrylmagy ýurdumyzyň dünýä bileleşigi tarapyndan üç gezek ykrar edilen bu halkara hukuk derejesiniň abadan ösüşimizi üpjün etmekde, halkara hyzmatdaşlygy deň hukuklylyk we özara bähbitlilik ýörelgeleri esasynda ösdürmekde ähmiýetiniň uludygynyň ykrarnamasydyr. Parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatynda oňyn Bitaraplyk, deň hukuklylyk, hoşniýetli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine daýanýan döwletimiz Garaşsyzlyk ýyllarynyň dowamynda parahatçylygyň we ynanyşmagyň merkezine öwrüldi. Şunda Türkmenistanyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy bilen alyp barýan hyzmatdaşlygy we Arkalaşyga agza döwletler bilen ýola goýan gatnaşyklaryna aýratyn orun degişlidir.

Türkmenistan 1992-nji ýyldan bäri GDA gatnaşyjy döwletleriň Zähmet, iş üpjünçilik we ilaty durmuş taýdan goramak boýunça maslahat beriş geňeşiniň agzasy bolup durýar. 2017-nji ýylyň oktýabrynda Russiýa Federasiýasynyň Soçi şäherinde geçirilen GDA-nyň Sammitinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy esasynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna gatnaşyjy döwletleriň strategik ykdysady hyzmatdaşlygy hakyndaky Jarnamasy işlenip taýýarlanyldy we 2019-njy ýylyň 11-nji oktýabrynda Aşgabat şäherinde geçirilen GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň geňeşiniň mejlisinde biragyzdan kabul edildi. Bu Jarnamada GDA gatnaşyjy döwletleriň

işiniň ileri tutulýan ugurlarynyň arasynda, şol sanda zähmet, iş bilen üpjünçilik we ilaty durmuş taýdan goramak ulgamlarynda hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem giňeltmek barada bellenilýär.

Hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna laýyklykda, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň assosirlenen agzasy bolup durýan Türkmenistan GDA agza döwletler bilen hyzmatdaşlygy deň hukuklylyk, özara bähbitlilik esasynda, her bir tarapyň milli bähbitlerini, umumy maksatlary nazara almak bilen alyp barýar. Ýurdumyzyň bu garaýyşlary taryhyň dowamynda kemala gelen dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk, netijeli gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna, dürli ulgamlarda bilelikdäki iri taslamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegine ýardam edýär.

GDA döwletleri bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşdäki strategik hyzmatdaşlyga üýtgewsiz ygrarly Türkmenistan guramanyň giňişligindäki özara bähbitli gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna, hyzmatdaşlygyň täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylmagyna hemmetaraplaýyn ýardam bermäge çalyşýar. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň GDA-nyň sammitlerine yzygiderli gatnaşmagy hem-de öňe sürýän, döwrüň talaby bilen sazlaşýan başlangyçlary munuň aýdyň beýanydyr.

Ykdysadyýet Arkalaşygyň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, 2019-njy ýylda Aşgabatdaky GDA-nyň sammitinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy boýunça işlenip taýýarlanylan Arkalaşyga gatnaşyjy döwletleriň strategik ykdysady hyzmatdaşlygy hakynda Jarnamanyň kabul edilendigini bellemek gerek. Bu resminama soňra kabul edilen hem-de söwda, senagat kooperasiýasy, ulag, energetika, maýa goýumlar ulgamlarynda we beýleki pudaklarda ýakyndan hyzmatdaşlygy göz öňünde tutýan GDA-ny ykdysady taýdan ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli Strategiýasynyň esasyna goýuldy. Bu ugurlar Arkalaşygyň döwletleriniň daşarky bazarlarda mynasyp bäsdeşlik edip biljek, hyzmatdaşlara amatly şertleri teklip edip biljek ugurlarydyr.

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň halkara giňişlikde birek-birege berýän goldawy ägirt uly syýasy-diplomatik mümkinçiliklere eýe bolan Arkalaşygyň ýurtlarynyň Birleşen Milletler Guramasynda, beýleki abraýly halkara we sebit düzümlerinde ylalaşykly garaýyşlar bilen çykyş edýändikleriniň aýdyň beýany bolup durýar. Şunda agza ýurtlaryň ählisi dünýä syýasatyna, hukuga hormat goýmagy, dialogyň medeniýetini, döwletleriň arasyndaky gatnaşyklarda ynanyşmagy we aýdyňlygy gaýtaryp getirmegiň zerurdygyn-

dan ugur alýar. Hut şeýle çemeleşme Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna 30 ýyldan gowrak wagtyň dowamynda çeýeligi saklap galmaga, köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynda GDA-nyň çäklerinde ýakynlaşmak proseslerini ösdürmäge gönükdirilen mehanizmleri işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýär, umuman, halkara durnuklylyk we howpsuzlyk ulgamynyň aýrylmaz bölegi hökmünde bu birleşmäniň hereket etmegini şertlendirýär.

Türkmenistan GDA-nyň ykdysady bähbitlerini onuň geografik çäklerinden daşarda ilerletmegiň, bilelikdäki taslamalara goňşy ýurtlary we sebitleri çekmegiň möhümdigini bellemek bilen, giň gerimli Demirgazyk – Günorta we Gündogar – Günbatar düzümleýin geçelgelerini ösdürmek bilen baglylykda, energetika, ulag-kommunikasiýa düzümlerini diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça başlangyçlary öňe sürýär. Çäk taýdan goňşy we ýola goýlan dost-doganlyk gatnaşyklar bilen baglanyşýan GDA döwletleri häzirki döwürde uly artykmaçlyklara eýedir. Bu artykmaçlyklaryň doly derejede peýdalanylmagy bolsa ählumumy abadançylygyň bähbitlerine laýyk gelýär.

**_A. Džoraýew,_**

*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň
Intellektual eýeçilik boýunça döwlet gullugynyň
Seljerme müdirliginiň Oýlap tapyşlar we
seleksiýanyň gazananlary bölüminiň başlygy*

## «ÝAŞYL» YKDYSADYÝETDE INTELLEKTUAL EÝEÇILIGINIŇ ORNY

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly hem-de öňdengörüjilikli baştutanlygynda ýurdumyzda alnyp barylýan durnukly we depginli durmuş-ykdysady ösüşinde, milli ykdysadyýetimiz bilen bagly täze pudaklar, täze önümçilikler döredilýär, ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalar, sanly tehnologiýalar we gaýtadan dikeldilýän energiýa – «ýaşyl» tehnologiýalary durmuşa ornaşdyrylyp, maliýe we durmuş taýdan durnuklylygy, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagyny üpjün edilýär.

«Ýaşyl» ykdysadyýet – durnukly ösüşe, daşky gurşawa ýaramaz täsiri azaltmaga, serişdeleriň netijeli ulanylmagyna we biziň ýurdumyzyň

ykdysady ulgamynyň geljegi üçin wajyp esas bolup durýar. «Ýaşyl» ykdysadyýet ulgamy, ylmy-barlag işleri, tehnologiýalary işläp düzmegi, hünärmenleri taýýarlamagy we degişli binýady döretmegi öz içine alyp, täze pudaklary we önümçiligi döretmek üçin esas bolup durýar.

Täze pudaklaryň we önümçiligiň üstünlikli işlemegi we ösdürmegi üçin hukuk goragy zerur bolup durýar. Şeýle hukuk goragyny döretmekde intellektual eýeçiligi wajyp orny eýeleýär.

Intellektual eýeçilik – bu intellektual işi üsti bilen döredilen netijeleri hukuk taýdan berkidilmegi, ol döredijilik işjeňligine we barlaglara hem-de maýa goýumlara itergi bermek bilen, innowasiýalary, oýlap tapyşlary we täze tehnologiýalary goramaga mümkinçilik berýär. Intellektual eýeçilik bäsdeşlik gurşawyny döretmegiň hasabyna innowasiýalara ýol açýar. Ýaşyl tehnologiýalara elýeterliligi üpjün etmek bilen oýlap tapyjylaryň hukuklaryny goramakda deňagramlylygy saklamak möhüm bolup durýar. Patentler diňe bir oýlap tapyşlaryň awtorlaryny goraman, eýsem başga ylmy işgärlere tagallalaryň göçürilmeginden gaça durup we geljekki ösüşi çaltlandyryp, bar bolan işläp düzmelere esaslanmaga mümkinçilik bermek bilen, bilimleriň alyş-çalyş edilmegine ýardam berýär.

Dikeldilýän energetikanyň çäginde hem intellektual eýeçilik has wajyp bolup durýar. Gün panelleri, ýel turbinalar, energiýa-saklaýan ulgamlar, şeýle hem olary energetika ulgamyna saplaşdyrmagyň innowasion usullary – munuň ählisi intellektual zähmetiň netijesi. Oýlap tapyşyň patentleri, programma üpjünçiliginiň awtorlyk hukuklary we «ýaşyl» tehnologiýa degişli täze önümleriň haryt nyşanlary – ählisi hukuk eýeleri üçin eýeçiligiň islendik başga görnüşinde bolşy ýaly, goramak zerur bolan gymmatly serişde bolup durýar.

Berk patent çäklendirmeleri, möhüm ýaşyl tehnologiýalaryň ýaýramagyny haýalladyp, olary iň zerur adamlar üçin elýeterli edip bilmez. Bu nukdaýnazardan ygtyýarly we deň derejeli şertlerde ygtyýarnama bermek, ýaşyl tehnologiýalar üçin patent gorlaryny döretmek, tehnologiýalary geçirmek we mümkinçilikleri ýokarlandyrmak ýaly gurallary döretmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Innowasiýany höweslendirýän ulgam döretmekde halkara hyzmatdaşlygy bu ýerde möhüm orny eýeleýär, şol bir wagtyň özünde çözgütleriň wagtynda alynmagyny üpjün edýär. Mundan başga-da, gaýtadan dikeldilýän energiýanyň ornaşdyrylmagy täze pudaklary we ugurlary döredýär, bu bolsa ykdysady ösüş üçin uly mümkinçilikleri açýar we ýerli jemgyýetleriň ösüşi üçin täze iş ýerlerini döredýär. Bu ýerdäki intellek-

tual eýeçilik işewürlige täze bazarlara çykmaga we maýa goýumlaryny çekmäge kömek edýän gural bolup çykyş edýär. Türkmenistanyň intellektual eýeçilik ulgamynyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmegiň üstünde hem işler alnyp barylýar. Intellektual eýeçilige bolan hukuk goragy – göni daşary ýurt maýa goýumlaryň çekilmegini, içerki innowasiýasyny höweslendirilmegini we işewürligiň täze pudaklary üçin oňaýly gurşawyň döredilmegini üpjün edýär. Halkara ülňülerine laýyk gelýän biziň kanunçylygymyz öňde barýan tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna we ulgamyň ösdürilmegi üçin şertleri döredýär.

Şeýlelik bilen, täze pudaklary we önümçiligi döretmek üçin «ýaşyl» ykdysadyýetiň ösüşinde dikeldilýän energetikanyň ornaşdyrylmagy – biziň ýurdumyz üçin durnukly we ykdysady ösüşe, biziň raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga getirýän strategik ugry, maýa goýumlara ýol açýar hem-de ýokary tehnologik önümçiligiň ornaşdyrylmagyna ýardam berýär.

**_D. Annaberdiýew,_**

_Türkmenistanyň «Halkbank» PTB-niň_
_Sanly tehnologiýalar bölüminiň başlygy_

## SANLY YKDYSADYÝET – ÖSÜŞIŇ BINÝADY

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmekde uly maksatlary nazarlaýan işler durmuşa geçirilýär.

Sanly ykdysadyýet sanly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň peýdalanylmagyna daýanýan ykdysady gatnaşyklaryň ulgamydyr. Ol wagtyň we harajatlaryň tygşytlanylmagy bilen bir wagtda, girdejileriň täze çeşmelerini ýüze çykarmaga şert döredýär. Bu günki gün innowasion ykdysadyýeti kemala getirmäge, ähli ulgamlarda sanly tehnologiýalary we innowasiýalary ornaşdyrmak hem-de ösdürmek boýunça ýokary netijeleri gazanmaga, sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanmaga döwlet derejesinde uly ähmiýet berilýär.

Häzirki döwürde ählitaraplaýyn ösüşi sanly ulgamsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Maglumat tehnologiýasyna daýanýan ykdysadyýetiň

görnüşlerini ösdürmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenildi. Sanly ykdysadyýet ýurdumyzyň häzirki we geljekki ösüşi üçin wajyp meseleleriň biridir. Ýurdumyzda ykdysadyýeti sanlylaşdyrmak, bu pudagyň işgärler kuwwatyny pugtalandyrmak, döwlet dolandyryşynyň netijeliligini, halkymyzyň durmuş derejesini ýokarlandyrmak üçin elektron we ylmy ulgamy ösdürmek meselelerine aýratyn uly üns berilýär. Bu gün ýurdumyzda halk hojalygynyň ähli ugurlaryny sanly ulgama geçirmek, önümçilige ylmy işleri ornaşdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar, munuň özi häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda, pudaklaryň işini döwrebaplaşdyrmakda aýratyn ähmiýete eýedir.

Gahryman Arkadagymyz «Sanly ykdysadyýeti döretmezden, döwletimiziň ösüşini göz öňüne getirmek asla mümkin däldir. Şoňa görä-de, bütin dünýäde sanly ykdysadyýet innowasiýalary öňe sürmegiň, bäsleşige ukyplylygy we ykdysady ösüşiň ýokary depginlerini üpjün etmegiň möhüm şertine öwrüldi. Bu ugur ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda täze wezipeleri öňde goýýar» diýip belleýär. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň üstünlikli alyp barýan döwlet syýasatynda hem ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň öňünde dolulygyna ylmy esasa daýanýan önümçilikleri ýola goýmak, ýurdumyzyň senagat we ylmy--tehniki mümkinçiliklerini gorap saklamak, ösdürmek arkaly milli ykdysady howpsuzlygynyň bähbitlerini öňe sürýän we dünýä bazarynda harytlaryň, hyzmatlaryň iň kämil nusgasyna bäs gelýän önümleri çykarmaga mümkinçilik berýän täze, maglumat tehnologiýalaryny işläp taýýarlamak, özleşdirmek wezipeleri goýulýar hem-de durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzda amala aşyrylýan ykdysady özgertmeleriň çäklerinde karz edaralaryň işini döwrebaplaşdyrmak, bank hyzmatlarynyň hilini halkara derejelerine çykarmak we görnüşlerini artdyrmak hem-de milli pulumyzyň hümmetiniň durnuklylygyny üpjün etmek ykdysady ösüşimiziň ileri tutulýan ugurlary bolmagynda galýar. Täze tehnologiýalaryň yzygiderli ornaşdyrylmagy, ilata töleg-hasaplaşyk, depozit we beýleki hyzmatlary banka barmazdan ýerine ýetirmäge mümkinçilik döredýär. Bank ulgamyny has--da kämilleşdirmek, milli töleg ulgamyny ösdürmek we onuň netijeliligini, ygtybarlylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, töleg ulgamy yzygiderli döwrebap maglumat tehnologiýalary we kompýuter programmalary bilen üpjün edilýär.

Maliýe-bank ulgamynyň şertlerinde maýa goýum syýasatynyň gerimini has giňeltmek, şeýle-de sanly ykdysadyýete geçmek maksatlarynda bank amallaryny we hödürlenýän hyzmatlary sanlylaşdyrmak işi depginli alnyp barylýar.

Mundan başga-da, ýurdumyzda pul dolanyşygynyň netijeliligini has-da ýokarlandyrmak, karz edaralary tarapyndan milli we halkara töleg ulgamlarynyň gerimini giňeltmek, şeýle-de halkara tejribesiniň öňdebaryjy ösen döwrebap tilsimatlaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek, kämilleşdirmek hem-de ýaýbaňlandyrmak işleri döwrüň talaby bolup durýar. Şol sebäpden, täze sanly innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen, sanly bank hyzmatlarynyň ilata hödürlenmegi netijesinde bank kartlarynyň üsti bilen harytlar we hyzmatlar üçin hasaplaşyklaryň nagt däl görnüşinde amal edilmegi, ilat köpçüliginiň, hojalyk subýektleriniň goşmaça çykdajylaryny azaltmaga hem-de serişdeleriniň tygşytly ulanylmagyna mümkinçilik döredýär.

Sanly tehnologiýalaryň kömegi bilen täze bank önümleriniň geriminiň giňemegi, kompýuter enjamlarynyň we serişdeleriniň ähli ulgamlara ornaşdyrylmagy, tölegleriň, hasaplaşyk usullarynyň kämilleşdirilmegi, täze tehnologiýalaryň ösdürilmegi, sanly tehnologiýalara esaslanýan bank hyzmatlarynyň hiliniň ýokarlanmagy netijesinde döwrebap bank hyzmatlaryny müşderilere menzilara hödürlemäge hem-de giňden peýdalanmaga amatly şertler döredilýär. Muňa mysal edip, ýurdumyzyň islendik ýerinden bankomatlaryň, töleg terminallaryň, «Internet-bank», «Mobil-bank» we «Elektron-söwda» ulgamlarynyň üsti bilen nagt däl görnüşinde hasaplaşyklaryň dürli görnüşlerini menzilara amala aşyrmak, şeýle hem, karz edaralary tarapyndan ilata uzak aralykdan bank kart hasaplaryny açmak, olary täzeden çap etmek boýunça arzalaryny elektron görnüşinde resmileşdirmek ýaly amatly mümkinçilikler döredildi. Bulardan başga-da, ýurdumyzyň karz edaralarynyň hyzmatlar ulgamynda «Galtaşyksyz töleg» tehnologiýasyny ornaşdyrmak we kämilleşdirmek boýunça uly işler alnyp barylýar. Häzirki wagtda ýurdurmyzyň käbir karz edaralarynyň bank kartlarynyň ýüzünde galtaşyksyz tehnologiýasynyň şekili ornaşdyrylan töleg kartlary peýda boldy.

Ilata döwrebap bank hyzmatlaryny hödürlemekde Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan hem uly işler alnyp barylýar. Bank tarapyndan «Halkbank terminal» aralykdan tölegleriň ykjam goşundysyny işe girizildi. Munuň özi bank amallaryny sanly ulgama geçirmek boýunça üstünlikli ädim boldy. Bu ykjam programma üpjünçiligini bölek söwda we hyzmat ediş nokatlarynyň işgärleri adaty töleg terminalynyň ornuna ulanyp bilýärler. Adaty töleg terminallaryndaky ähli mümkinçilikler göz öňünde tutulan we olaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň ählisini amal etmäge ukyply bolan bu ykjam programma üpjünçiligi harytlara, hyzmatlara töleg geçirmek hem-de amallaryň taryhyny görmek ýaly mümkinçilikleri

döredýär. Eger ykjam telefonlarda «NFC» galtaşyksyz töleg tehnologiýasy gurnalan bolsa, onda tölegi geçirmek üçin bank kartyny ykjam telefona ýakynlaşdyrmak ýeterlikdir. Bu ýakynlaşdyrmanyň netijesinde, ykjam programma üpjünçiligi bank kartyndaky maglumatlary okaýar we satyn alnan haryt ýa-da hyzmat üçin töleg kabul edilýär.

Ýurdumyzyň karz edaralaryny ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlary bilen bagly möhüm meseleleriň oňyn çözülmegi, döwlet eýeçiligindäki hem-de döwlete dahylsyz guramalara, önümçilik pudaklaryna we ilata häzirki zaman bank hyzmatlarynyň hödürlenmegi ykdysadyýetiň ýokarlanýan isleglerine laýyklykda bank hyzmatlarynyň hilini has-da kämilleşdirmek, pul dolanyşygyny çaltlandyrmak boýunça çäreleri amala aşyrmaga, netijeli pul-karz syýasatyny geçirmäge, milli bank ulgamynyň işini döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirmäge, bank ulgamynyň müşderileriniň sanyny yzygiderli artdyrmaga, karz edaralaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga ýardam berýär.

Sanly tehnologiýalary işjeň ösdürýän we durmuşa geçirýän ýurtlarda jemi içerki önümiň ösüş depginleriniň üpjün edilýändigini tejribeler görkezýär. Şoňa görä-de, sanly ykdysadyýeti ösdürmeklige maýa goýumlary işjeň çekmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Nano tehnologiýalar, maglumat tehnologiýalary bilen birlikde, jemgyýetiň tehnologik esasyny emele getirip, onuň ylmy derejede ösmegini üpjün edýär.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan fiziki şahslar üçin «Sanly karz» ulgamy ornaşdyryldy. Bu ulgam raýatlara karzlary resmileşdirmekde sanly ulgamy ulanmak arkaly ýeňillikleri döretmek maksady bilen döredildi. Ykjam goşundyny ykjam telefonlara ýüklemek arkaly bankyň web saýtyndan onlaýn görnüşde sarp ediş karzyny almak üçin ýüz tutmak, onuň ýagdaýy bilen tanyşmak, karz taryhyny özbaşdak barlamak, zerur resminamalary elektron görnüşde ibermek, alyp boljak karzyň möçberini awtomatik görnüşde kesgitlemek mümkindir. Bu ykjam goşundynyň esasy aýratynlyklarynyň biri müşderileriň şahsyýetini tassyklaýan pasportynyň we aýlyk zähmet haky geçirilýän bank kartynyň maglumatlarynyň hem-de karz taryhynyň awtomatik usulda barlanylýandygydyr. Şol sebäpli raýatlaryň sarp ediş maksatly isleg bildiren karz serişdelerini almaklary üçin banka diňe bir gezek gelmegi ýeterlikdir. Munuň özi raýatlaryň wagtynyň tygşytlanmagy we amatlylyk taýdan ähmiýetlidir.

Şeýle hem, bankyň «Sanly töleg» ykjam goşundysy daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplaryň okuw tölegleriní,

«Visa» we «MasterCard» bank kartlaryna manat serişdelerini erkin daşary ýurt walýutasyna öwürmekligi amala aşyrmak üçin işlenip düzülen ykjam goşundylarynyň biridir. Onuň kömegi bilen müşderiler bankyň resmi www.halkbank.gov.tm web saýtyndan halkara bank kart hasaplaryny banka barmazdan ygtybarly we aňsatlyk bilen aýma-aý dolduryp bilýärler. Geçirilen amallar baradaky maglumat hyzmaty ulanyjy raýatlaryň ykjam telefonlaryna SMS habary görnüşinde iberilýär. Bank hyzmatynyň bu görnüşi nagt däl tölegleriň gerimini giňeltmäge we töleg-hasaplaşyk amallarynyň netijeliligini üpjün etmäge gönükdirilendir.

Milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryna energiýa tygşytlaýjy we ekologik taýdan arassa tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça milli maksatnamalaryň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Alnyp barylýan döwlet syýasatynyň çäklerinde orta we uzak möhletleýin döwür üçin «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmäge, ekologik taýdan kabul ederlikli tehnologiýalary ornaşdyrmaga, daşky gurşawy goramak babatda innowasion çözgütleri işläp taýýarlamaga aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen birlikde, sanly tehnologiýalaryň, «ýaşyl» başlangyçlaryň utgaşdyrylmagynyň hem zerur bolup durýandygyny nygtamak gerek. Bu ugurdaky işleriň üstünlikli mysaly hökmünde Arkadag şäherini görkezmek bolar. Bu şäheriň gurluşygynda «akylly» şäher konsepsiýasy we daşky gurşawa zyýanyň iň pes derejesini üpjün etmek çemeleşmesi gurluşyk serişdelerini öndürmek döwründen başlap, tä desgalary ulanmaga tabşyrmaga çenli ähli tapgyrlarda durmuşa geçirildi.

Türkmenistanda «ýaşyl» ykdysadyýete geçmek boýunça işleriň çäklerinde ekoinnowasiýalary işläp taýýarlamak we ulanmak, ekologik taýdan arassa ulaglara geçmek, energiýa netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça çäreler durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň ylmy-tehniki kuwwatynyň artdyrylmagy ekologik abadançylygy üpjün etmäge hemmetaraplaýyn ýardam edýär. Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda serişde tygşytlaýjy tehnologiýalar giňden ornaşdyrylýar, howanyň arassalygyna gözegçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak, gurulýan zawod-fabrikleriň, beýleki desgalaryň ekologik talaplara laýyk gelmegini gazanmak babatda anyk işler ýerine ýetirilýär. «Ýaşyl» ykdysadyýete geçmek işi tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak, oba hojalygyny durnukly ösdürmek, energiýa tygşytlylygyny hem-de onuň netijeliligini ýokarlandyrmak, ýaşaýyş-durmuş maksatly ulanylýan önümleriň galyndylaryny dolandyrmak, ekoulgamlary gorap saklamak ýaly anyk ugurlar boýunça amala aşyrylar. Bular barada ýurdumyzyň

Garaşsyzlygynyň 33 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň Ykdysadyýet toplumynda degişli ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, maliýe düzümleriniň, ugurdaş ýokary okuw mekdepleriniň ýolbaşçylarydyr wekilleriniň gatnaşmagynda geçen ýylyň 20-nji sentýabrynda geçirilen «Sanly we «ýaşyl» ykdysadyýet – durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmegiň şerti» atly ylmy-amaly maslahatda hem giňişleýin gürrüň edildi.

Sanly ykdysadyýete geçmekde milli intellektual tehnologiýalar ulgamyny ösdürmek, innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny höweslendirmek we bu ugurlarda halkara hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Şeýle hem maglumatlaryň kiberhowplara garşy goraglylygynyň üpjün edilmegine, maliýe ulgamynyň, döwlet dolandyryşynyň durnuklylygynyň ýokarlandyrylmagyna uly üns berilýär. Şunuň bilen birlikde, nano-bio we maglumat tehnologiýalary ulgamlary boýunça önümçilik kärhanalarynyň döredilmegi hem ileri tutulýar.

***J. Hanaýewa,***

*Türkmenistanyň Ýokary attestasiýa komitetiniň bölüm müdiri, ykdysady ylymlaryň kandidaty,*

***K. Hümmäýew,***

*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň prorektory, ykdysady ylymlaryň kandidaty*

## TÜRKMENISTAN YKDYSADY TAÝDAN ÖSÝÄN DÖWLET

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ykdysadyýeti durnukly ösdürmek, ähli pudaklarda döwrebap önümçilikleri döretmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär, bu özgertmeler Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hem üstünlikli dowam etdirilýär. Şol bir wagtda ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna, onuň esasy pudaklaryny ösdürmäge maýa goýumlaryň çekilmegine, iri innowasion kärhanalaryň gurulmagyna, eksport ugurly, importyň ornuny tutýan önümçilikleriň döredilmegine, azyk bolçulygynyň üpjün edilmegine, täze iş orunlarynyň

döredilmegine, ilatyň durmuş taýdan goraglylygynyň pugtalandyrylmagyna uly ähmiýet berilýär.

Ýurdumyzda sanly ykdysadyýetiň iň möhüm esaslaryny döretmek, bu ugurda kadalaşdyryjy hukuk binýadyny üpjün etmek üçin birnäçe çäreler görülýär. Edara-kärhanalarda, guramalarda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny işjeň ulanmak, olaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny kämilleşdirmek, resminamalary dolandyrmagyň elektron ulgamyny ornaşdyrmak, häzirki zaman iş usullaryny ulanmak, ugurdaş hünärmenleriň hünär derejelerini ýokarlandyrmak maksady bilen alnyp barylýan giň gerimli işler muny aýdyň tassyklaýar.

Häzirki wagtda sanlylaşdyrmagyň durnukly ösüşiň ileri tutulýan wezipelerini çözmegiň binýady bolup hyzmat edýändigi bellenmäge degişlidir. Sanly tehnologiýalaryň bazary dünýäde okgunly ösýän hem-de iş bilen meşgullanmagyň, aýratyn-da, ýaşlary iş bilen üpjün etmegiň giňden ýaýran ulgamlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda ýokary tehnologiýaly pudaklary, hususan-da, elektron senagaty ösdürmäge üns berilýär. Programma üpjünçiligini, elektron hyzmatlary, maglumat portallaryny döretmek ýaly ylym bilen baglanyşykly ulgamlary özleşdirmek boýunça netijeli çäreler görülýär. Türkmen hünärmenleri tarapyndan işlenip taýýarlanylan täze sanly önümler iş ýüzünde giňden ulanylýar. Olar ulanyş babatda amatlylygy we hili boýunça daşary ýurtlaryň sanly önümlerinden birjik-de pes durmaýar.

Öňdebaryjy tehnologiýalar hyzmatlar ulgamyny hem düýpli özgerdýär. Mälim bolşy ýaly, häkimlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň önümçilik işini awtomatlaşdyrmak, bellige we hasaba almak işini ýeňilleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň döwlet hyzmatlarynyň *e.gov.tm* bitewi portaly döredildi. Bu portal raýatlara we telekeçilere elektron görnüşde döwlet hyzmatlaryny hödürlemek üçin awtomatlaşdyrylan «Bir penjire» maglumat ulgamy görnüşindedir. Häzirki günde resmi hasaba alnan ulanyjylar döwlet hyzmatlarynyň portaly arkaly internet, ýerli we ykjam aragatnaşyk, IP telewideniýe, demir ýol ýa-da awiapetekler, beýleki hyzmatlar üçin öz bank karty arkaly tölegleri töläp bilýärler. Şeýle-de bu ýerde pasportlary, hasaba almalary, iş bilen üpjünçiligi resmileşdirmek, telekeçilik işlerinden başlap, durmuş ugurlaryna çenli ençeme beýleki meseleler boýunça onlaýn görnüşde ýüz tutmak bolýar. «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary işjeň ornaşdyrylýar. Olaryň üsti bilen ýurdumyzda bolşy ýaly, onuň çäklerinden daşarda-da nagt däl hasaplaşyklary amala aşyryp, haryt-pul gatnaşyklaryny ýönekeýleşdirmek bilen, olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek mümkindir. Türkmenistanda

sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmak hem-de «Elektron hökümet» ulgamyny doly derejede herekete girizmek boýunça degişli işler alnyp barylýar.

Bu günki gün ýurdumyzda köpugurly ykdysadyýet kemala getirilýär, senagat düzümi diwersifikasiýalaşdyrylyp, öňdebaryjy ylmy tehnologiýalara esaslanýan gaýtadan işleýän täze kärhanalar hem-de toplumlar döredilýär. Ýurdumyzda iri senagat we durmuş maksatly desgalaryň, şol sanda täze şäherçeleriň, ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň, beýleki binalaryň we desgalaryň gurulmagy dowam edýär. Bilim we ylym ulgamlarynyň maddy-enjamlaýyn binýady hil taýdan döwrebaplaşdyrylyp, internetden peýdalanýanlaryň sany barha artýar.

Bitaraplyk ýörelgelerine we kabul eden halkara borçnamalaryna laýyklykda, Türkmenistan gaýtadan dikeldilýän energetika, energiýa netijeliligini ýokarlandyrmak, suw serişdelerini rejeli ulanmak, çölleşmä we ekerançylyk ýerleriniň hatardan çykmagyna garşy göreşmek, biodürlüligi gorap saklamak ýaly ugurlary öz içine alýan toplumlaýyn ekologiýa syýasatyny durmuşa geçirýär. Ýurdumyzda energiýanyň öndürilişinde gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň paýynyň artdyrylmagy ugrunda işjeň çäreler görülýär. Munuň özi parnik gazlarynyň zyňyndylarynyň azaldylmagyna, energetikanyň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna ýardam edýär. Ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda döwrebap energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalar ornaşdyrylýar. Bu bolsa, öz gezeginde, tebigy serişdeleriň sarp edilişini azaltmaga mümkinçilik döredýär.

Häzirki döwürde daşky gurşawy goramakda ata-babalarymyzdan gelýän milli däp-dessurlarymyz has-da ösdürilýär. Ýurdumyzda her ýylda geçirilýän ählihalk bag ekmek çäreleri türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzy bag-bossanlyga öwürmäge gönükdirilen ekologiýa ugurly başlangyçlarynyň hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýändigini güwäsidir. Şu ýyl ýazky ählihalk bag ekmek dabarasynyň barşynda-da bir günde tutuş ýurdumyz boýunça agaç nahallarynyň 632 müň 498 düýbi ekildi. Şeýle hem seýilgähleri we tokaý zolaklaryny arassalamak, abadanlaşdyrmak işleri bilen birlikde, jemi 2 million 260 müň 836 düýp baga ideg etmek işleri geçirildi.

Ykdysadyýet, maliýe we bank toplumynyň işi ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn ösüşi bilen aýrylmaz baglydyr. Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösmegini, ykdysadyýetiň döwrebaplaşdyrylmagyny üpjün etmek, oňa sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, Döwlet býujetini doly ýerine ýetirmek, maýa goýum syýasatyny kämilleşdirmek boýunça çä-

reler üstünlikli amala aşyrylýar. Şeýle işlerde halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyga, dünýäniň öňdebaryjy tejribesiniň ornaşdyrylmagyna, degişli kanunçylyk binýadynyň kämilleşdirilmegine aýratyn üns berilýär.

***A. Mälikgulyýewa,***

*Türkmenistanyň Çyzykly şertli belgiler boýunça*
*Milli guramasynyň başlygy, ykdysady ylymlaryň kandidaty*

## STANDARTLAŞDYRMAK DURNUKLY ÖSÜŞI GAZANMAGYŇ MÖHÜM GURALLARYNYŇ BIRI

Ylmyň we tehnologiýanyň ösüşiniň häzirki tapgyry ykdysady ösüşiň ýokary depginlerine ýetmek, ekologik ösüşi üpjün etmek we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak üçin zerur şertleri döretdi. Makala ýurdumyzyň durnukly ösüşini üpjün etmekde möhüm orun eýeleýän tebigy baýlyklardan peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak meselesine bagyşlanyp, daşary ýurtlaryň öňdebaryjy tejribesi we hukuk esaslary esasynda seljermegi maksat edinýäris. Durnukly ösüş bilen bagly meseläni çözmekde iň ýokary netije, şol bir wagtyň özünde tebigy baýlyklary netijeli peýdalanmagy üpjün edýän dolandyryşyň täsirli ulgamynyň emele gelmeginde standartlaşdyrmagyň mümkinçiliklerini açyp görkezmek we ony durmuşa ornaşdyrmakdyr.

Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň we ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň käbirleriniň standartlaşdyryş ulgamlarynyň deňeşdirme seljermesi geçirildi. «Standartlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ýurdumyzda döwlet standartlary we tehniki şertler, pudaklaýyn standartlar we kärhananyň standartlary, halkara, döwletara (sebit) standartlary we daşary ýurt döwletleriniň standartlary, şeýle hem düzgünler, düzgünnamalar, gollanmalar, usulyýet görkezmeleri, kadalar we maslahatlar ulanylýar. Russiýa Federasiýasynda bolsa, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda,

– milli standartlaşdyryş ulgamy milli standartlary, deslapky milli standartlary, maglumat we tehniki salgylanma kitapçalaryny;

– guramanyň derejesinde guramaçylyk standartlaryndan we tehniki şertlerden ybarat bolup durýar.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda, Fransiýa Respublikasynda, Hytaý Halk Respublikasynda we Germaniýa Federatiw Respublikasynda standartlaşdyryş ulgamynda üç derejeli standart bar: milli, senagat we guramanyň

standartlary. Senagat standartlaryna esasy orun degişli bolup, onda pudaklaryň aýratynlyklary göz öňünde tutulýar. ABŞ-da ylmy we tehniki jemgyýetleriň standartlary diňe bir ýurduň çägindäki pudaklaryň aglabasynda ulanylmak bilen çäklenilmän, eýsem ABŞ-nyň bazarynda işlemek isleýän ýurtlaryň hem aglabasynda hereket edýär.

Türkmenistanyň hökümetiniň sanly tehnologiýalara esaslanýan sanly ykdysadyýeti öňe ilerletmegi innowasion önümçilik tehnologiýalarynyň, sanly we platforma çözgütleriniň ornaşdyrylmagyny, durmuş ösüşini üpjün etmäge gatnaşmagyny, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmagy üpjün etmek üçin standartlaşdyryş ulgamyndan özgertmeleriň geçirilmeginiň zerurlygyny orta çykarýar.

Jemgyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmekde, standartlaşdyrmagyň möhüm orny eýeleýändigini köp sanly daşary ýurtly alymlaryň we bilermenleriň ylmy işlerinde beýan edildi. Emma bu ýagdaýy bahalandyrmak üçin umumykrar edilen görkezijileriň toplumy ýa-da çemeleşme ýokdur. Standartlaşdyrmagyň ähmiýetine baha bermek milli we beýleki döwletleriň kadalaşdyryjy hukuk namalary arkaly seljerilip bilner. Türkmenistanda standartlaşdyrmagyň maksady hökmünde aşakdakylar ykrar edilýär:

– fiziki we ýuridik şahslaryň bähbitlerini kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmeýän önümden (işlerden, hyzmatlardan) goramak;

– tehniki, tehnologik we maglumat taýdan gabat gelmegini, şeýle hem önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) biri-biriniň ornuny tutup bilmegini üpjün etmek;

– önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) howpsuzlygyny üpjün etmek;

– kadalaşdyryjy resminamalarda bellenilen talaplary berjaý etmek;

– maddy serişdeleriň rejeli peýdalanylmagyny üpjün etmek;

– ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýanyň gazananlaryny hasaba almak bilen önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) hilini we bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak.

Standartlaşdyrmagyň orny Beýik Britaniýanyň hökümeti bilen Iňlis standartlary institutynyň (BSI) arasyndaky bilelikdäki resminamada anyk kesgitlenýär:

– standartlaşdyrmak, bäsdeşlik, innowasiýa, söwda päsgelçiliklerini aradan aýyrmak, söwdany giňeltmek, sarp edijileri goramak, daşky gurşawy goramak we döwlet satyn almalary ýaly döwlet syýasatynyň birnäçe ugurlaryny goldamakda esasy ýagdaýlaryň biri bolup durýar;

– halkara söwdasy üçin standartlaşdyrmak iňňän möhümdir;

– standartlaşdyrmak kanunçylyk bilen bilelikde, döwlet derejesinde has netijeli tehniki kadalaşdyryşy emele getirýär;

– standartlar «durmuş önüminiň» käbir aýratynlyklary bilen häsiýetlenýändigi, şeýle hem diňe bazar zerurlyklaryna aýratyn ähmiýet berýändigi sebäpli, standartlaşdyrmak ulanylanda ähli artykmaçlyklar üpjün edilip bilinmez.

Häzirki zaman jemgyýetinde standartlaşdyrmagyň ähmiýeti, üç esasy wezipäni ýerine ýetirýän kadalaşdyryjy gural hökmünde kesgitlenilýär:

– ykdysady gural. Önümleri, hyzmatlary öndürmäge we dolandyryş ulgamlaryny gurmaga çemeleşmeleriň bitewiligini üpjün etmäge mümkinçilik berýär, şeýle hem ykdysady gatnaşyklary amala aşyrmakda çykdajylaryny azaldýar.

– durmuş gural. Bu, döwletiň standartlaşdyrmak arkaly önümlere we hyzmatlara hil, howpsuzlyk we daşky gurşawa ýaramaz täsirini azaltmak nukdaýnazaryndan zerur bolan talaplary üpjün edýändigini aňladýar;

– aragatnaşyk gural. Durmuş-ykdysady gatnaşyklar ulgamynda maglumat alyşmak arkaly jemgyýetdäki gatnaşyklary üpjün edýär.

Umuman, standartlaşdyrmagyň häzirki zaman şertlerinde durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmekde möhüm ähmiýete eýedigini belläp bileris. Bu ähmiýet, esasan-da, daşky gurşawy goramak, tebigy başlyklary rejeli peýdalanmak we ilatyň durmuşynyň hilini ýokarlandyrmakda aýdyň ýüze çykýar.

**_B. Halnepesow,_**

_Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň Halkara hyzmatdaşlyk bölüminiň müdiri_

## TÜRKMENISTANYŇ DURNUKLY ÖSÜŞINI ÜPJÜN ETMEKDE ADAM MAÝASYNYŇ ORNY

Bitarap Türkmenistan döwletimiz hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda türkmen döwletiniň her güni il-ýurt bähbitli beýik işlere, taryhy wakalara beslenýär. Döwlet Baştutanymyzyň çuň parasada ýugrulan daşary hem-de içeri syýasaty netijesinde täzeçil pikirlere esaslanýan öňdengörüjilikli döwlet syýasaty Türkmenistany dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine çykarmak, onuň önümçilik,

senagat we zähmet kuwwatyny has-da artdyrmak ýaly möhüm wezipeleriň üstünlikli durmuşa ornaşdyrylmagyny üpjün edýär.

Häzirki wagtda Türkmenistany ösdürmegiň esasy we ileri tutulýan ugurlaryndan biri innowasiýa syýasatyna we durmuş-ykdysady ugurda adam maýasynyň ösüşine esaslanýan durnukly ösüşdir. Durnukly ösüş maksatlarynyň kabul edilen pursatyndan Türkmenistan birnäçe möhüm çäreleri amala aşyrdy. Ýurtda durmuşa geçirilýän gysga möhletli, orta möhletli we uzak möhletli döwlet maksatnamalaýyn resminamalary ykdysady we durmuş taýdan durnukly we innowasion ösüşiň esaslaryny pugtalandyrýar. Sanlylaşdyrmagy, telekeçiligi ösdürmek we häzirki hem-de adam maýasy innowasion we ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalary ulanmak üçin amatly şertler döredilýär.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» we «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy», şeýle hem 2025-nji ýyl üçin Türkmenistanyň Maýa goýum maksatnamasy ýaly resminamalarda bu maksatlara ýetmek üçin birnäçe möhüm wezipeler kesgitlenildi.

«XXI asyryň ägirt uly tizlikli ylmy-tehniki ilerlemeleri dünýä döwletleri bilen bir hatarda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň hem ähli ugurlaryna, şol sanda ylym ulgamyna innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak, nazary, amaly we düýpli ylmy barlaglary geçirmek, ylymlary döwrebaplaşdyrmak hem-de ösdürmek ýaly möhüm meseleleri ýüze çykarýar» – diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow «Türkmenistanda innowasiýa tehnologiýalarynyň ösüşi we geljegi» atly halkara ylmy maslahata gatnaşyjylara iberen Gutlagynda nygtap geçdi.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň ösüş strategiýasy durnukly ösüş taslamalaryny durmuşa geçirmäge has giňişleýin çemeleşmegi we bu işe ýokary hünärli hünärmenleriň işjeň gatnaşmagyny talap edýär. Bu mesele, adam maýasynyň ösüşi bilen baglanyşykly döwlet innowasiýa syýasatyny göz öňünde tutýan häzirki zaman türkmen ylmynyň ileri tutulýan we möhüm ugurlaryndan biridir. Bu bolsa, Türkmenistanyň innowasion ösüşini üpjün etmekde adam maýasynyň ornuny giňişleýin öwrenmekligi ylmy meseläniň derwaýyslygyny ýüze çykardy.

Adam hukugy baradaky taglymatyň esasy ýörelgeleriniň many-mazmuny 1992-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasynda: «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr» diýlip ykrar edildi. Konstitusiýamyzyň täze redaksiýasynyň 4-nji maddasynda bolsa «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr. Adamy goramak, goldamak we oňa hyzmat etmek döwlet häkimiýet edaralarynyň baş wezipesidir» diýlip bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynda ýurduň durmuş – ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmakda ýaşlaryň esasy ornuny we adam maýasyny ösdürmäge maýa goýumlarynyň ähmiýetini kesgitledi. Gahryman Arkadagymyň «Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda» atly kitabynda innowasiýa we durnukly ösüş üçin adam maýasy ösdürmegiň zerurdygyny aýtdy. Bulara, ilkinji nobatda, adamlaryň ömrüniň dowamynda maýa goýýan bilimleri, başarnyklary we saglygy degişli bolup, jemgyýetiň öndürijilikli agzalary hökmünde öz mümkinçiliklerini durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär.

Hormatly Arkadagymyz «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabynda her bir ynsanyň sagdyn bolmagy, ýaşaýyş hakdaky garaýyşlarynyň giňelmegi, zehinleriniň açylmagy we döwre, döwlete hem-de bagtyýar geljege mynasyp adamlar bolup ýetişmegi üçin örän ähmiýetli bolan terbiýäniň on iki görnüşini beýan edendigini nygtady.

Birnäçe türkmen alymlary we öňdebaryjy hünärmenler öz ylmy işlerinde jemgyýetiň innowasiýa we durnukly ösüşiniň möhüm hem-de esasy bölegi bolan adam maýasynyň ähmiýetine ünsi çekdiler we öz ylmy kitaplarynda durnukly we deňagramly zähmet bazaryny döretmekde hem-de Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşinde innowasiýa taslamalaryny durmuşa geçirmekde adam resurslarynyň esasy ornuny bellediler.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanda üstünlikli durmuşa geçirilýän innowasiýa syýasaty kadalaşdyryjy hukuk we ylmy nazaryýet esaslaryna eýedir. Bu bolsa, adam maýasy bilen bagly amaly we usulyýet seljermesini talap edýär, şeýlelikde, ylmy işiň ýüze çykaran meselesiniň öwreniliş derejesi kesgitlenildi.

Innowasion özgertmelere esaslanýan durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmekde we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmakda ýurduň intellektual serişdelerini hem-de adam maýasyny netijeli peýdalanmak uly ähmiýete eýedir. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ykdysadyýetimizi uzak möhletleýin esasda ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalarda hem bu ugra aýratyn orun berilýär.

Şu nukdaýnazardan, esasy önümçilik serişdeleri ykdysady ösüşiň ikinji derejeli şertine öwrülýär. Ykdysadyýetiň sazlaşykly ösmegi, esasan, ilatyň umumy bilim derejesine we hünär taýýarlygynyň kämilligine bagly bolýar. Şeýlelik bilen, türkmen jemgyýetiniň häzirki ösüş döwründe döwletiň innowasiýa syýasatyny durmuşa geçirmekde hereketlendiriji güýç hökmünde adam resurslarynyň ähmiýeti artýar.

**_K. Kadyrow,_**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Marketing kafedrasynyň dosenti, tehniki ylymlaryň kandidaty,*

**_G. Akyýewa,_**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Marketing kafedrasynyň uly mugallymy*

## ALTERNATIW ENERGIÝA ÇEŞMELERINIŇ ISLEG ÖDEÝIŞ GÖRKEZIJILERINI DEŇEŞDIRMEK

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, ýangyç-energetika toplumynyň öňünde möhüm wezipeler durýar. Şunda täze nebitgaz ýataklaryny ýüze çykarmak maksady bilen, gözleg-agtaryş işlerini geçirmäge, uglewodorod serişdeleriniň çykarylýan hem-de gaýtadan işlenilýän möçberlerini artdyrmaga, türkmen energiýa serişdelerini dünýäniň energetika bazarlaryna ibermegiň dürli ugurlaryny döretmäge, nebitgaz önümçiliginde innowasiýalary ulanmaga, guýulary burawlamak we düýpli abatlamak boýunça işleri işjeňleşdirmäge uly ähmiýet berilýär. Häzirki wagtda gaz pudagynda täze ýataklaryň üstüni açmakdan, barlag geçirmekden, ulanmaga bermekden, uglewodorod serişdelerini ibermekden hem saklamakdan başlap, taýýar önümi sarp edijilere ýetirmäge çenli önümçilik işiniň ähli tapgyrlary öňdebaryjy tehnologiýalar esasynda amala aşyrylýar.

Alternatiw energiýa çeşmeleriniň esasy görnüşlerine täzeden döräp durýan Günüň, ýeliň, gyzgyn suwlaryň, deňizleriň tolkunlarynyň energiýalary degişli bolup durýandyr. Bu alternatiw energiýa çeşmeleriniň isleg ödeýiş görkezijileri olaryň ulanylýan maksatlaryna we ýurdumyzyň haýsy sebitinde ulanylýandygyna baglylykda emele gelýär. Sebäbi biziň ýurdumyzyň ýer araçäginiň günorta sebitlerinde her m$^2$ üstde 800 *Wt* ýokary bolan Günüň

energiýasy düşýändir we 1 ýylyň 230 güni töweregi bulutsyz, açyk howanyň bolmaklygy Günüň energiýasyny ulanmaklygyň netijeliliginiň ýokarydygyny subut edýändir.

«Ýaşyl» energiýanyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak boýunça taslamalaryň zerurlygy, olaryň daşky gurşawa zyýan ýetirmeýän, ykdysady taýdan bähbitli alternatiw energetika desgalarda, şol sanda «Altyn asyr» Türkmen kölüniň sebitinde ekologik abadançylygy üpjün etmek baradaky meýilnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegine ýardam bermekde ýüze çykýar.

Ýurdumyzyň geografik we howa şertlerine baglylykda alternatiw energiýa çeşmeleriniň haýsy görnüşini netijeli peýdalanyp boljakdygyny göz öňünde tutsak, onda bizde alternatiw energiýa çeşmeleriniň Günüň we ýeliň iň netijeli görnüşleri boljakdygyny göz öňüne getirmek bolar. Gyzgynlygy ýokary bolan termal suwlar biziň ýurdumyzda köp mukdarda çykmaýanlygy sebäpli ony energiýa çeşmesi hökmünde peýdalanmaklyga mümkinçilik ýok diýip hasap etsek bolar. Ýurdumyzda gyzgynlygy ýokary bolan energiýa çeşmesi (47°C), esasan, Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda çykýar. Ýöne onuň bu mukdary energiýa çeşmesi hökmünde ýeterlik däl we diňe lukmançylyk, saglygy dikeldiş maksatlar üçin peýdalanylýar.

Biziň tebigy howa şertlerimize baglylykda ýeliň energiýasyny Balkan welaýatyna degişli sebitlerde peýdalanylsa maksadalaýyk bolar diýip hasap edýäris. Sebäbi Balkan welaýatyň Gyzylarbat, Bereket, Balkanabat sebitlerinde ýeliň has köp güýçli öwüsýän ýerlerdigini nazarda tutup, şol sebitlerde ýel elektro beketlerini gurmaklygy maksada laýyk hasap edýäris.

Türkmenistanda alternatiw energiýa çeşmeleriniň görnüşlerinden iň netijeli ulanyp boljagy Günüň energiýasy diýip hasap etsek bolar. Günüň energiýasyny Gün suwy süýjedijilerde, Gün ýyladyş hanalarynda, gökmiwe önümlerini guratmakda (Gün guradyjylary), mal iýmitlerinde goşulýan hlorellany almakda, jaýlary ýylatmakda we sowatmakda, Günüň tebigy şöhlesini elektrik energiýasyna öwürýän Gün panellerinde we suwy gyzdyrmakda, ýagny gyzgyn suw almakda, guýudan suwy çykarmakda herekete getirijileri iýmitlendirmekde netijeli peýdalanylýar. Şeýlelikde, Gün energiýa çeşmesiniň isleg ödeýiş görkezijilerini energiýa çeşmeleriniň beýleki görnüşleriniň isleg ödeýiş görkezijileri bilen deňeşdirenimizde onuň ulanyp bolujylyk görkezijileriniň ýokarydygyny görmek bolýar. Mysal üçin, nebitden alynýan energiýa çeşmeleriniň funksional ulanyp bolujylyk görkezijilerini ýylylyk energiýasyny almakda, içinden

ýandyrylýan herekete getirijileri işletmekde peýdalanyp bolýar. Nebitden alynýan energiýa çeşmeleriniň ergonomik görkezijilerini Günüňki bilen deňeşdirenimizde, ýagny onuň görkezijileriniň Gün energiýasynyň görkezijilerinden pesdigi ýüze çykýar. Mysal üçin, olary ýörite gaplara salmaly, ýerleşdirmeli. Olar ulanylýan döwründe ugar gazlarynyň (CO) bölünip çykmagy bilen ekologiýanyň hapalanmagyna getirýär. Şeýle-de, Günüň energiýasy täzeden döreýän, gutarmaýan energiýa çeşmesidir. Nebitden alnan energiýa çeşmeleri wagta görä azalýan we täzeden döremeýän energiýa çeşmeleri bolup durýar.

Eger Günüň energiýasynyň isleg ödeýiş görkezijilerini, adaty energiýa çeşmesi bolan tebigy gazyň isleg ödeýiş görkezijileri bilen deňeşdirenimizde, onda tebigy gazyň gorlarynyň çäklidigini, ol ulanylanda partlamak howpunyň we ýapyk otaglarda adamyny gazyň tutmaklyk, heläk etmeklik howpunyň bardygyny göz öňünde tutsak, onda onuň isleg ödeýiş görkezijileriniň Gün çeşmesiniňkiden pesdigi görünýär. Tebigy gazy energiýa çeşmesi hökmünde ulanmak üçin ýörite peçleri we tebigy gazyň plitalaryny peýdalanmaklyk zerurlygy ýüze çykýar.

Günüň energiýa çeşmesi hökmünde adaty energiýa çeşmeleriniň biri bolan kömüriňki bilen deňeşdirsek, onda kömür diňe ýylylyk energiýasyny berýän çeşmedir we onuň ergonomik görkezijileri Günüň we beýleki energiýa çeşmeleriniň isleg ödeýiş görkezijilerinden pesdir. Sebäbi kömür ýylylyk energiýasyny beriji çeşme hökmünde ulananymyzda onuň garasynyň ýokujylyk häsiýetiniň bardygy we külüniň emele gelýändigi beýleki energiýa çeşmelerinden ergonomik isleg ödeýiş görkezijileriniň pesdigini görkezýär.

Adaty däl energiýa çeşmeleriniň biri deňiz tolkunlarynyň energiýasyny peýdalanmakdyr. Ýurdumyzda bu agzalyp geçilen energiýa çeşmelerini Hazar deňzinde ulanmak mümkinçiligi bar. Ýöne energiýanyň bu görnüşini ulanmaklyk häzirlikçe ýola goýulmadyk. Adaty däl energiýa çeşmeleriniň biri bolan ýeliň energiýasyndan alynýan energiýa çeşmesi bu diňe elektrik energiýasyny almakda peýdalanyp bolýandyr.

Elektrik energetikasy pudagy tarapyndan geljekde hem gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini önümçilige ornaşdyrmak boýunça degişli işleri dowam etmek, şol sanda adaty däl Gün energiýasyny öndürýän Gün panelleriniň önümçiligini giňden ýola goýmak we ýeliň energiýasyny ulanmak ugrunda birnäçe işler göz öňünde tutulýar.

*N. Gurbangulyýewa,*

*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyňMagtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň uly ylmy işgäri*

# EKOLOGIÝA TERBIÝESI – TEBIGATA SÖÝGINIŇ GÖZBAŞY

Daşky gurşawy goramak, tebigata hossarly göz bilen garamak meselesi taryhy döwürlerden bäri adamzadyň üns merkezinde bolup gelýär. Adamzat tebigatyň howandary. Tebigat ynsana maddy we ruhy baýlyklary eçilýär. Şeýle bolany üçin, türkmen halkymyz tebigaty goramak, ony aýawly saklamak meselesine hüşgär garapdyr. Ýaşlarda daş-töwerege bolan ynsanperwer garaýyşlary kemala getirmek meselesine hem mukaddeslik düşünjesi derejesinde garapdyr. Tebigatyň gözelligini gorap saklamak hakyndaky kanundyr düzgünleriň hereket etmeýän döwründe hem ynsap kanuny esasynda tebigy baýlyklara seresaply çemeleşmek ýörelgesine eýerilipdir. Ösümlikdir haýwanlaryň ýitmek howpunyň öňüni almakda ynsanperwer garaýyşda bolupdyrlar.

Ata-babalarymyz tebigaty, onuň baýlyklaryny goramak, aýawly saklamak üçin pähimleri, ynançlary, yrymlary döredipdirler. Ynsap kanuny bilen tebigat baýlyklary hakynda mukaddes düşünjäni terbiýeläp, geljeki nesillere miras goýupdyrlar. Halkymyzyň suwa goýýan sarpasy has hem uly. Suw ýaşaýşyň gözbaşy. Suwuň bar ýerinde ýaşaýyş bar, durmuş bar. Suwsuz ýaşaýşy göz öňüne getirmek mümkin däl. Türkmen halkymyz tebigatyň ähli baýlyklaryna sarpa goýýar. Ata-babalarymyzyň suw hakyndaky garaýyşlary halk döredijilik eserlerinde, nusgawy edebiýatymyzda, häzirki zaman edebiýatynda çeper derejede öz beýanyny tapyp gelýär.

Türkmen halkynyň gadymy eseri bolan «Gorkut atada» tebigatyň baýlyklaryna hossarçylykly göz bilen garalandygy çeper düşünjeler arkaly täsirli beýan edilipdir. Şu edebi sahnada suwa goýulýan hormaty görýäris: «Gazanyň öňünden bir suw çykdy: «Suw Hakyň didaryny görendir, men suw bilen habarlaşaýyn» diýip, oňa ýüzlendi.

Gazan aýdar:

Çagnam-çagnam gaýalardan çykan suw,
Agaç gämileri oýnadan suw,
Hasan bilen Hüseýniň hesreti suw,
Bag bilen bossanyň zynaty suw,

Äşe bilen Patmanyň nikasy suw,
Şabaz atlar içdigi suw,
Gyzyl düýeler gelip, geçdigi suw,
Ak goýunlar gelip, çöwresinde ýatdygy suw,
Ordanyň habaryn bilermi sen, diýgil maňa,
Garabaşym gurban olsun, suwum, saňa!»
[Gorkut-ata. – Aşgabat: Türkmenistan, 1990, s.48].

Ýokardaky edebi sahnada suwuň tebigatdaky ornunyň uludygynyň ylmy hem çeper beýanyny görýäris. Suwa şeýle garalmagy edebiýatyň çeperçilik däpleriniň gadymy çeşmelerden dowam edip gelýändigi bilen baglanyşyklydyr. Halkyň suwa bolan ynanjy çeper görnüşde şöhlelendirilýär. Şygryň sada görnüşinde beýan edilen bu bentde dürli ulgamlar üçin suwuň gymmaty täsirli aýdylýar.

Nakyllardyr atalar sözünde hem ynsanyň ýaşaýyş durmuşynda, maşgalanyň maddy üpjünçiliginde suwuň tutýan ornuna berlen çeper bahany görüp bilýäris. «Suw nobatyn köýdüren ýyl ajy galar» diýen pähim muňa mysal bolup biler. Bu pähimde suwuň daýhan üçin, onuň ýaşaýyş durmuşy üçin nähili derejede zerurdygyna göz ýetirip bolýar.

Tebigat temasy häzirki zaman türkmen edebiýatynyň uly bir şahasyny düzýär.Türkmenistanyň halk ýazyjysy, Magtymguly adyndaky Halkara baýragynyň eýesi Berdinazar Hudaýnazarowyň döredijiliginde Watanyň tebigaty ogullyk söýgüsi bilen wasp edilýär. Çeperçiligiň örküni çarwalaryň ak öýünden alyp, Watan, Dünýä ýaly uly giňişliklere göz aýlaýan şahyryň halallyk, ynsap, ahlak päkligine garaýşy kämilleşip gitdi. Şahyr özüniň tebigat gözelligine bolan söýgüsini çeper setirlere siňdirip, şeýle beýan etdi:

Guwanjym, gynanjym şu toprakdadyr,
Şu toprakda meniň namysym-arym.
Ýalaňaç çägäňe müň togabym bar
Eý, ata mekanym,
Eý, Biribarym!

Garagumuň seleňligini, serginligini, gözelligini, gözeldigini görmek, duýmak üçin ene süýdi deýin mukaddes watansöýüjilik duýgynyň tämizligi, kämilligi gerekdi.

Şunça ýaşap henize deň görmedim,
Watan topragyndan keremli zady.
Şony kemsidýäne ok bolup deger
Atalaň yhlasy,
Eneleň süýdi!

Ak çabga, Garagumuň giň sährasy, çarwalaryň sada kalby, ynsanperwerlik, ahlak kuwwaty, ynsap, adamkärçilik – bu duýgular bilen bürenen pikirler Berdinazar halypanyň döredijilik dünýäsini baýlaşdyryp, ruhy ummanyny ümmülmez gözýetime çenli giňeltdi. Garagumuň merdemsi ruhy siňen şahyrana mazmun ynsanperwerlik hyjuwyna ýugrulyp, gahrymany öňe, bir ýerde durman, köp meseleleriň «başyny agyrtmaga» alyp barýar. Şahyr adam, durmuş, jemgyýet, tebigat gatnaşyklarynyň netijesi barada oýlanýar. Adamzat jemgyýetinde ylmyň gazananlary bilen ahlagyň arasyndaky ösüşiň agramyny ölçeýän pikiri, duýgyny gahrymanyň ruhy dünýäsi arkaly okyja ýetirýär. Durmuşda iň zerur, hiç könelmeýän ahlak terbiýesiniň «bil guşagy» bolan sözüň, edebiýatyň ornunyň näderejede bolmalydygy barada garaýyşlaryny yzygiderli açyp görkezýär. Atalaryň nazary siňen Garagumuň giň sährasy, eneleriň ýürek ýylysy ornan çarwa ojagy şahyryň şygyrlarynyň kökenini düzüp, gahrymanynyň keşbini baýlaşdyrdy. Garagumuň mähriban tebigaty özüniň ähli baýlygyny ynsana bagyşlap, onuň abadan, eşretli ýaşamagyny üpjüne edýär.

Çeper edebiýat ýaşlarda tebigata bolan söýgini artdyrmakda, ekologiýa terbiýesini bermekde gymmatly ruhy baýlykdyr.

***O. Rejepowa,***

*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň Ykdysadyýet we maliýe kafedrasynyň müdiriniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji*

## «ÝAŞYL» YKDYSADYÝETI DOLANDYRMAKDA ADAM MAÝASYNYŇ ÄHMIÝETI

Häzirki döwür ençeme möhüm wezipeleri, düýpli meseleleri çözmekde täze usullary işläp taýýarlamagy talap edýär. Bu meseleleriň hataryna ekologiýa howpsuzlygy ýaly ählumumy howpsuzlyk bilen bagly mesele hem bar. Olary ýöriteleşdirilen halkara guramalar we dünýä döwletleri bilen

ýakyndan hyzmatdaşlykda çözmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenildi. Daşky gurşawy gorap saklamak, ekologiýa taýdan arassa şertleri üpjün etmek hem-de Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň Milli strategiýasynda we Milli tokaý maksatnamasynda göz öňünde tutulan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek boýunça alnyp barylýan işler giň gerime eýedir.

Daşky gurşawyň ýaramazlaşmagy bilen baglanyşykly bolan global howpuň güýçlenmegi dünýä bileleşiginde täze çözgütleri tapmagy we tagallalary birleşdirmegi talap edýär. Ählumumy durnukly ösüşiň ekologiýa meselelerini çözmegiň bilelikdäki ugurlaryny we usullaryny ara alyp maslahatlaşmak hem-de işläp taýýarlamak maksady bilen, 2012-nji ýylda geçirilen «Rio+20» Bütindünýä Maslahatynda «Biziň isleýän geljegimiz», onuň esasynda durýan ýurtlaryň «ýaşyl» ykdysadyýete geçmek ýörelgesi kabul edildi. Türkmenistanyň daşky gurşawy goramak, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we artdyrmak baradaky teklipleri hem-de amala aşyrýan işleri dünýä bileleşiginde giň goldawa eýe bolýar. BMG-niň durnukly ösüş boýunça «Rio+20» maslahatynda Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Aşgabatda howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meseleleri çözmek boýunça BMG-niň Sebitara merkezini döretmek, Araly halas etmek, Hazar deňziniň ekologiýa abadançylygyny gorap saklamak, sebitiň suw serişdelerini rejeli peýdalanmak hem-de energetika ulgamynda täze «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak baradaky başlangyçlary hödürledi.

Ýurduň abadançylygyna gönüden göni täsir edýän möhüm ekologik meselelerini toplumlaýyn, ulgamlaýyn we ählitaraplaýyn çözmek, ýagny deňagramly ösüş ýörelgesi hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň durmuş-ykdysady strategiýasynyň esasyny düzýär. Häzir durnukly ösüş üç ugur – ykdysady, durmuş we ekologik ugurlar boýunça möhüm çözgütleri talap edýär. Bular «ýaşyl» ykdysadyýet, «ýaşyl» tehnologiýa, «ýaşyl» senagat, «ýaşyl» energetika diýen düşünjeler bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup durýar.

Bu ugurda Durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak, ýurduň intellektual serişdelerini hem-de adam maýasyny netijeli peýdalanmak uly ähmiýete eýedir. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ykdysadyýetimizi uzak möhletleýin esasda ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalarda hem aýratyn orun berilýär.

Uzak ýyllaryň dowamynda dünýä belli ykdysatçylary gyzyklandyryp gelýän iň möhüm meseleleriň biri-de ykdysady ösüşiň esasy hereketlendirij güýjüniň nämede jemlenýändigini kesgitlemek bilen baglanyşyklydyr. Bu

babatda zähmet bölünişigi, girdejiniň we maýanyň artmagy, maýa goýumlarynyň özleşdirilmegi, esasy önümçilik serişdeleriniň netijeli peýdalanylmagy, tehnikalaryň kämilleşdirilmegi, senagatlaşýan ýurtlarda ekologiýa meselelerine garşy gorag mehanizminiň zerurlygy ýaly köp sanly şertleriň ähmiýeti baradaky pikirler orta atylsa-da, uzak wagtyň dowamynda adam maýasynyň ähmiýetine ýeterlik üns çekilmändir. Dünýä tejribesi has ösen döwletleriň bir topary üçin durmuş-ykdysady ösüşiň umumy kanunalaýyklyklarynyň bardygyny görkezýär. Ykdysady taýdan kuwwatly ýurtlary tapawutlandyrýan aýratynlyk önümçilik we sarp ediş gatnaşyklarynyň merkezinde adamyň bolmagy bilen baglanyşyklydyr. Bu günki gün ekologik we senagat taýdan gazanylýan ösüşleriň ýa-da tutuş jemgyýetiň ösüş depginini we derejesini hut adam maýasy kesgitleýär diýsek, hakykatdan daş düşmeris. Şu nukdaýnazardan, esasy önümçilik serişdeleri ykdysady ösüşiň ikinji derejeli şertine öwrülýär.

Ykdysadyýetde önümçiligiň artmagyna, ekologiýanyň arassa we galyndysyz tehnologiýasynyň işlenip ornaşdyrylmagyna gönümel täsir etmekden başga-da, adam maýasynyň ösdürilmegi durmuş we medeni ulgamlarda oňyn netije gazanmaga kömek edýär. Ýokary bilimli, sowatly raýatlar ýurduň syýasy-jemgyýetçilik durmuşyna, haýyr-sahawat işlerine has işjeň gatnaşýar. Giň dünýägaraýyşly adamlar jemgyýetiň ruhy galkynyşyna goşant goşýar. Adamlaryň durmuş şertleriniň gowulanmagy we medeni derejesiniň ýokarlanmagy jemgyýetde abadançylygy we adalaty üpjün etmäge gönükdirilýän harajatlaryň tygşytlanylmagy arkaly ykdysadyýete oňyn täsirini ýetirýär.

**_M. Mamiýewa,_**

*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky*
*Döwlet gullugy akademiýasynyň uly mugallymy*

## INNOWASION YKDYSADYÝET – ÝURDUŇ DURNUKLY ÖSÜŞINIŇ BINÝADY

Ykdysadyýet adamyň gündelik durmuşynyň bir bölegidir. Her bir adam gündelik durmuşda ykdysady meseleler bilen meşgullanmak bilen bir hatarda, ykdysatçylar tarapyndan ulanylýan adalgalary peýdalanýar, ykdysady ulgama degişli bolan maddy gymmatlyklary döredýär we sarp

edýär. Maddy nygmatlary öndürmek, paýlamak, alyş-çalyş etmek boýunça adamlaryň arasynda emele gelýän gatnaşyklar ykdysady gatnaşyklaryň ulgamyny düzýär.

Bu gün adamzat jemgyýeti özüniň ösüşiniň täze döwrüne sanly ykdysadyýete geçmek basgançagyna gadam goýdy. Sanly ulgama geçilýän döwürde kompýuter tehnikasynyň we telearagatnaşyk serişdeleriniň kömegi bilen ykdysady pudaga degişli maglumatlary ýygnamak, seljermek, ulanmak we ýaýratmak has-da möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda alnyp barylýan durmuş-ykdysady ösüş strategiýasynyň netijesinde, milli ykdysadyýeti sanlylaşdyrmak arkaly durnukly ykdysady ösüşi üpjün edilýär. Ýurdumyzyň durnukly ösüşini has-da pugtalandyrmakda ykdysadyýetiň sanly gurşawyny ornaşdyrmagyň uly ähmiýeti bardyr. Çünki ýurdumyzyň ösüşini häzirki zaman bazar ykdysadyýeti şertlerinde sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmazdan göz öňüne getirmek mümkin däldir. Ýurdumyzda döwrebap sanly ulgamynyň ornaşdyrylmagy, ilki bilen ilatyň maddy-hal ýagdaýyny gowulandyrmakda, ýokary depginli ykdysady ösüşiň üpjün edilmeginde hem-de işewürleriň dünýä bazaryndaky eýeleýän ornuny pugtalandyrmagynda möhüm ähmiýete eýedir. Şeýlelik bilen, sanly ulgama geçilýän döwürde täze ykdysady ugurlar hem döreýär, olardan biri hem innowasion ykdysadyýet.

Innowasion ykdysadyýet – täze tehnologiýalary, önümleri we hyzmatlary öndürmäge we ornaşdyrmaga gönükdirilen ykdysady modeldir. Ilata hödürlenýän hyzmatlaryň sany we hili barha artýar, munuň özi bolsa hyzmatlary öndürijileriň arasynda sagdyn bäsdeşligiň emele gelmegine ýardam berýär. Globalizasiýa şertlerinde we çalt depginde ösýän öňdebaryjy tehnologiýalaryň şertlerinde innowasiýa ýurduň ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyplylygyny has-da ýokarlandyrmak zerur şertleriň biridir hem-de kompaniýalaryň bäsdeşlige ukyplylygynyň iň möhüm we kesgitleýji faktoryna öwrülýär. Innowasion ykdysadyýetiniň esasy ugurlary, onuň durnukly ösüş üçin ähmiýeti we telekeçiligiň bu işdäki orny yzygiderli öwrenilmeli ykdysady meselesidir.

Häzirki wagtda innowasion ykdysadyýet, täze önümleriň we hyzmatlaryň döredilmegine, şeýle hem bar bolan prosesleriň gowulaşmagyna goşant goşýan bilimlere we tehnologiýalara esaslanýar. Adaty ykdysady modeller-

de resurslara we zähmete daýanýan bolsa, innowasion ykdysadyýet tapawutlylykda, ünsi intellektual maýa we innowasiýalaryň jemine gönükdirilýär. Munuň üçin ýurtlardan we kompaniýalardan ylmy gözleg, bilim we adam maýasyny ösdürmek üçin maýa goýmagy talap edilýär. Adam maýasynyň hilini ýokarlandyrmak boýunça çäreleri maliýeleşdirmek häzirki döwrüň ileri tutulýan wezipeleriniň hatarynda durýar.

Durnukly ösüş üçin innowasion ykdysadyýetiniň ähmiýeti örän uludyr. Sebäbi, durnukly ösüşi gazanmakda innowasion ykdysadyýet möhüm rol oýnaýar. Ol ähmiýet şulary öňe sürýär:

Ykdysady ösüş: Innowasiýalar täze bazarlary we işewürlik mümkinçiliklerini döredýär, bu jemi içerki önümiň (JIÖ) ýokarlanmagyna getirýär.

Iş orunlaryny döretmek: täze tehnologiýalar we kompaniýalar ökde hünärmenleri talap edýär, şeýlelik bilen işsizligi azaltmaga kömek edýär.

Durmuşyň hilini ýokarlandyrmak: saglygy goraýyş, bilim we beýleki ugurlardaky täzelikler ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrýar.

Daşky gurşawyň durnuklylygy: Ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalary we durnukly önümçilik proseslerini ösdürmekde, daşky gurşawa ýaramaz täsirleri azaltmaga kömek edýär.

Innowasion ykdysadyýetinde telekeçiligiň roly hem örän uludyr. Telekeçilik, innowasion ykdysadyýetiniň hereketlendirijisidir. Telekeçiler täze kompaniýalar we önümler döredýärler, täzelikleri döredýärler we ykdysady ösüşe itergi berýärler. Telekeçiligiň rolunyň esasy jähtleri şular:

Döwrebap pikirleriň döremegi: Telekeçiler, köplenç, bazary üýtgedip biljek täze pikirleriň we çözgütleriň çeşmesidir.

Töwekgelçilik we maýa goýum: Telekeçiler töwekgelçilik etmäge we ösüşine goşant goşýan täze tehnologiýalara maýa goýmaga taýýardyrlar.

Ekosistemany döretmek: Üstünlik gazanan telekeçiler innowasiýalaryň mundan beýläk-de ösmegine goşant goşýan startaplar, maýadarlar, ylmy edaralar we döwlet edaralaryny özara ýardam bermek üçin ekosistemalary döredýärler.

Telekeçiligi goldamak we innowasiýalara maýa goýumlary, döwlet edaralary we umuman jemgyýet üçin ileri tutulýan ugur bolmaly. Sebäbi netijede innowasion ykdysadyýet, ilatyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna we daşky gurşawyň goralmagyna getirer.

***Ş. Kerimberdiýewa,***
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Okuw bölüminiň başlygy, ykdysady ylymlaryň kandidaty*

## BILIM ULGAMYNY SANLYLAŞDYRMAGYŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny giň gerimde gurşap alýan döredijilikli başlangyçlaryny Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow üstünlikli durmuşa geçirýär. Bu özgertmeler milli ykdysadyýetimiziň binýatlyk ulgamlarynyň biri bolan milli bilim ulgamynda hem amala aşyrylyp, onuň dünýä bilim ulgamynyň ösüş meýilleri bilen sazlaşykly ösüşine özüniň oňyn täsirini ýetirýär.

Ýurdumyzda halk hojalygynyň pudaklaryny sanlylaşdyrmak işiniň ýola goýlan ulgamlarynyň birisi hem milli bilim ulgamydyr. 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» kabul edildi. Konsepsiýa ýurdumyzyň bilim edaralarynyň işini has-da kämilleşdirmek, bilim bermegiň ähli basgançaklaryny ýokary hilli elektron bilim maglumatlary bilen üpjün etmek, sanly serişdeleri giňden peýdalanyp, bilim edaralarynda berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmak, hiliniň dünýä derejesine laýyk bolmagyny we okatmagyň usulyýetiniň kämilleşdirilmegini üpjün etmek maksady bilen kabul edildi.

Sanlylaşdyrmak – häzirki döwrüň hakykaty we şol bir wagtda çözülmegi möhüm bolan çagyryşydyr. Adamzat jemgyýetiniň dördünji senagat rewolýusiýasyny başdan geçirýän döwründe, sanly özgertmeler jemgyýetçilik we döwlet durmuşynyň ähli ugurlaryny giň gerimde gurşap aldy. Maglumat-aragatnaşyk ulgamlarynyň häzirki ýagdaýy we ösüşi ykdysadyýetiň, işewürligiň we bilimiň ösüşine oňyn itergi berýär. Sanly özgertmeler döwletiň, işewürligiň we adamyň özara gatnaşygyndaky düýpli özgertmelere jemgyýetiň taýýarlygynyň derejesine esaslanýar. Sanly tehnologiýalar jemgyýetiň durmuşynyň ähli tapgyrlaryna täsir etmek bilen, durmuşyň dowamynda bilim almaga bolan çemeleşmäni we bilim bermek işiniň guralyşyny üýtgedip bilýär.

Bilim ulgamynyň ilkinjileriň hatarynda sanlylaşdyrylmagynyň esasy sebäpleriniň biri hökmünde, milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda düýpli özgertmeleriň bolup geçmegi, sanly ulgamda özara gatnaşyklaryň täze hil derejesine çykmagy, şunuň bilen baglylykda hem, hünärmenleri taýýarlamagyň we bilim edaralarynyň işini täzeçe guramagyň zerurlygy bilen şertlenýär. Şeýle hem, bilim ulgamynyň sanlylaşdyrylmagynyň bilim edaralarynyň maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary bilen üpjünçiligine gönümel bagly bolýan bolsa hem, bu ugurdaky oňyn netijeleri, bilim edaralarynyň professor-mugallymlarynyň bilim ulgamyny sanlylaşdyrmak işiniň üstünlikli amala aşyrylmagy üçin ähli tagallalaryny, bilimlerini we başarnyklaryny gönükdirenlerinde mümkindir. Netijede, bilim edaralary sanly özgertmeleriň öňdebaryjysy bolmak bilen, jemgyýetiň sanly sowatlylygynyň we medeniýetiniň ýokarlanmagyna oňyn täsirini ýetirip bilýär. Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda bilim ulgamyny sanlylaşdyrmak işine aýratyn ähmiýet berilýändiginiň aýdyň mysaly bolup, institutda «Sanly ykdysadyýet» kafedrasynyň açylmagynyň, bilim portalynyň mugallymlar we talyplar üçin elýeterliligi we olaryň onuň hyzmatlaryndan işjeň peýdalanmaklaryny, institutynyň internet sahypasynyň we «Innowasiýa ykdysadyýeti we durnukly ösüş» atly elektron žurnalynyň neşir edilmegi hem doly şaýatlyk edýär.

Bilim ulgamynda sanly tehnologiýalaryň güýçli depginde ösmegi bolsa, aşakdaky ýagdaýlar bilen şertlenendir:

– bütin dünýäde, şol sanda ýurdumyzda hem bilim ulgamyny sanlylaşdyrmak babatyndaky başlangyçlar ýurduň hökümetleri, halkara jemgyýetçiligi we jemgyýet tarapyndan doly goldanylmagy;

– sanly tehnologiýalaryň talyplara maglumaty we bilimi ýetirmegiň iň amatly usullarynyň biri hökmünde ykrar edilmegi;

– okuw materiallaryny döretmegiň iň netijeli gurallarynyň biri bolmagy;

– bilim bermegiň iň netijeli usullarynyň biri hökmünde ykrar edilmegi;

– bilim bermegiň täze, innowasion gurşawyny döretmegiň serişde bolup çykyş etmegi we ş.m.

Bilim ulgamynyň sanlylaşdyrylmagynyň netijesinde bilim bermek işi we bilim işiniň guralyşy düýpli özgertmelere sezewar bolýar. Bu üýtgeşmeler okuw materiallaryny taýýarlamak üçin sanly maglumatlary we bilim işi üçin maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary talap edýär. Sebäbi, okuw materiallarynyň sanly ulgama geçirilmegi ýeterlik däldir. Sanly bilim işinde

maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ulanylmagy başlangyç şertleriň biri bolup durýar. Bilim maksatnamalarynyň many-mazmunynyň baýlaşmagy we okuw işiniň netijeliliginiň hiliniň ýokarlanmagy, bilim edaralarynyň gurluş düzüminiň we guramaçylyk üýtgemeleri sanly özgertmeleriň üstünlikli amal edilmeginiň beýany bolup çykyş edýär.

Bilim ulgamynyň üstünlikli sanlylaşdyrylmagy bolsa, zähmet bazarynda düýpli özgertmeleriň bolup geçmegine, netijede bolsa, täze başarnyklaryň ýüze çykmagyna, hyzmatdaşlygyň ösmegine, raýatlaryň jogapkärçiliginiň ýokarlanmagyna getirer.

***A. Muhanow,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň*
*Maliýe kafedrasynyň müdiri, uly mugallym*

## HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK YKDYSADYÝETIŇ DURNUKLY ÖSÜŞINIŇ BINÝADY

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakynda Kararnamany 86 döwletiň awtordaş bolup çykyş etmeginde biragyzdan kabul etdi. Munuň özi ýurdumyzyň ählumumy parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen işleriniň ykrar edilýändiginiň aýdyň güwäsine öwrüldi. Mälim bolşy ýaly, geçen ýylyň 27-nji dekabrynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňişleýin mejlisinde Watanymyzda 2025-nji ýylyň şygary «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Bu şygar Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň wekillerinden, ýurdumyzyň iri jemgyýetçilik birleşiklerinden, zähmetkeş toparlaryndan, raýatlarymyzdan gelip gowşan teklipleriň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň ýiti zehininden, jöwher paýhasyndan dörän «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly ajaýyp goşgusynyň esasynda hem-de Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl– Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi mynasybetli öňe sürüldi.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmek, bazar ykdysady gatnaşyklary ýörelgelerine laýyklykda bäsdeşlige ukyply dolandyryşyň has netijeli usullaryny girizmek, sanly tehnologiýalary ykdysadyýete ornaşdyrmak, innowasion tehnologiýalary peýdalanmak arkaly täze pudaklary, önümçilikleri döretmek, durmuş ugurly ykdysadyýetiň binýadyny has-da kämilleşdirmek, ykdysadyýetiň pudaklarynyň, telekeçilik işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak, ykdysadyýetde hususy bölegiň paýyny artdyrmak, ilatymyzyň durmuş taýdan goraglylygyny berkitmek we ýaşaýyş-durmuş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak boýunça netijeli işler amala aşyrylar.

Özara baglanyşykly häzirki dünýäde halkara parahatçylyk we ynanyşmak diňe bir idealistik maksat däl, eýsem durnukly ykdysady ösüş üçin esasdyr. Ähli ýurtlar üçin uzak möhletleýin gülläp ösmegi üpjün edip, söwdanyň, maýa goýumlaryň we innowasiýalaryň ösýän amatly gurşawyny döredýär we şu aşakdaky aýratynlyklary özünde jemleýär:

– birinjiden, halkara parahatçylyk we ynanyşmak söwdany we maýa goýumlary ösdürýär. Parahatçylykly şertlerde ýurtlar özara peýdaly ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge, söwda päsgelçiliklerini azaltmaga we söwdanyň, daşary ýurt maýa goýumlarynyň we ykdysady ösüşiň ýokarlanmagyna getirýän durnukly hukuk gurşawyny döretmäge ünsi jemläp bilýärler;

– ikinjiden, maliýe serişdeleri bilim, saglygy goraýyş, infrastruktura we ylmy gözlegler ýaly ugurlara sarp edilýär. Parahatçylyk döwründe bu çeşmeler ykdysady ösüşi höweslendirmek, ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak we möhüm durmuş meseleleri çözmek üçin gönükdirilip bilner. Adam kapitalyna we infrastruktura maýa goýumlary uzak möhletli goýmaklyga şert döredýär;

– üçünjiden, halkara parahatçylyk we ynanyşmak innowasiýalary, bilimi we ylmyň gazananlaryny paýlaşmaga kömek edýär. Dawa-jenjeller köplenç izolýasiýa getirýär, ylmy we tehnologik ugurlarda halkara hyzmatdaşlygyna päsgelçilik döredýär. Parahatçylyk şertlerinde dürli ýurtlardan alymlar, inženerler we telekeçiler erkin pikir alşyp, täze tehnologiýalary bilelikde ösdürip we öňdebaryjy tejribäni ýaýradyp bilýärler. Bu bolsa öz gezeginde innowasiýany höweslendirýär, öndürijiligi ýokarlandyrýar we ykdysady ösüşe kömek edýär.

Häzirki wagtda ykdysadyýetiň durnuklylygy, önümçilik faktorlarynyň hil taýdan ýokarlanmagy, ilkinji nobatda, ylmyň we tehnologik ösüşiň doly ulanylmagy esasynda senagat pudaklarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak zerurdyr. Ykdysadyýetiň bäsdeşlik ukyby we dünýä ykdysadyýetindäki orny innowasiýa syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegine baglydyr. Ösen döwletleriň ykdysadyýetiniň seljermesi esasynda innowasiýa syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ykdysadyýetiň durnukly ösmeginiň esasy strategik ugrudygyny subut etdi.

Hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan ylmy taýdan esaslandyrylan ykdysady özgertmeleriniň netijesinde ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän durmuş-ykdysady ösüşiň milli nusgasy döwletimiziň doly syýasy bitewiligini we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň üznüksiz ýokarlanmagyny üpjün edýär. Durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelen we özgerýän milli nusgasynyň baş maksady hojalyk gatnaşyklarynyň erkinligine we peýdaly bäsleşige şert döretmekden, innowasion esasda we tebigy serişdeleri aýamak bilen, jemgyýetiň ösýän maddy, ruhy isleglerini kanagatlandyrmakdan, senagat önümçiligini, hyzmatlar ulgamyny pudaklaýyn, sebitleýin, üznüksiz hem-de deňölçegli ösdürmekden ybarat bolup durýar. Döwletimiziň ykdysady syýasaty durnukly, deňeçer ykdysady ösüşini üpjün etmäge, ykdysadyýetiň pudaklarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga, ýerli önümçiligiň hasabyna içerki bazaryň zerurlyklaryny ýokary derejede kanagatlandyrmaga we eksport mümkinçiliklerini artdyrmaga gönükdirilendir. Bu maksatlara ýetmek üçin Hökümetimiz tarapyndan makroykdysady düzgünleşdiriş institutlaryny kämilleşdirmäge, maýa goýum, işewürlik gurşawy gowulandyrmaga, hususy telekeçiligi ösdürmäge, pul-karz we salgyt syýasatynyň höweslendiriji ornuny güýçlendirmäge, maliýe durnuklylygyny üpjün etmäge, gazna bazaryny ösdürmäge hem-de bäsleşikli bazar gurşawyny döretmäge gönükdirilen çäreler toplumy amala aşyrylýar.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda innowasiýalara esaslanýan ykdysady özgertmeleriň durmuşa geçirilmegi, durmuş-ykdysady syýasatyň durnukly ösüşini üpjün etmäge, döwlet dolandyryş ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmäge, ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny artdyrmaga we hal-ýagdaýyny mundan beýläk-de ýokarlandyrmaga hem-de abadan, bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

***Ý. Orazmämmedow,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Statistika kafedrasynyň müdiri*

# DURNUKLY ÖSÜŞIŇ MAKSATLARYNA ÝETMEK UGRUNDA TÜRKMENISTANYŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞI

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň möhüm ugurlarynyň biri Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek bolup durýar. Milli derejede durnukly ösüş boýunça Gün tertibini durmuşa geçirmek maksady bilen, birnäçe möhüm çäreler amala aşyryldy. Häzirki wagtda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy» hereket edýär we üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şu maksatnamalarda durnukly ösüşi gazanmagyň görkezijilerine aýratyn orun berildi, olara ýurduň ähli makroykdysady görkezijileri degişlidir.

Türkmenistanyň durnukly ösüş boýunça syýasaty ösüşiň ähli üç sany möhüm şertini bir bitewülige birleşdirýär we ýokary ösen jemgyýeti döretmegiň kepili bolup durýar. Ykdysady ugry düzüjiler çig malyň çykarylmagyny we gaýtadan işlenilmegini, ekologiýa talaplara laýyk gelýän önümleri öndürmegi, galyndysyz önümçilige geçmegi, bar bolan galyndylary gaýtadan işlemegiň hasabyna tebigy, energetika we maddy-önümçilik serişdeleriniň amatly peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar.

Bütindünýä bankynyň toparlanmasynyň hasaplamalaryna görä, ilatyň jan başyna düşýän milli girdejisi boýunça Türkmenistan orta derejeden ýokary girdejisi bolan ýurtlaryň hataryna girýär. Ilatyň girdejilerini artdyrmak ýurdumyzda amala aşyrylýan durmuş syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Ykdysadyýetiň durnukly ösüşi her ýyl ilatyň pul girdejileriniň artmagyna ýardam edýär, bu her ýylda zähmet hakyny, pensiýalary, döwletiň kömek pullaryny we talyp haklaryny köpeltmegiň, şeýle hem durmuş ýeňillikleriniň toplumyny giňeltmegiň hasabyna üpjün edilýär.

Türkmenistanyň ilatynyň ep-esli bölegini düzýän ýaşlar döwletiň ykdysadyýetiniň kuwwatyny berkitmäge, BMG-niň 2030-njy ýyla çenli Gün tertibiniň Durnukly ösüş maksatlarynyň wajyp görkezijilerine ýetmäge, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga gönükdirilen milli maksatnamalary durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşýarlar. Türkmenistanda ýaşlaryň hukuklary we kanuny bähbitleri ygtybarly goralyp, olaryň ýaşaýyş derejesini we durmuş taýdan goraglylygyny ýokarlandyrmak üçin zerur şertler döredilýär. Işçi güýjüniň esasy toparynyň hususy pudakda zähmet çekmegi ýurdumyzda telekeçiligi ösdürmäge aýratyn üns berilýändigini görkezýär.

Türkmenistanda ilatyň durmuş goraglylygynyň ulgamy döredildi. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, raýatlaryň ählisi zähmet çekmek, hünärini, işiniň görnüşini we iş ýerini saýlap almak, durmuş üpjünçiliginiň hukugyna eýedir. Şeýle-de, olara döwlet serişdeleri bilen goşmaça goldaw berilýär we köp çagaly maşgalalara, ene-atalaryndan mahrum bolan çagalara ýeňillikler berilýär. Türkmenistanda mugt bilim ulgamy we elýeterli saglygy goraýyş, ýaşaýyş jaýlarynyň we jemagat hyzmatlarynyň, ulag we aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegleriniň pes derejesi kepillendirilýär. Bu çäreler ýurduň ilatynyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmäge gönükdirilendir.

Zähmete ukyply raýatlar döwlet, telekeçilik we işiň beýleki görnüşleri bilen meşgullanyp, öz ýaşaýyş-durmuş ýagdaýlaryny ýokarlandyrmak mümkinçiligine eýedirler. Ilatyň zähmete ukypsyz we durmuş ýagdaýy pes gatlaklaryna pensiýa, kömek puly we tölegleriň beýleki görnüşleri berilýär.

Durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn işleriň çäklerinde, ýakyn geljekde milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynda täze iş orunlarynyň döredilmegi göz öňünde tutulýar. Munuň özi ýurduň makroykdysady görkezijisi bolan jemi içerki önümiň ösüşine oňyn täsir etmek bilen, işsizligiň pes derejesiniň üpjün edilmegine ýardam berer. Iş bilen üpjünçiligiň ýokarlanmagy, işsizlik meselesiniň aradan aýrylmagy halkyň durmuş-ýaşaýyş derejesini we alýan girdejilerini ýokarlandyrýar, şeýle-de ýerli kärhanalaryň önümçilik möçberiniň, şol bir wagtda ýurduň eksport mümkinçiliginiň artmagyna şert döredýär.

Ýurtda obasenagat toplumyny döwlet tarapyndan goldamagyň maksatnamalaýyn ulgamy işlenip taýýarlanyldy we ol üstünlikli hereket edýär. BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasynyň berýän maglumatyna görä, häzirki wagtda dünýäniň 38 ýurdy, şol sanda Türkmenistan azyk ýetmezçili-

giniň garşysyna göreşmek maksatnamasyny gurama tarapyndan kesgitlenen möhletinden öň ýerine ýetirdi.

Täze döwürde obasenagat toplumynda amala aşyrýan özgertmeleriniň baş maksady, ilkinji nobatda, azyk bolçulygyny döretmekden, oba hojalyk önümleri bilen bazarlarymyzy doly üpjün etmekden hem-de dürli görnüşli we ýokary hilli azyk önümlerini daşary ýurtlara satmagy ýola goýmakdan ybaratdyr.

Azyk howpsuzlygy milli ykdysady howpsuzlygyň iň wajyp ugrudyr. Şonuň üçin, ýurdumyzyň ilatyny azyk önümleri bilen ygtybarly üpjün etmek maksady bilen, oba hojalyk toplumy kämilleşdirilýär. Ekerançylyk işleriniň kämilleşdirilmegi, gallanyň we pagtanyň döwlet satyn alyş nyrhlarynyň ýokarlandyrylmagy we oba hojalyk önümçiligini ýöretmekde döwlet tarapyndan döredilýän mümkinçilikler, ýeňillikler, ekerançylara we maldarlara salgyt salynmazlygy, oba hojalygynda bazar gatnaşyklarynyň ornaşdyrylmagy azyk önümleriniň öndürilmegini artdyrýar. Toplumda düýpli özgertmeleriň amala aşyrylmagy netijesinde häzirki döwürde oba hojalyk pudagy diňe bir ýurduň ilatynyň oba hojalyk we azyk senagaty önümleriniň esasy görnüşlerine bolan isleglerini kanagatlandyrman, eýsem önümleriň köp görnüşleriniň eksportyny hem üpjün edýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ilatynyň sarp edýän iýmit önümleriniň 90% gowragynyň özümizde öndürilmegi doly azyk howpsuzlygyny üpjün edýär. Hormatly Prezidentimiz azyk üpjünçiligi bilen bir hatarda iýmit önümleriniň hiline hem uly ähmiýet berýär. «Iýmit önümleriniň howpsuzlygynyň we hiliniň üpjün edilmegi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ilatymyzyň saglygyny goramaga gönükdirilendir.

Türkmenistan XXI asyryň ulag gurluşynyň integrasiýa ösüşiniň giňişlikleriň, sebitleriň, senagat, serişde, adam mümkinçilikleriniň baglanyşyklydygyna ynanýar. Geljek iň uly halkara deňiz, derýa, awtomobil, demir ýollaryna hem-de howa merkezlerine çykmak, olaryň amatly utgaşmasyndan we hersiniň artykmaçlygyndan peýdalanmak bilen birleşdirilen ulag aragatnaşyk ulgamyna degişlidir. Biziň ýurdumyz geçmişde söwdada, medeniýetde, ylymda we durmuşyň beýleki ulgamlarynda adamzadyň gazananlaryny Zeminiň çar künjüne ýaýratmakda uly orny eýelän Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregine öwrülipdi. Türkmenistan ulag-logistika ulgamyny ösdürmek, ulag diplomatiýasyny ilerletmek bilen bagly anyk başlangyçlary öňe sürüp, olary iş ýüzünde durmuşa geçirýän döwlet hökmünde ykrar edilýär.

***M. Muhammedow,***
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Dünýä ykdysadyýeti kafedrasynyň müdiri,*

***S. Nurmuhammedow,***
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Dünýä ykdysadyýeti kafedrasynyň mugallymy*

# SEBITDE EKOLOGIÝA HOWPSUZLYGYNY ÜPJÜN ETMEK BOÝUNÇA TÜRKMENISTANYŇ BAŞLANGYÇLARY

Sebitde we dünýä derejesinde ekologik howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňe süren netijeli başlangyçlary, ýurdumyzda ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek işine döwlet derejesinde ýokary üns berilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Türkmenistan bu meseleleri halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň esasynda, sebitiň ähli döwletleriniň her biriniň bähbidiniň nazara alynmagynda we abraýly halkara guramalarynyň, ilkinji nobatda bolsa, BMG-niň işjeň gatnaşmagynda çözülmeginiň tarapdarydyr.

Türkmenistanda daşary syýasy strategiýanyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi tutuş dünýäde parahatçylygy, abadançylygy we rowaçlygy üpjün etmäge, Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetilmegine mynasyp goşant goşýar. Peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiz hem sebitde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmeklige uly üns berýär. 2023-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň öňe süren halkara başlangyçlarynyň bir hem ekologiýa meselelerine degişlidir. Bu möhüm ugurda Türkmenistan Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalaryň sebit merkezini döretmek baradaky teklip bilen çykyş etdi. Şunuň bilen baglylykda, merkeziň işlemegi üçin Türkmenistanyň paýtagty Aşgabatda guramaçylyk we tehniki şertleri döretmäge ýurdumyzyň taýýardygy beýan edildi. Şeýle hem özboluşly tebigy toplum bolan Hazar deňziniň ekologiýa meselesi hem sebitde wajyp orny eýeleýär. Kenarýaka ýurtlar tarapyndan köpýyllyk tutanýerlilik we hormat goýmak arkaly alnyp barlan hyzmatdaşlygyň netijesinde, Hazar syýasatynyň umumy esasy düzgünleri işlenip taýýarlanyldy. Şol sanda esasy resminama – Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy

hakynda Konwensiýa kabul edildi. Bu bolsa kenarýaka döwletleriň BMG bilen giňden we ulgamlaýyn hyzmatdaşlyk etmäge başlanmagy üçin gowy mümkinçilikleri açýar.

Türkmenistan Hazar deňziniň gurşawyny goramak hem-de Merkezi Aziýanyň durnukly ösmegi üçin daşky gurşawy goramak hakyndaky Çarçuwaly Konwensiýalaryň bir tarapy bolmak bilen sebitleýin tebigaty goramak hyzmatdaşlygynda işjeň orun eýeleýär. Iri sebitleýin maksatnamalara – «Daşky gurşawy goramak boýunça işleriň meýilnamasyna», «Hazaryň ekologiýa maksatnamasyna», «Ýer serişdelerini dolandyrmak boýunça Merkezi Aziýa ýurtlarynyň başlangyçlaryna», «Merkezi Aziýanyň möhüm ornitologik ýerleri» we beýlekilere gatnaşmak bilen, ýurdumyz ekologiýa howpsuzlygyň esasy ugurlary bolan suw serişdelerini goramak we olaryň hili, ýerleriň şorlaşmagynyň, eroziýasynyň, howanyň üýtgemeginiň öňüni almak, bioköpdürlüligi saklamak ýaly sebit derejesindäki meseleleri çözmäge gönükdirilen işleri amala aşyrýar.

Azyk howpsuzlygyny üpjün etmek üçin durnukly oba hojalyk tejribeleriniň ulanylmagy Merkezi Aziýa döwletleri üçin hem ileri tutulýan ugurdyr. Howanyň üýtgemegi, azyk ulgamy we durmuş-ykdysady şertler özara berk baglanyşyklydyr. Şunuň bilen baglylykda, howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we onuň täsirlerini peseltmek ulgamyndaky öňdebaryjy dünýä tejribesiniň öwrenilmegi hem-de ulanylmagy aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Merkezi Aziýa üçin howanyň üýtgemegi boýunça tehnologiýalaryň sebit merkezi bu wezipäni çözmekde netijeli gural bolup biler.

Araly halas etmegiň Halkara Gaznasy – Aral deňziniň sebitlerinde durmuş-ykdysady ýagdaýy gowulandyrmaga gönükdirilen bilelikdäki maksatnamalary we taslamalary işläp düzmek we maliýeleşdirmek maksady bilen 1993-nji ýylda döredildi. Gaznanyň tagallalary bilen Merkezi Aziýa sebitinde özara düşünişmek hereketleri, suw hojalyk we ekologiýa häsiýetli wezipeler çözülýär, döwletleriň hyzmatdaşlygy ösdürilýär. 2008-nji ýylda Araly halas etmegiň Halkara Gaznasyna BMG-niň Baş Assambleýasynda synçy derejesiniň berilmegi halkara guramalar, donor ýurtlar, ekologiýa gaznalary bilen hyzmatdaşlygy has işjeňleşdirmäge oňyn täsirini ýetirdi.

Türkmenistan 2012-nji ýylda BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň «Serhetüsti suw akymlaryny hem-de halkara kölleri gorap saklamak we peýdalanmak» hakynda Konwensiýa goşuldy we Merkezi Aziýanyň durnukly ösmegi üçin daşky gurşawy goramak boýunça Sebitleýin maksatnamany işläp taýýarlamak başlangyjy bilen çykyş etdi. Ol sebitiň

ýurtlary tarapyndan durnukly ösüş maksatlarynyň ekologiýa maksatlary we BMG-niň tebigaty goramak Konwensiýalary boýunça borçnamalaryny, Howa boýunça Pariž ylalaşygyny durmuşa geçirmek we Durnukly ösüş boýunça döwletara toparynyň we Araly halas etmek boýunça halkara gaznasynyň Müdiriýetiniň çözgütlerine laýyklykda «ýaşyl» ykdysadyýeti ornaşdyrmak boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirmeklerine ýardam eder.

Hormatly Prezidentimiz 2025-nji ýylyň 4-nji aprelinde Özbegistan döwletiniň Samarkant şäherinde geçirilen «Merkezi Aziýa ählumumy howa meseleleriniň öňünde: bilelikdäki abadançylyk üçin jebislik» atly halkara forumynda sebit üçin derwaýys ähmiýete eýe bolan suw meselesi barada hem belläp geçdi. Merkezi Aziýa sebitinde suwy tygşytlamak üçin Ýewropa Bileleşiginiň tehnologik we usulyýet taýdan ýardam bermegi bar bolan kynçylyklary çözmekde oňyn täsir edip biler we bu ugurdaky hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça uly mümkinçilikler bar.

Türkmenistanyň ekologiýa başlangyçlaryny durmuşa geçirmek hyzmatdaşlygyň möhüm ugrudyr. Bu başlangyçlar hemmelere mälim bolup, sebit we ählumumy häsiýete eýedir. Şolaryň hatarynda Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmek we ýapyk aýlanyşykly ykdysadyýete geçmek maksatnamasyny taýýarlamagy görkezmek bolar.


***S. Diwanow,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň*
*Ykdysadyýet we hukuk kafedrasynyň müdiriniň*
*wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji, uly mugallym*


## EKOLOGIÝA WE DAŞKY GURŞAWY GORAMAKDA KANUNÇYLYK BINÝADYNYŇ ÄHMIÝETI

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy» döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyz gün-günden ösýär. Ýurdumyzyň ösüşinden ugur alyp, milli kanunçylygymyz hem döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirilýär. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýurdumyzda amala aşyrylýan ägirt uly durmuş-ykdysady özgertmelerde daşky gurşawa aýawly çemeleşmek syýasaty ileri tutulýan ugurlaryň biridir.

Arassa tebigatymyzy gorap saklamak biziň her birimiz üçin örän wajypdyr. Çünki arassa tebigat – arassa ýaşaýşyň esasydyr. Tebigaty goramak boýunça milli strategiýany durmuşa geçirmek bilen, ýurdumyz bu ugurda milli kanunçylyk arkaly ekologiýa we daşky gurşawy goramak boýunça degişli işler alyp barýar. Çünki howanyň ýaramaz täsirleri haçan-da ekologiýa howpsuzlygynyň kada-kanunçylygy bozulan ýagdaýynda ýüze çykýar. Ekologiýa we daşky gurşawy goramak boýunça hukuk üpjünçiligini berkitmek we bu ulgamda halkara-hukuk binýadyny pugtalandyrmak maksady bilen netijeli başlangyçlar durmuşa geçirilýär. Türkmenistan ekologiýa ulgamynda halkara borçnamalary we milli hukuk namalaryny ýerine ýetirmäge aýratyn üns berýär.

Şolaryň netijesinde hukuk taýdan berkitmek üçin olara degişli hukuk namalary kabul etmek zerur bolup durýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 53-nji maddasynda «Her bir adamyň jany we saglygy üçin amatly daşky gurşawa, onuň ýagdaýy barada hakyky maglumata we ekologiýa kanunçylygynyň bozulmagy ýa-da tebigy betbagtçylyk netijesinde saglygyna we emlägine ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyna hukugy bardyr. Döwlet ilatyň sagdyn ýaşaýyş şertlerini goramak we üpjün etmek, daşky gurşawy goramak we onuň durnukly ýagdaýyny saklamak maksady bilen tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylyşyna gözegçilik edýär. Her bir adam tebigaty goramaga, daşky gurşawa we tebigy baýlyklara aýawly çemeleşmäge borçludyr» diýlip, kesgitlenilýär.

Bu konstitusion kadanyň netijeli hereket etmegi üçin, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň giň toplumy kabul edildi. Olara mysal hökmünde, «Ekologiýa auditi hakynda», «Ekologiýa howpsuzlygy hakynda», «Ekologiýa maglumaty hakynda», «Ekologiýa seljermesi hakynda», «Tebigaty goramak hakynda», şeýle hem «Ozon gatlagyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna salgylanyp bileris. Bu Kanunlaryň hereket etmegi ýurdumyzyň daşky gurşawyny we ekologiýany goramakda ähmiýetli orna eýedir.

«Ekologiýa howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan hojalyk we beýleki iş amala aşyrylýan mahalynda ekologiýa howpsuzlygy babatda gatnaşyklary düzgünleşdirýär hem-de adamyň we jemgyýetiň ýaşaýşynyň möhüm bähbitlerini üpjün etmäge, daşky gurşawa antropogen we tebigy täsiriň netijesinde ýüze çykýan howpdan goramaga gönükdirilendir.

Ekologiýa howpsuzlygy babatda kadalaşdyrma ekologiýa howpsuzlygyna abanýan howplaryň öňüniň alynmagyny üpjün edýän hojalyk we

beýleki işiň daşky gurşawyň ýagdaýyna we ilatyň saglygyna ýaramaz täsirini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek maksady bilen amala aşyrylýar.

«Ekologiýa maglumaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ekologiýa maglumatlaryna elýeterliligi üpjün etmegiň hukuk, guramaçylyk, ykdysady we durmuş esaslaryny kesgitleýär hem-de ýuridik we fiziki şahslary daşky gurşawyň ýagdaýy we tebigy serişdeler barada doly, dogry we öz wagtyndaky maglumaty almaga bolan hukuklaryny üpjün etmäge gönükdirilendir.

«Ekologiýa seljermesi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ekologiýa seljermesi babatdaky gatnaşyklary düzgünleşdirýär we meýilleşdirýän hojalyk hem-de beýleki işiň daşky gurşawa we ilatyň saglygyna ýaramaz täsiriniň öňüni almaga gönükdirilendir.

«Ekologiýa auditi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ekologiýa auditini geçirmegiň hukuk we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär hem-de hojalygy ýörediji subýektleriň işiniň ekologiýa taýdan esaslylygynyň we netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilendir.

Ekologiýa auditiniň maksady daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda işi kämilleşdirmek, şeýle hem hojalyk we beýleki işiň daşky gurşawa ýaramaz täsir etmeleriniň öňüni almak hem-de peseltmek bolup durýar.

Ekologiýa auditiniň wezipeleri:

– hojalyk we beýleki iş amala aşyrylan mahalynda daşky gurşawy goramagyň we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň talaplarynyň berjaý edilişine seljeriş geçirmek we baha bermek;

– ekologiýa auditini buýrujy tarapyndan geçirilýän daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çäreleriň netijeliligine, doly ýeterlikligine hem-de esaslylygyna baha bermek;

– ekologiýa auditiniň obýektlerine ekologiýa meselelerini ýüze çykarmak we kesgitlemek.

Ýokardaky salgylanylan Türkmenistanyň Kanunlary bilen bir hatarda «Ýaşyl» ykdysadyýetiň standartlarynyň ornaşdyrylmagy hem, ýurdumyzyň ekologiýa we daşky gurşawy goramakda hukuk binýadyny ösdürmäge gönükdirilendir. Ähli ugurlarda ýokary ekologiýa talaplaryny berjaý etmek, sebit we dünýä derejesinde Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda edilýän işler ekologiýa syýasatynyň iş ýüzünde durmuşa geçirilýändiginiň subutnamasydyr.

***B. Hojamgulyýewa,***
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Marketing kafedrasynyň müdiriniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji,*

***A. Kadyrowa,***
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Marketing kafedrasynyň uly mugallymy*

# ENERGETIKA WE HALKARA GATNAŞYKLARY

Häzirki maglumatlar döwründe we hemme ugurlar boýunça işleriň diwersifikasiýa ýoly bilen alnyp barylmagy ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny önümçilige we ilatyň ýasaýyş-durmuş derejesini ýokary depginlerde ornaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Bu bolsa önümçilikde, ýasaýyş we jemgyýetçilik durmuşynda el zähmetiniň energiýa arkaly işleýän enjamlaryň zähmeti bilen ýokary depginlerde çalşyrylmagyna alyp barýar. Şeýlelikde, XXI asyryň başynda zeminde ilatyň sanynyň, energiýany sarp ediji zähmetiň, durmuş we jemgyýetçilik ýaşaýşynda energiýanyň sarp edilişiniň ýokarlanmagy dünýä boýunça energiýa serişdeleriniň sarp edilişiniň ýokarlanmagyna alyp barýar.

Günbatar Ýewropa ýurtlary, şeýle-de Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Ýaponiýa ýaly ýurtlar dünýä meýdanynyň 10%-ni, ilatynyň sany boýunça 20%-den köp bolmadyk ýagdaýynda, senagat önümleriniň 50%-ni, elektrik energiýasynyň 65%-ne golaýyny öndürip, tebigy energetika serişdeleriniň 55%-inden köprägini sarp edýärler.

Ýokarda bellenip geçilenlerden görnüşi ýaly, energiýa serişdeleriniň önümçiliginiň we sarp edilişiniň dünýä sebitleri boýunça dürli bolmagy dünýäde halkara aragatnaşyklaryna özüniň güýçli täsirini ýetirýär we bu ýagdaýyň yzygiderli ösmegini dowam edýär. Sebäbi islendik döwletiň ykdysady kuwwatyna we syýasy durnuklylygyna esasy täsir edýän ýagdaý bolup, onuň energiýa serişdelerine bolan üpjünçiligine we önümçiliginiň ýagdaýyna çykyş edýär. Şol sebäpden ykdysady we syýasy nukdaýnazarlaryň birligini üpjün etmek üçin halkara gatnaşyklarynyň täze ugurlary boýunça seljermeleri geçirmegiň zerurlygy ýüze çykýar.

Türkmenistanyň içerki we daşarky syýasatynyň esasynda esasy baýlygymyzyň biri bolan uglewodorod serişdelerimiziň esasynda emele getirilen ýangyç-energetika toplumymyzy rejeli peýdalanyp, bu ulgama halkara hyzmatdaşlygynda ähli umumy abadançylygyň, ösüşiň we rowaçlygyň esasy şertleriniň biri hökmünde garalýar. Biz milletimize mahsus bolan hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny ýola goýmakda ýangyç-energetika toplumymyzy iki tarap üçinem bähbitli bolan şertlerde giňden peýdalanýarys. Muňa mysal edip Eýran, Hytaý döwletlerine magistral gaz geçirijileriň üsti bilen tebigy gazymyzy eksport etmegimizi, goňşy ýurtlar bolan Türkiýe, Eýran, Täjigistan we Owganystan ýaly ýurtlara elektro energiýasynyň eksportyny görkezip bileris. Şeýle hem, zerur ýagdaýda ynsanperwerlik kömegini bermek bilen goňşuçylyk we dostluk gatnaşyklarymyzy berkidýäris. Muňa mysal edip Owgan halkyna sowgat berlen elektro-energiýasyny görkezmek bolar.

Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan transmilli gaz geçirijisiniň taslamasynyň gurluşygynyň alnyp barylmagy dünýä we sebit energetika ulgamynda ägirt uly ähmiýete eýedir. Bu transmilli gaz geçirijisi Türkmenistanyň eksport kuwwatlylygyny has-da artdyrmaga, sebitde energiýa howpsuzlygynyň üpjün edilmegini we ykdysady durnuklylygyň ýokarlanmagyna, şeýle hem halkara gatnaşyklarynda täze belent derejelere çykylmagyna uly itergi berer. Türkmenistanyň Prezidenti «Energiýany tygşytlamagyň 2018–2024-nji ýyllar üçin döwlet Maksatnamasyny» tassyklady.

Geljekde elektrik energiýasynyň iberilýän ugurlary diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmek hem-de möçberleri artdyrmak çaklanylýar. Häzirki wagtda türkmen energetika senagaty okgunly ösýär we dünýä bazarlarynda uly isleg bildirilýän elektrik energiýasynyň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmaga ukyplydyr. Soňky ýyllarda pudagyň düzüminiň üsti gaz turbinaly stansiýalarynyň, şol sanda Aşgabatda, Ahal, Balkan, Lebap, Daşoguz welaýatlarynda gurlan stansiýalaryň birnäçesi bilen üsti ýetirildi. Şunuň bilen birlikde paýlaýjy elektrik beketleriniň onlarçasy gurulýar, paýtagtymyzyň, beýleki şäherleriň we ilatly ýerleriň energiýa üpjünçilik we yşyklandyryş ulgamy täzelenýär.

BMG-niň çäklerinde hyzmatdaşlyk etmäge aýratyn orun berilýän giň halkara hyzmatdaşlyk syýasatyny yzygiderli durmuşa geçirýän Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan bütin adamzady tolgundyrýan durmuşyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga hem-de olary çözmegiň has oňaýly ýollaryny işläp taýýarlamaga işjeň gatnaşýar.

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna gatnaşyjy döwletleriň ykdysadyýetini ösdürmäge düýpli täsir edýän ulag, energetika we kommunikasiýa ulgamlaryn-

da, bilelikdäki iri maýa goýum taslamalaryny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek, olaryň durmuşa geçirilmegi üçin, şol sanda GDA gatnaşyjy döwletleriň ýörite ykdysady zolaklaryna maýa goýumlaryny çekmek, energetika bilen halkara üpjünçiligiň durnukly ulgamlaryny döretmek; GDA giňişliginde hem, ählumumy energetika bazarlarynda hem özara hereket etmegiň netijeli çözgütlerini we möçberlerini işläp taýýarlamak, BMG-niň çäklerinde energetika ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň gurluşlaryny işläp taýýarlamaga gatnaşmak, energiýa üpjünçiliginiň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak we ýangyç energetika serişdeleriniň peýdalanylyşyny amatly etmek maksatlarynda energetika ulgamynda hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak, uglewodorodlary gazyp almak, daşamak we üstaşyr geçirmek babatynda hyzmatdaşlyk alyp barýar.

Häzirki döwürde dünýäniň esasy energetika döwletleriniň biri hökmünde, Türkmenistan halkara bileleşigiň ünsüni energetika howpsuzlygynyň meselelerine çekmek bilen, belli bir maksada gönükdirilen halkara işini alyp barýar.

Türkmenistan tarapyndan öňe sürülýän energetika ulgamynda hyzmatdaşlyk etmegiň täze, üçünji müň ýyllygyň anyk ýagdaýlaryna laýyk gelýän halkara hukuk binýadyny kemala getirmek bilen baglanşykly we beýleki meseleler babatyndaky derwaýys başlangyçlar we teklipler BMG-niň Baş Assambleýasyndan başga-da, beýleki iri halkara maslahatlarynda we ýokary derejedäki duşuşyklarda yzygiderli ara alynyp maslahatlaşylýar. Türkmenistan ýangyç çig malyny ibermegiň ygtybarlylygyny we durnuklylygyny üpjün etmek başlangyjy bilen çykyş edip, öz tarapyndan onuň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegi boýunça anyk çäreleri we bütin adamzadyň öňünde duran ygtybarly energiýa üpjünçilik meselelerini çözmäge oňyn hem-de toplumlaýyn çemeleşýär.

***A. Berdiýewa,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň*
*Statistika kafedrasynyň uly mugallymy,*
*ykdysady ylymlaryň kandidaty*

## EKOLOGIÝA WE DAŞKY GURŞAWY GORAMAK BOÝUNÇA HALKARA HYZMATDAŞLYK

Garaşsyz Türkmenistan daşky gurşawy goramak babatda umumadamzat bähbitli içeri we daşary syýasaty alyp barýar. Sebäbi durnukly ösüşi gazanmakda halkara tagallalara ýardam bermek döwletimiziň daşary syýasatynyň örän möhüm bölegidir.

Berkarar döwletimiz Birleşen Milletler Guramasynyň daşky gurşaw boýunça Konwensiýalarynyň onlarçasyna goşulmak bilen, ýurdumyz durnukly ösüş babatda dünýä jemgyýetçiliginiň öňünde goýlan meseleleri çözmäge düýpli çemeleşýär. Bu ugurda döwletimiz Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş maksatnamasy we Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy, Bütindünýä ekologiýa gaznasy, Araly halas etmegiň halkara gaznasy, Merkezi Aziýanyň Sebitleýin ekologiýa merkezi, Germaniýanyň halkara hyzmatdaşlyk boýunça jemgyýeti ýaly, köp sanly halkara we sebit guramalary bilen yzygiderli hyzmatdaşlygy alyp barýar hem-de ekologiýa abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilen täze başlangyçlar bilen çykyş edýär.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň mejlislerinde, durnukly ösüş boýunça ýokary derejedäki maslahatlarda daşky gurşawy gorap saklamak, suw-energetika serişdelerini aýawly peýdalanmak we azyk howpsuzlygyny üpjün etmek, tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak boýunça başlangyçlary öňe sürdi. Aralýaka sebitiň ekologiýa meselelerini toplumlaýyn çözmek, Hazar deňziniň ekologiýa abadançylygyny gorap saklamak boýunça sebit we dünýä ähmiýetli täze tekliplerini beýan edýär. Birleşen Milletler Guramasyna agza ýurtlar tarapyndan kabul edilen Durnukly ösüş maksatlarynyň ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilmegi biziň bu döwrebap başlangyçlarymyzyň iş ýüzünde öz beýanyny tapýandygyna doly şaýatlyk edýär.

Daşky gurşawy goramak, ösümlik we haýwanat dünýäsine aýawly garamak, ýurdumyzyň ýer-suw serişdelerini rejeli ulanmak döwlet Baştutanymyzyň ekologiýa syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Türkmenistan halkara derejede möhüm başlangyçlar bilen yzygiderli çykyş edip, bar bolan ekologiýa meselelerini çözmäge hem-de olaryň öňüni almaga täze çemeleşmeleri teklip edýär.

«Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurulmagyna badalga berilmegi ekologik abadançylygy üpjün etmäge uly goşant boldy. Munuň özi Garagum sährasynyň howasynyň gowulanmagyna, haýwanat hem-de ösümlik dünýäsiniň baýlaşmagyna oňyn täsir etdi. Onda balyklaryň 20-ä golaý görnüşi mesgen tutdy. Şolaryň hatarynda garabalyk, lakga, okun, ýylankelle, çüýbalyk, kepir, ak amur we beýleki balyklar bar. Suwda ýüzýän guşlaryň sany hem artdy.

Türkmenistan BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly Konwensiýasyny hem-de Pariž Ylalaşygyny tassyklamak bilen, öz üstüne alan halkara borçnamalaryny ýerine ýetirýär. Türkmenistanyň Howanyň

üýtgemegi boýunça milli strategiýasynda birnäçe çäreleri amala aşyrmak göz öňünde tutulýar. Şol çäreler ähli pudaklarda, ilkinji nobatda, nebitgaz, ulag, elektrik energetikasy ulgamlarynda, obasenagat toplumynda, gurluşyk senagatynda hem-de ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygynda zyýanly zyňyndylaryň howa aralaşmagynyň derejesini peseltmäge gönükdirilendir.

Ýurdumyz bu ulgamda halkara guramalar bilen ysnyşykly hyzmatdaşlyk edýär. BMG-niň Ösüş maksatnamasy, BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy, Ählumumy ekologiýa gaznasy we beýleki abraýly halkara düzümler bilen bilelikde milli hem-de sebit derejesinde maksatnamalaryňdyr taslamalaryň onlarçasy durmuşa geçirilýär.

Türkmenistan halkara ähmiýetli täze başlangyçlary öňe sürmek bilen birlikde, milli derejede ekologiýa we suw meseleleri boýunça iri taslamalary amala aşyrmak üçin zerur şertleri döredýär. Ýurdumyzda uly tokaý zolaklaryny döretmek, çölleşmä garşy göreşmek, biologik köpdürlüligi saklamak, suwarymly ýerleriň meliorativ ýagdaýyny gowulandyrmak hem-de beýleki ugurlar boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.

Tokaý-seýilgäh zolaklaryny, ýaşyl gorag zolaklaryny döretmek, zerur bolan ösümlikleriň tohumlaryny taýýarlamak we nahallaryny ýetişdirmek, tokaýlary tükellemek, barlamak işlerini geçirmek arkaly tebigy mirasy aýawly saklamak hem-de artdyrmak baradaky maksatnama durmuşa geçirilýär.

Täsin ekologiýa ulgamyna eýe bolan Garagum sährasynyň serişdelerine aýawly çemeleşmek hem-de onuň çäginde ekologik nukdaýnazardan amatly şertleri döretmek we tebigy baýlyklaryň rejeli ulanylmagy hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň bu babatda durmuşa geçirýän syýasatynyň möhüm ugry bolup durýar. Şol ýerleriň ösümlik dünýäsini aýawly saklamaga we baýlaşdyrmaga hem-de biologik köpdürlüligi goramaga gönükdirilen taslamalar işlenip taýýarlanyldy. Hususan-da, munuň özi ak we gara sazak, gum akasiýasy, gandym, çomuç, üzärlik, ýandak, siňren, üçdiş, yşgyn, ýowşan ýaly ösümliklere hem-de beýlekilere degişlidir. Häzirki wagtda Garagumda ösümlikleriň 293 görnüşi ösýär.

Mundan başga-da, birnäçe milli maksatnamalar, strategiýalar, konsepsiýalar, şol sanda Howanyň üýtgemegi boýunça milli strategiýa we Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasy işlenip taýýarlanyldy hem-de kabul edildi. Olarda ýurdumyzda howanyň gowulanmagyna, biologik köpdürlüligi aýawly saklamaga, suw serişdelerini goramaga, ýerleriň meliorativ ýagdaýyny kadalaşdyrmaga, çölleşmä garşy göreşmäge ýardam edýän tokaý zolaklarynyň meýdanlaryny giňeltmek göz öňünde tutulýar. Ýurdumyzyň

bu ulgamdaky strategiýasy öňdebaryjy tejribä, innowasion tehnologiýalara hem-de köpasyrlyk milli däplere esaslanýar.

Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty tarapyndan çöldäki öri meýdanlaryny gowulandyrmak, ekologik ýagdaýy we ykdysady netijeliligi kadalaşdyrmak maksady bilen, gum ýerlerini oba hojalyk taýdan özleşdirmek boýunça ylmy-önümçilik maslahatlary işlenip taýýarlanyldy.

«Ýaşyl» ykdysadyýet konsepsiýasyndan ugur alnyp, senagat kärhanalaryny tehniki taýdan döwrebaplaşdyrmak boýunça anyk çäreler amala aşyrylýar. Önümçilik düzüminiň täze desgalaryny gurmak, hereket edýänleriniň durkuny täzelemek hem-de döwrebaplaşdyrmak işleri ekologik howpsuzlygyň talaplaryna laýyk gelýän öňdebaryjy tehnologiýalary we tehniki çözgütleri ulanmak arkaly alnyp barylýar.

Bu toplumlaýyn çäreleriň ählisi ýurdumyzda tebigaty goramak babatda durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň, milli, sebit we halkara derejede amala aşyrylýan hem-de häzirki döwrüň möhüm meselelerini çözmäge, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde halkara bileleşigiň tagallalaryny birleşdirmäge gönükdirilen giň gerimli ekologik maksatnamalaryňdyr taslamalaryň esasy ugurlary bolup durýar.

***M. Ýazlyýew,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Statistika kafedrasynyň uly mugallymy, ykdysady ylymlaryň kandidaty,*

***A. Ataýewa,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Statistika kafedrasynyň uly mugallymy*

## «ÝAŞYL» YKDYSADYÝET – DÖWRÜŇ WAJYP MESELELERINIŇ BIRIDIR

Ykdysadyýetimiziň ösüşiniň häzirki döwründe birnäçe döwrebap ugurlara aýratyn uly ähmiýet berilýär. Olara ekologiýa taýdan arassa, döwrüň talybyny kanagatlandyrýan täze tehnologiýalary durmuşa ornaşdyrmaklygy, sanly tehnologiýalary we sanly ykdysadyýetiň giň mümkinçiliklerini peýdalanmak arkaly ykdysadyýetiň binýadyny has-da kämilleşdirmekligi, «ýaşyl» ykdysadyýeti

ösdürmekde tükeniksiz energiýanyň gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ulanýan täze pudaklary we önümçilikleri mysal getirmek bolar.

Makalada «ýaşyl» ykdysadyýetiň düýp manysy, döwrebap ugurlary, adaty ykdysadyýetden tapawudy barada, şeýle hem «ýaşyl» ykdysadyýetň esasy ugurlarynyň ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşindäki ähmiýeti barada durlup geçilýär.

Hünärmenleriň kesgitlemeklerine görä, «ýaşyl» ykdysadyýet – bu tebigy baýlyklary netijeli ulanmagyň hasabyna jemgyýetiň abadançylygyny saklamaga gönükdirilen, şeýle hem ahyrky ulanylýan önümleriň önümçilik tapgyryna gaýtarylyp getirilmegini üpjün edýän ykdysadyýetdir.

«Ýaşyl» ykdysadyýetiň ekologik oba hojalygynyň, «ýaşyl» senagat önümçiliginiň, alternatiw energetikanyň we beýlekileriň durnukly ösüşini talap edýär. «Ýaşyl» ykdysadyýetiň esasy ugurlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň durmuşa ornaşdyrylmagy;
– durmuş galyndylaryny dolandyrmak ulgamyny kämilleşdirmek;
– suw serişdelerini dolandyrmak ulgamyny kämilleşdirmek;
– «arassa» ulagyň ösüşi;
– oba hojalygynda organiki ekerançylyk;
– ýaşaýyş – kommunal hojalygynda energiýa netijelilik;
– ekoulgamy saklamak we netijeli dolandyrmak.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, «ýaşyl» ykdysadyýetiň esasy ugurlarynyň biri energiýanyň alternatiw çeşmelerini durmuş ulgamynda we ykdysadyýetiň pudaklarynda ornaşdyrmak bolup durýar. Şu nukdaýnazardan alnanda energiýanyň adaty bolmadyk çeşmeleriň düşewüntli we maksadalaýyk ulanmakda netijeli, akylly – başly çözülmeli birnäçe meseleleriň bardygyny belläp geçmeli. Günüň dowamynda ýere Gün şöhlesiniň doly düşüşiniň birsydyrgyn däldigi sebäpli – bu bolsa Gün enjamlarynyň endigan we ygtybarly işlemegi üçin gündizine energiýany toplap saklamak bilen, Gün şöhlesiniň ýok wagtynda onuň akkumulýatorlary zerurdyr. Mundan başga-da, Gün şöhlesiniň energiýa öwürmek bilen baglanyşykly tehniki kynçylyklar hem ýok däl ýöne, muňa garamazdan, mesele örän wajyp we döwrebapdyr. Türkmenistan tebigy taýdan baý döwletdir. Şol tebigy baýlyklary tygşytly ulanmak esasy meseleleriň biri bolup durýar. Dünýäniň alternatiw energiýa babatynda gazananlaryny ulanyp, energiýanyň adaty däl çeşmelerini milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna ornaşdyrmak iň bir döwrebap meseleleriň biridir. Türkmenistan diňe bir nebit we gaz ýaly serişdelere baý döwlet bolman, eýsem alternatiw energiýanyň görnüşleri bolan Gün we ýel energiýasyna baý döwletdir.

Ýel energiýasy barada aýdylanda bolsa, ýeliň tizliginiň ýokary däldigi we üýtgäp durýandygy zerarly onuň energiýasyny peýdalanmakda birnäçe kynçylyklar bar. Ýöne ol kynçylyklar häzirki döwürde ylmy-tehniki progresiň has ýokary depginlerde ösýän döwründe alymlar, inženerler, hünärmenler tarapyndan netijeli çözülmegi mümkin.

Energiýanyň alternatiw çeşmelerini ulanýan enjamlaryň durmuş we energetik netijeliligi, has takygy adaty elektrik energiýasyny çalşyp bolýandygy we elektrik energiýasyny geçiriji ulgamdan daşda ýerleşýän sarp edijiler üçin durmuş ähmiýetli şeksizdir. Energiýanyň dikeldilýän çeşmelerine tükeniksiz Gün şöhlesi, ýeliň tizligi, deňizleriň we ummanlaryň suw tolkunlary, ýerasty çeşmeleriň geotermal ýylylygy degişlidir. Gidroenergetika resurslary hem öz gezeginde, energiýanyň adaty däl çeşmeleriniň bir görnüşidir. Gidroelektrik bekedinde elektrik energiýany öndürmek adaty energetikanyň doly özleşdirilen we giňden ösen ugurlarynyň biridir.

Gün şöhlesiniň ägirt köp mukdardakysynyň Ýere düşýändigi, onuň biziň ýaşaýşymyza täsir edýändigi sebäpli, ony peýdalanmagyň örän uly durmuş-ykdysady bähbidi bardyr. Iýul aýynda günüň dowamlylygy 16 sagada ýetýär. Gün energiýasynyň ýere düşýän şöhlesiniň ortaça möçberi bir inedördül metre 800 *Wt* hasaplanýar. Munuň özi bolsa, tutuş ýurdumyzyň çägine düşýän Gün energiýasynyň kuwwatynyň örän ummasyzdygyny aňladýar. Umuman alanyňda, Gün energiýasy energiýanyň adaty däl çeşmeleriniň düzüminde wajyp orny tutýar.

Energiýanyň dikeldilýän çeşmelerini netijeli we rejeli ulanmagyň esasy ugurlaryny içgin öwrenmek, bu ugurda innowasion statistikany emele getirmek we olaryň durmuşa tiz ornaşdyrylmagy energiýany sarp edijileriň durmuş-ykdysady ýagdaýyny gowulandyrmaga ýardam eder. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ilatynyň ýaşaýyş derejesini, medeniýetini ýokarlandyrmaga, ykdysadyýetini has-da pugtalandyrmaga uly mümkinçilikleri döreder.

Häzirki wagtda ekologiýanyň ýitileşme ýagdaýynda wajyp bolan çig mallara ýüzleý garalmagy galyndylaryň biosfera agdyk ýüklenme şertlerinde onuň öz-özüni sazlama mümkinçilikleriniň gowşamagyndan habar berýär. Şonuň üçin ikinji derejeli çig mallary gaýtadan işlemek sferasynyň işlerini tertipleşdirmek döwletiň durmuş-ykdysady çäklerinde ekologiýa ýagdaýlarynyň ileri tutulýan ugry bolup çykyş edýär. Bular häzirki zaman şertlerinde sebitiň ekologiýa howpsuzlygyna mahsus bolan talaplary görkezýär. Bu bolsa öz gezeginde şu aşakdaky görkezilen

işleriň hasabyna strategik dolandyrmalary durmuşa geçirmekligi talap edýär:

– daşky gurşawy bahalandyrmak we seljerme geçirmekligi amala aşyrmak;

– olaryň üýtgeşmeleri barada ylmy taýdan esaslandyrylan çaklamalary düzmek;

– hojalyk işleriniň netijeleriniň ekologiýa howpsuzlygynyň talaplaryna laýyk gelmegini gazanmak.

Ýurdumyzyň ekologiýa meselesini dünýä standartlaryna laýyklykda alyp barmak, dünýä tejribesini öwrenmek hormatly Prezidentimiziň baş maksatlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyzyň ekologiýa – ykdysady ýagdaýyny kämilleşdirmekde sebit ykdysadyýetiniň guramaçylyk we önümçilik düzümini hasaba almak bilen «ýaşyl» ykdysadyýetiň esasy ugurlaryna degişli bolan energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini, hem-de ikinji derejeli maddy resurslary peýdalanmak işini özgertmek, pudaklaýyn düzüminiň aýratynlyklaryny, şeýle hem işiň tehnologiýa we funksional baglanyşyk aýratynlyklaryny göz öňüne tutmak esasy orun eýeleýär.

**_S. Hojanazarowa,_**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň*
*Marketing kafedrasynyň uly mugallymy,*
*ykdysady ylymlaryň kandidaty*

## ELEKTRIK ENERGETIKA PUDAGYNYŇ ÖSÜŞINI WE WEZIPELERINI SELJERMEK

Türkmenistanyň dünýäniň ykdysady ulgamyna netijeli goşulyşmagy, ýurdumyzda ösen senagatyň kemala gelmegi hem-de halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň yzygiderli ýokarlanmagy bilen, elektrik energetika pudagynda maýa goýumlary özleşdirilip, bu pudak döwrebap ösdürilýär.

Türkmenistanyň ýangyç-energetika toplumy milli ykdysadyýetimiziň esasy ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bu toplum özüne birnäçe kärhanalary, guramalary we tehnologik obýektleri birleşdirip, olar sarp edijilere belli hil görkezijiler bilen häsiýetlendirýän, amatly, oňaýly görnüşinde ýangyç serişdelerini işläp geçirýän we dürli görnüşlere öwürmäge mümkinçilik berýär. Ýangyç energetika toplumynyň düzümine nebit, gaz we elektroenergetika

degişlidir. Ýurdumyzda emele gelen ykdysady mümkinçilikleriň we tebigy resurslaryň görnüşinde bu toplum özeni bolup, ol ýeke milli ykdysadyýeti we ýurdumyzyň halkyny ýangyç-energiýa bolan islegi kanagatlandyrman, ol hem döwletiň içki we daşyndan gelýän girdejiler emele getirýär hem-de sebitde, Garaşsyz döwletleriň arasynda daşary ýurtlar bilen gyzyklanmalary jemleýär. Ýangyç energetika toplumy jemgyýetiň durmuş-ykdysady durnuklylygyň we ýurduň ykdysady howpsuzlygyny üpjün edýän möhüm şertidir. Biziň ýurdumyz dünýäniň energetika döwletleriniň öňdebaryjylaryň hataryna girýär we ýylylyk elektrik stansiýalary üçin ýangyjyň ekologiýa taýdan iň arassa çeşmesi bolup durýan gazyň ägirt uly gorlaryna eýedir.

Häzirki günde «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň elektroenergetika pudagynyň maddy enjamlaýyn binýadyny düýpli döwrebaplaşdyrmak we pugtalandyrmak, täze energiýa ulgamlary döretmek, ýokary hünär derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça netijeli çäreler görülýär. Olarda paýtagtymyzyň we welaýatlaryň sazlaşykly ösmegini nazara almak bilen, kuwwatyň ençeme esse ätiýaçlygy göz öňünde tutulýar. Maksada gönükdirilen işleriň amala aşyrylmagy netijesinde, bu günki gün Türkmenistanyň energetika senagaty ýokary ösüş depginlerini görkezýär hem-de ýurdumyzyň içerki hajatlary bilen birlikde, eksportynyň artýan mukdaryny üpjün etmäge ukyplydyr. Energetikanyň ösüşine halk hojalygynda bolup geçýän ykdysady hadysalar täsir edýär.

Ýangyç-energetika toplumynyň aýratynlyklary seljerilende birnäçe talaplary göz öňünde tutmak zerurdyr, sebäbi ol toplumyň şertlerini we ösüş aýratynlyklaryny emele getirýär. Bu aýratynlyklara şular degişlidir:

– halk hojalyk pudagynda hemişe energo resurslaryň öndürilişiniň we sarp edilişiniň ösüşi;

– halk hojalyk pudaklarynyň islegini kanagatlandyrmagynda energoresurslaryň, energogöterjileriň, energiýa abzallaryň giňişleýin çalyşmak mümkinçilikleri bilen peýdalanmak;

– ýangyç energetika toplumynyň ýokary maliýe serişdeleriň sygymlylygy;

– daşky gurşawa ýetirýän oňyn we oňaýsyz täsiri;

– sebitleriň we etraplaryň infrastrukturasyna işjeň täsiri;

– durmuş ykdysady ulgamyň ýangyç energetika toplumy bilen baglanşygy.

Ýangyç energetika toplumynyň aýratynlyklary seljerilende Türkmenistanyň dünýäniň ykdysady hojalygyna barha işjeň aralaşýandygy ýüze çyka-

ryldy hem-de howanyň ählumumy üýtgemegi, daşky gurşawy goramak we tebigy serişdeleri tygşytlamak maksady bilen, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden peýdalanmaga uly üns berilýändigi ýüze çykaryldy. Mysal hökmünde, «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny durmuşa geçirmek maksady bilen Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynda, has takygy, «Altyn asyr» Türkmen kölüniň kenarynda gurulýan täze döwrebap obanyň elektrik üpjünçiligi üçin kuwwatlylygy 10 megawat bolan Gün we ýel elektrik stansiýasyny gurmaga kararyň kabul edilendigine salgylanyp bolar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynda, şol sanda energetika pudagynda sanly intellektual tehnologiýalaryň we usullaryň kämilleşdirilmegini we ornaşdyrylmagyny dowam edilýär. Elektroenergetika pudagynda sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagynyň esasy maksady - ilatly ýerleriň energo üpjünçilik ulgamlarynyň ygtybarlylygyny we netijeliligini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Bu ulgamlarda sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagynyň esasy wezipeleri şulary öz içine alýar:

– elektroenergetika pudagynda ýitgileri we beýleki harajatlary seljermek;

– energiýa serişdeleriň peýdalanylyşy baradaky maglumatlary uzak aralykda ýerleşýän enjamlardan elektron görnüşinde ýygnamagyň, jemlemegiň we özara alyşmagyň mümkinçiliklerini gowulandyrmak;

– ýurdumyzda öndürilen elektrik energiýasyny ölçeýji enjamlaryň ornaşdyrylýan möçberlerini artdyrmak üçin şertleri döretmek;

– köçelerde energiýa tygşytlaýjy we daş aralykdan dolandyrylýan yşyklandyryş sütünleriniň ornaşdyrylmagyny ýaýbaňlandyrmak;

– elektroenergetika pudagynda sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna hususy maýa goýum serişdelerini çekmek;

– elektron resminamalar dolanyşygyny ösdürmek arkaly energiýa üpjünçilik ulgamlaryna baglanmakda sarp edilýän wagtyň tygşytlanylmagyny gazanmak.

Energiýa serişdelerini gaýtadan işlemek pudagynda hyzmatdaşlygy ösdürmek we täze ekologik standartlarynyň çäklerinde öňdebaryjy tehnologiýalary alyşmak, öňdebaryjy ýöriteleşdirilen enjamlary satyn almak üçin maýadarlary çekmek, ekologik taýdan arassa önümçilikleri işe girizmek Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şunda ekologik talaplar milli ýangyç-energetika toplumynyň energetik özgertmelerini kesgitleýän möhüm görkeziji bolup çykyş edýär. Ol talaplar Ekoulgama aýawly çemeleşmek, innowasion ösüşiň binýady hökmünde «ýaşyl»

tehnologiýalary ulanmak, daşky gurşawy geljek nesiller üçin gorap saklamak ýaly maksatnamalary özüne jemleýär. Dünýä ykdysadyýetiniň ösüşi energiýanyň sarp edilişiniň has-da artmagyna sebäp bolýar. Şunuň bilen baglylykda, daşky gurşawa ýetirilýän zyýanynyň öňüni alýan az çykdaýjyly energiýa almak wezipesi wajyp ähmiýete eýedir. Ýurdumyz dünýä bileleşiginiň ünsüni energetika howpsuzlygynyň meselelerine çekmek arkaly soňky ýyllarda maksada okgunly halkara çäreleri amala aşyrýar, daşary ýurtly kompaniýalar bilen hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýär. Her ýyl geçirilýän pudaklaýyn sergiler, duşuşyklar we maslahatlar ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumyny, bu pudakda halkara hyzmatdaşlygy ilerlemek üçin netijeli meýdança bolup durýar.

**_H. Baýramow,_**

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Ykdysady nazaryýet kafedrasynyň uly mugallymy, geografiýa ylymlarynyň kandidaty*

## HOWANYŇ ÜÝTGEMEGI WE DURNUKLY ÖSÜŞ

Türkmenistan Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde ykdysadyýetde we durmuş pudaklarynda bolşy ýaly, ekologiýa ulgamynda hem oňyn netijeleri gazanandygyny bellemek bolar. Türkmenistanyň syýasatynyň ileri tutulýan möhüm ugurlarynyň biri hem daşky gurşawy goramakdan, tebigata aýawly garamakdan, geljekki nesiller üçin onuň baýlyklaryny gorap saklamakdan, ýer-suw serişdelerini rejeli peýdalanmakdan, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde dünýä jemgyýetçiliginiň tagallalaryny birleşdirmekden ybaratdyr.

Türkmenistan howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmäge işjeň gatnaşýar. Birleşen Milletler Guramasynyň tebigaty goramak boýunça esas goýujy ylalaşyklaryny, şol sanda Serhetüsti derýalary we halkara kölleri goramak we peýdalanmak boýunça Konwensiýasyny, Suw-batgalyk ýerler hakyndaky Ramsar Konwensiýasyny, şeýle hem Howanyň üýtgemegi boýunça Pariž ylalaşygyny tassyklamak bilen, öz üstüne alan halkara borçnamalaryny doly we gyşarnyksyz berjaý edýär.

Howanyň üýtgemeginiň hem-de daşky gurşawa zyýan ýetirilmeginiň öňüni almak ýaly meseleleri çözmek maksady bilen, ýurdumyzda energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleriniň ulanylmagy ýaýbaňlandyrylýar. Türk-

menistanyň tebigy howa şertleri energiýanyň gaýtadan dikeldilýän görnüşleri bolan Gün we ýel energiýalaryny ulanmaga giň mümkinçilikleri döredýär. Bu mümkinçilikler merkezi elektrik üpjünçilik ulgamyndan uzakdaky ilatly ýerleriň energiýa üpjünçiligini gowulandyrmaga we zyýanly gazlaryň daşky gurşawa zyňylmagyny azaltmaga ýardam berip, Günüň hem-de ýeliň energiýasynyň ulanylmagy «ýaşyl» ykdysadyýetiň kuwwatyny artdyrar.

Ýurdumyzda milli wodorod energetikasy pudagyny döretmegiň we bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmagyň strategik maksatlary, gönüden-göni energetika syýasaty bilen baglanyşyklydyr. Energiýanyň gaýtadan dikeldilýän görnüşleriniň hataryna girýän wodorodyň ekologik taýdan arassalygy babatda geljegiň ýangyjy hökmünde barha giňden ykrar edilýär.

Türkmenistan howanyň üýtgemeginiň meselelerine aýratyn ähmiýet berýär. Şu ugurda 2019-njy ýylda tassyklanan rejelenen görnüşdäki «Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň Milli strategiýasynyň» maksady ygtybarly amatly şertleriň döredilmeginiň, ähli ileri tutulýan pudaklaryň howanyň üýtgemegine netijeli hem-de sazlaşykly uýgunlaşmagynyň we ýurduň pes-uglerodly ösüşine ýardam edýän howanyň üýtgemeginiň öňüni almak boýunça netijeli çäreleri işläp taýýarlamagyň üsti bilen Türkmenistanyň ykdysady, azyk, suw we ekologiýa howpsuzlygyny hem öz içine alýan durmuş-ykdysady ösüşiniň howanyň üýtgemeginiň täsirine durnuklylygyny üpjün etmek bolup durýar. Türkmenistan howanyň üýtgemegine garşy göreşmek boýunça işjeň çäreleri geçirýär, BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly Konwensiýasyna we howanyň ählumumy üýtgemeginiň öňüni almaga gönükdirilen Pariž ylalaşygyna gatnaşyjy tarap bolup durýar.

Ýurdumyzda senagat pudaklarynyň gurluş düzümleriniň netijeliligini ýokarlandyrmaga, daşky gurşawy we ekologiýa ulgamlaryny gorap saklamaga hem-de dikeltmäge uly üns berilýär. Ýurdumyz ýyladyş gazlarynyň howa aralaşmagyny çäklendirmäge we täze tehnologiýalary hem-de ylmy işläp düzmeleri ornaşdyrmak bilen, howanyň üýtgemeginiň täsirine durnuklylyk mümkinçiliklerini ýokarlandyrmaga ugur alýar.

Türkmenistanyň uzak möhletleýin çäreleriniň biri howanyň täsirini peseltmek üçin tokaýlary täzeden dikeltmek hem-de ýerden peýdalanylyşyny gowulandyrmak boýunça işleridir. Ekologiýa ulgamynyň we tokaý hojalygynyň howanyň üýtgemegine durnuklylygyny netijeli ýokarlandyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasy kabul edildi. Maksatnama dürli pudaklaryň dolandyryş edaralary, Aşgabat şäheriniň hem-de welaýatlaryň häkimlikleri tarapyndan her

ýyl millionlarça ýaprakly, saýaly, miweli baglaryň we üzüm nahallarynyň, çöl ösümlikleriniň ekilmegini göz öňünde tutýar.

Türkmenistan Durnukly ösüş maksatlarynda bilimi üpjün etmek boýunça işjeň işleri alyp barýar, bilim täsir ediş derejesi ýokary bolan möhüm gural bolmak bilen, daşky gurşaw babatynda pikirlenişi we özüňi alyp barmagy üýtgetmäge mümkinçilik berýär. Howanyň üýtgemeginiň ýitiligini peseltmek we onuň netijelerini gowşatmak boýunça, olara uýgunlaşmak we ir öňüni almak boýunça aň-bilimi, maglumatlaryň ýaýradylyşyny we adamlaryň we edaralaryň mümkinçiliklerini gowulandyrmak wezipesini üstünlikli amala aşyrmaga ýardam berer.

Türkmenistanyň hökümeti 2022-nji ýylda Milli derejede kesgitlenilýän goşant (MDKG) atly resminamany tassyklady. Bu resminama howanyň üýtgemegine garşy göreşmek hereketlerini işjeňleşdirmek maksady bilen, Pariž ylalaşygynyň 4.4. bendinde beýan edilen gollanma laýyklykda taýýarlanyldy. Türkmenistanyň MDKG atly resminamasy, Pariž ylalaşygyna laýyklykda, ýurdumyzyň daşky gurşawa zyňylýan parnik emele getiriji gazlaryň mukdaryny azaltmak boýunça maksatlaryny beýan edýär we howanyň üýtgemegine garşy göreşmek boýunça alnyp barylýan global işleri goldamak çärelerini aýdyňlaşdyrýar.

Howanyň üýtgemeginiň zyýanly täsirlerine netijeli garşy durmak sebit we ählumumy derejelerde ýakyn özara hereketi talap edýär. Türkmenistan Merkezi Aziýanyň durnukly ösmegi üçin daşky gurşawy goramak boýunça Sebitleýin maksatnamany işläp taýýarlamak başlangyjy bilen çykyş etdi, ol sebitiň ýurtlary tarapyndan DÖM-iň ekologiýa maksatlary we BMG-niň tebigaty goramak konwensiýalary boýunça borçnamalaryny, Howa boýunça Pariž ylalaşygyny durmuşa geçirmek we Durnukly ösüş boýunça döwletara toparynyň we Araly halas etmek boýunça halkara gaznasynyň Müdiriýetiniň çözgütlerine laýyklykda «ýaşyl» ykdysadyýeti ornaşdyrmak boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirmeklerine ýardam eder.

Ýurdumyz çölleşmä garşy göreş Konwensiýasyna laýyklykda, milli hem sebit derejesinde bu resminamanyň esasy düzgünlerini berjaý etmek boýunça anyk işleri ýerine ýetirýär. Ähli ilatly ýerleriň töwereginde, ulag ýollarynyň ugrunda tokaý zolaklary döredilýär, çägeler süýşmez ýaly mehaniki we biologik usullar ornaşdyrylýar. Ýurdumyzda şorlaşan ýerleri dikeltmegiň we suwaryş desgalarynyň ulanylyşyny gowulandyrmagyň maksatnamasy hem-de Ýer baýlyklaryny durnukly dolandyrmak taslamasy amala aşyrylýar. Üýtgedilen we ýitirilen landşaftlary dikeltmek, ýel we suw

eroziýasyndan goranmak, Aral deňziniň suwunyň azalmagy sebäpli ýüze çykýan çölleşmä garşy göreşmek maksady bilen, 2013–2020-nji ýyllarda Sarygamyş kölüniň gündogarynda, Bötendag belentliginiň töwereginde 20 müň gektar ýerde tokaý zolagy döredildi. Ol ýerde tapgyrlaýyn döredilen çerkez, gandym, ojar, sazak ýaly çöl ösümlikleriniň we saýaly agaçlaryň tokaý zolagy sebiti Aral tarapyndan gelýän duzly tozanlardan gorap saklamaga we howanyň arassalanmagyna ýardam berýär. Çöl ösümlikleriň tokaýy ekologik netije bilen bir hatarda, ykdysady bähbide hem eýedir. Çöl tokaýly öri meýdanlar maldarçylygy ösdürmäge hem giň mümkinçilik berýär.

***H. Ýazhanowa,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň*
*Maglumat ulgamlary kafedrasynyň uly mugallymy,*
*tehniki ylymlaryň kandidaty*

## DURNUKLY EKOULGAMY DÖRETMEGIŇ AÝRATYNLYKLARY

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda ekologiýa taýdan howpsuz gurşawy üpjün etmek strategiýasy öňe sürülýär. Häzirki wagtda Türkmenistanda milli ykdysadyýetiň senagatlaşma derejesini ýokarlandyrmak, sanly ykdysadyýetiň we sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny döwrebaplaşdyrmak, bazar ykdysadyýetini, kiçi we orta telekeçiligi işjeň ösdürmek, amatly işewürlik gurşawyny döretmek güýçli depginler bilen alnyp barylýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda milli ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmak boýunça giň möçberli maksatnamalardyr dürli ugurlara degişli taslamalar üstünlikli amala aşyrylýar. Hususan-da, innowasion ugurlara, ýagny sanly ulgama geçilmegine, ýokary tehnologiýaly senagat önümçiliginiň döredilmegine, dürli düzümleriň işiniň mundan beýläk-de kämilleşdirilmegine, pudaklaryň işine öňdebaryjy tejribäniň ornaşdyrylmagyna, bazar ykdysadyýeti şertlerinde işewürligi we hususy telekeçiligi ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär.

Ykdysady ulgamyny sanlylaşdyrylmakda we ýokary netijeleri gazanmakda sanly ekoulgamyň döredilmegi wajyplygy bilen tapawutlanýar.

Ykdysadyýetde sanly ekoulgam – bu daşky gurşawyň täsir ediji düzüm birlikleri bolup, maglumat tehnologiýasy esasynda ýokary hilli dolandyryş usullaryny we dolandyryş mehanizmlerini, şol sanda raýat we söwda dolanyşygyna gatnaşyjylaryň arasynda elektron aragatnaşygy, ýeke-täk sanly giňişligini, şeýle hem sanly medeniýetiň, aňyň aralaşmagyny üpjün edýär.

Telekeçilik işini optimal dolandyrmakda «eGaaS» ekoulgamy ulanylyp, ol registrleri, şertnamalary we interfeýsleri döretmek we redaktirlemek üçin köp derejeli hukuk dolandyryş ulgamyny üpjün edýär. Bu ekoulgamyň düzümine giriş hukuklarynyň geçirilişini awtomatik yzarlamaga mümkinçilik berýän kanunlar ulanylýar.

«eGaaS» ekoulgamyny gurmak üçin programma üpjünçiliginiň çözgüdi hökmünde «Blokçeýn» tehnologiýasy ulanylýar. Ykdysady ulgam üçin bu tehnologiýany ulanmagyň esasy aýratynlyklaryna kripto-algoritmleri we registrleriň paýlanan maglumatlary saklamagyň aşa ygtybarlylygy hem-de ähli reýestr üýtgeşmeleriniň taryhyny belli bir mowzuklaryň ýazgysy bilen saklamak degişlidir. «Blokçeýn» tehnologiýasyny ulanmak arkaly bank müşderileriniň telekeçileriň ekoulgamyny – merkezleşdirilen her bir kiçi kärhana üçin bloklaryň (maliýe serişdeleriniň) mümkinçiliklerini guramak bolýar.

Ykdysadyýetde ekoulgamy döretmekde we ony dolandyrmakda onuň esasy düzgünine laýyklykda maliýe we ykdysady gatnaşyklara gatnaşýan obýektleriň sanawy, fiziki we ýuridik şahslaryň sanawlary, gozgalmaýan emläk, öý hojalygy, gymmatly kagyzlar, ygtyýarnamalar we ş.m. bolup bilýär.

Blokçeýn tehnologiýasynda döredilen «eGaaS» programma üpjünçiliginiň modullaryna şertnamalar esasynda dolandyrylyp, registrler bilen iş üpjün edilýär. Şertnamalar, programmalar we platformalar gurlanda birnäçe bloklardan ybarat bolup durýar. Şeýle hem, dil registrleri döretmek we ýazgylar bilen ähli amallary ýerine ýetirmek üçin zerur funksiýalary öz içine alýar.

Ýurdumyzda häzirki wagtda pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň önümçilik işini awtomatlaşdyrmak, hasaba almak we hasabyny ýöretmek boýunça ýerine ýetirilýän işleri ýeňilleşdirmek, şeýle hem raýatlar üçin amatlyklary döretmek we elektron hyzmatlar ulgamyny kämilleşdirmek maksady bilen, e.gov.tm bir bitewi döwlet saýty döredildi. Bu sanly ekoulgam bolup, ol raýatlar we işewürler üçin elektron görnüşinde «bir penjire» tehnologiýasy boýunça döwlet hyzmatlaryny ýerine ýetirmegiň awtomatlaşdyrylan maglumat ulgamyny özünde jemleýär. Bu usul hyzmatlara isleg bildirýänlerden resminamalary merkezleşdirilen görnüşde kabul etmäge mümkinçilik berýär hem-de olary taýýarlama-

gyň möhletlerine we hyzmatlaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi üpjün edýär.

Ýurdumyzda transmilli optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamynyň bolmagy internet akymlarynyň üstaşyr geçirijilik ukybyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Häzirki döwürde Türkmenistanda maglumatlary geçirmek boýunça bäş sany döwletara optiki-süýümli ulgam ornaşdyrylan.




**Şekil. Ykdysady ekoulgamyny taslamagyň yzygiderliligi**

Şekilden görnüşi ýaly ekoulgamy döretmegiň taslamasy onuň esasy maksadyny kesgitlemekden, tehniki-programma üpjünçilikleri üpjün etmekden, maliýe meýilnamasyny düzmekden, ýagdaýlaryň häzirki we gelјekde bolmaly şertlerini kesgitlemekden we taslamany ornaşdyrmakdan ybarat düzümleri özünde jemleýär.

Türkmenistanda telekeçileriň, işewür adamlaryň işewürlik taslamalaryny amala aşyrmakda ekoulgam tehnologiýasy merkezleşdirilen, integrirlenen, umumylaşdyrylan sanly meýdançany emele getirýär. Muňa onlaýn söwda ulgamy, köpçülikleýin habar beriş neşirleri, sanly bilim ulgamy, sanly ykdysadyýet ulgamy, sanly senagat, sanly lukmançylyk we beýlekiler mysal bolup biler.

Ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmak babatynda alnyp barylýan içerki we daşarky syýasata laýyklykda kärhanalaryň ykdysady netijeliligi ýokarlanýar. Bu önümçilikleriň her bir tapgyryny ösen intellektual ulgamy arkaly dolandyrmak we gözegçilik etmek boýunça kämil programma üpjünçilikleri ornaşdyrylar. Ýurdumyzyň ykdysadyýetini senagatlaşdyrmak boýunça ekoulgamy döretmek we ony ornaşdyrmak dolandyryş ulgamynyň netijeli alnyp barylmagyna mümkinçilik döredýär.

Şu aýdylanlara salgylanyp ýokary tehnologiýalara esaslanýan intellektual ulgamlarynyň kömegi bilen hyzmatlary ýerine ýetirmek, ekoulgamlary durmuşa ornaşdyrmak häzirki döwrüň wajyp meseleleriniň biridir. Bu bolsa ýurdumyzda tehnologiýalary ornaşdyrmak, ulanmak we döwrebaplaşdyrmak babatynda öňde goýlan maksatlary ýerine ýetirmegiň esasy şertleri bolup durýar.

***S. Döwletow,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit kafedrasynyň uly mugallymy*

## SENAGAT KÄRHANALARYNY SANLYLAŞDYRMAGYŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda dünýä hojalygyna özara bähbitlilik ýörelgelerine esaslanyp goşulýan ata Watanymyz Türkmenistanyň ykdysadyýeti durnukly ösüşe eýedir. Häzirki zaman dünýäsiniň ösüşinde innowasion tehnologiýalara möhüm orun degişli bolup, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny sanlylaşdyrmak babatynda düýpli çäreler amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilýän we özgerdilýän şertlerinde, halk hojalygynyň möhüm pudagy bolan senagat pudagyny ösdürmek we sanlylaşdyrmak döwlet syýasatynda strategik ugurlaryň biri hökmünde ykrar edilýär.

Senagatlaşmanyň täze eýýamynda senagat kärhanalaryny sanlylaşdyrmak ileri tutulýan has wajyp meseleleriň biri hasaplanylýar. Ol kärhanalar önümçilik prosesinde kiberfiziki ulgamy (CPS-Cyber-Physical Sysytem) we Zatlaryň internetini (IoT-Internet of Things) peýdalanmak arkaly biznes-modellerini emele getirmekde ýokary çeýeligi üpjün edýär. Täze tehnologiýalary ornaşdyrmagyň esasynda, toplumlaýyn netijeliligi ýokarlandyrmak we kärhananyň üstünlikli işlemegi üçin zerur şertleri döredilýär.

Senagat kärhanalaryny sanlylaşdyrmak – bu bir bitewi ulgamda täze sanly giňişligiň konsepsiýasyna, kärhananyň işjeňligini we howpsuzlygyny üpjün etmek ulgamynda önümçilik enjamlarynyň (kärhananyň ähli elektro enjamlarynyň) birleşmesine düşünilýär. Datçikler we sensorlar wirtual torda fiziki obýektleriň dürli görnüşlerini birleşdirmäge mümkinçiligi döredýär, olar adam gatnaşmazyndan özara baglanyşyp bilýärler.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny üstünlikli dowam edýän Arkadagly Gahryman Prezidentimiziň pähim-parasatly tagallalary netijesinde ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, elektron senagatyny döretmek, ylmyň we tehnikanyň soňky gazananlaryna daýanýan döwrebap maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryna esaslanýan ösen ykdysadyýeti kemala getirmek, innowasion, bäsdeşli-

ge ukyply sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça netijeli işler amala aşyrylýar. Munuň şeýledigine «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» kesgitlenen wezipeleri durmuşa geçirmek boýunça alnyp barylýan işler hem, oňa doly şaýatlyk edýär.

Sanlylaşdyrmagyň esasy artykmaçlygy täze önümi işläp taýýarlamak, ony bazara çykarmak we sarp edijilere ýetirmek üçin zerur bolan wagty azaldyp, kärhananyň zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak, şeýle-de kärhananyň serişdeleriniň peýdalanylyşyny amatlaşdyrmak arkaly onuň işiniň netijeliligini ýokarlandyrýar.

Häzirki günde senagat kärhanalaryny sanlylaşdyrmakda zerurlyk ýüze çykýar, sebäbi iri önümçilikde döreýän uly möçberli maglumatlary gaýtadan işlemek meselesi diňe kompýuter tehnologiýalaryny ulanmagyň hasabyna çözmek mümkin. Häzirki zaman tehnologiýalar maşynlarda diňe awtomatik hereketleri ýerine ýetirmäge mümkinçilik bermek bilen çäklenmän, şeýle-de olar kärhananyň dürli gurşawda öz aralarynda bilelikde işleri ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Şeýlelik bilen, sanlylaşdyrmak önümçilik kärhanalarynyň işiniň aýry-aýry tapgyrlaryny awtomatlaşdyrmagy maksat edinmän, sanly tehnologiýalary tutuş önümçilik iş prosesinde, şeýle-de onuň ýany bilen hereket edýän maliýe we guramaçylyk işlerine ornaşdyrmagy göz öňünde tutýar. Täze çemeleşme çeýeligiň, çözgüt kabul etmegiň tizliginiň ýokarlanmagyny we müşderiniň islegine baglylykda işleriň öndürijiliginiň artmagyny üpjün edýär.

Dürli görnüşli häzirki zaman tehnologiýalary ulanmak bilen sanly özgertmeler, degişli sanly platformalaryň binýadynda amala aşyrylmalydyr. Her bir sanly platformanyň töwereginde serişdeleri üpjün edijilere, sarp edijilere, şeýle-de hyzmat ediji we ulanyş gulluklaryny öz içine alýan sanly kärhana degişli ekoulgamy döreýär.

Kärhananyň önümçiliginiň möçberi we emläk gymmatlygyny düýpli artdyrmak, şeýle-de bazarda onuň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak diňe ähli iş prosesleri toplumlaýyn sanlylaşdyrylan ýagdaýynda mümkindir.

Sanly tehnologiýalar gündelik durmuşymyza ornaşmanka, önümçiligi optimallaşdyrmak hökmünde, onuň aýry-aýry düzüm birlikleriniň we ykdysady işiniň tapgyrlarynyň kämilleşdirilmegi kabul edilýärdi. Sanlylaşdyrmak – adaty kärhanany sanly kärhana öwürmek, bu global prosesi aňlatmak bilen, ol diňe ähli önümçilik tapgyrlarynyň täzelenmegini öz içine alman, şeýle-de kärhananyň aşakda görkezilen ähli baglanyşykly iş görnüşlerini hem öz içine alýar:

– işgärler syýasatyny;

– logistikany;
– maliýe işini;
– önümçilik serişdeleriniň ulanylyşyny;
– beýlekileri.

Sanlylaşdyrmagyň kömegi arkaly öňde goýlan maksatlara ýetilen ýagdaýynda, zähmet öndürijiliginiň, bilelikde iş alyp barmagyň, hili dolandyrmagyň, önümçiligiň netijesini durnukly saklamagyň we çaklamagyň has ýokary derejesi gazanylýar. Şunuň esasynda peýdany, bäsdeşlige ukyplylygy we kärhananyň umumy bazar gymmatyny düýpli ýokarlandyrmak mümkinçiligi ýüze çykýar.

Senagat kärhanalaryny sanlylaşdyrmak işinde esasy ugurlary şeýle tapawutlandyrmak mümkin:
– täze önümiň çykarylmagyny çaltlandyrmak;
– önümçiligiň howpsuzlygyny we ygtybarlygyny ýokarlandyrmak;
– önümçiligiň çeýeligini ýokarlandyrmak;
– öndürilýän önümiň hilini ýokarlandyrmak;
– önümçiligiň umumy netijeliligini ýokarlandyrmak.

Ýurdumyzda giňden ornaşdyrylýan sanly ulgamyň maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek häzirki döwrüň ileri tutulýan möhüm wezipeleriniň hatarynda durýar.

Häzirki wagtda bu işler düzgünleşdirmek boýunça hukuk binýadyny kämilleşdirmek maksady bilen «Kiberhowpsuzlyk hakynda», «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda», «Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini we Internet-hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda», «Şahsy durmuş barada maglumat we ony goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň, şeýle-de ýurdumyzyň ministrliklerinde we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda elektron resminamalar dolanyşygy ulgamyny döretmek hem-de işe girizmek boýunça birnäçe resminamalaryň kabul edilmegini belläp bileris.

Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň berýän goldawy esasynda senagat pudagy häzirki zaman tehnologiýalar bilen üpjün etmek we sanlylaşdyrmak işi ýokary depginlerde amala aşyrylýar. Dünýäniň ýokary derejeli önümçilik tehnologiýalarynyň ýurdumyza getirilmegi, senagat kärhanalarynyň işiniň dürli ugurlara ornaşdyrylmagy, senagat pudagynyň kämil tilsimatlar bilen üpjün edilmegi hem-de olara döwlet we hususy böleginiň arasyndaky gatnaşyklary üstünlikli guramaga ýardam berýän ähli şertleriniň döredilip berilmegi aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

***J. Orazgeldiýewa,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň uly mugallymy,*

***O. Derýagulyýewa,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň müdiri*

# «ÝAŞYL» YKDYSADYÝET – ÝAŞAÝYŞ ÝÖRELGÄMIZ

«Ýaşyl» ykdysadyýet – bu tebigat üçin zyýansyz ykdysady ösüş ýoly bolup, ol tebigy maýany saklap galmagyň we artdyrmagyň hasabyna önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmagy, zyňyndylary azaltmagy, biodürlüligi köpeltmegi, ahyrky netijede bolsa, ekologiýa taýdan abadançylygy üpjün etmegi göz öňünde tutýar.

Tehnologiýalary ekologiýalaşdyrmagyň wajyp tarapy – çig maly tygşytly sarp etmek, tebigy serişdeleri toplumlaýyn ulanmak, az galyndyly we galyndysyz önümçiligi üpjün edýän tehnologik ulgamy döretmekdir. Tehnologiýalaryň galyndysyz işlemegi aýry-aýry kärhanalaryň çäklerindäki özbaşdak önümçilik işlerinde, mysal üçin, gaýtadan peýdalanylýan suw üpjünçiliginde, şeýle hem birnäçe kärhanalaryň çäklerindäki açyk tehnologiýalar esasynda, ýagny bir kärhanada emele gelýän galyndynyň beýleki kärhana üçin gaýtadan işlenilmeli çig mal bolup hyzmat edýän ýerinde ulanylmaga degişlidir. Galyndysyz tehnologiýa – çig mallary we energiýany rejeli ulanmaklyga, daşky gurşawa ýetirilýän zyýanly täsirleriň öňüni almaklyga esaslanýan tehnologiýalardyr.

Häzirki wagtda jemgyýetiň durmuş-ykdysady meselelerini çözmekde tebigy serişdeleri rejeli ulanmagy, üznüksiz öndürmegi we daşky gurşawy goramagy üpjün edýän ylmy-tehniki ösüşe esasy orun degişlidir. «Ýaşyl» ykdysadyýetiň esasy artykmaçlygyna daşky gurşawyň üýtgemek hadysasyny gowşatmak, ekoinnowasiýalary işläp taýýarlamak we ulanmak, ekologik taýdan arassa ulaglara geçmek, energiýa netijeliligini ýokarlandyrmak degişlidir. Şeýle hem, «ýaşyl» ykdysadyýet durnukly ösüşe has amatly şertleri döretmäge, çig mallary hem-de energiýany rejeli ulanmaga, täze iş orunlaryny artdyrmaga we durmuş goraglylygyny ýokarlandyrmaga hem-de adaty çig mallary, energiýany ekologik taýdan arassa çeşmeler bilen çalşyrmaga mümkinçilik berýär.

Ýurdumyzyň ekologik taýdan abadançylygyny üpjün etmek üçin alnyp barylýan döwlet syýasaty biologik köpdürlüligi goramak, tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak, innowasion «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak ýaly ugurlara gönükdirilen. Ýurdumyzda durmuşa ornaşdyrylýan «ýaşyl» ykdysadyýetiň esasy maksady tebigy baýlyklarymyzy gorap saklamakdan hem-de rejeli peýdalanmakdan, daş-töwerekdäki gurşawda ekologik deňagramlylygyň bozulmagynyň, tebigatyň hapalanmagynyň we zaýalanmagynyň öňüni almakdan, jemgyýetde adamlaryň has gowy, ekologik taýdan abadan ýaşamaklaryny, zähmet çekmeklerini, dynç almaklaryny gazanmakdan, raýatlarymyzyň maddy we medeni isleglerini kanagatlandyrmakdan ybaratdyr.

Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda häzirki wagtda innowasion, serişdeleri tygşytlaýan tehnologiýalar ornaşdyrylýar, howanyň arassalygyna gözegçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak, gurulýan zawod-fabrikleriň, beýleki desgalaryň ekologiýa standartlaryna we talaplaryna laýyk gelmegi maksady bilen anyk çäreler görülýär. Mysal hökmünde, Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumyny döwrebaplaşdyrmak, ony täze tehnikalar bilen üpjün etmek, halkara standarty bilen sazlaşýan «Ýaşyl port» deňiz menziliniň gurulmagyny, «Altyn Asyr» Türkmen köli ýaly iri maýa goýum taslamalaryny görkezmek bolar.

«Ýaşyl» ykdysadyýete geçmek anyk ugurlar boýunça amala aşyrylar: tebigy serişdeleri rejeli ulanmak; oba hojalygyny ýokary öndürijilikli, durnukly ösdürmek; energiýa tygşytlylygy we onuň netijeliligini ýokarlandyrmak. Şeýle-de elektroenergetikany ösdürmek, syýahatçylygy, şol sanda ekosyýahatçylygy ösdürmek, galyndylary dolandyrmak ulgamy, howanyň hapalanmak derejesini peseltmek we ekoulgamlary gorap saklamak hem-de netijeli dolandyrmak. Bu işleri amala aşyrmagyň guraly bolup «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasy» çykyş edýär.

Ýurdumyzyň oňyn howa we geografiýa taýdan amatly ýerleşiş şertleri energiýanyň gaýtadan dikeldilýän görnüşlerini ösdürmäge giň mümkinçilikleri açýar. Bu mümkinçilikler merkezi elektrik üpjünçilik ulgamyndan uzakdaky ilatly nokatlaryň energiýa üpjünçiligini gowulandyrmaga we zyýanly gazlaryň tebigy gurşawa zyňylmagyny azaltmaga ýardam berip, Günüň hem-de ýeliň energiýasynyň ulanylmagy «ýaşyl» ykdysadyýetiň kuwwatyny artdyrar.

«Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkezi innowasion tehnologiýalary işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak boýunça ylmy

işleri alyp barýar, energiýanyň dikeldilýän çeşmeleriniň mümkinçiliklerini we ýurdumyzyň ykdysady hem-de durmuş ulgamlarynda energiýa tygşytlaýjy tehnikalaryň, enjamlaryň we materiallaryň häzirki zaman görnüşlerini öwrenýär. Ylmy-önümçilik merkezinde «Fotoelektrik özgerdijiler tehnologiýasy», «Gün energiýasyny konsentrirlemek (CSP) we geliotehnika», «Bioenergetika we biomassany işlemek», «Ýel elektrik stansiýalary», «Elektrik energiýasyny akkumulirlemegiň tehnologiýasy» we «Taslama» bölümleri işleýär. Olar ylmy taýdan esaslandyrylan fotoelektrik tehnologýalary pudagynda, Türkmenistanda Gün elektrik beketlerini oturtmak üçin meýdançalary saýlamak boýunça teklipleri taýýarlaýarlar, Gün kadastryny we Gün energiýasynyň gorlaryna baha bermek boýunça teklipleri, ýurdumyzyň welaýatlarynda synag fotoelektrik Gün beketleriniň, şeýle hem ýel elektrik beketleriniň ylmy esaslaryny işläp taýýarlaýarlar. Gün energetikasy dikeldilýän energetikanyň iň çalt ösýän görnüşidir. Ýagny Türkmenistanyň howa we geografik şertleri energiýanyň dikeldilýän çeşmelerini giňişleýin ulanmaga mümkinçilik berýär. Gün energiýasyny almak we fotoelektrik özgerdijileri ulanmak arkaly ony senagatda hem-de Gün kollektorlaryny ulanmak bilen – ýylylyk energetikada işjeň ulanmak bolýar. Ol, hususan-da, elektrik üpjünçiliginiň merkezi ulgamyndan daşary ýerleşýän oba ilatynyň we ýerleriniň energiýa üpjünçiligini gowulandyrmaga ýardam etmelidir. Ýeliň, geotermal suwlaryň we bioýangyjyň energiýasyny ulanyp bolar. Hususan-da, ylmy-önümçilik merkezi halk hojalygynda ulanmak üçin Gün arkaly howa gyzdyryjylarynyň we suw gyzdyryjylarynyň taslamasyny işläp taýýarlady, şeýle hem oba hojalyk önümlerini kakatmak üçin Gün energetikasynyň taslamasyny taýýarlaýar.

**_S. Wekilow,_**

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Maliýe kafedrasynyň uly mugallymy*

## JEMI IÇERKI ÖNÜMINIŇ DÜZÜMINDE SALGYTLARYŇ TUTÝAN ORNY

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ähli ugurlarynda amala aşyrylýan özgertmeler ilatymyzyň mynasyp ýaşaýşyny, abadançylygyny we ýurduň her bir raýatynyň şahsy mümkinçiligini hemmetaraplaýyn erkin ösdürmegi üpjün etmek üçin şertleri döretmäge gönük-

dirilendir. Şu şertlerde döwlet tarapyndan döredilýän durmuş kepillikleri wajyp häsiýete eýe bolýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde döwletiň ornunyň güýçlenmeginiň hasabyna ykdysadyýetiň durnukly ösüşi we ilatyň durmuş-ykdysady ýagdaýynyň ýokarlanmagy üpjün edilýär. Şol sebäpli, ykdysadyýeti kadalaşdyrmakda salgyt ulgamy aýratyn orny eýeleýär.

Dünýä tejribesinden belli bolşy ýaly, islendik döwletiň hem salgyt ulgamynyň uzak wagtlap üýtgewsiz ýagdaýda bolup bilmeýändigi mälimdir. Täze tehnologiýalaryň peýda bolmagy bilen, döwrüň talabyna görä döwletleriň kabul edýän maksatnamalary we ileri tutulýan ugurlary üýtgeýär. Şol sebäpli hem, yzygiderli salgyt ulgamynyň kämilleşdirilmeginiň zerurlygy ýüze çykýar. Salgyt özgertmeleriniň esasy maksady salgyt ulgamynyň «iň gowy we gutarnykly» görnüşiniň döredilmegi däl-de, bu ulgamyň daşarky üýtgeşmelere görä uýgunlaşyp bilýän mehanizmini döretmekden ybaratdyr.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly ösmegini üpjün etmek maksady bilen salgyt ulgamy işjeň döwrebaplaşdyrylýar. Netijeli salgyt ulgamyny döretmek ykdysadyýetiň ösmegine, maýa goýumlary işjeňleşdirmeklige we raýatlarymyzyň durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmaklyga ýardam berýär. Salgyt ulgamy – bu hereket edýän salgytlaryň sanyny, olaryň hasaplanylyşynyň mehanizmlerini we olar ýygnalyp alnanda geçirilýän gözegçilik işleriniň usullaryny kesgitleýän döwletiň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň jemidir. Salgytlar döwletiň we umuman, jemgyýetiň hajatlary üçin gaýtadan paýlamak maksady bilen, edara görnüşli we şahsy taraplardan ýygnalyp alynýan tölegler görnüşinde amala aşyrylýan maliýe gatnaşyklarynyň görnüşleriniň biridir.

Jemgyýetçilik önümçiligine hojalygy alyp barýan subýektler, hakyna tutma işgärler we döwlet gatnaşýar. Olaryň ilkinji girdejileri harytlaryň öndürilýän, işleriň ýerine ýetirilýän we hyzmatlaryň amal edilýän çygrynda döredilýär we jemi içerki önümiň (JIÖ) gymmatyny emele getirýär. Jemi içerki önüm zähmet hakyny we durmuş töleglerini, şeýle hem salgytlary öz içine alýar. Zähmet haky işgärleriň, jemi peýda (girdeji) bolsa, hojalygy alyp barýan subýektleriň ilkinji girdejilerini emele getirýär. Jemi girdejiniň galan bölegi döwletiň girdejileri bolup durýarlar. Olar býujet we býujetden daşarky gaznalarda toplanýar. Soňraky paýlanylmagynyň (ilkinji girdejilere salgyt salmagyň üsti bilen) netijesinde hojalygy alyp barýan subýektleriň ikinji girdejileri, ýagny arassa zähmet haky, arassa peýda, döwletiň býujeti emele gelýär. Jemi içerki önümiň bazar nyrhlaryndaky möçberi önüm öndüriji – dahyllylaryň önümçilik işleriniň ahyrky netijesinden ybaratdyr. Jemi içerki önüm önümçilik usuly,

girdejileriň peýdalanylyş usuly we girdejileriň çeşmeleri boýunça jemi içerki önümiň emele getiriliş usuly ýaly üç usul bilen hasaplanylýar. Önümçilik usuly bilen hasaplanylanda jemi içerki önüm, bir tarapdan, tutuş ýurt boýunça goýberilen harytlaryň we hyzmatlaryň goýberilişiniň, beýleki tarapdan, aralyk sarp edilişiň arasyndaky tapawut hökmünde ýa-da ykdysadyýetiň pudaklarynda döredilýän jemi goşulan gymmatyň jemi hökmünde kesgitlenilýär.

Amerika, Ýewropa yklymynyň ýurtlarynda jemi içerki önümiň göwrüminiň 20-den 50 göterimine çenli döwletiň peýdasyna alynýar. Aýry-aýry döwletler boýunça jemi içerki önümiň döwletiň ygtyýaryna geçýän paýynyň şonuň ýaly uly «pytraňlylygy» döwletleriň ýerine ýetirýän wezipeleriniň möçberi we göwrümi bilen baglanyşyklydyr. Jemi içerki önümde salgyt sygymlylygynyň amatlylygy döwletiň maliýe serişdelerine bolan isleglerinden hem-de ykdysadyýetiň netijeli hereket edýän ulgamyny gorap saklamagyň (döretmegiň) zerurlygyndan ugur alnyp býujet maliýeleşdirmesiniň (çaklanylmagynyň) derejesinde kesgitlenilýär. Diýmek, salgyt salmagyň çägi bar. Salgyt çägi diýlip, döwlet býujetiniň üsti bilen paýlanylýan jemi içerki önümiň paýynyň has hem uly möçberde artdyrylmagy, onuň durmuş we ykdysady gapma-garşylyklaryň çapgyn ýitileşmegine getirip biläýjek derejesine düşünilýär. 2020-nji we 2023-nji ýyllarda Türkmenistanda öndürilen jemi içerki önümiň möçberinde salgytlaryň we beýleki tölegleriň paýyna seljerme geçirilse has hem talabalaýyk bolar.

*Tablisa*

**2020-nji we 2023-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň jemi içerki önüminiň düzüminde salgytlaryň we beýleki tölegleriň paýy**

| № | Görkezijiler | Ýyllar | | 2020-nji ýyl bilen deňeşdirilende 2023-nji ýylda ösüşi (+), pese düşüşi (–), esse |
|---|---|---|---|---|
| | | 2020-nji ýyl | 2023-nji ýyl | |
| 1 | Jemi içerki önüm, mln. manat | 160 363,0 | 212 201,0 | +1,32 |
| 2 | Salgytlaryň we beýleki tölegleriň hasabyna emele gelýän býujet girdejileri, mln. manat | 21 790,7 | 31 877,2 | +1,46 |
| 3 | Jemi içerki önümde salgytlaryň we beýleki tölegleriň paýy, göterimde | 13,6 | 15,0 | +1,10 |

Tablisadan görnüşi ýaly, Türkmenistanyň jemi içerki önümi 2020-nji ýyldan 2023-nji ýyla çenli 160 363,0 million manatdan 212 201,0 manada çenli ýa-da 1,32 esse artdy. Şol döwür üçin salgytlaryň we beýleki tölegleriň gelip gowuşmalary 21 790,7 million manatdan 31 877,2 million manada çenli ýa-da 1,46 esse artdy. Şonuň bilen birlikde, jemi içerki önümiň düzüminde salgytlaryň we beýleki tölegleriň uly bolmadyk paýy ykdysady we durmuş maksatnamalary durnukly maliýeleşdirmekde ägirt uly mümkinçilikleri döredýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanda Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan ykdysady özgertmeleriniň esasy maksatlarynyň biri salgytlar arkaly ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyň netijesinde hojalygy ýöredýän subýektleriň we milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşini saklap galmak hem-de şol esasda ilatyň ýaşaýyş derejesiniň hilini has-da ýokarlandyrmak boýunça çäreler geçirilýär.


***A. Hojanepesowa,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Bank işi kafedrasynyň uly mugallymy*


## DURNUKLY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEKDE HALKARA YKDYSADY HYZMATDAŞLYGYŇ ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan mynasyp dowam etdirilýän döwlet we il-ýurt ähmiýetli özgertmeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň durnukly ösüşi üpjün edilip, ýokary netijeler gazanylýar. Bu özgertmeleriň ylmyň täze gazananlaryna we oňyn halkara tejribesine esaslanýan binýadynyň bolmagy bolsa, durmuş-ykdysady meseleleriň üstünlikli çözülmegi we daşky gurşawy gorap saklamagyň arasynda kadaly deňagramlylygyň saklanylmagyna gönüden-göni täsir edýär.

Milli ykdysadyýetiň ýokary depginli, durnukly we sazlaşykly ösüşi ýurdumyzda halkara ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak ugrunda alnyp barylýan ähmiýetli işleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen aýrylmaz

baglanyşyklydyr. Türkmenistanyň iri halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlygynyň has-da pugtalandyrylmagy, hemişelik Bitarap döwletimiziň dünýä ýüzünde parahatçylygyň mekany we ylalaşdyryjy merkez hökmünde tanalmagy, ýurdumyzda sebitara we halkara forumlaryň geçirilmegi ata Watanymyzyň halkara abraýynyň barha ýokarlanýandygynyň aýdyň subutnamasy bolup çykyş edýär.

Durnukly ösüş jemgyýetde bar bolan mümkinçilikleriň saklanyp galynmagyna we mundan beýläk hem giňeldilmegine gönükdirilip, maddy gymmatlyklar bilen bir hatarda tebigy baýlyklary we adam maýasyny netijeli dolandyrmagyň usullaryny iş ýüzünde peýdalanmagy göz öňünde tutýar. Ösüşiň durnukly bolmagy üçin bu gymmatlyklaryň wagtyň geçmegi bilen ählisiniň ösüşi ýa-da azalmazlygynyň üpjün edilmegi maksadalaýyk hasaplanylýar. Häzirki döwürde maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryň gündelik durmuşymyza giňden ornaşmagy netijesinde ykdysadyýetde maddy däl akymlary, şol sanda maliýe serişdeleriň, intellektual eýeçiligiň, maglumatlaryň akymy günsaýyn artýar. Bu sebäpli, häzirki döwürde maliýe geleşikleriň möçberleri maddy harytlaryň söwdasyndan birnäçe esse ýokary bolup, dünýäde ykdysadyýetiň täze görnüşi emele geldi. Bu täze ykdysadyýet maddy gymmatlyklaryň azalmagy, başga bir tarapdan bolsa, maddy däl gymmatlyklaryň, şol sanda maglumatlaryň we bilimiň köpelmegi bilen tapawutlanýar.

Durnukly ösüşi üpjün etmekde halkara ykdysady hyzmatdaşlygyna möhüm orun degişlidir. «Daşary ykdysady iş hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda daşary ykdysady işiň esasy ugurlary bolup halkara ykdysady we maliýe hyzmatdaşlygy, daşary söwda işi, daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegi, şeýle hem Türkmenistanyň çäginden daşardaky maýa goýum işi çykyş edýär.

Türkmenistanyň amatly geosyýasy we geoykdysady ýerleşişi, ýurdumyzyň ygtybarly hyzmatdaş hökmünde halkara giňişligindäki abraýynyň barha artmagy dünýä ýurtlary bilen özara bähbitli söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy yzygiderli ilerletmek üçin uly mümkinçilikleri açýar. Häzirki döwürde ata Watanymyz dünýäniň 156 döwleti bilen diplomatik, 130-dan gowrak döwleti bilen ykdysady gatnaşyklary yzygiderli ilerledýär. Döwletimiziň ykdysadyýetiniň önümçilik we eksport mümkinçiliklerini ösdürmek, ýurtda öndürilen harytlaryň dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, Türkmenistanyň ykdysadyýetinde işewürlik gurşawyny we maýa goýum ýagdaýyny has-da kämilleşdirmek, milli ykdysadyýetiň oňyn töleg we söwda

deňagramlylygyny üpjün etmek boýunça ýurdumyzda giň gerimli işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu işleriň ählisi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň daşary ýurt döwletleri bilen özara bähbitlilik esasynda netijeli halkara ykdysady hyzmatdaşlygynyň has-da pugtalandyrylmagyna gönükdirilendir.

Ýurdumyzyň halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyga işjeň goşulyşmagy döwletimiziň ykdysady kuwwatyny halklaryň bähbidine gönükdirmäge we sebitde hem-de dünýäde durnukly ösüşi üpjün etmäge uly möçberli, uzak möhlete niýetlenilen maýa goýum taslamalaryny üstünlikli ýerine ýetirmäge ähli amatlyklary döredýär.

Türkmenistan sebitde energetika taýdan kuwwatly döwletleriň biri bolmak bilen, halkara üstaşyr ulag geçelgeleriniň çatrygyna öwrülýär. Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisi Merkezi we Günorta Aziýa sebitleriniň durnukly ösüşine gönükdirilen örän möhüm taslamalaryň biridir. Häzirki wagtda ýurdumyz öz hyzmatdaşlary bilen bilelikde Türkmenistan–Owganystan–Pakistan ýokary woltly elektrik geçirijisiniň hem-de optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlarynyň gurluşygynyň taslamasyny durmuşa geçirmegiň üstünde hem ýokary netijeli işleýär.

Aziýa bilen Ýewropany birleşdirýän söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşýän ýurdumyzda milli ulag düzümleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak arkaly halkara üstaşyr geçirijilik mümkinçilikleri yzygiderli artdyrylýar. Häzirki wagtda Türkmenistan döwletimiz halkara ulag ulgamyna işjeň goşulyşýar, ýurtda Gündogar–Günbatar we Demirgazyk– Günorta ugurlary boýunça möhüm ýollary birleşdirýän esasy üstaşyr ulag geçelgeleriniň düzümlerini mundan beýläk-de giňeltmek ugrunda ähmiýetli işer üstünlikli alnyp barylýar. Dünýä ykdysadyýetiniň häzirki zaman ösüşi şertlerinde ulag ulgamy ýurduň halkara söwdasyna işjeň goşulyşmagynyň esasy bolup çykyş etmek bilen, halkara ykdysady gatnaşyklaryň durnuklylygyna we deňagramlylygyna düýpli täsirini ýetirýär.

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip atlandyrylan 2025-nji ýylda halkara ykdysady hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmaga gönükdirilen döwlet syýasaty halkymyzyň abadan durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilip, milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşini, diwersifikasiýalaşdyrylmagyny we halkara derejede bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyny üpjün edýär.

***G. Eýeberdiýew,***
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Bank işi kafedrasynyň uly mugallymy,*

***G. Meredowa,***
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Bank işi kafedrasynyň mugallymy*

# TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADY BINÝADYNY DÖWREBAPLAŞDYRMAKDA SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklar bilen bir hatarda, maliýe ulgamyna hem sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy amala aşyrylýar. Maliýe ulgamyny sanlylaşdyrmak maksatnamalaýyn esasda alnyp barlyp, ony amala aşyrmagyň çäreleriniň meýilnamasy hem hereket edýär. Sanly tehnologiýalaryň ykdysady ulgama ornaşdyrylmagy bu pudagy ösdürmeklige, ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmaga, diwersifikasiýalaşdyrmaga hem-de höweslendirmäge, durnukly ykdysady ösüşi saklamaga, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga hem-de halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň hilini gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Sanly ykdysadyýet nazaryýeti boýunça sanly ykdysadyýet ykdysady işjeňligiň bölegi bolup, sanly tehnologiýalar, şeýle hem sanly önümleri, hyzmatlary döretmek we ulanmak arkaly amala aşyrylýan ykdysadyýetdir. Bu çemeleşme aşakdaky ýörelgelere esaslanýar:

– ösüş üçin esas hökmünde maglumat tehnologiýasynyň bolmagy, ýagny kompýuter torlary, uly maglumatlary gaýtadan işlemek, emeli aň we Zatlaryň internetiniň (IoT) önümçilik prosesleriniň esasyna öwrülmegi;

– önümçiligiň we işewürligiň sanlylaşdyrmagy, ýagny dürli pudaklarda işleriň awtomatlaşdyrylyp we sanly çözgütler arkaly dolandyrylmagy;

– sanly platformalaryň döredilmegi, ýagny öndürijiler, sarp edijiler we döwlet edaralarynyň arasynda özara gatnaşyklaryň täze görnüşlerine mümkinçilik berýän platforma çözgütleriniň ösdürilmegi.

Innowasiýa ösüş nazaryýetine laýyklykda, Türkmenistanyň ykdysady binýadynyň döwrebaplaşdyrylmagy innowasiýa ösüş ýörelgelerine esaslanýar. Innowasiýa ösüş nazaryýeti önümçilik we dolandyryş prosesine täze tehnologiýalary we innowasion çözgütleri ornaşdyrmak arkaly ykdysady ösüşiň we bäsdeşlige ukyplylygyň ýokarlanmagynyň mümkindigini aňladýar. Şeýle ykdysady ösüşiň düzüm bölekleri̇ne aşakdakylar degişli:

– täze tehnologiýalar we innowasiýalar ösüş çeşmesidir, ýagny innowasiýa tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy (meselem, emeli aň, uly maglumatlar) öndürijiligi ýokarlandyrmaga we çykdajylary azaltmaga kömek edýär;

– täze pikirleri we sanly önümleri ösdürýän başlangyç we tehnologiýa kompaniýalary üçin şertleri döretmek we goldamak innowasiýa ekoulgamlaryny emele getirýär;

– innowasiýalara döwlet goldawynyň bolmagy, innowasiýa we tehnologiýa babatynda netijeli döwlet syýasatyny geçirmäge we sanly çözgütleriň ykdysadyýete çalt ornaşdyrylmagyna goşant goşýar.

Sanlylaşdyrmak Türkmenistanyň ykdysady syýasatynyň aşakdaky möhüm taraplaryny öz içine alýar:

1. Sanly infrastrukturany ösdürmek boýunça internete girişi giňeltmek, maglumat merkezlerini gurmak we ýokary tizlikli torlary hem-de telekommunikasiýa çözgütlerini durmuşa geçirmek.

2. Döwlet dolandyryşyny sanlylaşdyrmak, ýagny raýatlar we kärhanalar üçin elektron hökümet hyzmatlaryny we onlaýn hyzmatlaryny durmuşa geçirmek, şeýle hem elektron resminamalary dolandyrmagy we pudagara özara baglanyşygy ösdürmek.

3. Ykdysadyýetiň esasy pudaklarynyň sanly üýtgemegi, ýagny energetikada amallary awtomatlaşdyrmak, çeşmeleri dolandyrmak ulgamlary, oba hojalygynda sanly gözegçiligi we geografiki maglumat ulgamlaryny ulanmak, logistikada sanly platformalar, ýükleri yzarlamak we üpjünçilik zynjyryny dolandyrmak.

4. Sanly bilim çeşmelerini ösdürmek, uzak aralykdan okatmagy amala aşyrmak, maglumat tehnologiýalary we inženerçilik tehnologiýalary boýunça hünärmenleri taýýarlamak.

Sanly ykdysadyýetiň doly ornaşdyrylmagy birnäçe strategik mümkinçilikleri açýar:

– önümçiligiň we dolandyryşyň netijeliligini ýokarlandyrmak;

– çykdajylary azaltmak we hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak;
– döwlet we jemgyýetçilik hyzmatlaryna elýeterliligi giňeltmek;
– sanly tehnologiýalar we hyzmatlar pudagynda täze iş orunlaryny döretmek.

Milli ykdysadyýetimizi sanly döwrebaplaşdyrmak onuň netijeliligini, bäsdeşlige ukyplylygyny we durnukly ösüşini ýokarlandyrmak üçin giň mümkinçilikleri açýar we birnäçe artykmaçlyklara eýedir, ýagny:

– sanly tehnologiýalar amallary awtomatlaşdyrmaga, çeşmeleri dolandyrmagy rejelemäge we meýilnamalaşdyrmagyň takyklygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär;

– sanly özgertmeler elektron söwda, fintech, maglumat tehnologiýasy we telekommunikasiýa ýaly täze pudaklaryň ösmegine itergi berýär. Bu tebigy baýlyklaryň eksportyna garaşlylygy azaltmaga we içerki bazary berkitmäge kömek edýär;

– sanly platformalaryň we elektron hökümet hyzmatlarynyň döredilmegi raýatlaryň we kärhanalaryň döwlet bilen gatnaşygyny ýönekeýleşdirýär, administratiw prosesleriň aç-açanlygyny we elýeterliligini ýokarlandyrýar;

– sanly ykdysadyýetiň ösmegi maglumat tehnologiýalary, kiberhowpsuzlyk, maglumat seljerişi we taslamany dolandyrmak ýaly hünärmenleri taýýarlamagy talap edýär. Bu bilim ulgamynyň döwrebaplaşmagyna we täze nesil üçin adam resurslarynyň emele gelmegine itergi berýär;

– aç-açan we awtomatlaşdyrylan amallar, şeýle hem sanly hyzmatlaryň ösmegi içerki we daşary ýurt maýa goýumlary üçin amatly şertleri döredýär, işiň başlamagyny çaltlaşdyrýar we gözegçilik edaralary bilen özara gatnaşyklary ýeňilleşdirýär;

– sanlylaşdyrma döwletimize halkara derejesinde ykdysady gatnaşyklara has işjeň goşulmaga, täze bazarlara girmäge we häzirki zaman sanly önümlerini we hyzmatlaryny hödürlemäge mümkinçilik berýär.

Sanly tehnologiýalar arkaly Türkmenistanyň ykdysady binýadyny döwrebaplaşdyrmak durnukly ösüş, ykdysady diwersifikasiýa we global sanly giňişlige integrasiýa üçin zerur ýoldur. Bu ugurdaky döwlet strategiýasy häzirki zaman, täsirli we bäsdeşlige ukyply milli ykdysadyýeti döretmäge gönükdirilendir. Kesgitlenen wezipeleriň ýerine ýetirilmegi giňişleýin çemeleşmäni, ýokary netijeli maýa goýumlaryny, döwre mynasyp hünärmenleri taýýarlamagy we ilatyň arasynda maliýe sowatlylygy ýokarlandyrmak boýunça köp sanly bilim işini alyp barmagy talap edýär.

***B. Iwanow,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň*
*Maglumat ulgamlary kafedrasynyň uly mugallymy*

# DAŞKY GURŞAWYŇ ÖSÜŞINIŇ DURNUKLYLYGYNY ÜPJÜN ETMEKDE INTELLEKTUAL TEHNOLOGIÝALARYŇ MÜMKINÇILIKLERI

Häzirki wagtda Türkmenistanda daşky gurşawy goramak ugrunda milli strategiýanyň üstünlikli amala aşyrylmagy Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ösüş maksatlaryna we dünýäniň ekoulgamyny goramak boýunça öňde durýan möhüm wezipeleri, düýpli meseleleri çözmekde täze usullary işläp taýýarlamagy talap edýär. Bu meseleleriň hatarynda ekologiýa howpsuzlygy ýaly ählumumy howpsuzlyk bilen bagly mesele hem bar.

Ýurduň abadançylygyna gönüden-göni täsir edýän möhüm ekologik meselelerini toplumlaýyn, ulgamlaýyn we ählitaraplaýyn çözmek, ýagny deňagramly ösüş ýörelgesi hormatly Prezidentimiziň durmuş-ykdysady strategiýasynyň esasyny düzýär.

Ýurdumyzyň täze taryhy eýýamynda gazanýan giň gerimli üstünlikleri dünýäniň ösen tehnologiýalary, öňdebaryjy tejribesi bilen berk baglydyr. Sanly tehnologiýalaryň ähli ulgamlara dowamly ornaşdyrylmagy, olaryň maddy-enjamlaýyn we hukuk binýadynyň döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirilmegi Diýarymyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmekde uly üstünliklere ýetmegiň gözbaşy bolup durýar.

Häzirki zaman jemgyýetinde daşky gurşaw meseleleri esasy orny eýeleýär. Soňky döwürde jemgyýetimizde ekologiýa babatda bilimleriň we ekologiýa medeniýetiniň durmuş ähmiýeti ýokarlanýar, ekologiýa ylmynyň nazary we amaly ugurlary ösdürilýär. Ýaşlaryň ekologiýa medeniýetini kämilleşdirmäge we olarda tebigata aýawly garaýşy terbiýelemäge gönükdirilen çäreleriň toplumyny işläp taýýarlamak döwrüň öňe sürýän wezipesidir. Tehnologiýadaky soňky gazananlar daşky gurşawa gözegçilik we goramak üçin täze mümkinçilikleri açýar. Global durnuklylygy, daşky gurşawy goramak we adamyň abadançylygyny ýokarlandyrmak üçin sanly tehnologiýalar ulanylýar.

Ekologiýa howpsuzlygy ulgamyndaky intellektual ulgamlar daşky gurşawy barada maglumatlary awtomatiki ýygnamaga, gaýtadan işlemäge we seljermäge, tebigata we adamyň saglygyna abanýan howplary kesgitlemäge

we olary azaltmak üçin çäreleri görmäge ukyply algoritmleriň, programmalaryň we enjamlaryň toplumydyr. Şeýle ulgamlar atmosfera zyýanly maddalaryň zyňyndylaryny gözegçilikde saklamak we suwuň, topragyň we biodürlüligiň hiline gözegçilik etmek üçin ulanylyp bilner.

Ekologiýa we tebigaty dolandyrmak pudagynyň sanly üýtgemegi ugrundaky esasy ugurlar aşakdaky tehnologiýalary ornaşdyrmagy öz içine alýar:

– emeli aň – gözegçilik maglumatlaryny seljermek, howply meteorologik hadysalary çaklamak, tokaýlarda ýangyn howpuny çaklamak, çözgütleri kabul edip, hakyky wagtda awtomatlaşdyrmak, çylşyrymly gurşawda haýwanlaryň we ösümlikleriň ýaşaýşyny ýüze çykarmak we kesgitlemek;

– ýeri uzak aralykdan barlamak we pilotsyz howa ulaglaryny ulanmak – barlagy, netijeli peýdalanmagy meýilleşdirmek, tebigy baýlyklary goramak, daşky gurşawy goramak we howanyň üýtgemegine gözegçilik etmek;

– Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň Gidrometeorologiýa baradaky gullugynyň işiniň çäginde stasionar we ykjam gözegçilik nokatlaryndan maglumatlary ýygnamagyň we geçirmegiň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin ulanylýan «Internet of Things» tehnologiýasy;

– uly maglumatlar we analitiki maglumatlary işläp taýýarlamak – döredilen döwlet maglumat ulgamlarynda we sanly platformalarda maglumatlary ýygnamak, saklamak, seljermek we gaýtadan işlemek;

– sanly «ekiz» – ýerasty baýlyklary, suw desgalary, tokaýlary, ýabany haýwanlaryň ýaşaýan ýerleri ýaly ekoulgamlaryň täze nesliniň maglumatlar binýadyny täzelemek we döretmek;

– ekologik programma üpjünçiligi. «Ýaşyl» programma üpjünçiligi durnukly ösüş we daşky gurşawa ýaramaz täsirini azaltmak üçin ulanylýar. Az serişdeleri we energiýany sarp edýän programma üpjünçiliginiň önümlerini işläp düzmek, optimal algoritmleri we programmirleme usullaryny durmuşa geçirmek we ulanmak häzirki zaman IT pudagynda möhüm ugurlardyr.

Ýurdumyzda döwlet hyzmatlarynyň we wezipeleriniň elýeterliligini ýokarlandyrmak maksady bilen raýatlaryň, döwlet edaralarynyň we täjirçilik guramalarynyň arasyndaky gatnaşyklary goldaýan döwlet maglumat ulgamlaryny işläp düzmek we işlemek üçin ekoulgamy döredildi. Köpetdagyň ajaýyp dag eteginde ýerleşýän Arkadag şäheri öňdebaryjy, sanly maglumat-aragatnaşyk we «ýaşyl» tehnologiýalara esaslanýan döwrebap «akylly» şäheriň aýdyň nusgasydyr. Bu ýerde ekologiýa ýaly möhüm ugra aýratyn üns berilýär.

Türkmenistanda sebitiň ekologik ýagdaýyny düýpli gowulandyrmaga gönükdirilen taslamalaryň biri hem Garagumuň goýnunda döredilen «Altyn

Asyr» Türkmen kölüdir. Bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi diňe biziň ýurdumyz üçin däl, eýsem, tutuş sebit üçin uly ähmiýete eýedir.

Analitik we maglumat tehnologiýalary aşakdaky maksatlar üçin ulanylýar:

– gözegçilik, hasaba almak we çaklamak:
– ekologiýa täsiri;
– parnik gazlarynyň zyňyndylary;
– biodürlülige täsirler;
– suw üpjünçiligi we ýylylyk üpjünçiligi proseslerini sanlylaşdyrmak;
– energiýa sarp etmegi optimizirlemek üçin IT.

Ekologiýany sanlylaşdyrmakda «uly göwrümli maglumatlary» ulanmagyna aýratyn üns berilýär – dürli etraplarda toplanan maglumatlaryň birleşmegi. Uly göwrümli maglumatlary ulanmagyň bir usuly, maglumatlary çykarmak we analitika ýaly maşyn öwreniş taslamalarynda ulanmak.

Uly göwrümli maglumat tehnologiýasy diňe bir gözegçilik görnüşi hökmünde hereket etmän, çözgütleri kabul etmäge, maglumatlaryň bitewüligini dolandyrmaga we daşky gurşawyň hili baradaky maglumatlary onlaýn ýagdaýda yzarlamaga ýardam berýär. Bularyň hemmesi diňe sanly tehnologiýalaryň kömegi bilen mümkin bolan ekologiýa pudagynda döwlet işine gözegçilik etmek baradaky maglumatlaryň aç-açanlyk derejesini ýokarlandyrar.

Döwletimiziň «ýaşyl» syýasaty, şol sanda ýurdumyzyň ähli künjegini gurşap alan bag ekmek maksatnamasy ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge, daşky gurşawy goramaga, biodürlüligi saklamaga hem-de rejeli peýdalanmaga gönükdirilendir.

***G. Nurymowa,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň*
*Maglumat ulgamlary kafedrasynyň uly mugallymy*

## MALIÝE BAZARYNY ÖSDÜRMEKDE EMELI AŇ TEHNOLOGIÝALARYNYŇ BERÝÄN MÜMKINÇILIKLERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly içeri we daşary syýasatynyň binýadynda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda

we ulgamlarynda işleriň täze tehnologiýalar bilen baglanyşyklykda alnyp barylmagy bilen häsiýetlendirilýär.

Häzirki döwürde ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda, pudaklarda dünýäniň ösen döwrebap enjamlary ornaşdyrylýar, täze tehnologiýalar üstünlikli peýdalanylýar. Bu beýik işleriň dowamly bolmagy üçin bolsa möhüm ähmiýetli maksatnamalar kabul edilýär we üstünlikli ýerine ýetirilýär. Munuň özi milli ykdysadyýetimiziň ösüşini üpjün etmek bilen bir hatarda döwrebap ugurlary kemala getirmäge hem mümkinçilik döredýär.

Sanly gurşawyň döredilmegi we ösdürilmegi jemgyýetçilik ösüşinde birnäçe oňyn netijeleriň gazanylmagyna ýardam berýär. Sanly özgertmeleriň we tehnologiýalaryň ýokary depginde ösmeginiň netijesinde, emeli aň tehnologiýasy durmuşymyzyň ähli ugurlaryna giňden ornaşýar.

GPT (*Generative Pre-training Transformer*) modelleriniň ösmegi bilen adamzat sanly özgertmeden soň emeli aň özgertmesiniň zamanasyna ädim ätdi. 2025-nji ýylda emeli aň ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny üýtgeden tehnologiýa öwrüldi. Bu gün emeli aň tehnologiýalarynyň döremeginiň we ösüşiniň wajyplygyny kompýuteriň ýa-da internetiň döredilmegi bilen deňeşdirip bolar. Häzirki döwrüň kärhanalarynyň aglabasy ösüş strategiýalaryna ähli proseslerde generatiw emeli aňy ulanýarlar.

Emeli aň tehnologiýalary pudaklaryň köpüsine, şol sanda bank ulgamyna, öz täsirini ýetirdi. Emeli aň tehnologiýalarynyň çözgütlerini ornaşdyrmagyň göwrümi boýunça birinji orny maliýe pudagy eýeleýär. Sanly önümleriň we işewürlik modelleriniň köpüsi maliýe edaralarynyň müşderiler bilen özara gatnaşygynyň sanly ýollarynyň ösmegi, uly göwrümli maglumatlary, maşyn okuwynyň algoritmlerini we GPT modellerini ulanmagyň esasynda döredi.

Neýro torlarynyň we maşyn okuwynyň algoritmleriniň mümkinçilikleriniň kömegi bilen maliýe kärhanalary, şol sanda bank ulgamy müşderilere hyzmat etmekde ulanylýan usullary kämilleşdirmäge, amallary optimallaşdyrmaga we müşderiler üçin has personallaşdyrylan hyzmatlary hödürläp bilýärler. Emeli aň tehnologiýalarynyň berýän mümkinçiliklerini sanap geçeliň:

– *Müşderilere hyzmat etmekligi kämilleşdirmek.* Bu gün emeli aň esasynda işleýän «çat-botlar» we «wirtual» kömekçiler bank ulgamynyň işinde adaty gural bolup çykyş edýärler. Bu intellektual gurallar müşderiler bilen gije-gündiz aragatnaşykda bolup, soraglara jogap bermekde, gündelik işleri amala aşyrmakda we peýdaly maglumatlary hödürlemekde uly kömek berýärler. Bu bolsa maliýe edaralarynyň işiniň netijeliliginiň ýokarlanmagyna oňyn täsir edýär;

– *Şahsy maslahatlar.* Emeli aň tehnologiýalarynyň algoritmleri, şahsy islegleri anyklamak maksady bilen müşderiler barada maglumatlary seljerýärler. Şeýle maglumatlary ulanyp, banklar şahsy maslahatlary döredýärler, bu bolsa önümleri we hyzmatlary öňe sürmeklige ýardam berýär;

– *Aldawçylygy ýüze çykarmak we onuň öňüni almak.* Emeli aň tehnologiýalary maliýe pudagynyň howpsuzlygyny üpjün etmekde hem möhüm orny eýeleýärler. Maşyn okuwynyň modelleri tranzaksiýalar amala aşyrylanda nädogry ýagdaýlar barada habar berýärler. Şeýle ulgamlar hakyky wagt düzgüninde uly göwrümli maglumatlary seljerýärler we şübheli amallary ýüze çykarýarlar;

– *Karz berijiligi bahalandyrmak we töwekgelçilikleri seljermek.* Emeli aň esasyndaky ulgamlar maglumat çeşmeleriniň has giň toplumyny ulanýarlar. Şeýle toplumlaýyn çemeleşme banklara müşderilere karz berlende, has takyk çözgütleri kabul etmäge mümkinçilik berýär, bu bolsa töwekgelçilik meselelerini belli bir derejede çözmäge ýardam berýär;

– *Amallary awtomatlaşdyrmak.* Emeli aň öň elde amala aşyrylýan we köp wagty talap edýän amallary awtomatik ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär. Awtomatlaşdyrmak ýalňyşlyklary çäklendirmekden başga amallaryň netijeliligini hem ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär;

– *Çaklaýşy seljermek.* Emeli aň esasyndaky modeller müşderiler barada örän uly göwrümli maglumatlary seljermäge mümkinçilik berýärler. Şeýle gurallar täze önümler döredilende we müşderileri çekmek üçin marketing maksatlarynda ulanylyp bilner;

– *Müşderini bilmek.* Resminamalary barlamak işiniň awtomatlaşdyrylmagy netijesinde, emeli aň täze müşderileri hasaba almak işini aňsatlaşdyrýar. Ýüzi tanamak we biometrik autentifikasiýa ýaly emeli aň esasyndaky ulgamlar howpsuzlygy ýokarlandyrýarlar;

– *Maglumatlaryň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak.* Emeli aň tehnologiýalary bank amallary ýerine ýetirilende olaryň howpsuzlygyny ýokarlandyrýarlar. Bu gurallar gizlin maglumatlary rugsat berilmedik elýeterlikden gorap bilýärler. Şeýle hem olar kiberhowplary ýüze çykarmaga we olara şol wagt jogap bermäge mümkinçilik berýärler;

– *Maýa goýum we ony dolandyrmak.* Emeli aň tehnologiýalarynyň binýadynda işleýän robot-maslahatçylar maýa goýmak we aktiwleri dolandyrmak boýunça hyzmatlary elýeterli edýärler. Awtomatlaşdyrylan platformalar müşderileriň çykdaýjylaryny azaldýarlar, şeýle hem maliýe hyzmatlarynyň ilatyň giň gatlaklary üçin elýeterliligini üpjün edýärler.

Täze tehnologiýalaryň giň gerimler bilen durmuşyň ähli pudaklaryna ornaşdyrylmagy netijesinde emeli aň tehnologiýalarynyň berýän artykmaçlyklary örän köpdür. Bu artykmaçlyklar çykdajylary azaltmak, işleri çaltlandyrmak, hyzmat etmegiň hilini ýokarlandyrmak, töwekgelçilikleri peseltmek we täze önümleri döretmek bilen baglanyşyklydyr. Emeli aň tehnologiýalarynyň mümkinçilikleri bank ulgamynda müşderilere edilýän hyzmatlaryna täzeçe çemeleşmäge iterýär, bu bolsa maliýe bazarynyň ösmegine badalga berýär.

**_A. Artykowa,_**

_Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň_
_Maglumat ulgamlary kafedrasynyň uly mugallymy,_

**_O. Nuryýewa,_**

_Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň_
_Maglumat ulgamlary kafedrasynyň mugallymy_

## YKDYSADYÝETIŇ INTELLEKTUAL ULGAMLARYNY KÄMILLEŞDIRMEKDE MAŞYN OKUWYNYŇ ORNY

Ýurdumyzda milli ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny sanlylaşdyrmaga gönükdirilen netijeli işler alnyp barylýar. Bu ugurda toplumlaýyn häsiýetli döwlet maksatnamalary we olary amala aşyrmagyň tapgyrlaýyn meýilnamalary kabul edildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň alyp barýan durmuş-ykdysady syýasatynyň esasy ugurlaryny özünde jemleýän pudaklaýyn we sebitleýin maksatnamalar, meýilnamalar we konsepsiýalar üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Milli ykdysadyýetimiziň strategik ähmiýetli wezipeleriniň hatarynda intellektual tehnologiýalary we usullary yzygiderli kämilleşdirmek we netijeli ornaşdyrmak ykrar edilýär. Emeli aňyň milli ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna ornaşdyrylmagy we peýdalanylmagy önümçiligiň gerimini, söwda gatnaşyklarynyň göwrümini artdyrmaga, hyzmatyň hilini ýokarlandyrmaga we tutuş ykdysadyýetiň bazar bäsdeşligine ukyplylygyny artdyrmaga giň mümkinçilikleri döredýär.

Häzirki döwürde intellektual maglumat ulgamlary durmuşymyzyň ähli ugurlaryna aralaşýar we çylşyrymly obýektleri we prosesleri awtomatlaşdyrmak

hem-de dolandyrmak meselelerini çözmekde aýrylmaz düzüm birligine öwrülýär. Intellektual maglumat ulgamlary ýeke bir maglumatlary işläp taýýarlamak proseslerini däl-de, eýsem ýokary netijeleri almakda iň köp bilim talap edýän tehnologiýalaryň jemidir. Ykdysadyýetiň pudaklary üçin intellektual maglumat ulgamlary kärhananyň işiniň ykdysady seljermesi, strategik meýilnamalaşdyrmak, maýa goýum derňewi, töwekgelçiligi bahalandyrmak we gymmatly kagyzlar bukjasynyň emele gelmegi, maliýe derňewi, marketing we ş.m. üçin ulanylýar. Bu ýagdaýda kärhananyň maglumat ulgamy, onuň daşky gurşawy, tebigy, syýasy we ykdysady faktorlary, bäsdeşleri, üpjün edijiler, şeýle hem has çylşyrymly hasaplamalar, nädogry resmileşdirilen faktorlary göz öňünde tutmagyň zerurlygy barada has köp maglumatlary talap edýär. Bu bolsa, maglumatlary ýygnamakda saýlamak we işläp taýýarlamakda ýörite proseduralaryň, şol sanda adaty toplumlaýyn önümçilik dolandyryş ulgamlaryndan has ýokary «intellekt» derejesiniň bolmagynyň zerurlygyny ýüze çykarýar.

Intellektual ulgamlar düşünjesiniň döremegi emeli intellekt düşünjesi we häzirki zaman dolandyryş nazaryýeti bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. Alymlar emeli intellekt ulgamynyň ösüşiniň dürli tapgyrlarynda, dürli ugurlar boýunça kesgitlemeleri teklip etdiler. Şeýlelik bilen, matematiki ensiklopedik sözlükde aşakdaky kesgitleme berildi: «Emeli intellekt (latyn. «intellectus») – *akyl ýetirmek, düşünmek, aň* diýmegi aňladyp kompýuter biliminiň «*akylly adam*» işjeňligini modelirlemek usullaryny öwrenýän bilimdir.

Maşyn okuwy (ML), kompýuterlere aç-açan programmirlemezden maglumatlardan öwrenmäge mümkinçilik berýän usullary öwrenýän emeli intellektiň bir şahasydyr. Her bir mesele üçin aýratyn algoritm ýazmagyň ýerine, kompýutere özbaşdak meňzeşlikleri tapmak we bar bolan maglumatlara esaslanyp karar bermek ukyby ýerine ýetirilýär.

Maşyn okuwyny işläp düzmek aşakdaky ädimleriň yzygiderliligi hökmünde görkezilýär:

1. *Maglumatlary ýygnamak we taýýarlamak.* Bu tapgyrda zerur bolan dürli maglumatlary (maglumat bazalary, tekst resminamalary, suratlar, ses ýazgylary, maliýe maglumatlary we ş.m.) ýygnamak, arassalamak, mundan beýläk ulanmak üçin düzgünleşdirmek we kadalaşdyrmak boýunça işleri ýerine ýetirilýär. Kompýuteriň öwrenjek mysallaryny öz içine alýan maglumatlar toplumy ýygnalýar. Olara şekiller, tekstler, ses ýazgylary, maliýe maglumatlary we ş.m. degişli bolup biler.

2. *Maşyn okuwynyň modelini we algoritmini saýlamak.* Bu tapgyrda maşyn okuwynyň öwrenmeli işi (meselesi) kesgitlenýär, oňa laýyk model saýlanýar we giperparametrler (tizlik, kadalaşdyrmak we ş.m.) düzülýär.

3. *Model okuwy.* Maglumatlaryň okuw we gözegçilik toplumlaryna bölünen tapgyry bolup, parametr sazlamalary bilen okuw maglumatlary üçin maşyn öwrenmek algoritminde ulanylýar. Bu proses modeliň kem-kemden gaýtalanmagy bilen kämilleşýär.

4. *Modeliň hilini kesgitlemek.* Bu ýerde modeliň işleýşi anyk maglumatlaryň esasynda barlanýar, hili dürli ölçeglerde hasaplanýar (takyklyk, F1-ölçeg, AUC-ROC we ş.m.) we mümkinçiliklerini kämilleşdirmek üçin ýalňyşlyklar derňelýär.

5. *Öwrenilen modeli ulanmak.* Model ýeterlik derejede öwrenilenden soň, ony hakyky meseleleri çözmek üçin ulanyp bolar: şekilleriň klassifikasiýalary, tekstleriň terjimesi, bahalary çaklamak we ş.m. Maşyn öwrenmegiň nähili işleýändigini ýönekeý sözlerde aýdanymyzda, ol kompýuter köp sanly maglumatlary seljerip belli bir işi ýerine ýetirmegi öwrenýär.

Intellektual tehnologiýalar ykdysadyýetiň ösmegine iki ugurda oňyn täsirini ýetirýär, olar: birinjiden, innowasiýalara esaslanýan emeli aň önümçiligiň hilini hem-de ahyrky netijeliligini ýokarlandyrýar, ikinjiden, hünärmenleriň hünär taýýarlygynyň kämilleşdirilmegi öz nobatynda täze, ozalkylardan hil taýdan tapawutlanýan ösüşiň we innowasiýalaryň goruny öňe çykarýar.

Emeli intellektiň ugurlaryndan biri intellektual maglumat ulgamlarydyr. Intellektual maglumat ulgamlary adaty maglumat ulgamlarynyň ösüşiniň tebigy netijesidir. Iň köp ylmy talap edýän tehnologiýalar diňe bir maglumatlary işläp taýýarlamak we çözüwleri kabul etmek proseslerini däl, eýsem, alnan çözüwleriň dürli görnüşlerini işläp düzmek proseslerini hem ýokary derejede awtomatlaşdyrmak bilen ýerine ýetirilýär.

Sanly maglumat giňişliginde işlenip düzülýän döwrebap we öňdebaryjy programma önümlerini ornaşdyrmak intellektual ulgamlara akyl ýetirmegiň netijesinde ýerine ýetirilýän ýagdaýdyr. Bu ugurda iň ýokary ösüş gazanmagyň ýollaryndan biri, kompýuter diňe bir ýa-da gaýtalanýan amallary ýerine ýetirmän, eýsem, özüni hem öwrenip bilýän «emeli intellekt» hökmünde işlemegidir hem-de munuň özi emeli intellektiň döredilmeginde täze tehnologiýalaryň ýüze çykmagyna itergi berýär.

Ykdysady ulgamyň dürli derejelerinde intellektual tehnologiýalaryň işjeň ornaşdyrylmagy önümçiligiň hil hem mukdar taýdan ösmegine,

çykdajylaryň tygşytlanmagyna alyp barýar, hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrýar we innowasiýalary işjeňleşdirýär. Intellektual tehnologiýalaryň ösdürilmegi ýokary ykdysady bähbitler hem kynçylyklar bilen baglydyr. Onuň ösüşini we ykdysady ulgama uýgunlaşdyrylmagyny düzgünleşdirýän netijeli strategiýalary işläp taýýarlamak üçin bazar bäsdeşliginiň, jemgyýetçilikaň ösüşiniň ýagdaýlaryny we dürli ugurlara ýetirip biljek täsirlerini düýpli we hemmetaraplaýyn öwrenmek zerurlygy ýüze çykýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda intellektual kuwwatyň durmuşa geçirilmegi we ylmy innowasiýalaryň dürli pudaklara üstünlikli ornaşdyrylmagy milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygynyň artmagynyň we halkyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň yzygiderli ýokarlanmagynyň esasy şertleriniň biti hökmünde geljekki ösüşimiziň binýadyny pugtalandyrmaga giň mümkinçilikleri açýar.


***A. Orazmuhammedowa,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Maglumat ulgamlary kafedrasynyň uly mugallymy*


## «ÝAŞYL» YKDYSADYÝETI ÖSDÜRMEKDE GALYNDYSYZ YKDYSADYÝETE GEÇMEGIŇ ESASY MESELELERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ýokary depginde ösmegini üpjün etmek, Türkmenistany senagat taýdan ösen döwlete öwürmek, sanly ykdysadyýete uýgunlaşdyrýan bazar ykdysadyýetiň özgertmelerini üstünlikli amala aşyrmak, täze iş orunlaryny döretmek, ýurdumyzyň we onuň sebitleriniň ykdysady kuwwatyny berkitmäge gönükdirilen çäreleri yzygiderli durmuşa geçirmek, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak, sebitleýin maýa goýum işjeňligini kämilleşdirmek boýunça uly işler alnyp barylýar.

Häzirki wagtda dünýäniň birnäçe ýurtlarynda bolşy ýaly, Türkmenistanda hem adaty çyzykly (göni) ykdysady modelden galyndysyz ykdysadyýetiň alternatiw ýörelgelerinde kem-kemden üýtgeşmeler ýüze çykýar. Bu bolsa öz gezeginde, galyndylara aktiwler we serişdeler hökmünde seredilýän önümçilikde, sarp edişde we hojalyk işlerini dolandyrmakda düýpgöter

täzeçe çemeleşmeleri göz öňünde tutýar. Bu işler bolsa, häzirki döwrüň wajyp ähmiýetli durmuş-ykdysady – ekologiýa meseleleriň biri bolup durýar.

Häzirki zaman ykdysady ulgamynda çyzykly ykdysadyýetiň adaty modeli çuňňur ornaşan. Ýagny çyzykly ykdysadyýetiň adaty modelinde ähli materiallar «öndürmek, ulanmak, zyňmak» tapgyrlaýyn zynjyrdan geçýär. Bu, esasan, ylmy-tehnologik progresiň çaltlaşmagy we önümçilik bäsdeşligi sarp edijiler üçin elýeterli bahalarda harytlaryň köpçülikleýin öndürmek mümkinçiligiň döremegi bilen baglanyşyklydyr. Gysga möhletli öndürilen harytlaryň ulanylyş möhleti gutarandan soňra zibilhanalara iberilýär.

Ýöne ozalky galyndylaryň köp böleginiň tebigy gelip çykyşy bolanlygy sebäpli, birnäçe wagtdan soňra toprakda dargaýarlar. Häzirki wagtda köp materiallaryň çylşyrymly, köp bölekli düzümi (mysal üçin, emeli, sintetik materiallar, tetrapak, ýumşak plastmassalar we plýonkalar) sebäpli, uzak ýyllaryň dowamynda üýtgewsiz galýar.

Şonuň üçin önümçiligiň we sarp edişiň çyzykly prosesi daşky gurşawa iki esse agram berýär:

– birinjiden, adam tebigy baýlyklardan peýdalanýar. Bu tebigy baýlyklaryň köpüsi täzelenip bolmaýan we seýrek duş gelýän düzüm birlikleri bolup durýar;

– ikinjiden, sebitleriň ekologik ýagdaýyna we ilatyň sanitariýa we epidemiologik abadançylygyna ýaramaz täsir edýän, köp mukdarda galyndylar daşky gurşawda saklanýar.

Tebigy ekoulgamlaryň we ýaşaýyş ýerleriniň senagat we sarp ediş galyndylary esasynda hapalanmagy bilen baglanyşykly ýagdaýlar global daşky gurşaw boýunça gözegçilik edilen görnüşleriniň arasynda has wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Bu ýagdaýlaryň ýaramaz netijeleri, dünýäniň ähli ýurtlarynyň serişdeleri we tebigaty tygşytlaýan täze bir ugur bilen hereket etmelidikleriniň subutnamasy bolup çykyş edýär.

Şu nukdaýnazardan, harytlary we hyzmatlary öndürijileriň we sarp edijileriň giň köpçüligi serişdeleri ikinji gezek ulanmak, gaýtadan işlemek we önümçilik aýlawyna gaýdyp gelmek ýörelgelerine esaslanýan ykdysady ösüşiň täze düşünjesine eýerýärler. Bu ýagdaýa «tegelek» ýa-da «aýlawly» ykdysadyýet düşünjeleri bilen birlikde ulanylýan, «galyndysyz» ykdysadyýet diýilýär.

«Galyndysyz» ykdysadyýet – bu täzelenip boljak çözgütlere we işewürlik modellerine esaslanýan önümçilige, sarp edişe we ykdysady işlerine düýpgöter täzeçe çemeleşýän adaty ykdysady model üçin alternatiw düşünje bolup durýar.

«Galyndysyz» ykdysadyýetiň çemeleşmeleri, $CO_2$ zyňyndylaryny we çaklanylýan serişdeleriň ýetmezçiligini azaltmak boýunça möhüm global meseleleriň biridir.

«Galyndysyz» ykdysadyýetiň esasy meseleleri:

– ykdysadyýetdäki zatlaryň, materiallaryň we serişdeleriň gymmatyny mümkin boldugyça uzak saklamak;

– galyndylaryň emele gelmegini aradan aýyrmak (0-a getirmek).

Adaty çyzykly (göni) ykdysadyýetde galyndy hasaplanylýan zatlar galyndysyz ykdysadyýetde aktiw ýa-da serişde bolup çykyş edýär.

Serişdeleri ulanmaga bolan çemeleşmäni üýtgetmegiň üç ýoly bolup, olar:

– önümçilik aýlawyny doly ýapmak (materiallary gaýtadan işlemek, harytlary dikeltmek);

– aýlawy mümkin boldugyça gysmak (önümiň dizaýnynyň gowulanmagy);

– haýallatmak (abatlamak, kärendesine bermek, bilelikde ulanmak).

Ykdysadyýetiň netijeli, ygtybarly we ykdysady taýdan amatly bolan galyndysyz ulgamyny gurmak üçin onuň esasy ýörelgeleri berjaý edilmelidir:

– galyndylaryň döremeginiň (emele gelmeginiň) öňüni almak;

– ulanylan harytlardan gymmatly düzümi bolan serişdeleri almak;

– galyndylary aýry-aýry ýygnamak ulgamyny ulanmak;

– ekoulgamlary dikeltmek.

Galyndysyz ykdysadyýetiň emele gelmegi – bu önümiň ýaşaýyş aýlawyny ähli basgançaklarda dolandyrmak üçin toplumlaýyn ulgamy döretmekden ybaratdyr.

Ykdysatçylar galyndylary gymmatly ykdysady serişde hökmünde seredýärler. Oýlanyşykly döredilen logistikasy we peýdaly düzüm bölekleriniň ýokary hilli alynmagy bilen ikinji derejeli serişdeleriň bahasy ykdysadyýet üçin has özüne çekiji bolýar we täze çeşmeleri işläp taýýarlamak zerurlygy bolsa kem-kemden ýitileşýär. Şunuň bilen baglylykda önümçilik we sarp ediş galyndylary üçin bazaryň emele gelmegine itergi berýär. Galyndy bazarlary kagyzlar, plastmassa galyndylar, aýna we rezin saklaýan galyndylar we ş.m. öz içine alýarlar.

Galyndysyz ykdysadyýeti döretmek möhüm durmuş ähmiýetine hem eýe bolup durýar. Jemgyýetçilik jähtinden – önümçilik we sarp ediş galyndylaryny sowatly we oýlanyşykly işlenilmegi amatly şäher gurşawyny döretmekde esasy görkezijileriň biridir.

Kärhanalarda galyndysyz aýlanyşygy döretmek bilen çig mallary we galyndylary dolandyrmak üçin toplumlaýyn strategiýany işläp düzmegi

şertlendirýär. Bu iş diňe bir çig mallary satyn almak üçin önümçilik çykdajylaryny azaltmagyň usuly bolman, eýsem, durnukly ösüş syýasatyň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda daşky gurşawy goramak, tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak we bu ugra häzirki zamanyň ekologiýa taýdan ähmiýetli, täzeçil tehnologiýalaryny gönükdirmek bilen bagly meseleleriň çözgüdine hemmetaraplaýyn esasda çemeleşýär. Şunuň bilen baglylykda, daşky gurşawa zyýanly täsiri bolan ýagdaýlaryň öňüni almaga, ekologiýa abadançylygyň üpjün edilmegine gönükdirilen giň möçberli işler özüniň oňyn netijesini berýär.

**_O. Atdaýewa,_**

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Maglumat ulgamlary kafedrasynyň uly mugallymy*

## ENERGETIKA PUDAGYNDA MAGLUMAT TEHNOLOGIÝALARYNY ULANMAGYŇ MÜMKINÇILIKLERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe sanly özgertmeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ýurduň ykdysadyýetiniň pudaklarynyň döwrebap ösmegine, olaryň halkara bazarlarynda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga oňyn täsirini ýetirýär.

Pudaklaýyn kärhanalary tehnologik taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak, ilatymyzyň ykdysady we durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak maksady bilen, degişli senagat önümçiliklerini gurmak hem-de elektrik energiýasynyň öndürilýän mukdaryny we dünýä bazarynda islegleriň artýandygyny nazara almak bilen, onuň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak bu ulgamda durmuşa geçirýän syýasatyň ileri tutulýan ugurlarydyr. Soňky ýyllarda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň we akylly torlaryň konsepsiýasyny ulanmagyň netijesinde elektrik energiýanyň ykdysadyýetine uly üns berilýär.

Şunuň bilen birlikde, energetika pudagyny sanlylaşdyrmakda, maglumat tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagynyň esasy maksady ilatly ýerleriň energiýa üpjünçiligi ulgamlarynyň ygtybarlylygyny we netijeliligini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Bu ulgamlarda intellektual tehnologiýalarynyň

ornaşdyrylmagy energiýa serişdeleriniň peýdalanylyşy baradaky maglumatlary uzak aralykda ýerleşýän enjamlardan elektron görnüşde ýygnamagyň, jemlemegiň we özara alyşmagyň mümkinçiliklerini gowulandyrmaklygy, edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň hem-de raýatlaryň energiýanyň alternatiw çeşmelerinden peýdalanmaklary üçin şertleri döretmegi, gaýtadan dikeldilýän we tükeniksiz çeşmelerden sanly ulgamlary peýdalanmak arkaly energiýany öndürmekde ýöriteleşen kompaniýalary çekmäge şert döretmegi we ş.m. öz içine alýar.

IT maglumat tehnologiýalary energiýa önümçiliginiň we sarp ediş prosesleriniň netijeliligini, howpsuzlygyny we prosesiň durnuklylygyny ýokarlandyryp, döwrebap energetika infrastrukturasynyň aýrylmaz bölegine öwrülýär. Energetikanyň geljegini emele getirýän tehnologiýalaryň mümkinçiliklerine seredip geçmek maksadalaýyk bolar:

1. Akylly torlar «Smart Grids». Akylly torlar maglumat tehnologiýalaryny adaty energotorlaryna birleşdirýän dolandyryş ulgamlarydyr. Akylly torlaryň konsepsiýasy energoulgamyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin elektrik togunyň öndürilmegi we sarp edilmegi barada maglumatlary ýygnamak üçin maglumat we kommunikasion tehnologiýalaryň ulanylmagyny göz öňünde tutýar. Bu bolsa elektrik toguny awtomatik ýagdaýda täzeden paýlamagyň hasabyna onuň ykdysady bähbidini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

«Smart Grid» akylly energotor tehnologiýalaryň düzümi aşakdakylardan ybarat:

– intellektual çeşmeler esasynda sarp edijiligi hasaba almak ulgamy;

– energiýany paýlamagy we generirlemegi dolandyrýan intellektual ulgamy;

– energonetijelilik enjamlary;

– energiýany netijeli ulanmagyň tehnologiýalary: «akylly» öý, «akylly» şäher, «akylly» ulag we ş.m.

2. Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri (Renewable Energy Sources) we Zatlaryň interneti (IoT). Gün we ýel energiýasy gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ulanmakda giňden ýaýraýar. Maglumat tehnologiýalaryň şeýle ulgamlara gözegçilik etmekde we dolandyrmakda, çeşmeleriň optimal ulanylmagyny üpjün etmekde ähmiýeti uludyr. Zatlaryň interneti enjamlardaky datçiklerden maglumatlary ýygnamaga, tehniki hyzmat amallaryny sazlamaga we ýüze çykýan näsazlyklaryň öňüni almaga mümkinçilik berýär. Intellektual tehnologiýalar diňe bir elektrik ulgamlarynyň durnukly-

lygyny ýokarlandyrman, eýsem, bir stansiýadan ýüzlerçe desgalary öz içine alýan tutuş bir tora çenli, şol sanda täzelenip bilýän energiýa çeşmelerine esaslanýan energiýa infrastrukturasyndan netijeli peýdalanmaga, şeýle hem «energiýanyň internetiniň» (Internet of Energy) ekoulgamyny ösdürmäge mümkinçilik döredýär. Mundan başga-da, öndürilýän we tor enjamlarynyň ýagdaýyna gözegçilik etmek we çaklamak üçin täze usullaryň giňden ornaşdyrylmagy, adatdan daşary ýagdaýlary, heläkçiligiň derejesini ep-esli kemelder we tygşytlanjak elektrik togunyň ýyllyk ýitgilerini azaldar.

3. Maglumatlaryň seljerişi (Data Analytics) we emeli aň (Artificial Intelligence). Uly göwrümli maglumatlary seljermek energetika pudagynda möhüm gurala öwrülýär. Uly göwrümli maglumatlary seljermek bilen, sarp ediş meýillerini kesgitlemek, islegi çaklamak, önümçilik proseslerini optimizirlemek we heläkçilikleriň öňüni almak mümkin. Emeli aň maglumatlara esaslanyp, özbaşdak çözgütleri kabul edip bilýän uýgunlaşan ulgamlary döretmäge mümkinçilik berýär.

Elektroenergetika pudagyny sanlylaşdyrmak üçin energoulgamlara ýörite awtomatik enjamlary ornaşdyryp, ähli tehnologik amallary (prosesleri) doly awtomatlaşdyrylmagy talap edilýär. Maglumatlary geçirmek we gaýtadan işlemek ulgamlary görnüşindäki täze tehnologiýalar zerur maglumatlary geçirmek we sarp edijiler bilen işi ýönekeýleşdirmek üçin wagty ep-esli azaldýar. Sanly elektrik stansiýalary, sanly elektrik paýlanylyşy, energiýa sarp edilişi barada maglumatlary ýygnamak – bularyň hemmesi intellektual tehnologiýalar, sanly platformalar we Internet arkaly amala aşyrylýar.

4. Energetikada blokçeýn tehnologiýalar (Blockchain). Blokçeýn tehnologiýasy energiýany hasaba almagyň we geçirmegiň aýdyň we ygtybarly usullaryny hödürleýär. Bu tehnologiýa üçekdäki gün panelleri ýaly merkezleşdirilmedik çeşmelerden energiýa öndürmek we sarp etmek üçin ulanylyp bilner. Bu merkezleşdirilmedik ulgamlaryň paýynyň artmagyna we mikrotorlaryň ösmegine goşant goşýar.

5. Energiýa netijeliligi we wirtuallaşdyrma. Wirtuallaşdyrma we «bulutlaýyn» tehnologiýalaryny energetiki ulgamlaryna ornaşdyrmak hasaplaýyş çeşmelerini optimizirlemäge we serwer merkezlerinde energiýa sarp edilişini azaltmaga mümkinçilik berýär. Bu daşky gurşawa ýetirýän zyýanly täsirini azaltmak we energiýa çykdajylaryny tygşytlamak üçin möhümdir. Elektroenergetika pudagynda wirtual gözegçilik (monitoring) we öndürýän enjamlaryň ýagdaýyny çaklamak ulgamlary, ýokary öndürijilikli ulgamlardan we enjamlardan has netijeli peýdalanmaga mümkinçilik berýän elektrik

desgalarynyň sanly iberilmegi girizilýär. Sanly podstansiýalar dürli şäherlerde we sebitlerde gurulýar we işe girizilýär; «akylly» torlar tutuş etraplary öz içine alýar. Şeýle hem esasy elektrik geçirijilerde enjamlary uzakdan dolandyrmak ulgamlary işe girizilýär.

Elektroenergetika pudagynda sanlylaşdyrma geljekdäki elektrik energiýasyny sarp etmegi meýilleşdirmekde takyklygy gazanmaga, elektrik desgalarynyň ýagdaýyna gözegçilik etmäge, adam faktoryna bagly bolan ýüze çykýan ýalňyşlyklary aradan aýyrmaga, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmaga, milli maglumat tehnologiýalarynyň döremegine hem-de durmuş we ykdysady ugurlary üçin tehnologik esas bolup durýar. Maglumat tehnologiýalary häzirki zaman energetikany üýtgedýär, ony has durnukly, netijeli we ekologiýa taýdan arassa edýär. Ylmy-tehniki ösüşiň soňky gazananlarynyň, öňdebaryjy tehnologiýalaryň we enjamlaryň işjeň ornaşdyrylmagy netijesinde pudagyň innowasiýa ösüşi üpjün edilýär.

Şeýlelikde, ýurdumyzda daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen, şol sanda elektroenergetika pudagyndaky hyzmatdaşlykda işler durmuşa geçirilýär. Maýa goýum taslamalary pudagyň ösüş depginini ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Bularyň hemmesi ýurdumyzyň ýangyç-energetika kuwwatynyň barha pugtalandyrylýandygyny alamatlandyrýar.

**_S. Pirliýewa,_**

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň*
*Maliýe kafedrasynyň uly mugallymy*

## MALIÝE MEHANIZMI – KÄRHANANYŇ MALIÝE SERIŞDELERINI NETIJELI DOLANDYRMAGYŇ GURALY HÖKMÜNDE

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde maliýe gatnaşyklary hereket edýän çygryna we gerimine bagly bolmazdan, islendik kärhananyň dolandyryş düzüminiň öňünde durýan örän çylşyrymly meseleleriň biridir. Sebäbi bazar gatnaşyklary şertlerinde maliýe gatnaşyklaryna bildirilýän talaplaryň binýatlarynda we maksatlarynda üýtgeşmeler bolup geçýär. Şol üýtgeşmeler bilen bir hatarda, kärhananyň maliýe serişdeleriniň netijeli dolandyrylyşynyň hukuk kadalaşdyrylyşy hem bazar gatnaşyklarynyň talaplaryna laýyklykda, öňdebaryjy dünýä tejribesini we milli aýratynlyklarymyzy nazara alyp, ylmy esasda kämilleşdi-

rilýär. Diýmek, durmuş ulgamyny nazarlaýan bazar ykdysadyýeti çylşyrymly ykdysady ulgam bolup, onda maliýe gatnaşyklaryna uly orun berilýär.

Maliýe gatnaşyklary kärhananyň ýa-da ykdysady hojalyk prosesiniň beýleki gatnaşyjylarynyň hojalyk amallarynyň netijesinde ýüze çykýar. Şol sebäpli maliýe gatnaşyklarynyň ýagdaýy ýa-da kärhananyň maliýe ýagdaýy, ilkinji nobatda, önümçilik hojalyk işi we oňa täsir edýän faktorlar bilen kesgitlenilýär. Şeýle-de, şonuň üçin hem, kärhananyň maliýe gatnaşyklarynda maliýe mehanizmi örän möhüm orny eýeleýär. Jemi içerki önümiň gymmatynyň paýlanylyşy we gaýtadan paýlanylyşy maliýe mehanizminiň üsti bilen amala aşyrylýar. Maliýe mehanizmi ykdysady subýektlere, hakyna tutulýan işgärlere, döwlete we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryna öz maliýe serişdelerini emele getirmäge mümkinçilik berýän maliýe gatnaşyklarynyň aýrybaşgalanan çygyrlaryny öz içine alýar.

Kärhananyň maliýe mehanizmi maliýäni dolandyrmagyň amatly ulgamyny gurnamagyň möhüm şertidir. Maliýe mehanizmi – bu maliýe serişdelerini peýdalanmagyň usullarydyr, şeýle hem kärhananyň maliýesini gurnamagyň görnüşidir. Maliýe serişdeleriniň peýdalanylmagy dürli-dürli maliýe usullaryň, tilsimleriň, gurallaryň, ýörelgeleriň kömegi arkaly amala aşyrylýar we degişli hukuk, ölçeg hem-de maglumat üpjünçiligini göz öňünde tutýar.

Maliýe usullary – bu maliýe gatnaşyklaryny amala aşyrmagyň görnüşi bolup, önümçilik hem-de hojalyk prosesi bilen olaryň arabaglanyşygydyr. Olara maliýäni meýilnamalaşdyrmak, maýa goýumlary gönükdirmek, baha kesmek, karzlaşdyrmak, ätiýaçlandyrmak, salgyt salmak, höweslendirmek, awansirlemek, maliýäni seljermek we ş.m. degişlidirler. Öz gezeginde, maliýe usullary maliýe tilsimlerinden ybaratdyr. Maliýe tilsimleri bolsa meýilnamalaşdyrmagyň görnüşleri, karzlaşdyrmagyň formalary, maýa goýumlary gönükdirmegiň usullary, höweslendirmegiň tertibi, görnüşleri we beýlekilerden ybaratdyr.

Maliýe gurallary maliýe tilsimlerini amala aşyrmagyň görnüşidir. Maliýe gurallaryna bahalar, peýda, göterimiň möçberleri, şeýle-de şu görnüşleriniň takyk gatnaşyklary degişlidirler. Maliýe mehanizmi takyk ýörelgeleriň berjaý edilmegi bilen gurnalýar, olara maliýe – hojalyk özbaşdaklygy, öz-özüňi maliýeleşdirmek, maliýe düzgünlerini berjaý etmek we beýlekiler degişlidirler. Şeýle-de maliýe mehanizminiň takyk hukuk, ölçeg we maglumat üpjünçiligi bardyr.

Hukuk üpjünçiligi – bu kadalaşdyryjy hukuk namalar hem-de ýerine ýetiriji häkimiýetiň edaralarynyň namalary; ölçeg üpjünçiligi – bu

ýerine ýetiriji häkimiýetiň edaralarynyň namalary; maglumat üpjünçiligi – bu kärhanalar üçin zerur bolup durýan daşarky we içerki ykdysady maglumatlardyr. Diýmek, maliýe serişdelerini dolandyrmagyň daşarky we içerki mehanizmleri tapawutlandyrylýar, olar ony gurnamagyň umumy usullaryndan, tilsimlerinden we gurallaryndan peýdalanýarlar. Mehanizmleriň her biriniň öz aýratynlyklary bolup, içerki mehanizm kärhananyň maliýesini dolandyrmagyň içerki düzgünleşdiriş kadalaryny öz içine alýar. Onuň aýratynlyklary, ilkinji nobatda, kärhananyň tertipnamasy, guramaçylyk resminamalary, şeýle hem içerki talaplar, görkezijiler we ölçegler ulgamyny düzýän hem-de tassyklaýan resminamalar bilen takyklanýar. Maliýäniň dolandyrylmagyny gurnamagyň içerki mehanizmine, şeýle hem kärhanalar üçin mahsus bolan maliýäni dolandyrmagyň usullarynyň (tehniki-ykdysady hasaplamalar, modelirlemek, statistiki, ykdysady matematiki, deňlemeler, ekspertiza we ş.m.) ulgamy degişlidirler.

Maliýäniň dolandyrylyşyny gurnamagyň daşarky mehanizmini, birinjiden, döwlet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň kärhanalaryň maliýe işini kadalaşdyrýan ölçeg-hukuk namalary (salgyt salmak, hojalygy alyp barýan subýektleriň arasynda ýüze çykýan ylalaşyklar gatnaşyklarynyň hukuk mehanizmi, guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň mazmuny we beýlekiler) düzýärler. Işiň alnyp barlyşynyň käbir çygyrlarynda (mysal üçin, gazna bazarynda) daşarky mehanizminiň emele gelmegine öz-özüni kadalaşdyrýan edaralar hem gatnaşýarlar. Ikinjiden, daşarky mehanizm – bu kärhananyň maliýe işine bazar gurallarynyň (karzlar we depozitler boýunça göterimleriň möçberleri, pudakda düşewüntliligiň ortaça derejesi, bäsleşigiň täsiri we ş.m.) täsir etmegidir. Maliýäniň dolandyrylyşyny gurnamagyň daşarky mehanizmi kärhananyň maliýe işine öz täsirini ýetirýän kontragentleri (müşderiler, üpjün edijiler, alyjylar, karz berijiler we ş.m.) hem goşýar.

Netijeli maliýe mehanizmi esasynda maliýe serişdeleriniň emele gelşiniň we peýdalanylyşynyň gündelik dolandyrylyşy kärhanada geçirilýän dessin işdir. Şu aýdylanlar gönüden-göni önümiň özüne düşýän gymmatynyň emele gelşine, serişdeleriň harçlanylyşyna, zähmet hakynyň tölenilişine, hasaplaşyklaryň we tölegleriň geçirilişine, pul serişdeleriň gelip gowşuşyna we peýdalanylyşyna geçirilýän gözegçilik bilen baglanyşykly gündelik maliýe işidir. Dessin maliýe işi, ilkinji nobatda, maliýe taktikasynyň amala aşyrylmagyny, ýagny maliýe çözgütleriň kabul edilmegini, kontragentler (ylalaşylýan taraplar), býujet, müşderiler, bergidarlar, algydarlar bilen hasaplaşyklaryň geçirilmegini, gündelik maliýe meýilnama-

laşdyrylmagyny hem-de maliýe serişdeleriniň kadalaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar.

Şeýlelikde, kärhanada maliýe serişdeleriniň bökdençsiz emele gelmeginiň, paýlanylmagynyň we gaýtadan paýlanylmagynyň, meýilnamalaşdyrylmagynyň, peýdalanylmagynyň maliýe mehanizmi esasynda amal edilýändigini esaslandyryp, onuň kärhanany dolandyrmagyň usullarynyň ulgamy bolup durýanlygy, şeýle hem kärhanada daşarky we içerki mehanizmleriniň ähmiýetini beýan edip, maliýe mehanizminiň çözgütleri kabul etmek hem-de monitoring işini guramak bilen baglanyşyklydygy ýüze çykaryldy.

***Ý. Ekizow,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň*
*Maliýe kafedrasynyň uly mugallymy*

## TÜRKMENISTANDA GEÇIRILÝÄN SALGYT SYÝASATYNYŇ ÖNÜMÇILIK BILEN ARABAGLANYŞYGY

Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän oňyn özgertmeleriň netijesinde, ýurdumyzda durmuş-ykdysady ösüşiň pugtalandyrylmagyna gönükdirilen durnukly salgyt syýasaty durmuşa geçirilýär. Bu ösüşi saklamak we kämilleşdirmek, halkymyzy döwrüň talabyna laýyk ýaşatmak esasy maliýe meýilnamamyz bolan Döwlet býujetiniň üsti bilen amala aşyrylýar. Şu nukdaýnazardan, milli ykdysadyýetiň ýokary ösüş depginini üpjün etmek, has takygy maliýe durnuklylygyny gazanmak, durmuş ulgamy bilen birlikde halk hojalyk toplumynyň ähli ulgamlarynda ösüşiň durnukly depginini üpjün etmek, has takygy döwlet wezipelerini we işlerini maliýe taýdan üpjün etmek üçin Döwlet býujetine gelip gowuşýan salgytlaryň örän uly ähmiýeti bardyr.

Sebäbi salgytlar ýurduň ykdysadyýetine düýpli täsir edýän, ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün edýän aýgytlaýjy gural bolup durýar. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynda», «Ykdysadyýetiň deňeçer ýagdaýyny gazanmakda, ykdysady ösüşi we ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmekde býujet-salgyt syýasaty möhüm orny eýeleýär» diýip kesgitlenilýär. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde

ýurdumyzda geçirilýän salgyt syýasaty döwletiň we salgyt töleýjileriň bähbitlerini göz öňünde tutmak bilen, telekeçiligiň we önümçiligiň ösmegine, edaralaryň we kärhanalaryň daşarky bazarlara çykmagyna, dünýä bazarlarynda olaryň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmäge, ilaty durmuş taýdan giňişleýin goramaga ýardam berýän we Döwlet býujetini pul serişdeleri bilen üpjün etmegiň esasy bolup durýar.

Şu nukdaýnazardan, häzirki zaman ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün edýän möhüm gurallaryň biri salgyt syýasatydyr. Döwletiň maliýe çeşmeleriniň esasy bölegini düzýän salgytlar diňe bir býujet girdejileriniň üpjünçiligi bilen çäklenmän, eýsem, önümçilik prosesine gönüden-göni we gytaklaýyn täsir edýän ykdysady mehanizm hökmünde çykyş edýär.

Ýurduň salgyt syýasaty ykdysadyýetde durnuklylygy we birsyhlylygy üpjün etmeklige, ykdysady ösüşiň we ilaty durmuş taýdan goramagyň ýokary depginlerini saklap galmaklyga gönükdirilýär. Salgyt syýasaty ykdysady ösüşiň iň möhüm we güýçli guraly bolmak bilen, ol üznüksiz önümçiligiň ösüş depginlerini höweslendirýär, şeýle hem gündelik çykdajylary durnuklaşdyrmak bilen ilatyň goraglylygyny üpjün edýär.

Salgytlar we döwlet çykdajylary döwlet serişdeleriniň ilatyň arasynda adalatly paýlanmagyny üpjün etmek üçin güýçli gurallar bolup durýar. Ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň işjeň ösdürilmegi, şeýle hem önümçilik möçberleriniň ýokarlanmagy býujetiň doly bolmagyna ýardam edýär. Önümçilik ykdysady ösüşiň esasy hereketlendirijileriniň biri bolmak bilen, salgyt syýasatynyň önümçilige edýän täsirini seljermek, onuň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen teklipleri işläp düzmek häzirki döwrüň möhüm wezipeleriniň biri bolup durýar. Şeýle hem ykdysady taýdan netijeli salgyt syýasatynyň önümçilik ösüşine goşant goşmagynyň ýollary açylýar. Umuman, salgyt syýasaty ýurtda düýpli özgertmeleri dolandyrmagyň binýatlyk guralydyr. Şunuň bilen birlikde, durmuş ulgamyna gönükdirilýän çykdajylaryň artmagy tutuş ýurduň ilatynyň maddy hal-ýagdaýynyň derejesini gowulandyrmaga mümkinçilik berýär.

Salgyt syýasaty döwlet tarapyndan ykdysadyýeti düzgünleşdirmekde ulanylýan iň täsirli gurallaryň biridir. Önümçilik bolsa, islendik ýurduň ykdysady ösüşiniň esasyny düzýän pudak bolup, ilatyň iş bilen üpjünçiligini, içerki önümçiligiň möçberini hem-de eksport mümkinçiliklerini şertlendirýär. Şu nukdaýnazardan, salgytlaryň önümçilige ýetirýän täsiriniň seljerilmegi diňe bir nazary taýdan däl, eýsem amaly taýdan hem aýratyn ähmiýete eýedir.

Salgytlaryň ykdysady gurluşdaky orny olaryň öndürijilige, maýa goýumlaryna we önümçilik işjeňligine ýetirýän göni we gytaklaýyn täsirleri

nazary taýdan seljerilýär. Netijede, salgytlaryň diňe maliýe çeşmesi hökmünde däl-de, ykdysadyýeti ugrukdyrýan möhüm düzgünleşdiriji gurallar hökmünde garaýyş ösdürilýär. Şeýle nazary esaslar, önümçilik bilen salgyt gatnaşyklarynyň giňişleýin düşünilmegine mümkinçilik döredýär.

Ykdysady ýagdaýlara esaslanyp, milli önümçilikde hereket edýän salgyt düzgünleriniň ykdysady netijeliligine baha berilýär. Seljermeler arkaly salgyt ýükleriniň önümçilik çykdajylaryna, maýa goýum kararlaryna, peýdalylyk derejesine ýetirýän täsirleri anyk görkezilýär. Şeýle-de kärhanalaryň salgyt borçlaryny ýerine ýetiriş derejesi bilen önümçilik ösüşiniň arabaglanyşygy barlanýar.

Halkara tejribesinde salgytlar bilen önümçiligiň arasynda döredilen deňagramlylygyň mysallary arkaly Türkmenistanyň tejribesi bilen deňeşdirmeler ýerine ýetirilýär. Şeýle deňeşdirme arkaly ýurdumyzda salgyt gurşawynyň haýsy ugurlarda ösdürilmelidigi we daşary ýurt tejribesinden nämeleri öwrenilmeli bolup durýandygy açylýar.

Diýmek, salgyt syýasaty bazar gatnaşyklary şertlerinde ilatyň girdejileriniň derejesinde deňsizlikleriň ýüze çykmagynyň sazlaşdyrylmagyna ýardam bolmalydyr. Şol sebäpli, salgyt we durmuş syýasatynyň arasynda aýrylmaz arabaglanyşyklarynyň bardygy barada aýtmak bolýar. Şonuň ýaly tertipde takyk salgyt gurallaryň üsti bilen döwletiň geçirýän tebigaty goraýyş, gümrük, walýuta we beýleki ugurlaryna täsirleriň ýerine ýetirilmegi amala aşyrylýar.

**_T. Paýtykowa,_**

_Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň uly mugallymy,_

**_I. Ilýasow,_**

_Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Maliýe kafedrasynyň mugallymy_

## DÜNÝÄ ÝURTLARYNYŇ ÖSÜŞINE GLOBAL YKDYSADYÝETIŇ SANLYLAŞMAGYNYŇ TÄSIRI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzda amala aşyrylýan durmuş-ykdysady özgertmeler dünýä döwletleri bilen aýakdaş gitmäge

mümkinçilik berýär. Häzirki zaman ykdysadyýetinde, dünýä ýurtlary we sebitleri üçin, şeýle hem aýry-aýry kompaniýalar üçin globallaşma temasynyň ähmiýeti barha möhüm bolup durýar. Sanlylaşdyrma, adatça, sanly tehnologiýalary dürli iş ugurlaryna ornaşdyrmak prosesine düşünilýär: telekeçilik, önümçilik, bilim, saglygy goraýyş we ş.m.

Sanlylaşdyrmagyň esasy artykmaçlyklary işewürlik prosesleriniň netijeliligi, önümleriň we hyzmatlaryň hilini, amaly we dolandyryş netijeliligini, kiberhowpsuzlygy ýokarlandyrmak ýaly meseleleri çözmegi öz içine alýar.

Işewürlik prosesleriniň netijeliligi bu – işewürlik prosesiniň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin bar bolan amallary yzygiderli gowulandyrmak tejribesi bolup, bar bolan serişdeleri has netijeli ulanylmagyna getirýär.

Önümiň hilini ýokarlandyrmak – öndürilen önümleriň hil görkezijilerini (parametrlerini) gowulandyrmak, şeýle hem hil taýdan täze görnüşlerini döretmek we ösdürmek bolup, belli bir önüme bolan islegleri doly kanagatlandyrmaga gönükdirilen proses.

Kiberhowpsuzlygy ýokarlandyrmak – kompýuterleri, serwerleri, ykjam enjamlary, elektron ulgamlary, torlary we maglumatlary sanly hüjümlerinden goramagyň usullarynyň we tejribeleriniň toplumy.

Emeli intellekt, bulut hyzmatlary we amallary awtomatlaşdyrmak ýaly täzelikleriň ulanylmagy kompaniýalara bazardaky üýtgeşmelere çalt uýgunlaşmaga we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Şeýle hem bu ugurda aragatnaşyk tehnologiýalary, wirtual hakykat, blokçeýn, internet we bulut tehnologiýalar, üç ölçegli çap etmek tehnologiýalary hem işjeň ulanylýar. Bu tehnologiýalaryň mümkinçilikleri bazar ykdysadyýeti şertlerinde ekologiýa taýdan arassa we gaýtadan işleýän önümçiligi ornaşdyrmaga şert döredýär.

Döwletler we iri halkara maýa goýum kompaniýalary tarapyndan maliýeleşdirmezden sanlylaşdyrmagy ösdürmek we sanly tehnologiýalary ykdysady ulgamlaryň ähli işlerinde giňden peýdalanmak üçin zerur şertleri döretmegi göz öňüne getirmek mümkin däldir. Häzirki döwürde türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan sanly özgertmeleri hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda öz oňyn netijelerini berýär hem-de ýurdumyz tarapyndan sanly tehnologiýalary milli derejede ähli pudaklarda ornaşdyrylmagyny gazanmak babatynda döwlet tarapyndan ummasyz möçberinde maýa goýulýar.

Sanly ykdysadyýeti global derejesinde ösdürmek babatynda dünýä döwletleri tarapyndan ägirt uly harajatlar goýberilýär. 2019-njy ýyldan baş-

lap sanlylaşdyrmak üçin global çykdajylary we 2027-nji ýyla çenli çaklanylýan çykdajylary diagrammada görkezilýär:




Sanlylaşdyrmak dünýädäki kompaniýalaryň 80%-i üçin iň möhüm meseleleriň biridir. Olaryň esasy maksady, sanlylaşdyrmak arkaly öndürijiligi ýokarlandyrmak, täze girdeji akymlaryny döretmek, ösüşi höweslendirmek we hyzmaty gowulandyrmak bolup durýar.

Dürli görnüşdäki kompaniýalar öz işleriniň sanlylaşdyrylmagyna köp maýa goýýarlar, bu bolsa öz gezeginde sanly ykdysadyýetiň ösmegine iterýär. Sanlylaşdyrmaga goýulýan maýa goýumlarynyň mukdary her ýyl onlarça göterim ýokarlanýar. «AugustaFreePress»-iň habaryna görä, 2022-nji ýylda sanlylaşdyrmaga çykdajylar 1,85 trillion dollar, 2023-nji ýylda bolsa 2 trillion dollardan geçdi. 2027-nji ýylda bolsa 3,9 trillion dollardan geçer diýlip çaklanylýar.

Sanly durmuşyň dürli ugurlaryna işjeň ornaşdyrylýan esasy tehnologiýalaryň biri emeli intellekt we maşyn öwrenmekdir. Geljekde emeli intellekt ykdysady ösüşiň uzak möhletleýin strategiýasynyň esasy düzüm birligine öwrülýär we işiň esasy ugurlaryna ornaşdyrylýar. Şeýle hem emeli intellekt bilen bagly önümleri ösdürmäge startap başlangyçlary maliýeleşdirmäge hem işjeň maýa goýulýar. Häzirki wagtda bu ugurdaky patentleriň 20%-i emeli intellekt pudagynda gözleg bilen işjeň meşgullanýan **Microsoft** kompaniýasyna degişlidir.

2022-nji ýyldaky «Global Tech Trends Survey» gözlegiň netijesine görä, Demirgazyk, Merkezi we Günorta Amerikanyň ýurtlarynyň kompaniýalaryň 84%-i tehnologiýa ýagdaýy üçin sanlylaşdyrmagy ileri tutulýan ugur hökmünde görkezýär. Ikinji ýerde Aziýa-Ýuwaş umman sebitidir, şuňa meňzeş beýannama bilen jogap berenleriň paýy 82%-e ýetdi. Ondan soň 76% bilen Ýewropa, Ýakyn Gündogar we Afrika sebitiniň ýurtlary bar.

Aşakdaky diagrammada görnüşi ýaly çykdajylaryň sebitleýin paýlanylyşy sanlylaşdyrmagyň global häsiýetini görkezýär.

**Çykdajylaryň sebitleýin paýlanyşy**




Dünýädäki köp ýurtlar Hytaý, Hindistan şol sanda biziň ýurdumyz üçin sanly üýtgeşmeler ykdysady ösüş üçin uly mümkinçilikleri döredýär. Sanlylaşdyrmak global we milli jemi içerki önümiň ýokarlanmagyna hem goşant goşýar.

***D. Öwezow,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Maliýe kafedrasynyň uly mugallymy*

## YKDYSADYÝETI KÄMILLEŞDIRMEKDE SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda ýokary derejeli we güýçli depginli ösüş gazanylýar. Ähli ulgamlar bilen bir hatarda sanly ulgamy önümçilik hem-de hyzmatlar ulga-

myna ornaşdyrmak barada hem uly işler amala aşyrylýar. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda sanly ulgamy yzygiderli ösdürmek barada ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. Ol işler ýurdumyz boýunça alnyp barylýan dürli özgertmeleriň möhüm ugurlarynyň biridir.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan we häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow tarapyndan sanly ykdysadyýeti ösdürmek baradaky dürli strategik maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegi, olaryň ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny maksat edinýär. Bu ugurda birnäçe möhüm işler durmuşa geçirilýär:

– döwlet dolandyryş ulgamynyň hyzmatlaryny sanlylaşdyrmak, elektron ulgamy deň derejede ornaşdyrylmagy. Bu raýatlara onlaýn görnüşde dürli resminamalary taýýarlamak, dürli tölegleri geçirmek ýaly hyzmatlary elýeterli edýär;

– bilim ulgamyna dürli täzeçelikleri ornaşdyrmak – sanly bilim portallary, onlaýn sapaklar we maglumat ulgamy döredilýär. Okuwçylara we mugallymlara onlaýn okuw mümkinçilikleri giňeldilýär;

– saglygy goraýyş ulgamynyň sanlylaşdyrylmagy – elektron saglyk maglumatlary ulgamy ornaşdyrylýar. Telelukmançylyk hyzmatlary giňeldilýär, bu bolsa uzak sebitlerde ýaşaýan raýatlara ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlaryny almaga mümkinçilik berýär;

– aragatnaşyk we internet infrastrukturasynyň ösdürilmegi – dürli internet hyzmatlary giňeldilýär, täze aragatnaşyk ulgamlary ornaşdyrylýar;

– sanly ykdysadyýeti ösdürmek – Elektron söwda, sanly bank hyzmatlary we maliýe tehnologiýalary ugry boýunça dürli işler alnyp barylýar.

Bu özgertmeler ýurduň innowasion ösüşini üpjün edip, döwletiň dolandyrylyşyny has netijeli we çalt iş alyp barýan derejä ýetirýär.

Sanly tehnologiýalardan peýdalanmak esasynda ykdysadyýeti kämilleşdirmek ykdysady ösüşiň möhüm ugurlarynyň biridir. Döwletimiz tarapyndan alnyp barylýan oňyn maliýe-ykdysady syýasatynyň netijesinde, ýurdumyzda durnukly ykdysady ösüş üpjün edilip, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi yzygiderli ýokarlanýar. Häzirki wagtda dowam edýän sanly ykdysadyýete geçiş döwri tutuşlygyna dünýäniň ykdysady ulgamyny tiz depginde özgerdýär. Ykdysadyýetiň sanlylaşdyrylmagynyň netijesinde önümçilige we durmuşyň dürli ugurlaryna tehnologik innowasiýalaryň ornaşdyrylyşy çaltlaşyp, olaryň ulanylyşynyň möçberi yzygiderli ýokarlanýar. Dowam edýän tehnologik öwrülişikler öňki ýyllara garanyňda has ýokary

tizlikli we giň gerimlidir, ol jemgyýetiň syýasy, ykdysady we medeni ulgamlarynyň düýpli özgermegine getirýär. Ykdysadyýetiň sanlylaşdyrylmagyny işewürligiň kämilleşmegine, ýeňilleşmegine, dürli möçberli görkezijileriň ýokarlanmagyna öz oňyn täsirini ýetirýän şertleriň biri hökmünde garamak bolar. Sanly ykdysadyýetiň dürli görnüşlerini yzygiderli üstünlikli durmuşa geçirmek hem ýurdumyzy dünýäde öňdebaryjy orunlara çykmagyna, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň ýokarlanmagyna itergi berýär.

Daşary ýurt kärhanalarynyň ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryny, şol sanda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny ykdysadyýete ornaşdyrmagyň hasabyna uly öňegidişlikleri gazanmaklary hem, onuň esasy sebäpleriniň biri bolup durýar. Bilermenler tarapyndan «maglumatlar jemgyýeti» diýlip atlandyrylýan häzirki döwürde ykdysadyýetde önümçilige garanyňda, hyzmatlar ulgamynyň paýy yzygiderli artýar.

Sanly ykdysadyýet, maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryna daýanýan ykdysady işjeňligi häsiýetlendirýär. Şeýle işjeňlik, esasan, ykdysadyýet bilen baglanyşykly bolsa-da, ol jemgyýetçilik gatnaşyklarynda, adamlaryň özüni alyp barşynda, dünýägaraýşynda özgerişlikleriň bolup geçmegi bilen hem häsiýetlendirilýär. Täze tehnikalara we tehnologiýalara islegiň barha artýan döwründe sanly ykdysadyýete ösüşiň esasy hereketlendiriji güýji hökmünde garalýar. Innowasion ykdysadyýetde önümçiligiň esasy şerti hökmünde sanly görnüşdäki maglumatlar çykyş edýär. Maglumatlaryň gaýtadan işlenmegi, olaryň seljerilmeginiň netijeleriniň giňden ulanylmagy dürli önümçilikleriň, tehnologiýalaryň, enjamlaryň kämilleşdirilmegine hem-de harytlaryňdyr hyzmatlaryň saklanyşynyň we ýerlenilişiniň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyna itergi berýär.

Ýurdumyzda sanly ykdysadyýete geçmek tapgyrlaýyn esasda amala aşyrylýar. Ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna sanly ulgamy, innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, sanly hyzmatlaryň görnüşlerini köpeltmek, gerimini giňeltmek, hilini ýokarlandyrmak, howpsuzlygyny üpjün etmek, elektron senagaty döretmek bilen baglanyşykly maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. Sanly ulgamyň mümkinçilikleri ähli ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işine yzygiderli ornaşdyrylýar. Sanly ykdysadyýeti ösdürmek, ilata sanly hyzmatlary hödürlemek boýunça işler bilen birlikde, olary dürli howplardan, töwekgelçiliklerden goramak wezipelerine-de aýratyn ähmiýet berilýär.

Sanly ykdysadyýetiň mümkinçilikleri diňe bir döwlet we işewürlik düzümleri üçin uly bähbitleri hödürlemän, eýsem, adamlaryň durmuş we

iş şertlerini ýeňilleşdirmäge hem kömek edýär. Gündelik durmuşymyza yzygiderli ornaşdyrylýan elektron tölegler, onlaýn söwda, internet mahabatlandyrmasy, uzak aralykdan okuwlar, internet sergileri we beýlekiler sanlylaşdyrylan ykdysadyýetiň oňyn netijeleri umumy ulgamynyň düzüm bölekleridir. Olar biziň gymmatly wagtymyzyň we serişdelerimiziň tygşytlanmagy, hyzmatlaryň tiz wagtda ýerine ýetirilmegi, kagyz resminamalaryň we maglumatlaryň elektron görnüşde saklanmagy ýaly amatlyklary döredýär.

Ýurdumyzda sanly ulgamy ornaşdyrmagyň çäklerinde amala aşyrylýan giň gerimli özgerişlikler bilen baglylykda ykdysadyýetde täze pudaklar, bazarlar, dolandyryş usullary peýda bolýar. Ykdysadyýete innowasion tehnologiýalaryň mundan beýläk-de üstünlikli ornaşdyrylmagy raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmakda, ýurdumyzyň çig mal, ylmy-tehniki we zähmet gorlaryny netijeli peýdalanmakda, halkymyzyň aň-paýhas kuwwatyny ösdürmekde täze mümkinçilikleri açýar.

Türkmenistanyň ägirt uly potensialyny durmuşa geçirmäge, döwlet çykdajylarynyň ýokary netijeliligini üpjün etmäge we türkmen halkynyň maddy hal-ýagdaýyny, her bir maşgalanyň durmuş derejesini gyşarnyksyz ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

***Ç. Ussaýew,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň*
*Zähmetiň ykdysadyýeti kafedrasynyň uly mugallymy*

## GAÝTADAN DIKELDILÝÄN ENERGIÝANY YKDYSADYÝETE ORNAŞDYRMAKDA DÖWLET-HUSUSY HYZMATDAŞLYGYNYŇ ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň durnukly ösüşiň binýadynda ykdysadyýetiň gaýtadan dikeldilýän energiýany durmuşa ornaşdyrmak üçin täze çeşmeleri gözlemek, innowasion serişdelerden peýdalanmak we ulanylman duran mümkinçilikleri durmuşa geçirmek boýunça işleri alyp barmagy wezipeleriň biri hökmünde kesgitleýär. Durnukly ösüşe geçmegiň bilen baglanyşykly ykdysadyýete gaýtadan dikeldilýän energiýany durmuşa ornaşdyrmak babatynda täze ugurlary gözlemegiň zerurlygy ýokarlanýar.

Şunuň bilen baglylykda, sanly giňişligiň emele gelýän we ösýän şertlerinde sanly ykdysadyýetiň gazananlaryny nazara almak bilen, ähli pudaklary diwersifikasiýalaşdyrmak we olaryň mümkinçiliklerini ýüze çykarmak, döwlet hem-de aýry-aýry pudaklar, sebitler we hususy bölek derejesinde önümçilik pudaklarynyň, işini täzeçe guramagyň netijeli ugurlaryny emele getirmek, ýagny ykdysadyýetiň gurluş düzümini özgertmek üçin bitewi çemeleşmegi üpjün etmek zerurdyr.

Adamzadyň tebigy baýlyklara aýawly çemeleşmegi «ýaşyl» ykdysadyýetiň döremeginiň esasy sebäpleriniň biri boldy. Dünýä ýüzünde daşky gurşawy arassalamak, goramak we gaýtadan dikeldiş işlerine uly möçberde serişde goýberilýär. Ýurdumyzda hem eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, hereket edýän we täze gurulmagy meýilleşdirilýän desgalarda howanyň hapalanmazlygyny gazanmak maksady bilen, alternatiw energiýa çeşmelerini ulanmaklyga ýykgyn edilýär.

Ýurdumyzda «ýaşyl» ykdysadyýete geçmek boýunça işleriň çäklerinde ekoinnowasiýalary işläp taýýarlamak we ulanmak, ekologik taýdan arassa ulaglara geçmek, energiýa netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça çäreler durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň ylmy-tehniki kuwwatynyň artdyrylmagy ekologik abadançylygy üpjün etmäge hemmetaraplaýyn ýardam edýär. Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda serişde tygşytlaýjy tehnologiýalar giňden ornaşdyrylýar, howanyň arassalygyna gözegçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak, gurulýan zawod-fabrikleriň, beýleki desgalaryň ekologik talaplara laýyk gelmegini gazanmak babatda anyk işler ýerine ýetirilýär. «Ýaşyl» ykdysadyýete geçmek işi tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak, oba hojalygyny durnukly ösdürmek, energiýa tygşytlylygyny hem-de onuň netijeliligini ýokarlandyrmak, ýaşaýyş-durmuş maksatly ulanylýan önümleriň galyndylaryny dolandyrmak, ekoulgamlary gorap saklamak ýaly anyk ugurlar boýunça amala aşyrylar.

Türkmenistan Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek boýunça işini işjeň dowam edýär we milli strategiýasyny durnukly deňeçerlenen meselelerini nazara almak bilen emele getirýär. Şu ugurdaky işler döwlet bilen hususy bölegiň, jemgyýetçilik bileleşikleriniň bilelikdäki tagallalary arkaly amala aşyrylýar. Şeýle hem Türkmenistan ykdysady ösüşi üpjün etmekde bazar gatnaşyklaryny ösdürmekde, ykdysadyýetiň pudaklarynyň netijeliligini, bäsdeşlige ukyplylygyny we zähmet öndürjiligini ýokarlandyrmakda, daşary ykdysady orunlary pugtalandyrmakda hususy telekeçiligi ösdürmekde degerli netijeler gazandy. Şunuň bilen birlikde, durnukly ösüşi

amala aşyrmak ugrunda gyşarnyksyz depgini üpjün etmek üçin ýurtda täze tehnologiýalary, sanly çözgütleri çalt ösdürmäge we ornaşdyrmaga, telekeçilik gurşawyny düýpli gowulandyrmaga we giňeltmäge, döwlet-hususy hyzmatdaşlygyny giňeltmäge, gowy hili institusional gurluşy emele getirmäge, bäsdeşligi ösdürmäge we ykdysadyýete hususy maýany çekmäge, halkara goşulyşmaga tarap ugur dowam etdirilýär.

Häzirki gün ekologiýa taýdan arassa tehnologiýa geçmäge mümkinçilik berýän «ýaşyl» ykdysadyýetiň görkezijisi bolan tehnologiýalary durmuşa ornaşdyrmak adam saglygyna peýdalydygyna durmuş şaýatlyk edýär. Her bir ösen döwletlerde giňden ýaýran «ýaşyl» ykdysadyýetiň ösüşiniň esasy ugurlaryna degişli tejribelerini öwrenmek döwletimiziň hem üns merkezinde bolup durýar. Şeýlelik bilen, «ýaşyl» ykdysadyýete geçmeklikde talap edilýän maliýe serişdeleriniň täze bir çeşmesi bolan döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň mehanizmini ulanmagyň mümkinçilikleri peýdalanmaklygy daşary ýurt tejribeleri subut edýär.

Döwlet bilen hususy pudagyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň «ýaşyl» ykdysady ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen maýa goýumlaryny çekmegiň täsirli mehanizmini emele getirýändigi anyklandy. «Ýaşyl» ykdysady ösüşe gönükdirilen döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň taslamalary durmuşa geçirilende pudagyň ösmeginde üç sany esasy görkezijilere salgylanmak mümkin: täzelenýän çeşmelere esaslanýan energiýa; suw üpjünçiligi we arassaçylyk (lagym); şäher galyndylaryny dolandyrmak. Bütindünýä banky tarapyndan maliýeleşdirilýän bu pudaklardaky döwlet-hususy hyzmatdaşlyk taslamalaryny seljerdi we ileri tutulýan ugurlary kesgitledi. Şeýle taslamalaryň entek giňden ýaýramandygy we durmuşa geçirilýänleriň häzirki zaman we ekologiýa taýdan arassa desgalary döretmäge däl-de, ozal döredilen desgalaryň durkuny täzelemäge gönükdirilendigi ýüze çykaryldy.

Häzirki ýagdaýda energiýa, halk hojalygynyň pudaklarynyň ösmegine goşant goşýandygy sebäpli, döwletiň ykdysady ösüşi üçin esas bolup durýar. Ykdysadyýetiň energiýa pudagynyň ýagdaýy, ylmy we tehnologiki ösüş depginini kesgitleýär. Global energiýa pudagynda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini we ulanmak üçin tehnologiýalary ösdürmekde möhüm üýtgeşmeler bolup geçýär. Hut şu ugurda dünýäniň ösen ýurtlarynda ösen tehnologik ösüş bolýar. Täzelenip bilýän energiýa, hersiniň öz aýratynlyklary we aýratynlyklary bolan köp sanly esasy energiýa çeşmelerini öz içine alýar. Şeýlelik bilen, durnukly ösüşi üpjün etmek üçin ýeňilleşdirjek döwlet-hususy hyzmatdaşlyk mehanizmini ulanmak maksadalaýyk hasaplanylýar.

***J. Durdyýewa,***

*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş*
*institutynyň Menejment kafedrasynyň uly mugallymy*

# TÜRKMENISTANDA HYZMATLAR ULGAMYNYŇ ÖSÜŞINIŇ DURNUKLYLYGY

Ykdysadyýetiň iň möhüm pudaklarynyň biri hökmünde hyzmatlaryň orny uly we möhümdir. Soňky ýyllarda hyzmat pudagy ykdysadyýetiň geljegi uly pudaklarynyň birine öwrüldi. Häzirki wagtda ösen we ösýän ýurtlar ykdysady ösüşe täsir etmek üçin hyzmatlaryň ösüşini çaltlaşdyrmaga çalyşýarlar.

Türkmenistanda hyzmat pudagynyň giň gerimde ösdürilmegi, bazar gatnaşyklarynyň barha çuňlaşdyrylmagy, içerki sarp ediş bazarlarynda haryt bolçulygynyň artmagy önüm öndürijileriň arasyndaky bäsdeşligi yzygiderli güýçlendirýär. Bäsdeşlik bolsa, öz gezeginde, öndürilýän önümleriň möçberini artdyrmagyň, olary hil taýdan kämilleşdirmegiň, nyrhlaryny önümçiligiň özüne düşýän gymmatyny arzanlatmak arkaly pese düşürmegiň esasy tizlik beriji serişdesi bolup çykyş edýär.

Durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň Garaşsyz Türkmenistanda kemala gelen we özgerýän milli nusgasynyň baş maksady hojalyk gatnaşyklarynyň erkinligine we peýdaly bäsleşige şert döretmekden, innowasion esasda we tebigy serişdeleri aýamak bilen jemgyýetiň ösýän maddy, ruhy isleglerini kanagatlandyrmakdan, senagat önümçiligini, hyzmatlar ulgamyny pudaklaýyn, sebitleýin, üznüksiz hem-de deňölçegli ösdürmekden ybarat bolup durýar.

Häzirki wagtda döwletimiziň ykdysady syýasaty durnukly, deňeçer ykdysady ösüşi üpjün etmäge, ykdysadyýetiň pudaklarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga, ýerli önümçiligiň hasabyna içerki bazaryň zerurlyklaryny ýokary derejede kanagatlandyrmaga we eksport mümkinçiliklerini artdyrmaga gönükdirilendir. Bu maksatlara ýetmek üçin Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan makroykdysady düzgünleşdiriş institutlaryny kämilleşdirmäge, maýa goýum, işewürlik gurşawyny gowulandyrmaga, hususy telekeçiligi ösdürmäge, pul-karz we salgyt syýasatynyň höweslendiriji ornuny güýçlendirmäge, maliýe durnuklylygyny üpjün etmäge, gazna bazaryny ösdürmäge hem-de bäsleşikli bazar gurşawyny kämilleşdirmäge gönükdirilen çäreler toplumy amala aşyrylýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda hyzmat pudagy çalt ösdi. 1991–2024-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň Jemi içerki önüminiň düzüminde hyzmat pudagynyň paýy yzygiderli ýokarlandy we ykdysadyýetde işleýän ilatyň umumy sanynda hyzmat pudagynda işleýän ilatyň paýy hem artdy.

Hyzmat pudagynyň çalt ösüşi ýurdumyzy mundan beýläk-de ösdürmek üçin durmuş-ykdysady ösüş strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Orta möhletleýin döwürde milli ykdysadyýetiň möhüm bölegi bolup duran ulag-logistika, aragatnaşyk we maglumatlar tehnologiýalary ulgamlarynyň kämilleşdirilmegi dowam etdirilip, dünýä ykdysady ulgamyna netijeli aralaşmagyň täze strategik ugurlary kesgitlendi. Kabul edilen Milli maksatnamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde senagat kärhanalarynyň mukdar taýdan ösüşi çaltlaşdy, ykdysadyýetiň pudaklarynyň düzümi kämilleşdi, hyzmatlaryň görnüşleri giňeldi hem-de häzirki zaman we ýokary hilli hyzmatlar bazarynyň ösmegi dowam edýär.

Häzirki zaman ýokary tehnologiýaly we bazar ykdysadyýetine mahsus bolan maglumat we aragatnaşyk, bank, ätiýaçlandyryş, lizing, syýahatçylyk, gezelenç we beýleki hyzmatlaryň görnüşleri çalt depginde ösýär. 2024-nji ýylda ýurduň durmuş-ykdysady ösüşini häsiýetlendirýän ähli görkezijileriň oňyn ösüş depginleri gazanyldy we jemi içerki önümiň ösüş depgini 6,3% artdy. Bu görkeziji senagat pudagynda 1,5%-e, oba hojalyk 5,3%-e, gurluşyk 11%-e, ulag we aragatnaşyk ulgamy 7,2%-e, söwda 10,1%-e hem-de hyzmatlar ulgamynda 8,6%-e deň boldy.

Hususan-da, aragatnaşyk we maglumat hyzmatlarynyň ýokarlanmagyna Telekommunikasiýa torlarynyň ösmegi, kompýuterleşdirme we maglumat tehnologiýasy ykjam aragatnaşyk, ýokary tizlikli internet, kabel teleýaýlymy, aragatnaşyk ýaly hyzmatlaryň görnüşleriniň giňelmegine sebäp boldy. Uzak bank işi, kredit kartoçkalary tölegleri we onlaýn söwda ýaly häzirki zaman hyzmatlaryň görnüşleriniň ösmegi, maliýe hyzmatlarynyň mukdarynyň ýokarlanmagyna sebäp boldy. Şeýle hem täze söwda merkezleriniň we iýmit kärhanalarynyň peýda bolýandygyny, myhmanhanalaryň sanynyň köpelýändigini, bilim hyzmatlarynyň görnüşleriniň köpelýändigini, dynç alyş pudagynda saýlamanyň giňelýändigini we syýahatçylyk pudagynyň giň gerimlere eýe bolýandygyny gündelik durmuşda şaýat bolýarys.

Hyzmat pudagynda telekeçiligiň ösmegi, bazarda köp sanly kiçi kärhananyň peýda bolmagy, dürli görnüşli hyzmatlaryň hödürlenmegi – bularyň hemmesi islegi artýan şertlerde bazary hyzmatlar bilen doldurmaga

mümkinçilik berýär. Ýurdumyzyň ykdysady ösüşini durnuklaşdyrmakda telekeçilik işjeňliginiň möhüm ähmiýeti bardyr. Ol önümçiligi çeýe dolandyrmaga, täze tehnologiýalary we ylmyň gazananlaryny önümçilige tiz ornaşdyrmaga mümkinçilik döredýär. Telekeçilik ykdysadyýetde täze iş orunlaryny döretmäge, ykdysadyýetiň salgyt binýadyny giňeltmäge, importy çalyşýan we eksporta gönükdirilen önümçilikleri döretmäge uly itergi berýär.

Durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň Garaşsyz Türkmenistanda kemala gelen we özgerýän milli nusgasynyň baş maksady hojalyk gatnaşyklarynyň erkinligine we peýdaly bäsleşige şert döretmekden, innowasion esasda we tebigy serişdeleri aýamak bilen jemgyýetiň ösýän maddy, ruhy isleglerini kanagatlandyrmakdan, senagat önümçiligini, hyzmatlar ulgamyny pudaklaýyn, sebitleýin, üznüksiz hem-de deňölçegli ösdürmekden ybarat bolup durýandygy barada «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynda» hem bellenip geçilýär.

Hyzmat pudagynyň geljegi. Ilatyň iş bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmakda we girdejisini artdyrmakda, şonuň bilen birlikde ýaşaýyş-durmuş derejesini we hilini ýokarlandyrmakda hyzmat pudagynyň ösüşiniň geljegini kesgitlemek, bu ugurda döredilen hyzmatlaryň göwrüminiň uzak möhletli görkezijileriniň ýokarlanmagy çaklanylýar.

Milli maksatnamamyzda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklarynyň ösüşini tizleşdirmek we ilata edilýän hyzmatlary ýeňilleşdirmek maksady bilen, saglygy goraýyş hyzmatlary, bilim hyzmatlary, syýahatçylyk hyzmatlary, häkimlikleriň hyzmatlary, döwlet statistikasynyň hyzmatlary, jemagat hojalygy hyzmatlary, bank hyzmatlary, ätiýaçlandyryş hyzmatlary, aragatnaşyk hyzmatlary, ilaty durmuş taýdan goramak hyzmatlary, söwda hyzmatlary, ulag hyzmatlary we beýleki edaralaryň hyzmatlary sanly ulgam arkaly ýerine ýetirilmegini kämilleşdirmegiň möhümligi bellenilýär. Döwrüň talabyna laýyklykda hyzmatlaryň görnüşleriniň has-da kämilleşdirilmegi we artdyrylmagy hem göz öňüne tutulýar.

Hyzmat pudagynyň çalt ösmegi netijesinde 2052-nji ýyla çenli jemi içerki önümdäki paýynyň tapawutly ýokarlanmagyna garaşylýar. Geljekde bu pudagyň täze iş ýerleri döretmek we netijede girdejileri ýokarlandyrmak, işleýän ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak üçin mümkinçilikleri açjakdygyny aňladýar.

***A. Nurmuradowa,***
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň*
*Marketing kafedrasynyň uly mugallymy,*

***O. Nurlyýewa,***
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň*
*Marketing kafedrasynyň uly mugallymy*

# ÝURDUMYZYŇ YKDYSADYÝETINDE MAÝA GOÝUM WE INNOWASIÝA SYÝASATYNYŇ DÖWREBAPLAŞMAGY

Türkmenistanda durnukly ösüşi üpjün etmek üçin amatly şertleri has-da çuňlaşdyrmaga gönükdirilen giň gerimli ykdysady we durmuş özgertmelerini amala aşyrmagyň barşynda, Garaşsyzlygymyzyň şanly 34 ýyllygyny şöhratlandyrýan 2025-nji ýylda maýa goýum syýasaty esasy orunlaryň birini eýeleýär. Maýa goýum syýasaty, ilkinji nobatda, ykdysadyýetiň pudaklaryna milli we daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegi bilen baglanyşyklydyr. Maliýe syýasatynyň bir bölegi hökmünde maýa goýum syýasaty döwlet dolandyrylyşynyň aýry-aýry derejelerinde we ykdysady subýektleriň maliýesiniň dolandyrylyşynyň derejesinde amala aşyrylýar. Milli we daşary ýurtly maýadarlaryň maliýe serişdelerini Türkmenistanyň ykdysadyýetine çekmäge şertleriniň döwrebaplaşdyrylmagy maýa goýum syýasatynyň baş maksadydyr.

Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda ýurdumyzyň ykdysadyýetini döwrebaplaşdyrmak boýunça durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynda maýa goýum strategiýasynyň kämilleşdirilmegine uly ähmiýet berilýär. Türkmenistanda amala aşyrylýan maýa goýum syýasatyna geçirilen düýpli seljermeler maýa goýum işjeňligini artdyrmak üçin amatly şertleriň döredilmeginiň, ykdysadyýete göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň akymyny mundan beýläk hem höweslendirmegiň döwlet syýasatynda ileri tutulýan maksatlaryň hatarynda durýandygyny ähli aýdyňlygy bilen görkezýär.

Innowasiýalar häzirki döwürde ilerleýän ykdysady ösüşi üpjün etmegiň esasy şerti hem işjeň serişdesidir. Diňe innowasiýalara daýanýan ykdysadyýet döwletiň bazar bäsdeşligine ýokary derejedäki ukybyny üpjün edip, ýurduň durmuş-ykdysady ösüşini çynlakaý ilerledip bilýändir. Innowasiýalary işjeň özleşdirmek we maýa goýum işjeňligini höweslendirmek boýunça

netijeli çäreleriň özara ýakyndan utgaşdyrylmagy milli ykdysadyýetde ýokary derejedäki hil özgertmelerini üpjün etmäge ukyplydyr. Şunuň bilen baglylykda maýa goýum gorlarynyň gerimini artdyrmagyň, hususan-da, maýa goýumlaryny maliýeleşdirmegiň täze çeşmelerini ösdürmegiň mümkinçiliklerine garamak meseleleriň ähmiýeti ýokarlanýar. Şeýle çeşmelere, innowasiýalara doly esaslanmak hem ugrukmak, köpugurlylyk, çeýelik, ýokary derejedäki elýeterlilik ýaly oňyn häsiýetler mahsus bolmalydyr, olar tiz we netijeli özleşdirilmegine hem-de önümçilige ornaşdyrylmagyna ýakyndan ýardam bermelidir. Häzirki döwürde Türkmenistanda maýa goýum işiniň täze görnüşlerini netijeli goldamak boýunça birnäçe işler alnyp barylýar.

Türkmenistanda innowasiýa işini amala aşyrmak üçin zerur bolan intellektual, maglumat, maddy-tehniki we maliýe serişdelerine innowasiýa işiniň subýektleriniň elýeterliligi üçin amatly şertleri has-da kämilleşdirilýär. Şonuň ýaly-da innowasiýa işiniň ösmegi üçin ylmyň, bilimiň, önümçiligiň we maliýe-karz çygrynyň özara baglanyşygyny, innowasiýa işiniň çygrynda döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ösdürilýär, aýratyn-da, ykdysadyýetiň telekeçilik böleginiň innowasiýa işine ýardam etmeklik üns merkezinde saklanylýar. Şonuň bilen birlikde işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrylmagyny guramak, innowasiýa işini amala aşyrmakda fiziki we ýuridik şahslary, innowasiýa işini amala aşyrmak prosesinde döredilen intellektual eýeçiligiň obýektiniň awtoryny (şärikli awtorlaryny) höweslendirmek amala aşyrylar. Döwlet innowasiýa syýasatynyň esasy ýörelgeleri innowasiýa işiniň Türkmenistanyň durmuş-ykdysady taýdan ösüşiniň ileri tutulýan ugurlarynyň gazananlaryna gönükdirilendir. Şunda innowasiýa işiniň ähli subýektleriniň deňhukuklylygyny, bazar mehanizmlerini peýdalanmak bilen innowasiýa işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi üpjün edilýär. Ýurdumyzda ileri tutulýan ugurlaryň biri-de innowasiýa işi amala aşyrylanda amatly maýa goýum ýagdaýyny döretmek, çeýe býujet, karz, salgyt, gümrük syýasatyny geçirmekdir. Innowasiýa işiniň we intellektual eýeçiligiň subýektleriniň hukuklarynyň we bähbitleriniň goramak, innowasiýa işiniň amala aşyrylmagy netijesinde Türkmenistanyň milli, ykdysady, ekologiýa we maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek we innowasiýa babatynda Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek döwletiň innowasiýa syýasatynyň esasy maksatlarynyň biri bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen Türkmenistanda durmuşa geçirilýän maýa goýum nusgasynyň binýatlaýyn düzüm ugurlarynyň hatarynda şu aşakdakylary görkezmek bolar:

– maýa goýum syýasaty ýurdumyzyň ykdysadyýetini senagatlaşdyrmak, onuň tehnologiýalar üpjünçiligini düýpli döwrebaplaşdyrmak, ykdysadyýetiň gurluşyny dolulygyna üýtgedip gurmak maksatlaryna gönükdirilmegi;

– ýokary tehnologiýaly ykdysadyýete geçmegi durnukly ösüşi üpjün etmegiň baş ugry hökmünde kesgitlenilmegi;

– maýa goýumlary maliýeleşdirmegiň çeşmeleriniň yzygiderli giňeldilmegi. Ýokarda bellenilişi ýaly, maýa goýumlaryny maliýeleşdirmegiň çeşmeleriniň gurluş aýratynlyklary milli maýa goýum modelini beýlekilerden aratapawutlandyrylýan möhüm alamat hökmünde kabul edilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanda durmuşa geçirilýän ykdysady ösüş nusgasy maýa goýum işjeňliginiň durnukly häsiýete eýe bolan alamatlarynyň bitewi bir jemi görnüşinde orta çykýar. Şeýle häsiýetli alamatlaryň hatarynda: önümçilik gorlarynyň gurluşy we hili, makroykdysady görkezijileriň özara gatnaşyk derejesi, ykdysady ösüşiň görnüşi we many-mazmuny, maýa goýum işjeňliginiň pudaklar we sebitler boýunça bölünişi, maýa goýumlary maliýeleşdirmegiň çeşmeleri, maýa goýum işiniň subýektleri (döwlet, kiçi we orta telekeçilik), döwletiň maýa goýum syýasatynyň aýratynlylygy, maýa goýum giňişliginde döredilen birsydyrgynlyk we howpsuzlyk şertleri ýaly görkezijilere aýratyn ähmiýet berilýär. Täze maýa goýum çeşmeleriniň we olar bilen bagly bolan hojalyk görnüşleriniň işjeň ösdürilmegine milli ykdysadyýetiň ösüşini üpjün etmekde aýratyn orun berilýär. Çünki bu çäreler ýurt derejesinde amala aşyrylýan maýa goýum we innowasiýalar işlerine kuwwatly badalga bermäge ukyplydyr.

***M. Allamyradow,***

*Türkmen döwlet maliýe institutynyň Buhgalterçilik hasaba alnyşy kafedrasynyň uly mugallymy, ykdysady ylymlaryň kandidaty*

## DÖWLET-HUSUSY HYZMATDAŞLYGYNYŇ MEHANIZMLERINIŇ DURNUKLY ÖSÜŞI GAZANMAKDAKY ÄHMIÝETI

Jemgyýetçilik ähmiýetli çärelere hususy maýany çekmegiň iň amatly ýollarynyň biri hökmünde «döwlet-hususy hyzmatdaşlygy» ykrar edilýär. Milli iş tejribä bu ykdysady mehanizm 2021-nji ýylyň 5-nji iýunynda «Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň

kabul edilmegi bilen girizildi. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen işlenilip taýýarlanylan we kabul edilen, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynda» kesgitlenen wezipeleriň hatarynda döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hem öz beýanyny tapýar. Bu wezipe bazar gatnaşyklaryna esaslanýan döwlet-hususy hyzmatdaşlygy giňeltmegi, döwlet kärhanalaryny hususylaşdyrmak arkaly eýeçiligiň dürli görnüşlerini ösdürmegi, paýdarlar jemgyýetlerini döretmegi, gymmatly kagyzlaryň bazaryny, gazna biržasynyň işini kämilleşdirmek babatda anyk çäreleri geçirmegi nazara alýar.

Şu ýerde döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň döwlet we hususy tarap üçin hem bähbitlidigini belläp geçmek zerurdyr. Bu bähbit döwlete durmuş-ykdysady meseleleri çözmäge goldaw berýän bolsa, hususy tarapa wekilçilik edýän ýuridik şahsyň içerki we daşarky bazarda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Bu ugurdaky hyzmatdaşlyk, köplenç, özara bähbitli çäreleri durmuşa geçirmegiň zerurlygy bilen şertlenýär. Döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň kadaly esasda ýola goýulmagy bolsa, ýurduň durnukly ösüşine özüniň oňyn täsirini ýetirýär. Döwlet özüniň durmuş wezipeleriniň belli bir bölegini hususy bölegiň kömegi bilen çözmäge mümkinçilik alyp, halk hojalygynyň döwlet goldawyna zerurlyk çekýän beýleki pudaklaryna maliýe serişdelerini gönükdirmegi bilen, ykdysadyýetiň pudaklaryny deňeçer ösdürýär.

Döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň ykdysadyýetdäki ornuny bahalandyrmak üçin, ilki bilen, onuň mehanizmlerini, ýagny döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň subýektlerini we obýektlerini, onuň ulanylmagynyň ileri tutulýan ugurlaryny, döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň ýörelgelerini beýan etmek zerurdyr.

Döwlet we hususy hyzmatdaşlar döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň taraplary bolup durýarlar. Şeýle hem döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň taslamasyny maliýeleşdirýän maliýe we gaýry guramalar hem döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hakynda ylalaşygyň taraplary bolup biler.

«Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, hyzmatdaşlygyň taraplary üçünji taraplary hem bu işi durmuşa geçirmäge çekip bilerler. Ýöne döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hakynda ylalaşyk boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilişine döwlet hyzmatdaşy we hususy hyzmatdaş doly jogapkärçilik çekýär.

Mysal üçin, döwlet hyzmatdaşy tarapyndan ygtyýarlandyrylan döwlet kärhanalary döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hakynda ylalaşyga laýyklykda döwlet hyzmatdaşynyň borçlaryny öz üstüne alýan bolsa, hususy hyzmatdaş döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hakynda ylalaşyk boýunça, esaslyk maýasynyň 50 göteriminden geçýän paýy döwlete degişli bolan kärhanalardan başga, bir ýa-da birnäçe guramalara öz hukuklaryny we borçlaryny berip biler.

Taslamasy, gurluşygy, döredilmegi, üpjün edilmegi, maliýeleşdirilmegi, durkunyň täzelenilmegi, döwrebaplaşdyrylmagy, ulanylmagy we hyzmat edilmegi döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň amala aşyrylmagynyň çäklerinde durmuşa geçirilýän emläk, emläk toplumlary we durmuş-ykdysady infrastruktura, şeýle hem döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň amala aşyrylmagynyň barşynda ornaşdyrylmaga degişli bolan işler, hyzmatlar we innowasiýalar döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň obýekti hökmünde ykrar edilýär.

Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň konsepsiýasy döwlet hyzmatdaşynyň ygtyýarlygyna girýän ykdysady we durmuş çygyrlarynyň ileri tutulýan ugurlary boýunça döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň rejeliligini we netijeliligini hem-de onuň amatly görnüşiniň ýüze çykarylmagyny üpjün edýän deslapky maliýe hasaplamalaryň esasynda işläp düzýär.

Türkmenistanda döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň kömegi bilen, esasan, oba hojalyk we azyk, gurluşyk, senagat, dokma, himiýa we logistika ugruna degişli wezipeleri amal etmek ileri tutulýar. Döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň iň görnükli mysallarynyň biri bolup, «Aşgabat-Türkmenabat» awtobanynyň gurluşygy çykyş edýär.

Döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň netijeli hereket etmeginiň mehanizminiň käbir jähtlerini seljereliň:

– guramaçylyk-hukuk jähti. Bu jäht döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň institusional esasyny emele getirmek bilen, döwlet we hususy tarapyň arasynda ylalaşygy baglaşmaga taýýarlamak işlerini gurşap alýar;

– maliýe-maýa goýum jähti. Bu jähte laýyklykda, taraplaryň paýyna düşýän maýa goýumlaryň mukdary kesgitlenilýär;

– tehniki-guramaçylyk jähti. Hyzmatlaryň gymmatyny kesgitlemek üçin tehniki seljermäni, marketing we durmuş barlaglaryny, maliýe seljermesini we çykdajylaryň öwezini dolmagyň tarifini modelirlemegi, işewürlik-meýilnamasynyň taslamasyny, şeýle hem döwlet-hususy hyzmatdaşlygy taslamasynyň netijeliligini bahalandyrmak amala aşyrylýar;

– önümçilik-hojalyk jähti. Bu jäht harytlary öndürmegiň we hyzmatlary ýerine ýetirmegiň tehnologik düzgünlerini gurşap alýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow 2024-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde döwlet-hususy hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň maksatnamasynyň taslamasyny işläp taýýarlamagyň zerurlygyna ünsi çekdi. Şu hem, ýurdumyzyň durnukly ykdysady ösüşiniň gazananlaryny has-da berkitmekde döwlet-hususy hyzmatdaşlygyna aýratyn ähmiýet berilýändigini aýdyňlygy bilen görkezýär.

***G. Annamämmedowa,***
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy,*

***Y. Nazarow,***
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy*

## MALIÝE TÖWEKGELÇILIKLERINI DOLANDYRMAGY SANLYLAŞDYRMAKLYGYŇ MÜMKINÇILIKLERI

Häzirki zaman ykdysadyýetinde ykdysady we maliýe durnuklylygyny üpjün etmek meseleleri möhüm orny eýeleýär. Döwletleriň we hususy pudagyň maliýe ulgamyndaky dolandyryş usullaryndaky özgertmeler, şol sanda sanly tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy, maliýe töwekgelçilikleriniň öňüni almakda we olary dolandyrmakda täze mümkinçilikleri açýar. Sanlylaşdyrma arkaly maliýe amallarynyň tizligi, takyklygy hem-de aç-açanlygy ýokarlanýar, bu bolsa maliýe töwekgelçilikleriniň has netijeli dolandyrylmagyna ýardam edýär.

Maliýe töwekgelçiligi ykdysadyýetiň ähli derejelerinde ýüze çykyp bilýän howplardyr: bank ulgamynda, býujet serişdeleriniň dolanyşygynda, daşary ýurt walýutasy bilen baglanyşykly amallarda we maýa goýum proseslerinde. Bu töwekgelçilikleriň netijeli dolandyrylmagy diňe bir olaryň ýüze çykmagynyň öňüni almak bilen çäklenmän, eýsem, ykdysady ösüşiň durnuklylygyny hem üpjün edýär. Sanly tehnologiýalaryň, şol sanda uly maglumatlaryň (Big data), emeli intellektiň (AI), blokçeýn tehnologiýasynyň

hem-de awtomatlaşdyrylan analitik platformalaryň ornaşdyrylmagy arkaly bu ugurda täzeçe çemeleşmelere giň ýol açylýar.

Gündelik ösüşde sanlylaşdyrmagyň ähmiýeti artýar. Şonuň üçin hem häzirki zaman maliýe dolandyryş ulgamynda töwekgelçiligi peseltmek, öňünden duýmak we çalt çözgüt tapmak ýaly mümkinçilikleriň sanly esasda ösdürilmegi – häzirki döwrüň möhüm talaplarynyň biridir.

Maliýe töwekgelçiligi – bu ykdysady ýa-da maliýe çäreleriniň netijesinde ýüze çykyp biljek ýitgi ýa-da durnuksyzlyk howpuny aňladýar. Töwekgelçilikleriň görnüşlerine bazar töwekgelçiligi, karz töwekgelçiligi, likwidlik töwekgelçiligi, walýuta töwekgelçiligi we beýleki birnäçe ugurlar degişli bolup biler. Häzirki zaman tehnologiýalarynyň ösmegi bilen bu töwekgelçilikleri dolandyrmak üçin sanly usullar giňden ulanylýar.

1. Sanly maglumatlary ýygnamak we derňemek.
2. Uly maglumatlar (Big Data) we emeli intellekt.
3. Blokçeýn we aç-açanlyk.
4. Awto-mehanizirlenen monitor ulgamlary.
5. Sanly howpsuzlyk (Cybersecurity).

Häzirki zaman ykdysadyýetinde maliýe töwekgelçiliklerini dolandyrmagyň sanlylaşdyrylmagynyň örän möhüm we zerur ugurlaryň biridigine doly göz ýetirilýär. Sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy maliýe ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga, maliýe howplaryny öňünden görmäge we dessin täsir bildirmäge giň mümkinçilikleri döredýär.

Sanly serişdeler – uly maglumatlar (Big Data), emeli intellekt (AI), blokçeýn tehnologiýasy, awtomatlaşdyrylan analitik ulgamlary we sanly duýduryş sistemalary – töwekgelçilikleriň kesgitlenmeginde, seljerilmeginde we dolandyrylmagynda netijeli serişdelerdir. Şeýle-de bu gurallar arkaly ykdysady aç-açanlyk, tiz duýduryş we strategik meýilnama ýaly ugurlarda has takyk çemeleşmelere mümkinçilik döredilýär.

Türkmenistanda hem ykdysady we maliýe ulgamlarynyň sanlylaşdyrylmagyna uly ähmiýet berilýär. Şeýle şertde, maliýe dolandyryşynyň ähli derejelerinde sanly gurallaryň giňden ornaşdyrylmagy, diňe bir döwlet maliýesiniň durnuklylygyny üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem, hususy sektoryň hem töwekgelçilige garşy taýýarlygyny ýokarlandyrmaga ýardam edýär we aşakdaky netijeler esasynda ösdürilýär.

Maliýe edaralarynda sanly seljerme platformalaryň giňden ornaşdyrylmagy – töwekgelçiligi öňünden kesgitlemek üçin real wagt maglumatlaryny ulanmak zerurdyr:

– sanly howpsuzlyk ulgamynyň kämilleşdirilmegi – töwekgelçiligiň täze görnüşleriniň (kiber howplar) öňüni almak üçin.

– işgärleri taýýarlaýyş ulgamynda sanly maliýe dolandyryşy boýunça hünärmenleriň taýýarlanylmagy – täze tehnologiýalary netijeli ulanmak üçin.

– blokçeýn we aç-açan maglumat dolanyşygy sistemalarynyň ösdürilmegi – maliýe amallarynyň açyk we yzarlanýan bolmagyny üpjün etmek üçin.

Sanlylaşdyrmak maliýe töwekgelçiliklerini dolandyrmagyň möhüm we öňdebaryjy ugrudyr. Bu ulgamdaky täze mümkinçilikleri giňden ulanmak ykdysadyýetde durnukly ösüşi gazanmaga, howplary wagtynda ýüze çykarmaga we netijeli dolandyryş kararlaryny kabul etmäge şert döredýär.

***Ş. Saparowa,***

*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň,*
*Ylym bölüminiň müdiri, Maliýe kafedrasynyň*
*uly mugallymy, ykdysady ylymlaryň kandidaty*

## TÜRKMENISTANDA SANLYLAŞDYRMA ŞERTLERINDE ZÄHMET IŞJEŇLIGINIŇ ÖSÜŞINIŇ KÄBIR TARAPLARY: NETIJELER WE TEKLIPLER

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ykdysady mümkinçilige eýe bolan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan innowasiýa ösüş ýolunda ynamly öňe gitmegini dowam etdirýär. Şol bir wagtyň özünde, milli ykdysady toplumyň mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrylmagynda we netijeliligini ýokarlandyrmakda aýrylmaz ýagdaýy hökmünde milli ykdysadyýetiň we ähli pudaklaryň sanly platforma geçirilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Sanlylaşdyrmak global tendensiýa hökmünde durmuşyň ähli ugurlaryna, şol sanda zähmet bazaryna möhüm täsir edýär. Ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna sanly tehnologiýalary işjeň ornaşdyrýan ýurdumyz zähmet işjeňliginde täze kynçylyklar we mümkinçilikler bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Durmuşyň ähli ugurlaryna aralaşýan sanlylaşdyrmak Türkmenistanyň zähmet bazaryny hökmany suratda üýtgedýär. Şunuň bilen baglylykda ýurdumyzyň kanunçylygy täzeçiliklere işjeň uýgunlaşyp, zähmet pudagynda sanly tehnologiýalary ösdürmek üçin kanuny esas döredýär.

2018-nji ýylyň 30-njy noýabrynda Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy tassyklanyldy.

Kararyň tassyklanylmagy bilen ýurduň mundan beýläk-de ösüşine, işewür we maýa goýum işjeňligine, döwlet dolandyryşynyň öňdebaryjy usullarynyň ornaşdyrylmagyna we täze iş ýerleriniň döredilmegine mümkinçilik dörär. Ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmek we ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak üçin sanlylaşdyrma giň mümkinçilikleri açýar. Sanlylaşdyrmagy üstünlikli durmuşa geçirmek üçin zähmet bazaryny, bilim ulgamyny we durmuş syýasatyny täze şertlere uýgunlaşdyrmak üçin çäreleri görmeli, olaryň durmuşa geçirilmegi ýurdumyza sanlylaşdyrmagyň kynçylyklaryny üstünlikli ýeňip geçmäge we sanly ykdysadyýetde mynasyp orny eýelemäge mümkinçilik berer.

Türkmenistanyň zähmet bazary, beýleki ýurtlarda bolşy ýaly, halkara gatnaşyklarynyň globallaşmagy we dünýä ykdysady gatnaşyklary, tehnologik ösüş we belli bir milli ýagdaýlaryň täsiri netijesinde möhüm özgerişlikleri başdan geçirýär. Döwletiň ykdysady syýasaty, ykdysadyýetiň gurluşy we sosial ýagdaýlar bilen kesgitlenýän birnäçe aýratynlyk bilen häsiýetlendirilýär.

Olaryň hataryna hem döwlet düzgünleşdirmesiniň zähmet bazaryny kadalaşdyrmakda möhüm ähmiýeti bardyr. Bu iň pes aýlyk hakynyň kesgitlenmeginde, zähmet hakynyň yzygiderli ýokarlanmagynda, durmuş kepillikleriň we ýeňillikleriň kesgitlenmeginde, şeýle hem işe durýanlaryň yzygiderli gözegçiliginde görkezilýär. Ýene bir ýagdaýlaryň biri – döwlet eýeçiliginiň artykmaçlygy: uly kärhanalaryň ep-esli bölegi döwlet eýeçiligindedir, bu öz gezeginde iş üpjünçiligini we aýlyk derejesini kesgitleýär. Oba hojalygy we senagat ykdysadyýetiň möhüm pudaklary bolup durýar. Şeýle-de bolsa, soňky ýyllarda ykdysadyýeti diwersifikasiýa etmek we täze pudaklary ösdürmek tendensiýasy ýüze çykýar. Ýene-de aýratynlyklaryň biri – iş bilen üpjünçiligiň ýokary derejesi: ykdysady üýtgemelere garamazdan döwletiň raýatlary iş bilen üpjün etmek boýunça işjeň alyp barýan syýasatynyň netijesinde täze iş orunlaryny döretmek üçin uly goldawdyr.

Ýurdumyzyň ähli pudaklaryň sanlylaşdyrmagy käbir möhüm gurallary arkaly zähmet bazaryna täsir edýär. Sanlylaşdyrmak we awtomatlaşdyrmak – ykdysadyýeti sanlylaşdyrmak prosesi iş gurluşynyň üýtgemegine, maglumat tehnologiýasy we önümçiligi awtomatlaşdyrmak pudagyndaky hünärmenlere islegiň ýokarlanmagyna, şeýle hem käbir adaty pudaklarda iş orunlarynyň azalmagyna getirýär. Gündelik amallary awtomatlaşdyrmak, hyzmat we amal gözegçiliginde täze mümkinçilikler döretmek bilen bir hatarda, käbir adaty pudaklarda iş ýitgilerine sebäp bolýar. Ikinjiden bolsa, sanly hünärlere bolan islegiň artmagy. Sanly tehnologiýalaryň ösmegi täze hünärleriň döremegine we maglumat tehnologiýasy,

programmirleme, kiberhowpsuzlyk we beýleki ugurlar boýunça hünärmenlere islegiň artmagyna getirýär we işgärlerden başarnyklaryny yzygiderli ýokarlandyrmagy, täze tehnologiýalara uýgunlaşmagyny talap edýär. Kiçi we orta telekeçiligi ösdürmegiň «Kiçi we orta telekeçiligiň döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, döwlet tarapyndan täze iş ýerleriniň döredilmegine we ykdysadyýetiň diwersifikasiýa edilmegine goşant goşýan kiçi we orta telekeçiligiň ösmegine işjeň goldaw berilýär. Esasy ädimleriň biri – işgärleri taýýarlamakda bilimiň ähmiýetini güýçlendirmek: bilimiň hilini ýokarlandyrmaga we zähmet bazarynyň häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýän hünärmenleri taýýarlamaga ýurdumyzda aýratyn üns berilýär.

Ýurdumyzyň hususy senagat pudagynyň ösmegi üçin ähli şertler döredilýär, telekeçileriň işini onlaýn alyp barmak üçin platformalar döredilýär. Start-up we kiçi kärhanalara maýa goýumlaryny çekmek, köp pul toplamak innowasiýa itergi berer we täze iş ýerleri döreder. Telekeçileri ösdürmek üçin goldaw berýän (akselerator) we inkubator ýaly onlaýn programmalaryň döredilmegi telekeçileriň işini üstünlikli ösdürmek üçin zerur bilimleri we çeşmeleri almaga mümkinçilik hem berer.

«Sanly dolandyryş» düşünjesi sanly tehnologiýalary intensiw derejede ornaşdyrmak döwründe ýurduň ykdysadyýetiniň esasy pudaklarynda giňden ulanylýar, sebäbi bu kompaniýanyň üstünlikli ösmegi üçin zerur şertdir. Içerki proseslerden başlap, müşderileriň özara täsirine çenli işewürligiň ähli taraplaryny dolandyrmak üçin sanly tehnologiýalary ulanmak ýörite işlenip düzülen programmalar arkaly amala aşyrylýar. Iň meşhur tehnologiýalar bolup, müşderi gatnaşyklaryny dolandyrmak üçin CRM ulgamlary (Customer Relationship Management); kärhananyň çeşmelerini meýilleşdirmek we dolandyrmak üçin ERP ulgamlary (Enterprise Resource Planning); müşderileri çekmek we saklamak üçin marketing awtomatlaşdyryş ulgamlary; ofisiň daşynda ýerleşýän maglumatlary saklamak we gaýtadan işlemek üçin bulut tehnologiýalary ulanylýar.

Türkmenistanyň ilatynyň sanly üýtgeşmelere taýýarlygyna baha berlende, sanly başarnyklaryň derejesini, infrastrukturanyň elýeterliligini, hökümetiň goldawyny we sosial garaşmalary öz içine alýan birnäçe ýagdaýlary göz öňünde tutmaly. Döwrümiziň esasy ugurlaryndan biri bolmak bilen sanlylaşdyrma ilatyň täze tehnologiýalara we hyzmatlara uýgunlaşmagyny talap edýär. Sanly üýtgeşmelere birnäçe sebäpler täsir edýär. Ol hem sanly sowatlylyk ýaly sanly başarnyklaryň derejesini öz içine alýar – komp-

ýuter, internet, programma üpjünçiligi bilen işlemegiň esaslaryny bilmek; kompýuter sowatlylygy – dürli meseleleri çözmek üçin kompýuter ulanmak ukyby; maglumat sowatlylygy – dürli çeşmelerden maglumatlary tapmak, baha bermek we ulanmak ukyby. Ýene sebäpleriň bir hem sosial garaşmalar bolup biler, üýtgemelere taýynlyk – ilatyň täze tehnologiýalara we hyzmatlara açyklygy; sanly hyzmatlara ynam – sanly giňişlikdäki maglumatlaryň howpsuzlygyna we gizlinligine bolan ynam derejesi.

Zähmet we zähmet gatnaşyklaryny öwrenmegiň möhüm taraplaryndan biri zähmet bazaryndaky gender deňligine täsiri bolup durýar. Munuň sebäbi köp sanly sebäplerden, şol sanda ýurduň ösüş derejesine, ykdysadyýetiň pudagyna we sanlylaşdyrmagyň gender deňligini ösdürmäge gönükdirilen anyk syýasatyna baglydyr. Türkmenistan Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşiniň 29-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanda erkekler we aýallar deňhukuklara we azatlyklara, şeýle hem durmuşa geçirmek üçin deň mümkinçiliklere eýedir. Bu deňligi barada durnukly ösüşiň bäşinji maksady hökmünde hem berkidildi: «Ähli aýal-gyzlaryň hukuklaryny we borçlaryny giňeltmek». BMG-niň maglumatlaryna görä, «gender deňligi diňe bir esasy adam hukugy däl, eýsem, parahatçylygy, abadançylygy we durnukly ösüşi gazanmak üçin möhüm esasdyr». Pudaklaryň sanlylaşdyrmagy, köplenç, erkekleriň başarnyklaryny we fiziki güýjüni talap etmeýän täze hünärleri we işleri döredýär. Bu aýal-gyzlar üçin programmirleme, dizaýn, maglumatlar derňewi we başgalar ýaly ugurlarda öz mümkinçiliklerini durmuşa geçirmäge täze mümkinçilikleri açýar, uzakdaky işleriň we çeýe meýilnamalaryň ösdürilmegini aňsatlaşdyrýar, aýal-gyzlaryň iş we maşgala jogapkärçiligini birleşdirmegini aňsatlaşdyrýar. Sanly tehnologiýalar aýal-gyzlara ykdysady garaşsyzlygyna goşant goşýan maglumat, bilim çeşmeleri we bazarlara elýeterliligi üpjün edýär.

Sanlylaşdyrmagyň zähmet bazaryna edýän täsiri öwrenilende, bir sorag ýüze çykýar: ykdysadyýetimiziň haýsy pudaklary sanly platformalaryň täsirine has ýykgyn edýär? Ilki bilen, bu söwda we hyzmatlar pudagyna degişlidir. «Elektron söwda» düşünjesi alyjylarymyz üçin öňden bäri tanyş. Onlaýn dükanlar, öýden çykman harytlary we hyzmatlary satyn almak üçin amatly usulydygyny subut etdiler. Bu, esasan hem, halk döredijiligi we ýadygärlik önümlerini öndürmek pudagynda kiçi we orta kärhanalaryň ösmegine kömek edýär. Sanly platformalar myhmanhanalary, uçuşlary we beýleki syýahat hyzmatlaryny amala aşyrmagyny aňsatlaşdyrýar. Bu içerki syýahatçylygyň ösmegine itergi berýär we daşary ýurtly syýahatçylary özüne çekýär. Onlaýn-taksiler we harytlary eltip bermek hyzmatlary esasan

hem, uly şäherlerde meşhurlyk gazandy. Bank hyzmatlary, onlaýn bank hyzmatlary has giňden ýaýrap, müşderilere tölegleri, geçirimleri we beýleki amallary uzakdan amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Sanly tehnologiýalary ulanmak bilen mikro-maliýe meseleleri, esasan hem, oba ýerlerinde ilat üçin maliýe hyzmatlaryna elýeterliligi ep-esli aňsatlaşdyrýar. Onlaýn maýa goýum platformalaryň döremegi bilen raýatlara milli ykdysadyýetiň ösüşine gatnaşmaga mümkinçilik berýär. Şeýle-de bolsa, bu bazaryň üstünlikli ösmegi üçin ilatyň maliýe sowatlylygyny ýokarlandyrmak, kiberhowpsuzlygy üpjün etmek we kanunçylyk binýadyny gowulandyrmak bilen baglanyşykly birnäçe meseläni çözmeli.

Işiň sanlylaşdyrylmagy adamzat üçin täze mümkinçilikler açýar, şeýle hem täze kynçylyklary döredýär. Ýurdumyzyň durnukly ösüşi we täze şertlere uýgunlaşmagy ykdysady ösüşi we sosial durnuklylygy üpjün etmegiň esasyna öwrüler. Sanly tehnologiýalar adamzada işjeňligini ösdürmek, netijeliligini we durmuş derejesini ýokarlandyrmak üçin ägirt uly mümkinçilikleri açýar. Şeýle-de bolsa, bu mümkinçilikleriň doly durmuşa geçirilmegi üçin sanlylaşdyrmak bilen baglanyşykly kynçylyklary we töwekgelçilikleri göz öňünde tutmaly, olary azaltmak we sanly üýtgeşmeleriň artykmaçlyklaryny ýokarlandyrmak üçin çäreleri görmelidir.


**G. Akyýewa,**

*Türkmen döwlet maliýe institutynyň*
*Buhgalterçilik hasaba alnyşy kafedrasynyň*
*uly mugallymy, tehniki ylymlaryň kandidaty,*

**A. Atdyýewa,**

*Türkmen döwlet maliýe institutynyň*
*Buhgalterçilik hasaba alnyşy*
*kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi*


## KÄRHANANYŇ IŞINDE DOLANDYRYŞ ÇÖZGÜTLERINI KABUL ETMEGIŇ ESASY GÖRKEZIJILERI

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda bazar ýörelgeleri esasynda ösüşiň täze belentliklerine ynamly barýan milli ykdysadyýetimiziň ösüşini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmek ýurdumyzyň

öňünde durýan esasy wezipeleriň biridir. Bazar gatnaşyklaryny ornaşdyrmak, ýerlikli peýdalanmak we yzygiderli kämilleşdirmek boýunça zerur bolan şertler döredilýär we ösdürilýär. Bazar gatnaşyklary şertleriniň kämilleşdirilmegi edara-kärhanalaryň netijelerini artdyrmaklaryna, täze mümkinçilikleri döretmäge alyp barýar. Kärhanalaryň netijeli işlemekleri, köplenç halatda, dolandyryş işleriniň alnyp barlyşyna baglydyr we dogry alnyp barylýan dolandyryş işleriniň netijesinde kärhananyň özbaşdaklygyny, bäsdeşlige ukyplylygyny we bazarda ornuny tutmagyny üpjün etmekde uly ýardam edýärler. Dolandyryş işleriniň netijesinde kärhana üçin bähbitli çözgütler kabul edilýär. Dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin meýilnama, kada, tehnologik, hasaba alyş, şeýle hem hasaba alnyşynyň jikme-jik maglumatlary zerur bolup durýar, çünki dolandyrmagyň esasy ýerine ýetirýän wezipeleri, şol sanda gözegçiligiň yzygiderli alnyp barylmagy, önümçiligi düzgünleşdirmek we ugrukdyrmak işleri, şeýle hem meýilnamalary we býujetleri düzmek işleri alynýan maglumatlary hem-de bellenen görkezijileri gündelik amal maglumatlary bilen deňeşdirmek, öwrenmek arkaly amala aşyrylýar. Dolandyryş çözgütleriniň netijeliligine, ýerine ýetirijileriň jogapkärçiligine kärhanalaryň içerki maglumatlarynyň esasynda baha berilýär.

Işleriniň dowamynda kärhanalar yzygiderli dürli çözgütleri kabul edýärler – ykdysady, tehnologik, hukuk, durmuş we dolandyryş. Telekeçilik işinde, kärhananyň netijeli işlemegi üçin dolandyryş çözgütlerini işläp düzmek, kabul etmek we durmuşa geçirmek üçin jogapkär adamlar hemmetaraplaýyn bilimlere, tejribä, başarnyklara eýe bolmalydyrlar, öz gezeginde bu çözgüt bilen baglanyşykly bolup biljek ähli töwekgelçilikleri bahalandyryp bilerler, şeýle hem kabul edilen we ýerine ýetirilen dolandyryş çözgütleriniň täsirine baha bermek üçin birnäçe ädim öňünden hasaplamalydyrlar.

Işewürlik işinde dürli ýagdaýlar yzygiderli ýüze çykýar, bu ýagdaýda bir hereketi ýa-da başga birini saýlamaly bolýar. Dolandyryş çözgüdi bu saýlawyň netijesidir.

Işewürlikde dolandyryş çözgüdi, adatça, öz ygtyýarlyklarynyň çäginde dolandyryjynyň işi hökmünde düşünilýär. Halkara bazaryň bäsdeşlik gurşawynda dolandyryjy tarapyndan kabul edilen her bir çözgüdiň paýhasly we täsirli bolmagy zerurdyr.

Dünýä tejribesinde dolandyryş çözgütleri ykdysady işjeňligiň ähli görnüşlerinde kabul edilýär, şonuň üçin dolandyryş çözgütleriniň netijeliliginiň

dürli görnüşleri bar. Kabul edilen dolandyryş çözgütleriniň netijeliliginiň alty esasy görnüşi bar (*1-nji surat*).

Indi netijeliligiň her görnüşini has jikme-jik beýan edeliň:

a) *guramaçylyk netijeliligi*. Kärhana üçin guramaçylyk amallaryny we bölümleriň gurluşyny optimizirlemek, işgärleri höweslendirmek ulgamyny kämilleşdirmek, işgärleriň arasynda jogapkärçiligi paýlamak we zerur bolsa olaryň sanyny azaltmak görnüşinde beýan edilýär. Guramaçylyk netijeliligini gazanmaga gönükdirilen dolandyryş çözgütleriniň ýerine ýetirilmegi netijesinde has ösen höweslendiriş ulgamy, kärhananyň guramaçylyk gurluşy we ş.m. gazanyp bolar;




**1-nji surat**

b) *ykdysady netijelilik*. Belli bir dolandyryş çözgüdini ösdürmek we durmuşa geçirmek çykdajylaryna ulanylmagy netijesinde öndürilen önümiň bahasynyň gatnaşygy sebäpli emele gelýär. Netijede, çykdajylaryň azalmagy, peýdanyň ýokarlanmagy we ş.m.;

ç) *tehnologik netijelilik*. Bu, häzirki zaman tehnologiýalarynyň we önümçilik usullarynyň ep-esli arzan bahadan ýa-da has gysga möhletde ýüze çykmagy netijesinde gazanylýar. Kärhananyň işiniň tehnologik netijeliligini gazanmaga gönükdirilen dolandyryş çözgütlerini kabul etmegiň netijesinde, hödürlenýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak, öndürilen önümler, ýerine ýetirilen işler we işçileriň öndürijiligini ýokarlandyrmak üçin häzirki zaman, takyk, ýokary hilli we ýokary tehnologiýaly enjamlaryň we tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen beýan edilýär. Işgärler üçin öndürijilik akyl işiniň ýokarlanmagynda we zähmet güýjüniň peselmegin-

de öz beýanyny tapýar. Netijede, işgärlere amatly iş şertleri we häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilenden soň, işgärleriň bilim derejesi we hünär derejesi ýokarlanýar, öndürilen önümleriň ýa-da hyzmatlaryň bäsdeşligi we tutuş kärhananyň işjeňligi ýokarlanýar;

d) *sosial netijelilik*. Bu has gysga wagtyň içinde az işgär tarapyndan sosial maksatlara ýetmegiň netijesidir. Kärhana üçin bu, müşderileriň kanagatlylygyny ýokarlandyrmak, işgärleriň dolanyşygyny azaltmak we korporatiw medeniýeti ösdürmek görnüşinde beýan edilýär. Işgärler üçin netijelilik, öz-özüne düşünmek üçin mümkinçilikleriň döremeginde we jogapkärçiliklerine döredijilikli çemeleşmekde öz beýanyny tapýar. Netijede, iş toparyndaky sosial-psihologik atmosferany gowulaşdyrmak we işgärleriň arasynda oňyn resmi gatnaşyklary ösdürmek mümkin;

e) *kanuny netijelilik*. Bu, has arzan bahadan gysga wagtyň içinde kärhananyň we işgärleriniň kanuny maksatlaryna ýetmegiň netijesidir. Kärhana üçin bu durnukly, howpsuz we hukuk işinde, hyzmatdaşlar, potratçylar, döwlet edaralary bilen gowy gatnaşykda we iki tarapyň ähli borçlaryny ýerine ýetirmekde öz beýanyny tapdy. Işgärler üçin netijelilik, kärhananyň administrasiýasynyň ukypsyzlygyndan kanuny goragda aňladylýar, bulardan başga-da howpsuz we kanuny tertipli işiň kepilligi bar;

f) *daşky gurşawyň netijeliligi*. Işgärler we kärhana üçin kesgitlenen daşky gurşaw maksatlaryna ýetmegi öz içine alýar. Kärhana üçin önümçilik wagtynda daşky gurşawa zyýanly täsirleri azaltmakda netijelilik görkezilýär. Işgärler üçin önümçilik prosesinde hökmany sanitariýa we tehniki ülňüleri üpjün etmekde beýan edilýär. Netijede, işçiler üçin amatly iş şertlerini saklamak bilen zyýanly täsirleri ep-esli azaltmak ýa-da ekologiýa taýdan arassa önümçilik döretmek mümkindir.

Dolandyryş çözgütlerini kabul etmegiň dünýä tejribesinde netijeliligini bu çözgüdiň ýerine ýetirilişinden aýratyn seljerip bolmaýar, sebäbi netijelilik diňe bir çözgüdiň hili bilen däl, eýsem, durmuşa geçirilişiniň hili bilen hem kesgitlenýär.

Şeýlelik bilen, dolandyryş çözgütleriniň telekeçilik işinde täsirliligi dolandyryş işleriniň netijelerini we kärhananyň maksada ýetmek üçin eden çykdajylaryny deňeşdirmek arkaly kesgitlenýän telekeçiligi dolandyrmagyň esasy görkezijilerinden biridir. Işewürlik ulgamynda dolandyryş kararlarynyň netijeliligine baha bermek kärhanalaryň işinde esasy orun eýeleýär.

***M. Amanowa,***
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy,*

***A. Mätjanowa,***
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallym-öwrenijisi*

# KIÇI WE ORTA TELEKEÇILIGI ÖSDÜRMEKDE QR KODY PEÝDALANMAGYŇ UGURLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän ykdysady strategiýasynda, sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly ygtybarly töleg ulgamynyň döredilmegine uly ähmiýet berilýär. Bu wezipäni ýerine ýetirmek, ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda kesgitlenildi, çünki döwrüň talaplaryna laýyklykda töleg ulgamynyň guralmagy milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny, innowasion ösüşini, onuň ählumumy ykdysady gatnaşyklar ulgamyna işjeň goşulyşmagyny üpjün etmäge goşant goşýar.

Döwletiň ösüş-özgerişiniň özenini ýurduň ykdysadyýeti düzýär. Ykdysadyýetiň döwrebaplaşdyrylyp, sanlylaşdyrylyp, täzeçil usul bilen ýöredilmegi bolsa, ähli işleriň sazlaşygyna oňyn täsir edýär. Diýmek, ykdysadyýetiň durnukly ösüş depginlerini üpjün etmekde ýurduň sanly ulgamynyň orny has uly bolýar.

Dünýäniň ösen ýurtlarynyň tejribesine daýanyp, ýurdumyzda QR kod tehnologiýasy esasynda galtaşyksyz töleg ulgamlarynyň döredilmegi, bu tehnologiýanyň kiçi we orta telekeçilikde peýdalanylmagy köp amatlyklary döredip, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmaga, çig mal, tehniki we işgärler serişdelerini netijeli peýdalanmaga, halkymyzyň aň-paýhasyny ösdürmäge mümkinçilik berer. Şeýle hem şol tehnologiýalar durmuşyň ähli ugurlaryna sanly ulgamy sazlaşykly baglanyşdyrar.

Häzirki wagtda dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynda ykjam we aragatnaşyk tehnologiýalarynyň yzygiderli kämilleşmeginiň netijesinde QR kody ulanmaklyk has giňden ýaýrady. QR kod ikiölçegli kod görnüşinde bolup, ol özünde dürli maglumatlary jemleýär. QR kod «Quick Response Code» diýen sözlerden emele gelip, «dessin tassyklanýan kod» diýip terjime edilýär we mobil programma üpjünçiliginiň koddaky maglumatlara çalt düşünmek we özgertmek ukybyny görkezýär.

QR kodlaryň 2 görnüşi bolup, olar statiki we dinamiki kodlardyr.

Statiki QR kodlar:

1. Döredileninden soňra üýtgeşme girizip bolmaýar;
2. Kod okadylanda analitik maglumatlary ýatda saklamaýar;
3. Köp maglumat girizilende, koduň şekili gür bolýar.

Dinamiki QR kodlar:

1. Islendik wagt üýtgeşme girizip bolýar;
2. Kod okadylanda analitik maglumatlary ýatda saklaýar, ýagny koduň nirede, haçan we näçe gezek skanirlenendigi baradaky maglumatlary ýatda saklaýar, bu bolsa maliýe monitoringi taýdan ähmiýetli bolup durýar;
3. Girizilen maglumatyň göwrümine garamazdan koduň şekili sada bolýar.

QR kod tehnologiýasyna geçilmegi ýurdumyzyň hususy ulgamy üçin hem oňaýly mümkinçilikleri döredýär. QR kod tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, iň täze programma üpjünçiliginiň herekete girizilmegi, maglumat serişdeleriniň netijeli ulanylmagy bilen birlikde, bu ulgamdaky sanly özgertmeler dolandyryş çemeleşmelerinde düýpli özgerişlikleri hem göz öňünde tutýar. Munuň özi kärhanalary ösdürmegiň innowasion usullaryna giň ýol açýar. Sanly ulgama geçmegiň netijesinde döredilýän gurallaryň giň gerimli bolmagy hususy işewürligi ýola goýmaga hem-de ösdürmäge ýardam edýär. Beýleki ýurtlarda, dünýäniň islendik sebitinde bolýan işewür hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklary ösdürmek üçin hem amatly şertleri döredýär.

QR kod tehnologiýasy söwda kärhanalaryna sarp edijiler barada maglumatlary toplamaga, söwdany guramak işini kämilleşdirmäge, dürli önümlere bolan islegleri seljermäge hem-de müşderiler üçin elýeterli bolmaga mümkinçilik berýär.

Telekeçilik işinde QR kodlar wirtual kart görnüşinde töleg ulgamynda, internet sahypasy, tekst maglumat görnüşinde önüm mahabatlandyrmada we gaplamalarynda, müşderi kanagatlanmasy barada seljerme işleri geçirilende we tükelleme işleri geçirilende peýdalanylyp bilner.

QR kodlar marketingde hem onlaýn we offlaýn dünýäniň arasynda köpri bolup hyzmat edýär. Satyn alyjy dükandaky önümde ýerleşdirilen QR kody okatmak arkaly onuň mahabatlandyrmasyny, önümiň düzümini, ulanylyş düzgünlerini görüp ýa-da çäkli wagt üçin niýetlenen arzanladyşlardan peýdalanyp bilýär. Dükanlardyr restoranlaryň mahabatlandyrmasynda ýerleşdirilen QR kodlar arkaly olaryň nirede ýerleşýändigini kartada görüp bilýärler. Bu interaktiw ulgam bolsa müşderileriň gyzyklandyrmasyny artdyrmaga

kömek edýär. QR kodlar bölek satuwda uzak aralykdan töleg ulgamynyň ösdürilmeginde hem uly orun tutýar. Satyn alyjylar ýanlarynda fiziki kartlar bolmazdan tiz wagtda elektron gapjyklar arkaly töleg edip bilýärler.

Häzirki wagtda Hytaý, Fransiýa, Koreýa Respublikasy, Şwesiýa ýaly ýurtlarda saglyk gözegçilik çärelerini berjaý etmek maksady bilen, raýatlaryň saglygyny anyklaýyş maglumatlarynyň, saglyk kepilnamasynyň hereketini QR-kod arkaly yzarlamak bolýar.

Sanly tehnologiýalara esaslanýan başlangyçlaryň durmuşa geçirilmegi ykdysadyýetde çykdajylary azaltmakda möhüm ugur bolar. Bu bolsa, eýýäm ýurduň jemi içerki önüminiň ösüş depgininiň ýokarlanmagyny gazanmaga mümkinçilik döreder. Jemi içerki önümiň möçberindäki döwlete dahylsyz bölegiň paýy has hem ýokarlanar. Netijede, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesi mundan beýläk hem özgerer. Umuman, sanly ykdysadyýete geçmegi, ýurdumyzyň dünýäde ösýän döwletleriň hatarynda öz mynasyp ornuny tapmagyny, halkymyzyň durmuş derejesiniň has hem ýokarlanmagyny, uzak geljegimizi nazarlaýan howpsuz, ygtybarly ösüşimizi üpjün eder. Hut şonuň üçin hem, bu düýpli özgertmeler bilen baglanyşykly, tutuş dünýäde bolşy ýaly, ýurdumyzda hem täze pudaklar, bazarlar, dolandyryş nusgalary peýda bolýar.

***A.Hydyrowa,***

*Türkmen döwlet maliýe instituty, uly mugallym*

## PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK – YKDYSADY ÖSÜŞLERIŇ HAMYRMAÝASYDYR

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakynda Kararnamany 86 döwletiň awtordaş bolup çykyş etmeginde biragyzdan kabul etdi. Munuň özi ýurdumyzyň ählumumy parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen işleriniň ykrar edilýändiginiň aýdyň güwäsine öwrüldi. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna laýyklykda öňe sürýän başlangyçlary ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyna, ählumumy abadançylygyň, rowaçlygyň, gülläp ösüşiň bähbidine dünýä döwletleri bilen hyzmatdaşlyga üýtgewsiz ygrarlydygyny görkezýär. Ýurdumyz oňyn Bitaraplyk syýasatyny durmuşa geçirmek bilen, döwletara, sebitara we halkara hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge,

daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge möhüm ähmiýet berýär. Sebitara ykdysady hyzmatdaşlyk durnukly ösüşi üpjün etmekde strategik ähmiýete eýedir. Ol söwda, energetika, ulag we ekologiýa ýaly ugurlarda bilelikdäki taslamalary öz içine alýar.

Bu ulgamlarda hyzmatdaşlyk etmek diňe bir ykdysady ösüşe ýardam bermek bilen çäklenmän, eýsem, ýurtlaryň arasyndaky ynanyşmak dialogyny hem pugtalandyrýar. Munuň özi durnukly ösüşi üpjün etmegiň wajyp şerti bolup çykyş edýär. Türkmenistan halkara gün tertibiniň möhüm meseleleriniň çözgütlerini işläp taýýarlamaga jogapkärçilikli çemeleşip, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge gönükdirilen umumy tagallalara işjeň gatnaşýar. Şunda üstaşyr ulag geçelgeleriniň we energetika howpsuzlygynyň döwrebap ulgamynyň döredilmegi ýurdumyz üçin ileri tutulýan ugur bolup durýar. Türkmenistan parahatçylyk we ynanyşmak ideýasyny gönüden-göni ykdysady ösüş bilen baglanyşdyrýar. Şoňa görä-de, şu ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly ykdysady hyzmatdaşlyga güýçli itergi bermek bilen Türkmenistan döwleti parahatçylygyň, ynanyşmagyň, deňhukuklylygyň, özara bähbitleriň ykdysady hyzmatdaşlygyň esasyny düzmelidigine ynanýandygyny, islendik iri ykdysady, üpjünçilik, söwda we maýa goýum taslamalarynyň diňe durnuklylyk hem-de birek-birege ynam bolan ýagdaýynda üstünlikli bolup biljekdiginiň tarapdary bolup çykyş edýär.

Garaşsyz döwletimiz Merkezi Aziýa döwletleriniň elektrik energiýasyny dünýä bazarlaryna ibermekde serhetdeş sebitler bilen netijeli işleri alyp barýandyklaryny, bu ugurda hyzmatdaşlygy giňeltmek bilen, ýurtlarymyzyň häzirki zaman elektroenergetika desgalaryny gurmak baradaky teklipleri öňe sürýär. Şolaryň hatarynda Günorta Aziýa we Aziýa – Ýuwaş umman sebiti ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Türkmenistan elektrik energiýasyny öndürýän esasy ýurtlaryň biridir. Biziň ýurdumyz öz hyzmatdaşlary bilen bilelikde Türkmenistan–Owganystan–Pakistan ýokary woltly elektrik geçirijisiniň gurluşygynyň taslamasyny durmuşa geçirmegiň üstünde hem netijeli işleýär. Häzirki wagtda elektrik energiýasy eýýäm Owganystanyň Hyrat şäherine iberilýär. Bu ulgamy goňşy ýurduň üstünden Pakistana çenli dowam etdirmek üçin tehniki resminamalaryň üstünde işleýär. Onuň bilen ugurdaşlykda optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamy-da çekilýär. Häzirki döwürde Merkezi we Günorta Aziýanyň ulag babatda özara arabaglanyşygy hem-de şunuň bilen bagly ösüş taslamalary Ýewraziýa yklymynyň ykdysady strategiýalarynyň möhüm bölegi bolmak bilen, Merkezi hem-de Günorta Aziýany birleşdirýän üstaşyr ulag geçelgelerini

netijeli ulanmagyň, täzelerini döretmegiň zerurdygyny nygtaýar. Bu bolsa Demirgazyk – Günorta we Gündogar – Günbatar ugurlary boýunça ýolagçylary gatnatmagy, ýükleri daşamagy doly üpjün etmäge mümkinçilik berer. Bu gatnawlaryň möçberlerini artdyrmak üçin demir we awtomobil ýollarynyň gurluşygynyň taslamalary amala aşyrylýar. Howa, deňiz ýollarynyň, gury portlaryň döwrebap üpjünçilik ulgamlary döredilýär. Logistikany sazlaşykly we utgaşykly alyp barmak babatda giň gerimli işler alnyp barylýar.

Garaşsyz Türkmenistan döwletimizde öňden gelýän we ygtybarly maliýe hyzmatdaşlary bolan Bütindünýä bankynyň, Aziýanyň ösüş bankynyň, Yslam ösüş bankynyň, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň, Saud Arabystanyndan, Birleşen Arap Emirliklerinden, Katardan, beýleki dostlukly ýurtlardan ösüş gaznalarynyň hem-de banklarynyň Merkezi we Günorta Aziýa bilen ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmäge gönükdirilen işlerini yzygiderli dowam etdirýär. Dünýäniň bu böleginde durnukly parahatçylyk we howpsuzlyk binýadyny döretmek, giň hyzmatdaşlyk üçin ynanyşmak hem-de amatly ýagdaýy emele getirmek zerurdyr. Iri halkara guramalary, şol sanda iri maliýe düzümleri bilen netijeli gatnaşyklaryň ösdürilmeginiň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Siwilizasiýalaryň çatrygynda ýerleşýän Merkezi Aziýa taryhyň dowamynda söwdanyň we medeni gatnaşyklaryň merkezi bolupdyr. Infrastruktura, üstaşyr ulag geçelgeleri diňe bir harytlary daşamagyň däl, eýsem dostlukly, ynanyşykly gatnaşyklary pugtalandyrmagyň hem serişdesidir.

Merkezi Aziýanyň möhüm ähmiýetli çatrygynda ýerleşýän Türkmenistan Gündogaryň we Günbataryň, Demirgazygyň we Günortanyň arasynda köpri bolup durýar. Sebitiň çäginden geçen Beýik Ýüpek ýoly söwdany ösdürmekde, medeniýetleriň özara alyşmagynda uly ähmiýete eýe bolupdyr. Häzirki wagtda Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisi, Türkmenistan–Owganystan–Pakistan elektrik geçirijisi, Demirgazyk – Günorta ulag geçelgesi ýaly taslamalary durmuşa geçirýän ýurdumyz sebit we ählumumy ulag ulgamlarynda wajyp orny eýeleýär. Ygtybarly infrastruktura ykdysady ösüşiň binýady, maýa goýumlary çekmegiň esasy şerti bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň bu ugurda uly ösüşleri gazanandygy bellenildi.

Bellenilişi ýaly, tebigy serişdeleriň baý gorlaryna eýe bolan Türkmenistan diwersifikasiýalaşdyrmak arkaly energetika ulgamyny ösdürmäge ygrarlydyr. Bu möhüm ugurda taslamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegi diňe bir sebitde däl, eýsem, bütin dünýäde hem ykdysady hyzmatdaşlygy

ösdürmäge ýardam berer. Türkmenistanda energiýanyň arassa, daşky gurşawa zyýansyz bolmagy ugrunda maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Munuň özi ýurdumyzdaky durnukly energetika taslamalaryna halkara maliýe düzümleriniň gatnaşmagy üçin uly mümkinçilikleri şertlendirýär.

***R. Jumaýew,***

*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy*

## DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BÄHBIDINE TÜRKMENISTANYŇ ALYP BARÝAN KÖPTARAPLAÝYN HYZMATDAŞLYGY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň dünýäniň hojalyk gatnaşyklaryndaky ornuny pugtalandyrmak, ösüşiň milli nusgasyny kämilleşdirmek, Türkmenistanyň köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyny ösdürmek derwaýys meseleleriň biridir. Barha çylşyrymlaşýan dünýä ykdysadyýetinde döwletiň daşarky bähbitleriniň üpjün edilmegi, ählumumy meseleler babatynda hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň esasynda amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň başlangyjy bilen 2025-nji ýylyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegine dünýä derejesindäki möhüm waka hem-de halkara gatnaşyklaryny hil taýdan özgertmek üçin hakyky mümkinçilik hökmünde garalýar. Türkmenistanyň bu başlangyjy ähli döwletleri dünýä ulgamynyň esasy ýörelgesi hökmünde parahatçylyk we ynanyşmak baradaky baş taglymaty durmuşa geçirmegiň syýasy, ykdysady, amaly taraplaryny öz içine alýan köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge ýardam berýär.

Türkmenistan dünýä döwletleri we halkara guramalar bilen dürli görnüşlerde özara gatnaşyklaryny yzygiderli giňeldip, daşary syýasy strategiýasynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine uly ähmiýet berýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň 156 döwlet bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmagy, 50-den gowrak halkara guramanyň agzasy bolmagy, şeýle-de, 187 sany halkara konwensiýalara we şertnamalara, şeýle-de beýleki köptaraplaýyn resminamalara gatnaşmagy Türkmenistanyň köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy işjeňleşdirýändigini görkezmek bilen bir hatarda, türkmen bitaraplygynyň parahatçylyga, ykdysady hyzmatdaşlyga we durnukly ösüşe ýardam edýän işjeň diplomatik çemeleşmedigini hem tassyklaýar. Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk derejesi Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan

yglan edilen Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegiň ygtybarly ýoly bolup durýandygyny ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeleriň mysalynda hem görmek bolýar. Döwletimiz tarapyndan Durnukly ösüş maksatlarynyň (DÖM) ählisi kabul edilip, 136 sany wezipe we 180-e golaý görkeziji millileşdirildi. Şunda döwletimiz daşky gurşawy goramak, çölleşmä, howanyň üýtgemegine we beýleki ýaramaz ekologik meselelere garşy çykyş etmekde tebigy we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we olaryň ýetirýän oňaýsyz täsirlerini ýok etmek bilen baglanyşykly ulgamlara halkara taslamalary hem-de maýa goýumlary çekmek üçin işleriň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça çäreleri amala aşyrýar.

Ýurdumyzyň DÖM babatda gazanan esasy üstünlikleri 2019-njy ýylyň 18-nji iýulynda we 2023-nji 19-njy iýulynda Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) edara binasynda durnukly ösüş boýunça geçirilen ýokary derejeli forumlarda hödürlenen Meýletin milli synlarda beýan edildi. Synda DÖM-iň görkezijilerini milli derejede uýgunlaşdyrmakda döwletimiziň gazanan üstünlikleri, şeýle hem Türkmenistanyň sebitleýin we dünýä derejesinde durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen başlangyçlary beýan edildi. Hususan-da, ulag, energetika we daşky gurşawy goramak ýaly möhüm ugurlara aýratyn üns berildi.

Türkmenistan halkara jemgyýetçiligine Garaşsyz, Bitarap döwlet hökmünde goşulmak bilen, daşky gurşawy goramak boýunça halkara ylalaşyklara yhlasly we jogapkärli eýerýändigini beýan edýär. Munuň özi DÖM-i amala aşyrmakda, hususan hem daşky gurşawy goramak çygrynda Türkmenistanyň köptaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň netijeli hem ulgamlaýyndygyny aýdyň görkezýär. Şunuň bilen baglylykda, ýapyk aýlanyşykly ykdysadyýetiň ýörelgelerini ýurdumyzda ornaşdyrmak boýunça tutumly işle alnyp barylýar. Bu ugurda halkara tejribesine laýyklykda, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysadyýetini döwrebaplaşdyrmak, dikeldilýän energiýa çeşmelerini ulanmak, galyndysyz önümçilikleri döretmek, ekologiýany goramak, tebigy maýany aýawly saklamak boýunça ylmy-taýdan esaslandyrylan netijeli içeri syýasat durmuşa geçirilýär.

Durnukly ösüş ýörelgeleriniň Türkmenistany 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Prezident Maksatnamasynda hem öz beýanyny tapýandygyny aýratyn bellemek gerek. Şundan ugur alyp, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde tagallalary işjeňleşdirmek «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» hem bilelikdäki işiň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde garalýar. Ýapyk aýlanyşykly ykdysadyýete geçmek boýunça

ählumumy Çarçuwaly maksatnamany taýýarlamak, Durnukly ulag arabaglanyşygynyň ählumumy atlasyny, Ählumumy energetika howpsuzlygy we durnukly ösüş boýunça hyzmatdaşlyk bileleşigini döretmek boýunça Türkmenistanyň netijeli başlangyçlary hem şu ugra gönükdirilendir. Şeýlelik bilen, Türkmenistan halkara we sebit derejesinde Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek işinde köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy berkitmäge mynasyp goşant goşýar.

Mundan başga-da, 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Durnukly ösüş boýunça Gün tertibini öz wagtynda we doly amala aşyrmak üçin Durnukly ösüşi maliýeleşdirmegi üpjün etmek zerurdyr. Şunda Türkmenistan maliýeleşdirmek boýunça Addis-Abebada bolup geçen üçünji halkara maslahatynyň hereketler meýilnamasyny doly goldaýar we durnukly ösüşi maliýeleşdirmek meselelerine uly üns berýär. Bu barada «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynda» hem aýratyn bellenilýär.

Umuman, durnukly ösüşiň ýörelgeleriniň köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň esasynda ýurdumyzyň ykdysadyýetine ornaşdyrylmagy bilen, tebigy baýlyklary tygşytly peýdalanmagyň derejesi ýokarlanyp, ykdysadyýetiň uzakmöhletleýin döwür üçin ösüşini dowamly üpjün eder hem-de gatnaşyklaryň täze arhitekturasynyň kemala gelmegine ýardam berer.

***Ý. Mämmedowa, A. Möwlamowa,***

*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymlary*

## DURNUKLY ÖSÜŞ WE «ÝAŞYL» YKDYSADYÝETI MALIÝELEŞDIRMEK

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynda» esasy wezipeleriň hatarynda Türkmenistanda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan yglan edilen Durnukly ösüş maksatlarynyň yzygiderli durmuşa geçirilmegini üpjün etmek, «ýaşyl ykdysadyýeti» ösdürmek ýaly ugurlar öňe sürülýär. Milli maksatnamada «Durnukly ösüşiň täze ugrunyň esasy hereketlendiriji güýji ýaşyl ykdysadyýet bolmalydyr, energiýany we serişdeleri tygşytlamaga, uglerod zyňyndylarynyň azaldylmagyna, ekologiýa taýdan arassa önümçilige we ulaglara, energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerine, organiki (tebigy) önümleriň öndürilmegine, ekologik ösüşe –

daşky gurşawa örän az täsir edýän gurluşyga esaslanýan innowasion «ýaşyl tehnologiýalar» onuň baş gurallary bolup çykyş edýär» diýip bellenilmegi ýurdumyzda bu ugurlara aýratyn üns berilýändigininiň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

«Ýaşyl» ykdysadyýet ýörelgelerine geçilmegi onuň (ykdysadyýetiň) tebigat üçin zyýansyz ösüşini, tebigy maýany saklap galmagyň we artdyrmagyň hasabyna önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmagy, zäherli we uglerod zyňyndylaryny azaltmagy, biodürlüligi giňeltmegi, şeýle hem ekologik dolandyryş ulgamynyň hilini we raýatlaryň ekologiýa babatda aň-düşünjesini ýokarlandyrmagy, ilatyň ekologiýa taýdan abadançylygyny saklamagy göz öňünde tutýar.

Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde ýaşyl ykdysadyýeti maliýeleşdirmeklik aýratyn möhüm ähmiýete ýedir. Adamyň daşky gurşawa ýetirýän täsiri ykdysadyýetiň ösüşi bilen deň derejede ösýär. Ýer togalagynyň ekoulgamyna adamyň ýetirýän täsiri onuň uýgunlaşmaga mümkinçiliginden ýokary bolup durýar, bu bolsa öz gezeginde «ýaşyl» ykdysadyýeti döretmek zerurlygyna getirýär. «Ýaşyl» ykdysadyýeti döretmeklik ösen «ýaşyl» maliýeleşdirme ulgamy bolmazdan mümkin däldir. Şeýle ulgamy döretmek global ykdysady gurşawyň çäklerinde ilkinji meseleleriň hatarynda durýar. «Ýaşyl» maliýeleşdirme daşky gurşawy goramaga gönükdirilen çäreler bilen maliýe institutlary birleşdirýän özboluşly köpri hökmünde çykyş edýär.

Ekologik maliýeleşdirmekligi döretmek ykdysady ulgamda döwlet we hususy maýa goýumlaryň we beýleki resurslaryň integrasiýasynyň möhüm elementi bolup durýar. Häzirki wagtda ýaşyl maliýeleşdirmegiň üç sany strategiýasy tapawutlandyrylýar.

Birinji – neoliberal strategiýa. Bu strategiýa korporatiw jogapkärçilige esaslanýan bazar ulgamynyň ösüşi bilen häsiýetlendirilýär. Neoliberal konsepsiýa döwlet bilen hususy kompaniýalaryň hyzmatdaşlygynyň töwekgelçiliklerini azaltmaga gönükdirilen subsidiýalary we subwensiýalary peýdalanmaga esaslanýar. Şeýle gurallary peýdalanmagyň mysaly hökmünde Kanadanyň hökümeti tarapyndan döredilen, elektrostansiýalaryň alternatiw görnüşleriniň gurluşygyna subsidiýalary gönükdirýän WPPI «Ýel enegiýasyny peýdalanmagy höweslendirmegiň Maksatnamasyny» görkezmek bolar. Neoliberal strategiýa «ýaşyl» karzlar ýaly gurallary hem peýdalanýar. «Ýaşyl» karzlar – uglerod yzyny peseltmäge, zyňyndylary azaltmaga we energonetijeliligi ýokarlandyrmaga gönükdirilen taslamalary maliýeleşdirmäge niýetlenen karzlardyr. «Ýaşyl» karzlaryň häsiýetli aýratynlygy jogapkärli maliýeleşdirmegiň önümlerine ýeňil-

likli şertleri hödürleýänligindedir. «Ýaşyl» karzlar oba hojalyk, daşky gurşawy goramak, tokaý hojalygy taslamalaryna berlip bilinýär.

Ikinji – reformistik strategiýa. Bu strategiýada döwlet önümçilige salgytlar we ýaşyl maliýä gözegçilik etmek arkaly işjeň goşulýar. Reformistik strategiýanyň çäklerinde döwlet banklaryň «ýaşyl» taslamalaryny maliýeleşdirmek bilen bagly töwekgelçiliklerini peseltmäge ýardam edýär. Bu strategiýa maýa goýujylaryň ykdysady bähbidine artykmaçlyk bermän, ekologiýa zyýan ýetiriji önümçilik işini çäklendirýän berk düzgünleriň berjaý edilmegine uly üns berýär. Reformistik strategiýanyň çäklerinde döwlet «ýaşyl» obligasiýalary çykarmak arkaly banklaryň «ýaşyl» taslamalary maliýeleşdirmek bilen bagly töwekgelçilikleriniň peselmegine ýardam edýär. Adaty obligasiýalardan tapawutlylykda, «ýaşyl» obligasiýalar diňe kesgitli ekologik we durmuş ölçeglerine laýyk gelýän taslamalary maliýeleşdirmäge gönükdirilýär.

Üçünji – progressiw strategiýa. Bu strategiýa «ýaşyl» maliýe gurallary öňe sürmäge we olary ekologik durnuklylyk bilen bagly taslamalary maliýeleşdirmeklige gönükdirilýär. Progressiw strategiýa döwletara hyzmatdaşlyga esaslanýar. Onuň çäklerinde döwletler «ýaşyl» tehnologiýalar bilen bagly tejribeleri paýlaşyp, sebitdäki ekologik ýagdaýy gowulandyrmaga gönükdirilen bilelikdäki taslamalary işläp taýýarlamaga gatnaşyp bilýärler. «Debt-for-nature swap» ýaly karz guraly munuň subutnamasy bolup durýar.

«Ýaşyl» maliýeleşdirmegiň başga gurallary hem işjeň peýdalanylýar. Mysal hökmünde aşakda görkezilen maliýe gurallary görkezmek bolar.

– «Ýaşyl» goýumlar daşky gurşawa ýetirilýän ýaramaz täsiriň möçberini azaltmaga gönükdirilen taslamalary maliýeleşdirmekde peýdalanylýar.

– «Ýaşyl» gaznalar kesgitli ekologik we durmuş ölçeglerine laýyk gelýän «ýaşyl» taslamalaryna maýa goýýan maýa goýum gaznalarydyr.

– «Ýaşyl» ipoteka «ýaşyl» karzlaryň bir görnüşi hökmünde ekologik taýdan arassa ýaşaýyş jaýlaryny satyn almagy maliýeleşdirmäge ýa-da ýaşaýyş jaýlaryň energonetijeliligini artdyrmaga gönükdirilen abatlaýyş işlerini maliýeleşdirmäge niýetlenilýär.

Her bir ýurduň ykdysady ösüşi gönüden-göni şol ýurduň hökümeti tarapyndan alnyp barylýan syýasata we ýurduň kadalaşdyryjy-hukuk resminamalarynda ileri tutulýan ugurlara baglydyr. Şu nukdaýnazardan «ýaşyl» maliýeleşdirmegi dolandyrmagyň daşary ýurt tejribesini öwrenmek zerurlygy ýüze çykýar.

«Ýaşyl» maliýeleşdirme howanyň üýtgemeginiň öňüni almagy we pes uglerodly ösüşe geçmegi goldaýan maliýe amallaryna degişlidir. Bu ugurda

öňdebaryjy orny Hytaý Halk Respublikasy eýeleýär. Ýurduň hökümeti tarapyndan ýaşyl maliýeleşdirmegi wagyz etmek, ýaşyl maliýeleşdirmegi kadalaşdyrmagyň çygrynda dürli hukuk namalary we taslamalary işläp taýýarlamak boýunça uly işler alnyp barylýar.

Ýewropa Bileleşigi hem howanyň üýtgemeginiň öňüni almakda we 2015-nji ýyldaky Pariž ylalaşygyny durmuşa geçirmekde öňdebaryjy orny eýelemäge ymtylýar. Ýewropa Bileleşiginde «ýaşyl» maliýeleşdirmegiň dürli jähetlerini Direktiwalaryň we reglamentleriň toplumy kadalaşdyrýar. 2019-njy ýylyň 11-nji dekabrynda Ýewropa Komissiýasy Ýewropa «ýaşyl» geleşigini – ykdysady ösüşiň täze konsepsiýasyny hödürledi.

Howanyň üýtgemeginiň öňüni almakda we durnuklylygy üpjün etmekde maliýäniň ornunyň güýçlenýänligine maliýe guramalar, maýa goýujylar we döwlet edaralary ýokary baha berýärler. «Ýaşyl» maliýeleşdirmegiň gurallarynyň geljekki ösüşine ýardam etmekde anyk çäreleriň geçirilmegi öz gezeginde bu ulgamyň durnukly hereket etmegi üçin wajypdyr.

Umuman, «ýaşyl» maliýeleşdirmek bilen bagly meseleler bu ulgamda düýpli kämilleşdirmek zerurlygyny talap edýär. Innowasiýalar hem-de ykdysady subýektler, maýa goýujylar we beýleki gyzyklanýan taraplaryň arasyndaky işjeň hyzmatdaşlyk bu meseleleriň oňyn çözülmegine we «ýaşyl» maliýäni ösdürmegiň höweslendirilmegine ýardam berer.

**_O. Meläýewa,_**
_Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy_

## DURNUKLY PARAHATÇYLYK WE HOWPSUZLYK BINÝADY

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow: «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli bähbitli we umumadamzat ähmiýetli strategik wezipelerimizi, maksatnamalarymyzy, iri taslamalarymyzy durmuşa geçirmekde düýpli ylmy esaslara daýanýarys, bu ugurda ylym ulgamyny dünýä ölçeglerine laýyklykda ösdürýäris we kämilleşdirýäris.Beýik işler, depginli ösüşler ylmyň we bilimiň güýji, oýlap tapyşlaryň, ýokary tehnologiýalaryň üstünlikleri bilen amala aşyrylýar. Ylym adamzadyň röwşen geljeginiň ýoludyr. Döwrümiziň ylmy-tehniki gazananlary, bilim hem-de innowasiýalar ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmak ýoly bilen

ýurdumyzy has-da gülledip ösdürmegiň, ähli ugurlar boýunça öňegidişlikleri gazanmagyň, dünýäniň syýasy, ykdysady, ylmy-medeni giňişliginde Bitarap Watanymyzyň ornuny pugtalandyrmagyň girewi bolup hyzmat edýär».

Türkmenistan parahatçylyk we ynanyşmak ideýasyny gönüden-göni ykdysady ösüş bilen baglanyşdyrýar. Şoňa görä-de, şu ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly ykdysady hyzmatdaşlyga güýçli itergi bermelidir we Türkmenistanyň parahatçylygyň, ynanyşmagyň, deňhukuklylygyň, özara bähbitleriň ykdysady hyzmatdaşlygyň esasyny düzmek bilen islendik iri ykdysady, üpjünçilik, söwda we maýa goýum taslamalarynyň diňe durnuklylyk hem-de birek-birege ynam bolan ýagdaýynda üstünlikli bolup biljekdir. Häzirki döwürde dünýäniň dürli böleklerinde sebit we sebitara gatnaşyklar berkeýär, täze ykdysady birleşikler döredilýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň bu ugra gönükdirilen sebit hem-de ählumumy derejeli başlangyçlary Merkezi Aziýada we Hazar deňzi sebitinde üstaşyr ulag, logistika ulgamlarynyň döredilmeginde wajyp orun eýeledi.

2024-nji ýylyň sentýabrynda Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda Serhetabat – Turgundy demir ýol geçelgesiniň türkmen-owgan serhedindäki demir ýol köprüsiniň açylyp ulanmaga berilmegi, Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat – Hyrat optiki-süýümli aragatnaşyk geçirijisiniň gurluşyk işlerine badalga berilmegi, «Turgundy» demir ýol bekediniň «gury portunda» ammarlar toplumynyň, Turgundy – Hyrat demir ýolunyň birinji tapgyrynyň Turgundy-Sanabar böleginiň gurluşyk işlerine girişilmegi bu ulgamy ösdürmek boýunça ýurdumyzda alnyp barylýan işleriň yzygiderli häsiýete eýedigini tassyklaýar.

Ulag-kommunikasiýa ulgamynda infrastruktura taslamalaryny durmuşa geçirmek ýaly parahatçylyk döredijilikli halkara başlangyçlary öňe sürmek bilen, Türkmenistan ählumumy ösüşiň häzirki zaman meýillerine laýyk gelýän täze geoykdysady hyzmatdaşlyk meýdançasynyň binýadynyň goýulmagyna goşant goşýar. Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisi örän möhüm taslamalaryň biridir, onuň ýokary ýaşaýyşdurmuş ähmiýeti bar. Hünärmenleriň baha bermegine görä, gaz geçirijisiniň we degişli üpjünçilik ulgamlarynyň, täze edara-kärhanalaryň gurulmagy Owganystanda 12 müň iş ornuny döretmäge mümkinçilik berer. Bu taslamanyň maksady häzirki döwürde jemi 1 milliard 750 million ilaty bolan ýurtlary tebigy gaz bilen üpjün etmekdir. Bu gaz geçirijisiniň ýurdumyzyň çäklerinden geçýän, uzynlygy 214 kilometr bolan bölegi guruldy. Geçen ýylyň sentýabrynda bolsa onuň 153 kilometrlik Arkadagyň ak ýoly bilen

Serhetabat – Hyrat böleginiň gurluşygyna badalga berildi. Häzirki wagtda onuň gurluşygy Owganystanyň çäklerinde dowam etdirilýär. Taslamanyň amala aşyrylmagy köp sanly ýuridik, täjirçilik, maliýe meselelerini çözmek bilen baglydyr. Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasynyň çäklerinde nebitgaz ulgamynda işler halkara tejribede emele gelen kadalara we dünýä ölçeglerine laýyklykda alnyp barylýar.

Biziň Aziýadaky umumy maksatlarymyz diňe bir anyk taslamalary amala aşyrmak bilen çäklenmeýär. Ol maksatlar has giň gerimlidir. Dünýäniň bu böleginde durnukly parahatçylyk we howpsuzlyk binýadyny döretmek, giň hyzmatdaşlyk üçin ynanyşmak hem-de amatly ýagdaýy emele getirmek zerurdyr. Munuň üçin bar bolan mümkinçilikleri peýdalanmaly, dünýä derejeli energetika, ulag we kommunikasiýa hyzmatdaşlygynyň geljegi uly merkezleriniň birini döretmeli.

Merkezi Aziýanyň möhüm ähmiýetli çatrygynda ýerleşýän Türkmenistan Gündogaryň we Günbataryň, Demirgazygyň we Günortanyň arasynda köpri bolup durýar. Sebitiň çäginden geçen Beýik Ýüpek ýoly söwdany ösdürmekde, medeniýetleriň özara alyşmagynda uly ähmiýete eýe bolupdyr. Häzirki wagtda Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisi, Türkmenistan–Owganystan–Pakistan elektrik geçirijisi, Demirgazyk – Günorta ulag geçelgesi ýaly taslamalary durmuşa geçirýän ýurdumyz sebit we ählumumy ulag ulgamlarynda wajyp orny eýeleýär.

Ygtybarly infrastruktura ykdysady ösüşiň binýady, maýa goýumlary çekmegiň esasy şerti bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň bu ugurda uly ösüşleri gazanandyr. Merkezi we Günorta Aziýa sebitlerinde ulag arabaglanyşygy şol bir wagtyň özünde howpsuz halkara ulag düzüminiň döredilmeginiň ählumumy durnukly ösüşiň möhüm şertleriniň biri, dünýä ösüşiniň wajyp ugry bolup durýandygyna üns çekilýär. Ulag-aragatnaşyk strategiýasynyň durmuşa geçirilmegi bilen, Türkmenistan sebit we halkara ähmiýetli möhüm ulag-logistika merkezi hökmünde eýeleýän ornuny barha pugtalandyrýar.

2023-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň 70-nji plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen, Milletler Bileleşigine agza döwletleriň biragyzdan goldamagynda 26-njy noýabryň «Bütindünýä durnukly ulag güni» diýlip yglan edilmegi döwletimiziň öňe sürýän dünýä ähmiýetli başlangyçlarynyň giň goldawa eýe bolýandygynyň aýdyň güwäsidir.

Merkezi hem-de Günorta Aziýany birleşdirýän üstaşyr ulag geçelgelerini netijeli ulanmaklygy, täzelerini döretmekligi zerurdyr. Bu bolsa Demir-

gazyk – Günorta we Gündogar – Günbatar ugurlary boýunça ýolagçylary gatnatmagy, ýükleri daşamagy doly üpjün etmäge mümkinçilik berer. Bu gatnawlaryň möçberlerini artdyrmak üçin demir we awtomobil ýollarynyň gurluşygynyň taslamalary amala aşyrylýar. Howa, deňiz ýollarynyň, gury portlaryň döwrebap üpjünçilik ulgamlary döredilýär. Logistikany sazlaşykly we utgaşykly alyp barmak babatda giň gerimli işler alnyp barylýar.

Türkmenistandan Owganystana, ondan aňryk Pakistanyň portlaryna barýan demir ýoluň gurluşygyny muňa mysal hökmünde getirip, häzirki döwürde türkmen hünärmenleri tarapyndan gurlan Kerki (Türkmenistan) – Andhoý (Owganystan) demir ýolunyň netijeli işleýändigini, türkmen-owgan serhedinden Hyrat şäherine çenli demir ýoluň gurluşygynyň meselelerine seredilýändigini we bu işde taslamalary durmuşa geçirmäge gatnaşýan taraplaryň halkara maliýe institutlary, maýa goýum gaznalary, bank edaralary we degişli guramalar bilen hyzmatdaşlygyna möhüm ornuň degişlidigidir.

Aziýanyň we Ýewropanyň çatrygynda, Beýik Ýüpek ýolunyň merkezinde ýerleşen Türkmenistan gysga taryhy döwürde dünýä döwletleri, abraýly halkara guramalar bilen netijeli gatnaşyklary ýola goýmak, halkara hyzmatdaşlygyň düýbünden täze ugurlaryny işläp taýýarlamak babatda baý tejribe toplady. Ýurdumyzda logistikany ösdürmäge hem-de diwersifikasiýalaşdyrmaga aýratyn ähmiýet berilýär. Ulag-aragatnaşyk strategiýasynyň durmuşa geçirilmegi bilen, Türkmenistan sebit we halkara ähmiýetli möhüm ulag-logistika merkezi hökmünde eýeleýän ornuny barha pugtalandyrýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň bu ugra gönükdirilen sebit hem-de ählumumy derejeli başlangyçlary Merkezi Aziýada we Hazar deňzi sebitinde üstaşyr ulag, logistika ulgamlarynyň döredilmeginde wajyp orun eýeledi. «Turgundy» demir ýol bekediniň «gury portunda» ammarlar toplumynyň, Turgundy – Hyrat demir ýolunyň birinji tapgyrynyň Turgundy – Sanabar bölegininiň gurluşyk işlerine girişilmegi bu ulgamy ösdürmek boýunça ýurdumyzda alnyp barylýan işleriň yzygiderli häsiýete eýedir.

Ulag-kommunikasiýa ulgamynda infrastruktura taslamalaryny durmuşa geçirmek ýaly parahatçylyk döredijilikli halkara başlangyçlary öňe sürmek bilen, Türkmenistan ählumumy ösüşiň häzirki zaman meýillerine laýyk gelýän täze geoykdysady hyzmatdaşlyk meýdançasynyň binýadynyň goýulmagyna goşant goşýar.Ulag ulgamy hem sebitara hyzmatdaşlygyň wajyp ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Merkezi Aziýa sebitiniň geografik taýdan amatly çäkde ýerleşmegi ulag-logistika ulgamyny ösdürmek üçin

berk binýat bolup hyzmat edýär. Şunda ulagyň dürli görnüşleriniň arabaglanyşygynyň üpjün edilmegi uly ähmiýete eýedir. Şunuň bilen baglylykda, bu ugurda durmuşa geçirilýän taslamalaryň ägirt uly geljegi bardyr.

**_A. Muhammedowa,_**
*Türkmen döwlet maliýe instituty, uly mugallym*

## DÖWLETARA DOSTLUK KÖPRÜSI

Taryh üçin uly bolmadyk döwürde, hemişelik Bitarap Türkmenistan asyra barabar işleri amala aşyrdy. Türkmen halkynyň dünýägaraýşynyň aýnasy bolan Bitaraplygymyzyň şanyna atlandyrylan «Halkara Parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» ýeten belent derejämiz ýurdumyzyň diňe bir sebitde däl, eýsem, tutuş dünýäde hem türkmen Bitaraplygy diýen oňyn syýasy düşünjäni äleme ýaýandygyny, ony tutuş dünýäniň ykrar edenligini aýdyň subut edýär. Şeýle abraýyň sakasynda bolsa halkara diplomatiýasynda baý tejribesi bolan Gahryman Arkadagymyzyň parasadyny, häzirki zaman dünýäsiniň ählitaraplaýyn ýagdaýlaryny seljerip ýurdumyzda we dünýäde parahatçylyk ýoluny ýöredýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda amala aşyrýan işlerini görmek bolýar.

Türkmenistanyň baky Bitaraplyk syýasaty diňe bir ýurduň içindäki durnuklylygyň we parahatçylygyň kepili bolman, eýsem halkara gatnaşyklarynyň ösüşinde hem möhüm orun eýeledi. Halkyň ruhy dünýägaraýşynyň aýnasy hökmünde kemala gelen Bitaraplyk syýasaty, 2017-njiýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde Gahryman Arkadagymyzyň eden taryhy çykyşynyň esasynda her ýylyň 12-nji dekabrynyň Halkara Bitaraplyk güni hökmünde yglan edilmegi bilen has-da halkara derejesinde ykrar edildi. Bu gün diňe bir Türkmenistan üçin däl, eýsem dünýäniň parahatçylyk söýüji ähli ýurtlary üçin hem möhüm sene hökmünde kabul edilýär. Şeýle möhüm çözgütleriň halkara derejesinde goldanylmagy bolsa, türkmen diplomatiýasynyň giň gerime eýedigini, ýurdumyzyň daşary syýasatynda ileri tutulýan parahatçylykly, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleriniň dünýä döwletleriniň arasynda hem ýokary bahalandyrylýandygyny görkezýär. Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasy dünýäniň parahatçylygyny, durnuklylygyny, adamzadyň agzybirligine we ösüşine gönükdirilendir.

Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäherinde BMG-niň «Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň», şeýle hem Ýewropa Bileleşiginiň «Ýewropa öýüniň» açylmagy bu ugurda alnyp barylýan işleriň netijelidiginiň, ýurdumyzyň halkara jemgyýetçiliginde ynamdar hyzmatdaş hökmünde tanalýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Bu merkezleriň döredilmegi diňe bir sebitde däl, eýsem, tutuş dünýäde parahatçylygyň, hyzmatdaşlygyň we ösüşiň berkidilmegine itergi berýär. Şeýle möhüm başlangyçlaryň durmuşa geçirilmegi, parahatçylyk ýoluny ýöredýän daşary syýasatymyzyň dünýä ýurtlary tarapyndan gyzgyn goldanylýandygyny görkezýär.

Häzirki wagtda Gahryman Arkadagymyzyň parahatçylyk ýoluny ýöredýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda alnyp barylýan oňyn syýasatlaryň netijesinde dünýäniň öňdebaryjy döwletleri we meşhur kompaniýalary bilen netijeli hyzmatdaşlyk giň gerimde dowam edýär. Türkmenistanyň «Açyk gapylar» syýasaty bilen sazlaşykly alnyp barylýan daşary ykdysady syýasaty dünýä ýurtlarynyň işewür toparlarynda uly gyzyklanma döredýär. Şu günki gün daşary ýurt maýa goýujylary üçin ýurdumyzda ähli şertler döredildi, hukuk binýady, ykdysady mümkinçilikler, infrastruktura üpjünçiligi halkara dünýä ölçeglerine laýyklykda yzygiderli kämilleşdirilýär.

Bitaraplyk syýasaty ýurdumyzyň ykdysadyýetine, ylym-bilimine, medeniýetine, syýasatyna we halkara gatnaşyklaryna täze ruh, täze itergi berdi. Parahatçylykly, asuda durmuşda ýaşamagyň, döredijilikli iş alyp barmagyň mümkinçiligi diňe bir halkymyzyň durmuş derejesini ýokarlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, halkara işewürleriniň hem Türkmenistan bilen uzak möhletleýin hyzmatdaşlyga ymtylmagyna ýol açdy. Munuň özeninde bolsa döwletimiziň parahatçylyk söýüji, açyk, özara bähbitli hyzmatdaşlyga esaslanýan daşary syýasaty bar.

Türkmen halky Magtymguly Pyragynyň arzuw eden beýik maksadyna ýetip, agzybir, asuda, erkin hem-de bagtyýar durmuşda ýaşaýar. Bu beýik maksadyň başynda Gahryman Arkadagymyz durýar. Häzirki döwürde bolsa Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda Türkmenistan täze eýýamy – Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyş döwrüni başdan geçirýär. Bu döwür ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, medeni taýdan täze sepgitlere ýetýän döwri bolup durýar. Sebit we dünýä derejesindäki döwletler bilen hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi, halkara guramalar bilen ysnyşykly gatnaşyklarymyzyň ösdürilmegi Türkmenistanyň halkara giňişligindäki ornuny has-da berkidýär.

Türkmen halky döwletimiziň döredijilikli, parahatçylykly ýolunyň dowam etmegini gazanmak, ösüşleriň täze belentliklerine ýetmek üçin jebislik bilen zähmet çekýär. Halkyň kalbynda ýaşaýan beýik milli gymmatlyklar häzirki döwrüň talaplaryna laýyk derejede ösdürilýär. Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňdengörüjilikli syýasatlary netijesinde Türkmenistanyň Bitaraplygy diňe bir syýasy ýörelge bolman, eýsem dünýäniň ýurtlarynyň arasynda parahatçylyk, ynanyşmak, ösüş ýaly gymmatlyklaryň berkidilmegine hyzmat edýän halkara nusgalygy hökmünde dünýäniň beýleki ýurtlaryna hem täsir edýär. Netijede, soňky 30 ýylda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýä jemgyýetçiliginde parahatçylyk söýüjilik, ynanyşmak, hoşniýetlilik ýörelgeleri bilen tanalýar. Türkmen halkynyň guwanjy bolan Bitaraplyk – diňe bir halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda kabul edilen dereje däl, eýsem, bu günki gün tutuş dünýä üçin oňyn nusga bolup hyzmat edýän beýik ýörelgedir.

**_N. Nobatowa,_**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy,*

**_G. Mätiýewa,_**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy*

## TELEKEÇILIGI GOLDAMAK – ÝURDUMYZYŇ DURNUKLY ÖSÜŞINIŇ KEPILI HÖKMÜNDE

Diýarymyzda milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlarynda giň gerimli özgertmeler amala aşyrylýar. Şol özgertmeleriň çäklerinde ykdysadyýetiň döwlete degişli bolmadyk pudagyny ösdürmek we goldamak döwlet syýasatynda ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan özgertmekde telekeçilige uly orun degişlidir. Telekeçiler hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen badalga berilýän maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýarlar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Bu gün döwletiň ylmy-tehnologik özgertmeler babatdaky syýasatyny durmuşa geçirmekde, sanly ykdysadyýetiň giň mümkinçiliklerinden peýdalanmakda, senagatyň, oba hojalygynyň, hyzmatlar ulgamynyň häzirki zamanyň talaplaryna laýyklykda ösdürilmeginde türkmen telekeçileriniň alyp barýan işleri nusgalykdyr» diýen sözleri munuň subutnamasydyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen durmuşyň ähli ulgamlaryny gurşap alan özgertmeleriň çäklerinde ykdysadyýetiň hususy bölegini goldamak işleri ileri tutulýan ugurlaryň hataryna çykaryldy. Ýurdumyzyň ykdysady ösüşini durnuklylaşdyrmakda telekeçilik işjeňliginiň möhüm ähmiýeti bardyr. Ol önümçiligi çeýe dolandyrmaga, täze tehnologiýalary we ylmyň iň täze gazananlaryny önümçilige tiz ornaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Telekeçilik ykdysadyýetde täze iş orunlaryny döretmäge, salgyt binýadyny giňeltmäge, importy çalyşýan we eksporta gönükdirilen önümçilikleri döretmäge itergi berýär.

Türkmenistan milli ykdysadyýetiniň çalt depginler bilen ösýän şertlerinde dünýäniň dürli döwletleri bilen ýokary tehnologiýaly pudaklarda hyzmatdaşlyk etmäge, häzirki zamanyň öňdebaryjy bilimlerini we dolandyryş çözgütlerini ornaşdyrmaga uly ähmiýet berýär. «Türkmenistanyň 2021–2030-njy ýyllar üçin daşary söwda strategiýasyny» we söwda, ykdysadyýet hem-de maýa goýumlar ulgamlaryna degişli resminamalardan gelip çykýan çäreleri hem-de taslamalary amala aşyrmak boýunça degişli işler alnyp barylýar. Bu babatda milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşine we ilatynyň durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna ýardam berýän oňyn halkara şertleri döretmek, dünýäniň hojalyk gatnaşyklaryna işjeň gatnaşmak, daşary ykdysady hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek, iri maýa goýumlaryny ýurdumyza çekmek ýaly wajyp wezipeler ileri tutulýar.

Ykdysadyýetiň depginli ösüşi, köplenç, telekeçilik başlangyçlaryna we işjeň işewürleriň höweslendirilmegine bagly bolup durýar. Ykdysadyýetiň diwersifikasiýa ýagdaýynda esasy orun telekeçilik ulgamynyň isleg bildirilýän daşary ýurt harytlarynyň ornuny tutýan we eksport etmäge mümkinçiligi bolan önümleriniň täze görnüşleriniň özleşdirilmegine degişlidir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe kiçi we orta telekeçiligi sazlaşykly ösdürmek, hususy başlangyçlary goldamak üçin örän amatly hukuk, ykdysady, maliýe hem-de durmuş şertleri döredilýär. Durnukly ösüş maksatnamasyna laýyklykda, we «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: «Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna», şeýle-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamasyna» laýyklykda, döwlet derejesinde edilýän aladalar telekeçilerimizi netijeli işlemäge ruhlandyrýar.

Häzirki wagtda türkmen telekeçileriniň öndürýän önümleriniň içerki bazary üpjün etmek bilen bir hatarda, daşary ýurt bazarlarynda-da barha giň orun almagy juda guwandyryjydyr.

Söwdany we telekeçiligi ösdürmek hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ykdysady syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Söwda we hyzmatlar ulgamynda telekeçilerimiz möhüm orny eýeleýärler. Bu pudaklarda amala aşyrylýan oňyn özgertmeler ýurdumyzda durmuşa geçirilýän giň möçberli durmuş-ykdysady maksatnamalaryň netijelerini aýan edýär we bazar gatnaşyklaryny kämilleşdirmäge, ilatyň durmuş derejesiniň we onuň abadançylygynyň ýokarlanmagyna mümkinçilik berýär.

Häzirki döwürde Türkmenistanda telekeçileriň sany we olaryň iş alyp barýan ugurlary barha ýokarlanýar. Bu ulgamda bäsdeşlige ukyplylyk işjeňleşdirilýär. Munuň özi içerki bazarda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň görnüşlerini artdyrmaga mümkinçilik berýär. Bu önümler halkara ölçeglerine laýyk gelmelidir.

Şeýle hem söwdany talabalaýyk ýola goýmak we ýurdumyzyň ilatyna ýokary derejede hyzmatlary etmek Türkmenistanyň durnukly ösüşiniň maksatlaýyn gönükdirmelerine ýetmek üçin ileri tutulýan wezipeleriň biri bolup durýar. Türkmenistany dünýäniň ýokary ösüşli döwletleriniň hataryna çykarmak boýunça maksatlaýyn gönükdirmelere ýetmek üçin telekeçilik işini guramaklyk we üstünlikli ýöretmeklik ýurdumyzyň esasy aladalarynyň biridir.

Durnukly ösüşiň ugurlarynda, şeýle hem senagat pudagynyň we hyzmatlar ulgamynyň düzümleýin özgerdilmegi göz öňünde tutulýar. Şol ulgamlar bolsa ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň esasy ugurlary bolup durýar. Döwlet eýeçiliginiň desgalaryny hususylaşdyrmak, öňdebaryjy ylmy hem-de dolandyryş we önümçilik ulgamyndaky tehnologik gazananlary ulanmak arkaly kärhanalaryň işini kämilleşdirmek işleri dowam etdirilýär.

Eksport kuwwatyny artdyrmak hem-de import garaşlylygyny peseltmek maksady bilen, ýurdumyzda öndürilen harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak hem-de içerki bazarlary ösdürmek boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. Şeýlelikde, göz öňünde tutulýan maksatnamalaýyn çäreleriň durmuşa geçirilmegi ýakyn geljekde Türkmenistanda ýeterlik derejede ösen bazar düzümini döretmäge hem-de ählumumy ykdysady ulgama has doly goşulyşmaga, daşary söwda dolanyşygyny ep-esli artdyrmaga, önümçiligiň ähli ulgamlaryna innowasion tehnologiýalary giňden ornaşdyrmaga, biziň haryt öndürijilerimiziň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer.

Döwlet Baştutanymyzyň goldaw bermeginde hususy işewürligiň wekilleri obasenagat toplumynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, ilatyň ekologik taýdan arassa we ýokumly azyk önümlerine bolan isleglerini kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýän tehnologiýalary özleşdirýärler.

Ýurdumyzda internet arkaly harytlaryň satylyşyny artdyrmaga, elektron söwda üçin öz meýdançalarymyzy döretmäge, özümizde öndürilýän harytlaryň halkara derejede mahabatyny güýçlendirmäge aýratyn üns berilýär. Türkmen telekeçileri halkara çärelere, sergilere işjeň gatnaşýarlar. Ýurdumyzyň senagatçylarynyň we telekeçileriniň her ýylky sergisi hem-de maslahaty bagtyýarlyk döwrümizde hususy pudakda gazanylanlary giňişleýin açyp görkezýär.

Türkmenistan özüniň durnukly ösüş maksatlaryny üstünlikli durmuşa ornaşdyrmaga işjeň çemeleşmelerini diňe bir milli derejede däl, eýsem, Merkezi Aziýa ýurtlarynda bar bolan meseleleri hem çözmäge gönükdirilen başlangyçlary öňe sürmek arkaly sebit derejesinde hem görkezmäge çalyşýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan, sebitiň häzirki zaman global işlere üstünlikli goşulyşmagyna, onuň halkara hyzmatdaşlygynyň pugta we durnukly bölegi hökmünde täzeden galkynmagyna zerur şertleri döretmegi özüne maksat edip goýýar. Hakykatdan hem, bu maksat sebitde parahatçylygyň, asudalygyň we howpsuzlygyň üpjün edilen şertlerinde amala aşyrylyp bilner, bu bolsa her bir ýurduň ösüşine, öňe gidişine we abadançylygyna ýardam etmäge mümkinçilik berer.

***Ş. Orazmämmedowa,***

*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy*

## DURNUKLY ÖSÜŞDE YKDYSADY-EKOLOGIK BILIMIŇ ORNY

Hormatly Prezidentimiziň badalga beren ýurdumyzyň ykdysady syýasatynyň baş maksady beýleki pudaklar bilen bir hatarda agrosenagat, himiýa, gurluşyk materiallar, syýahatçylyk toplumlarynyň kuwwatlyklaryny, ykdysadyýetimiziň ösüşini has-da ýokarlandyrmak maksady bilen, halkara söwda-ykdysady mümkinçiliklerini ulanmaklyk bolup durýar. Durnukly ösüşiň maksatlarynyň çäklerinde Türkmenistanda milli we sebitleýin derejede ençeme taslamalar we maksatnamalar amala aşyrylýar. Şu giň gerimli

işleri üstünlikli durmuşa geçirmek işinde hünärmenlerde möhüm ekologik başarnygy kemala getirmek we ösdürmek wajyp wezipeleriň biri hasaplanylýar. Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň kärhanalarynda öňdebaryjy, innowasion, serişde tygşytlaýjy tehnologiýalar ornaşdyrylýar. Gurlup ulanylmaga berilýän zawod-fabrikler, beýleki desgalar kämil we ekologik başarnykly hünärmenlere bolan zerurlygy ýüze çykarýar. Ösüp gelýän ýaş nesillerde we hünärmenlerde ýokary kämilleşen ekologik bilim bermek, medeniýetini kemala getirmek jemgyýetiň we ylmy-tehniki ösüşiň möhüm meselesidir. Durnukly ösüş maksatlarynda ekologik bilim täze maksatlary, wezipeleri goýýar we okuwyň mazmunyny, usullaryny giňeldýär. Ekologik bilim üçin däp bolan görnüşleriň we çemeleşmeleriň üstüni ýetirýär. Şunuň ýaly bilim gowy hilli, ekologiýa-ynsanperwerlik gymmatlyklaryna esaslanan bolmalydyr, jemgyýetde durnukly ýaşaýyş üçin bilimleriň, endikleriň, düşünjeleriň we başarnygyň alynmagyna we emele getirilmegine ýardam etmelidir.

Tebigaty goramak, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we ekologiýa boýunça alnan bilimlerini durmuşa ornaşdyrmakda ykdysatçy hünärmenler kärhanalarynyň işini meýilnamalaşdyranda tebigaty goramak çärelerini maliýeleşdirýärler. Senagat, oba hojalyk, ulag, hyzmat ediş pudaklarynda buhgalter hasaby ýöredilende kärhanalaryň önümçilik üçin tebigatdan alýan çig-mal serişdeleriniň hakyky möçberini we olaryň öwezini dolmak üçin goýberilýän pul serişdelerine, şol serişde arkaly edilýän ýa-da ýerine ýetirilýän işlere gözegçiligi ýola goýulýar. Önüm öndürilişiniň özüne düşýän gymmatyny kesgitlänlerinde tebigy serişdeleriň paýy hem göz öňüne tutulýar. Ähli kärhanalar bazar ykdysadyýetinde, hojalyk hasaplaşygy boýunça işlenilýän wagtlarynda olaryň ulanýan tebigy serişdeleriniň tölegi girizilip, gözegçilikde saklanylýar.

«Tebigaty goramak hakyndaky» Kanunda (2014-nji ýylyň 1-nji marty, № 40-V.) hem-de «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda (2012-nji ýylyň 31-nji marty. № 286-IV.) göz öňünde tutulyşy ýaly, tebigatyň seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky bölekleri häzirki we gelejekki nesiller üçin gorap saklamak maksady bilen döwletiň aýratyn goragy astyna alynýar hem-de tebigy goraghanalary, tebigy çäkli goraghanalary, tebigy ýadygärlikleri, taryhy-medeni we milli tebigy seýilgähleri diýlip yglan edilýär. Tebigy toplumlary goramak Türkmenistanyň tebigaty goraýyş kanunçylygynyň tebigy gurşawy goramak meselelerine toplumlaýyn çemeleşmeginiň esasy ugurlarynyň biridir.

Tebigy obýektlerden peýdalanylanda jemgyýetiň aýry-aýry islegleri-ni kanagatlandyrmakda tebigy serişdeleriniň görnüşleri: ekologik, ykdysady, medeni-sagaldyş bolup, ykrar edilen kanunlar bozlup uly maddy zyýan çekilen wagtynda (buhgalter hasaby, statistika, maliýe we salgyt gullugy hünärmenleri) döwlet ekologik ekspertizasynyň, ekologik auditi geçirilip, düzgün bozanlary jogapkärçilige çekmek işlerine gatnaşýar.

Ýokary hasyl berýän we boz ýatan melioratiw ýagdaýy gowy ýerler oba hojalyk ekinleri üçin, ekerançylyga ýaramsyz ýerleri (ulanmasy köp zähmedi talap edýän) gurluşyk, ýol, kommunikasiýa işleri üçin ulanmak işlerinde ykdysady-ekologik bilimi meseleleri öwrenmekde, ol hakda giňişleýin düşünje almaga we peýdalanyp bilmek başarnyklaryny artdyrýar.

Rekreasion resurslardan alynýan ykdysady girdeji bilen sazlaşykly gatnaşyk, adamzadyň tebigaty peýdalanmakda zerurlyklarynyň kanagatlandyrylmagy dynç alyşda ulanylýan tebigy meýdanlaryň ekologik howpsuzlygy. Häzirki wagtda 140-a golaý döwletde 3 müň töweregi dürli gorag ýerleri hereket edýär.

Açyklyga we döwletleriň arasynda ýakyn özara baglanyşyga gönükdirilen häzirki zaman jemgyýetinde dünýä derejesinde Ýer ýüzüniň raýatlarynyň täze neslini – hünär we ekologiýa medeniýetiniň ýokary derejesi bolan, üznüksiz özbaşdak bilim almaga, jemgyýeti ösdürmäge we umumadamzat gymmatlyklaryny ileri tutmaga gözügen, ykjam, özgertmelere taýýar, üýtgeýän şertlere çalt uýgunlaşmaga we olara işjeň täsir etmäge ukyply, dogry saýlap almaga we dürli derejede çylşyrymlylygy bolan kynçylykly ýagdaýlarda sowatly hereket etmegi başarýan şahsyýeti terbiýelemekden ybaratdyr. Ekologiýa başarnygy her bir adamyň medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolmalydyr. Sebäbi her bir adam her gün dürli derejedäki çylşyrymlylygy bolan ekologiýa häsiýetli meseleleri çözmeli bolýar. Bu bolsa şahsy häsiýetleri, jogapkärçiligi, tejribäni, bilimi, anyk ýagdaýda olary jemlemek başarnygyny talap edýär.

Ekologik başarnygynyň esasy görkezijileri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– ösen şertlerde öz durmuş wezipäňe we işiň döredijilikli häsiýetiniň zerurlygyna akyl ýetirmek;

– adamyň ýaşaýşynyň ekologiýa gymmatlyklary ulgamynda öz ornuňy tapmak we daşky dünýä gymmatlyk hökmünde garamak ukyby;

– ekologiýany merkezde goýýan dünýägaraýyş we ekologik pikirlenme;

– adalatlylyk, alada we ählumumy abadanlyk barada düşünjeleri gollanmak bilen, berjaý edilmesi hökman ekologik kadalara (ekologik imperatiw) eýermäge taýýar bolmak;

– daşky gurşaw babatyndaky maglumatlary kabul etmäge we olara düşünmäge ukyplylyk, anyk ekologiýa ýagdaýda oňa dogry düşünmek;

– ekologiýa-hukuk bilimlerini ele almak, bolmagy (nazaryýet, kadalaşdyryjy-baha beriş we amaly bilimleriň möçberi, olary bilmek derejesi), olary berjaý edilmesi hökman ekologik kadalar (ekologik imperatiw) we düzgünler bilen deňeşdirmek başarnygy;

– ekologiýa ýagdaýlarynyň ösüşini modelleşdirmek we çaklamak başarnygy (ykdysady, durmuş, tebigy ulgamlary we hadysalary döretmek, «tygşytly-ekologiýa taýdan amatly» ýörelgesiniň esasynda olaryň dürli görnüşlerini esaslandyrmak);

– ekologiýa nukdaýnazaryndan esaslandyrylan we takyklanan oňyn çözgütleri kabul etmek we olary iş ýüzünde durmuşa geçirmek başarnygy;

– olaryň netijelerine baha bermek, öz hereketleriň we eden işleriň üçin jogapkärçilik çekmek başarnygy;

– dawaly ekologiýa-ykdysady ýagdaýlary hukuk serişdeleri bilen çözmek endiklerini öwrenmek;

– öz garaýşyňy hukuk taýdan delillendirmek esasynda gurlan konstruktiw gepleşige we ylalaşyk gazanmaga taýýarlyk;

– jemgyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmäge öz şahsy gatnaşygyňa dogry baha bermäge ukyplylyk;

– beýleki adamlar bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmaga mümkinçilik berýän ösen başarnyklar;

– öz başarnygyny durmuşa geçirmäge höwes, ekologiýa bilim derejäňi yzygiderli ýokarlandyrmaga we öz-özüňi ösdürmäge taýýarlyk, amaly, ekologiýa taýdan esaslandyrylan işde öz şahsy mümkinçilikleriňi işjeňleşdirmek islegi.

Binýatlyk görkezijileriň şu toplumy her bir adamyň ekologiýa babatda başarnygynyň emele geliş derejesini has doly açyp görkezýär we onuň durmuş-şahsyýet häsiýetini aýdyň beýan edýär. Görkezijiler bir bitewülige jemlenmek bilen, adamyň ýaşaýyş işjeňliginde oňyn netijeleriň gazanylmagyna we durmuşda başarjaň şahsyýetiň durmuşa geçirilýän şahsyýet we durmuş manysyny emele getirýär.

Kämil hünärmenleri taýýarlamak bilen baglylykda ýokarda agzalyp geçilenler ähli babatda ýokary maksatly hünärmende bolmaly aýratynlyklardyr. Şeýle hünärmenler ata Watanymyzda döwrebap ykdysady ösüşi kemala getirmekde uly orun eýeleýärler.

*E. Orazowa,*
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy*

# ILATYŇ DURMUŞ DEREJESI WE HILI, INDIKATORLARY WE OLARYŇ MAZMUNY

Ýaşaýyş-durmuş hal-ýagdaýy – toplumlaýyn häsiýetli durmuş-ykdysady ölçeg bolmak bilen, ol adamlaryň beden, ruhy we ýaşaýyş-durmuş hajatlarynyň ösüş derejesini, olaryň kanagatlandyrylyşyny we şol hajatlaryň ösdürilmegi hem kanagatlandyrylmagy üçin jemgyýetde döredilen şertleri açyp görkezýär.

Ýaşaýyş-durmuş derejesi – köpgyraňly hadysadyr, ol ilatyň ýaşaýan mekany bolan ýer-çäkden, ýagny geografik şertlerden başlap, umumy durmuş-ykdysady we ekologiýa ýagdaýlara, şonuň ýaly-da ýurtda emele gelen syýasy şertleriň ösüş ýagdaýyna gönüden-göni bagly bolup durýar. Ýaşaýyş-durmuş derejesine şonuň ýaly-da belli bir derejede ýurtda emele gelen demografik ýagdaýlar, ýaşaýyş-durmuş we önümçilik şertleri, sarp ediş harytlarynyň göwrümi we hili öz täsirini ýetirip bilýär. Şeýlelikde, bu babatda has täsirli we ähmiýetli şertleri şu aşakdaky toparlara bölmek bolar:

– syýasy şertler;
– ykdysady şertler;
– jemgyýetçilik-durmuş şertleri;
– ylmy-tehniki ilerleme şertleri.

Ýaşaýyş-durmuş hal-ýagdaýynyň derejesini kesgitlemek özüniň häsiýeti boýunça çylşyrymly iş bolup durýar, ony haýsydyr bir ugur boýunça takyk kesgitläp bolmaýar. Ol, bir tarapdan, jemgyýetçilik islegleriniň we hajatlarynyň düzümine hem göwrümine bagly bolup durýar, beýleki bir tarapdan bolsa, şol hajatlary we islegleri kanagatlandyrmak boýunça bar bolan mümkinçilikler bilen çäklendirilýär. Bu mümkinçilikler, öz gezeginde, ýurduň içinde emele gelen ykdysady, syýasy we durmuş ýagdaýlaryny kesgitleýän şertlerden gelip çykýar. Olara, hususan-da, önümçiligiň we hyzmatlar ulgamynyň netijeliligi, ylmy-tehniki ilerlemäniň ýagdaýy we tizligi, ilatyň medeni-aň bilim ösüşiniň derejesi, milli aýratynlyklar ýaly möhüm görkezijiler degişli edilýär.

Ýaşaýyş-durmuş hal-ýagdaýynyň derejesi görkezijileriň tutuş bir toplumy esasynda kesgitlenilýär, olaryň her biri adam durmuşynyň we zähmet meşgullygynyň haýsydyr bir tarapy barada düşünje berýär. Ady agzalan

görkezijileri aýry-aýry häsiýetleri we alamatlary boýunça toparlara bölmek tejribesi bardyr. Şeýlelikde, bu görkezijileri: umumy we hususy; ykdysady we jemgyýetçilik-demografik; obýektiw we subýektiw; gymmatlyk ölçeginde hem tebigy görnüşli; mukdar we hil; sarp edişiň gyradeňlikler we gurluş düzüm görkezijileri; statistik görkezijiler we beýleki toparlara bölýärler.

Umumy görkezijilere milli girdejiniň göwrümi, milli baýlygy sarp edişiň jan başyna düşýän gaznasynyň möçberi degişli edilýär. Bu görkezijiler jemgyýetiň gazanan umumy durmuş-ykdysady sepgitlerini häsiýetlendirýär. Şahsy görkezijilere zähmet şertleri, ýaşaýyş jaý üpjünçiligi we ýaşaýyş-durmuş abadançylygy, medeni-durmuş hyzmatlary ulgamynyň ösen derejesi we ş.m. degişlidir.

Ykdysady görkezijiler jemgyýetçilik durmuşynyň ykdysady jähtlerini häsiýetlendirýär, jemgyýetiň bildirýän isleglerini we hajatlaryny kanagatlandyrmagyň ykdysady mümkinçiliklerini açyp görkezýär. Bu topara jemgyýetiň ykdysady ösüşini häsiýetlendirýän we ilatyň durmuş abadançylygyny kesgitleýän görkezijileri (hususan-da, nominal we hakyky girdejiler, zähmet meşgullygy we beýl.) girizmek bolar. Jemgyýetçilik-demografik topar öz içine ilatyň ýaş, jyns, hünär we ş.m. gurluş düzümini kesgitleýän, işçi güýjüniň gaýtadan dikeldilmegini şertlendirýän ýagdaýlary we görkezijileri alýar.

Garalýan görkezijileriň obýektiw we subýektiw toparlara bölünmegi adamlaryň gündeki durmuşynda we alyp barýan işinde wagtal-wagtal orun alýan käbir özgerişleri we üýtgeşmeleriň esaslandyrmasy bilen baglydyr, şunda görkezijiler şol üýtgeşmelere we özgerişlere baha bermegiň subýektiwlik derejesine bagly bolup durýar.

Gymmatlyk ölçegli görkezijilere pul görnüşinde beýan edilen ähli görkezijiler degişlidir, tebigy görkezijiler öz içine anyk alnan nygmatlaryň we hyzmatlaryň tebigy ölçeglerdäki göwrümini häsiýetlendirýär.

Ýaşaýyş-durmuş hal-ýagdaýynyň derejesini kesgitlemekde mukdar we hil görkezijilere uly orun berilýär. Mukdar görkezijileri takyk alnan maddy nygmatlaryň we hyzmatlaryň sarp ediş göwrümini kesgitleýär, hil görkezijileri bolsa, ilatyň durmuş abadançylygynyň hil jähtlerini açyp görkezýär. Ýaşaýyş-durmuş derejesini kesgitlemekde statistik görkezijilere aýratyn ähmiýet berilýär. Olar öz içine umumylaşdyryjy görkezijileri, girdeji, sarp ediş we çykdajy görkezijilerini, şonuň ýaly-da ilatyň pul süýşürintgileri, toplan emlägi we ýaşaýyş jaýlary ýaly maddy hal-ýagdaýy açyp görkezýän takyk sanlary alýar.

«Ýaşaýyş-durmuş hal-ýagdaýynyň derejesi» diýen düşünje «durmuşyň hili» diýen adalga bilen aýrylmaz baglydyr. Ýaşaýyş-durmuş hal-ýagdaýy

ilatyň durmuşynyň hiliniň bahasyny kesgitleýär we özüniň şu mazmunynda, döwletiň amala aşyrýan ykdysady we durmuş syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary saýlanyp alnanda ýol görkeziji bolup çykyş edýär. Sosiolog alymlarynyň aglabasynyň pikiriçe, «durmuşyň hili» diýen ölçege şu kesgitleme has laýyk gelýär, ýagny: Durmuşyň hili – adamlaryň ýaşaýyş-durmuş abadançylygyny häsiýetlendirýän görkezijileriň jemi bolmak bilen, ol maddy sarp edişiň (ýaşaýyş-durmuşyň) derejesini, şeýle-de gönüden-göni tölenmän alynýan nygmatlaryň sarp edilişini häsiýetlendirýär.

Daşary döwletleriň ilatynyň ýaşaýyş-durmuşynyň derejesi we hili köp babatda jemi içerki önümiň sarp ediş babatyndaky gurluş düzümi esasynda häsiýetlendirilýär. Bu babatda, aýratyn hem, hususy ahyrky sarp edişiň (şahsy sarp ediş harajatlarynyň) seljerme derňewine möhüm ähmiýet berilýär. Uzak möhletli ulanylýan harytlaryň we hyzmatlaryň sarp edilişindäki paýyň ýokary bolmagy ilatyň ýaşaýyş-durmuş hiliniň ýokary derejede saklanylýanlygyndan, diýmek, ýurduň ykdysady ösüşiniň has ýokary, durnukly üpjün edilýänliginden habar berýär.

***R. Bäşimow,***

*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady gatnaşyklary kafedrasynyň uly mugallymy*

## MERKEZI AZIÝA WE HAZARÝAKA SEBITLERI: EKOLOGIÝA HOWPSUZLYGYŇ WE HOWPSUZ ÖNÜMÇILIGIŇ ORNY

Ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleriniň biri. Ol, bir tarapdan, durnukly ösüşiň möhüm şerti bolsa, başga bir tarapdan, janly dünýäniň howpsuzlygynyň alamaty bolup hem çykyş edýär. Şu jähetden, Merkezi Aziýa we Hazarýaka sebitinde daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek hyzmatdaşlykda iň öňde goýulmaly ugurlaryň biridir. Bu giňişlikleriň ekologiýa ýagdaýy diňe bir sebitiň däl, eýsem, tutuş adamzadyň ykbalyna dahyllydyr. Bu mesele sebitiň döwletleriniň ählisiniň öňünde duran, berk gözegçilikde saklanylmaly hökmany möhüm wezipeleriň biridir.

Türkmenistan ekologiýa howpsuzlygy nukdaýnazaryndan aýrylmaz baglanyşykly Merkezi Aziýa we Hazarýaka sebitleri babatda ägirt uly işleri alyp barýar. Ýurdumyz «ýaşyl ykdysadyýeti» ösdürmek arkaly ekologiýa taýdan howpsuz önümçilikleri ýola goýmak bilen, agzalan sebitlerde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge hem aýratyn üns berýär. Bu babatda Türkmenistan ençeme başlangyçlar bilen çykyş edip, bimöçber işleri durmuşa geçirdi. Hususan-da, ýurdumyz Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklarynda sebitde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, Aral we sebitde suw serişdelerini rejeli, deň we adalatly peýdalanmak meselelerine beýleki döwletleriň ünsüni çekýär. Türkmenistan suw meselesini halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalary hem-de özara hormat goýmagyň we sebitiň ähli döwletleriniň bähbitlerini göz öňünde tutup, çözmegi ileri tutýar.

Merkezi Aziýadan üzňe göz öňüne getirip bolmajak Hazarýaka çägi hem ekologiýa taýdan arassa önümçilikleri ýola goýmak, giňişligiň baýlyklaryndan netijeli peýdalanmak we ekoulgamy gorap saklamak babatda möhüm merkezleriň biridir. Degişli ugurda Garaşsyz Türkmenistanyň bitiren ägirt uly işleri aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

2018-nji ýylyň güýzünde Hazar deňziniň sebitinde örän iri senagat kärhananyň – Gyýanlyda polietilen we polipropilen önümçiligi boýunça gazhimiýa toplumynyň açylyş dabarasy boldy. Bu waka «Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmegiň çäginde ýene bir möhüm ädim boldy. Gyýanly şäherçesinde gurlup, ulanmaga berlen polietilen we polipropilen öndürýän gazhimiýa toplumynyň düýbi 2014-nji ýylda tutuldy. Täze toplumyň önümçilik kuwwaty ýylda 5 milliard kub metr tebigy gazy gaýtadan işlemäge mümkinçilik berýär. Iň kämil tehnologiýalar ornaşdyrylan kärhana her ýyl 386 müň tonna ýokary hilli polietilen, 81 müň tonna polipropilen öndürmäge ukyply. Bu iri maýa goýum taslamasy «Türkmengaz» döwlet konserni tarapyndan Koreýa Respublikasynyň «LG International Corporation» we «Hyundai Engineering Co., LTD» hem-de Ýaponiýanyň «TOYO Engineering Corporation» kompaniýalary bilen amala aşyryldy. Ol taslamany durmuşa geçirmek boýunça üçtaraplaýyn şertnama 2013-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň Ýaponiýa saparynyň çäklerinde gol çekildi.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk banky, Koreýanyň eksport-import banky hem-de Ýaponiýa, Germaniýa, Fransiýa, Koreýa Respublikasy, Hytaý, Italiýa, Awstriýa we Şweýsariýa ýaly ýurtlaryň taslamany maliýeleşdirmek bo-

ýunça maliýe edaralarynyň bileleşigi bilen gol çeken ylalaşyklarynyň umumy bahasy bolsa 2,5 milliard amerikan dollaryndan geçýär.

Zawodda polietileniň ýedi görnüşiniň hem-de polipropileniň bäş görnüşiniň önümçiligi özleşdirilip, şolardan tehniki we durmuş maksatly önümleriň dürli görnüşleri öndürilýär. Olar Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň üsti bilen dünýäniň onlarça ýurduna ugradylýar. Abraýly halkara guramalaryň – Ýulius Kun adyndaky institutyň (*Germaniýa*), Paul Şerreriň adyny göterýän institutyň (Şweýsariýa) hem-de Sagdyn daşky gurşaw gaznasynyň (*ABŞ*) güwänamalary taslamanyň täzeçilligini we daşky gurşaw üçin howpsuzdygyny doly tassyklaýar.

Bilşimiz ýaly, 2019-njy ýylyň iýun aýynda Ahal welaýatynda täze iň döwrebap senagat-innowasion toplumy bolan tebigy gazdan benzin öndürýän zawod gurlup, ulanmaga berildi. Täze kärhana her ýyl 1 milliard 400 million kub metr «mawy ýangyjy» gaýtadan işläp, iň ýokary ekologiýa talaplaryna laýyk gelýän 600 müň tonna ECO-93 kysymly benzin, şeýle hem 12 müň tonna dizel ýangyjy we 115 müň tonna suwuklandyrylan gazy öndürmäge niýetlenendir. Bu toplum «Türkmengaz» döwlet konserniniň we Ýaponiýanyň «Kawasaki Heavy Industries Ltd.» hem-de Türkiýäniň «Rönesans Endüstri Tesisleri Inşaat Sanaýi ve Ticaret A.Ş» kompaniýalarynyň konsorsiumynyň bilelikdäki tagallalary netijesinde gurlup, işe girizildi. Bu maýa goýum taslamasynyň umumy bahasy ABŞ-nyň 1,7 milliard dollaryna golaýdyr we taslama Daniýa Patyşalygynyň «Haldor Topsoe» kompaniýasynyň işläp taýýarlan TIGAS tehnologiýasyna esaslanandyr. Bu önümçilik «Tebigy gazdan benzin öndürýän dünýädäki ilkinji zawod» hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi, Şweýsariýa Konfederasiýasynyň federal tehnologik institutynyň «Innowasion tehnologiýalary» we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Daşky gurşawy goramak gaznasynyň «Ekologiýa taýdan arassa» diýen güwänamalaryna mynasyp boldy. Munuň özi Merkezi Aziýada ekologiýa taýdan howpsuz önümçiligi ýola goýmak we sebitiň baýlyklaryndan ýerlikli peýdalanmak babatda Türkmenistanyň dünýäde ykrar edilen ägirt uly tejribesiniň bardygynyň subutnamasydyr.

Bulardan başga-da, Türkmenistanda 2019-njy ýylyň 11–12-nji awgustynda birinji Hazar ykdysady forumynyň çäklerinde guralan Halkara Hazar innowasion tehnologiýalar sergisi Türkmenistanda öndürilen halkara sertifikatlaryna mynasyp bolan önümçilikleriň miwesi bolan polipropilen, polietilen hem-de karbamid ýaly önümleri dürli ýurtlardan gelen alyjylara ýetirmäge ýardam berdi.

Hazar özüniň ösümlik we haýwanat dünýäsi bilen hem tapawutlanýan ajaýyp künjekdir. Türkmenistanyň oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi Milli institutynyň berýän maglumatlaryna görä, Hazar deňziniň türkmen böleginde hem-de onuň kenar ýakalarynda ösümlikleriň 400, guşlaryň bolsa 300-den gowrak, balyklaryň 55, ýerde-suwda ýaşaýanlaryň 2, süýrenijileriň 37, süýdemdirijileriň 46 görnüşi duş gelýär. Munuň özi Hazarýaka sebitiniň geosyýasy we geoykdysady strategik giňişlikdigini we ekologiýa howpsuzlygyny elmydama üpjün edilmelidigini görkezýär.

**_M. Mämedowa,_**

_Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň_
_Halkara gatnaşyklary institutynyň_
_Halkara ykdysady gatnaşyklary kafedrasynyň uly mugallymy_

## TÜRKMENISTANYŇ DURNUKLY DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞINI ÜPJÜN ETMEKDE MAKSATNAMALAÝYN DÖWLET SYÝASATYNYŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda bazar ykdysadyýetiniň durmuşa gönükdirilen milli nusgasyny kemala getirmek babatda ägirt uly üstünlikler gazanylýar. Şu maksat bilen ýurtda durnukly ösüşi gazanmak boýunça ähli ulgamlarda giň möçberli özgertmeler geçirilýär, onuň konsepsiýasy aşakdaky üç sany esasy ugry:

- ykdysady, durmuş we ekologiýa ugurlaryny birleşdirmegiň netijesinde peýda boldy.

Ykdysady ugry düzüjiler çig malyň çykarylmagyny we gaýtadan işlenilmegini, gaýtadan işleýän pudaklary, ekologiýa taýdan kabul ederlikli önümleri öndürmegi, galyndylary azaltmagy we gaýtadan işlemegi goşmak bilen tebigy, energetika we maddy-önümçilik serişdeleriniň amatly peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar.

Durmuş ugruny düzüjiler durnukly ösüşiň adamyň bähbidine ugurdaşlygyna we durmuş hem-de medeni ulgamlaryň durnuklylygyny saklamaga gönükdirilendir. Eşretleri adalatly paýlamak we ösen aň-bilim mümkinçiligini kemala getirmek bu çemeleşmäniň möhüm jähti bolup durýar.

Ekologik nukdaýnazardan aýdylanda, durnukly ösüş tebigy ulgamlaryň biologik we fiziki bitewüligini üpjün etmelidir. Ekoulgamlaryň ýaşaýşa

ukyplylygy aýratyn ähmiýete eýedir, ähli bioulgamyň giň möçberli durnuklylygy olara baglydyr.

Bu dürli-dürli ugurlaryň özara jebis baglanyşygyny we olaryň durnukly ösüşini gazanmagyň serişdeleri bolup durýan anyk çäreleriň durmuşa geçirilmegi ägirt uly ähmiýetli wezipe, sebäbi bu üç sany binýatlaýyn düzüme toplumlaýyn we deň ýagdaýda garalmalydyr. Bu üç konsepsiýanyň özara hereketiniň gurallary hem möhümdir.

Türkmenistanyň durnukly ösüşini gazanmak üçin maksatnamalaýyn-maksatlaýyn çemeleşiş ulanylýar. Başga sözler bilen aýdylanda, Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşi gysga möhletleýin, orta möhletleýin we uzak möhletleýin maksatnamalaryň utgaşdyrylmagynyň esasynda amala aşyrylýar.

Gysga möhletleýin maksatnamalaýyn resminama hökmünde ýurduň her ýyllyk Döwlet býujetini görkezmek bolar, ol kanun derejesine eýedir. Şol bir wagtyň özünde, ýurdy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň esasy ugurlary we geljek ýyla Maýa goýum maksatnamasy kabul edilýär.

«Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy», «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2022–2028-nji ýyllar üçin milli Maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy», «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» orta möhletleýin maksatnama bolup durýar.

Uzak möhletleýin maksatnamalar hökmünde «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2022–2052-nji ýyllar üçin milli Maksatnamasy» durmuşa geçirilýär.

Şu maksatnamalar işlenilip taýýarlanylanda, durnukly ösüşi gazanmagyň görkezijilerine aýratyn üns berildi, olara ýurduň ähli makroykdysady görkezijileri degişlidir. Ýurduň durnukly ösüş boýunça syýasaty ösüşiň ähli üç sany möhüm şertini bir bitewülige birleşdirýär we ýokary ösen jemgyýeti döretmegiň kepili bolup durýar.

Türkmenistan dünýäde bolup geçýän geosyýasy ýagdaýlary hem-de döwletleriň bähbitlerini nazara almak bilen, işjeň daşary syýasatyny geljekde hem dowam etdirer. «Açyk gapylar» daşary syýasaty ýurduň dünýä giňişligindäki abraýyny hem-de ornuny berkitmäge, öňdebaryjy halkara guramalaryň çäginde netijeli hyzmatdaşlygyny giňeltmäge, halkara jemgyýetçilik bilen özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek üçin öňde goýlan maksatlaryň durmuşa geçirilmegine ýardam eder.

Goňşy döwletler bilen taryhyň hem-de medeniýetiň umumylygy, ykdysady aragatnaşyklar bilen şertlendirilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi aýratyn ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygy ýurt maýa goýumlary üçin oňaýlylygyň, hukuk, salgyt, institutlaşan hem-de infrastrukturalaýyn şertleriň döredilmegine göňükdiriler. Türkmenistanyň daşary syýasaty tehnologik hem-de innowasion özgertmeleriň üpjün edilmegine we täze iş orunlarynyň döredilmegine, zähmet önümçiliginiň, salgyt girdejileriniň ösdürilmegine, bazar infrastrukturasynyň gowulandyrylmagyna, döwletiň ösüşiniň hil babatda ýokary derejelere we tizlenmä eýe bolmagyna gönükdiriler.

Türkmenistanyň daşarky söwda dolanyşygynyň mundan beýläk-de kämilleşdirilmegi milli ykdysadyýetiň ösdürilmegine gönüden-göni täsir edýär, sebäbi ýurtda öndürilýän önümiň esli bölegi eksporta iberilip, munuň özi daşarky bäsdeşlige ukyplylygy häsiýetlendirýär. Daşarky söwda dolanyşygynyň hil babatda kämilleşdirilmegi bilen, ondan gelýän pul möçberleri-de artýar.

Bu milli hem-de pudaklaýyn maksatnamalar ykdysadyýetiň ýokary depginler bilen ösdürilmegine, makroykdysady durnuklylygyň üpjün edilmegine, ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň, maddy hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagyna gönükdirilendir. Munuň özi durnukly ösüşiň wezipelerine hem-de maksatlaryna laýyk gelýär. Şunuň bilen baglylyk-da, ýurtda ähli ulgamlary gurşap alan giň göwrümli özgertmeler we reformalar geljekde ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşini durnuklaşdyrmaga hyzmat edýär. Ol türkmenistanlylaryň durmuşyny düýpli häsiýetde üýtgeder we onuň täze hilini, ummasyz ýokary derejesini üpjün eder.

***P. Çaryýew,***

*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady*
*gatnaşyklar kafedrasynyň uly mugallymy*

## TÜRKMENISTANYŇ DURNUKLY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEKDE SEBITDE PARAHATÇYLYK STRATEGIÝASYNYŇ ÖŇE SÜRÜLMEGINIŇ ÄHMIÝETI

Türkmenistan Bitaraplyk syýasaty esasynda sebit derejesinde parahatçylygy, ynanyşmagy berkitmek, hususan-da, ony halkara guramalaryň çäklerinde hyzmatdaşlyk arkaly pugtalandyrmak ileri tutulýan ugurlaryň biridir.

2025-nji ýylyň 19-njy martynda Aşgabatda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahaty geçirildi. Halkara maslahatda Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistan parahatçylyk we ynanyşmak ideýasyny gönüden-göni ykdysady ösüş bilen baglanyşdyrýar. Şoňa görä-de, şu ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly ykdysady hyzmatdaşlyga güýçli itergi bermelidir. Biz parahatçylygyň, ynanyşmagyň, deňhukuklylygyň, özara bähbitleriň ykdysady hyzmatdaşlygyň esasyny düzmelidigine ynanýarys. Islendik iri ykdysady, üpjünçilik, söwda we maýa goýum taslamalary diňe durnuklylyk hem-de birek-birege ynam bolan ýagdaýynda üstünlikli bolup biler» diýip şeýle belläp geçdi.

Mälim bolşy ýaly, 2024-nji ýylyň 21-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip biragyzdan yglan edildi. Şeýle-de 2024-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynda Türkmenistanyň başlangyjy esasynda hödürlenen «Merkezi Aziýa–parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnama kabul edildi. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň syýasy we ykdysady durnuklylygyň saklanylmagyna, sebit hem-de ählumumy derejede parahatçylyk, ynanyşmak medeniýetiniň berkidilmegine, häzirki döwrüň möhüm meseleleriniň oňyn çözgüdine gönükdirilen işjeň syýasatynyň netijeli häsiýetini giňden açyp görkezdi.

Merkezi Aziýanyň geoykdysady mümkinçilikleri:

Amatly geoykdysady ýerleşişi bilen tapawutlanýan Merkezi Aziýa taryhyň bütin dowamynda Ýewropa bilen Aziýanyň arasynda özboluşly «köpri» bolup geldi we şeýle bolmagynda-da galýar. Ilki bilen, Merkezi Aziýa sebitiniň geoykdysady ýerleşişine üns bereliň. Demirgazykdan günorta 4,2 müň kilometr, günbatardan gündogara çenli 5,6 müň kilometr giňişlige uzap gidýän Merkezi Aziýanyň ilaty häzirki wagtda 75 milliondan geçýär. Demirgazykda Altaý, Saýan daglaryndan başlap, günortada Gimalaý daglaryna çenli aralykda ýerleşen şeýle ägirt uly giňişlikde tebigy şertleriň bardygyny bellemek gerekdir. Şonuň üçin-de, sebitiň ýurtlarynyň özara hyzmatdaşlygyny ösdürmek hem-de işjeňleşdirmek häzirki günüň wajyp wezipesidir. Merkezi Aziýanyň ägirt uly mümkinçilikleri taryhda Beýik Ýüpek ýolunyň üsti bilen açylypdyr. Owalynda mazmun bir bolup, diňe görnüşi üýtgänden soň bu ýoly gaýtadan döwrebap görnüşde dikeltmek arkaly dünýäniň ünsüni özümizde jemläp

bileris. Mysallara ýüzlensek, häzirki döwürde Merkezi Aziýa döwletleriniň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň derejesinde: «Merkezi Aziýa – Hytaý», «Merkezi Aziýa – Russiýa», «Merkezi Aziýa döwletleriniň we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Baştutanlarynyň «C5+1» köptaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň», «Merkezi Aziýa – Germaniýa», «Aýlagdaky arap döwletleriniň hyzmatdaşlyk geňeşine agza ýurtlaryň hem-de Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň», «Merkezi Aziýa – Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki sammitlerinde şeýle-de «Merkezi Aziýada sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk (*CAREC*)» maksatnamasy, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetleri üçin BMG-niň Maksatnamasy (*SPEKA*), BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň, «Merkezi Aziýa+1» formatly dünýäniň birnäçe döwletleri we sebitleri bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde durnukly syýasy we ykdysady hyzmatdaşlyk alnyp barylýar.

Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň döredilmegi 1998-nji ýylyň 2-nji ýanwarynda Aşgabat şäherinde bolan duşuşygynyň taryhy jähetden ugur alypdy.

1-nji duşuşyk 2018-nji ýylyň 15-nji martynda iş duşuşygy görnüşinde Gazagystan Respublikasynyň paýtagty Astana şäherinde geçirildi. Onuň Gün tertibini sebitiň ýurtlarynyň arasynda ykdysadyýet, söwda, logistika, ulag we aragatnaşyk ýaly möhüm ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy giňeltmek baradaky meseleler düzdi.

2-nji duşuşyk 2019-njy ýylyň 29-njy noýabrynda Özbegistan Respublikasynyň paýtagty Daşkent şäherinde geçirildi. Onuň jemleri boýunça Bilelikdäki Beýannama kabul edilip Merkezi Aziýa döwletleriniň hyzmatdaşlygynda nobatdaky möhüm tapgyry alamatlandyrdy.

3-nji duşuşyk 2021-nji ýylyň 6-njy awgustynda Türkmenbaşy şäherinde, has takygy, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirildi. Onuň jemleri boýunça Bilelikdäki Beýannama kabul edildi we sebitde bolup geçýän ýagdaýlara öz wagtynda hem-de çeýe täsir etmäge mümkinçilik berdi.

4-nji duşuşyk 2022-nji ýylyň 21-nji iýulynda Gyrgyz Respublikasynyň Çolpon-Ata şäherinde geçirilip, netijeleri boýunça ileri tutulýan birnäçe ugurlara degişli sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen resminamalaryň toplumyna gol çekildi.

5-nji duşuşyk 2023-nji ýylyň 14-nji sentýabrynda Täjigistan Respublikasynyň paýtagty Duşenbe şäherinde geçirilip, onda Bilelikdäki Beýannama kabul edildi. Şeýle-de Merkezi Aziýada ýerüsti ulaglaryň özara baglanyşy-

gyny pugtalandyrmak hakynda Ylalaşyga, we Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň işleri boýunça milli utgaşdyryjy geňeşi hakynda Düzgünnama kabul edildi.

6-njy duşuşyk 2024-nji ýylyň 9-njy awgustynda Gazagystan Respublikasynyň paýtagty Astana şäherinde geçirilip, onuň jemleri boýunça Bilelikdäki Beýannama, sebit kooperasiýasyny ösdürmegiň «Merkezi Aziýa – 2040» Konsepsiýasyna, şeýle-de 2025–2027-nji ýyllarda sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça «Ýol kartasy» kabul edildi.

Görşümiz ýaly, Merkezi Aziýa döwletleri dünýäniň dürli yklymlaryna ýakyn, ösen ykdysady merkezleriň aralygynda ýerleşmek bilen söwda-ykdysady, ýangyç-energetika, ulag-aragatnaşyk, oba hojalyk, dokma we himiýa senagatynda köpugurly gatnaşyklary ösdürmek boýunça sebitleriň arasynda durnukly daşary ykdysady ösüşi ösdürmäge uly mümkinçilikler bar.

***S. Gylyjow,***

*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň*
*Ýokary matematika kafedrasynyň uly mugallymy,*

***M. Kakabaýew,***

*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň*
*Ýokary matematika kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi,*

***M. Kakabaýew,***

*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň*
*Ýokary matematika kafedrasynyň uly mugallymy*

## GAÝTADAN DIKELDILÝÄN ENERGIÝA ÇEŞMELERINIŇ YKDYSADY ÄHMIÝETI

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen, milli ykdysadyýetiň pudaklarynyň durnukly ösüşini üpjün etmegiň, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden netijeli peýdalanmagyň, energetikanyň düzümini kämilleşdirmegiň, ýurdumyzyň energiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň, energiýany tygşytlaýjy innowasion tehnologiýalary milli ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna ornaşdyrmagyň ylmy

esaslaryny işläp taýýarlamak, daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklardan ýerlikli peýdalanmak maksady bilen, «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Kanun gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeler babatda işleriň hukuk, guramaçylyk, ykdysady we durmuş esaslaryny kesgitleýär hem-de Gün, ýel energiýasy, suw akymlarynyň tebigy hereketleriniň energiýasy, ýeliň we daşky gurşawyň ýylylygynyň energiýasy, ilkibaşdaky energiýa serişdeleriniň antrogen çeşmeleri bilen birlikde, şolaryň peýdalanylmagy babatda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden netijeli peýdalanmak bilen energiýany öndürmek, energetika ulgamynyň düzümini kämilleşdirmek, energiýa çeşmelerini diwersifikasiýalaşdyrmak, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, Türkmenistanyň energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, daşky gurşawy goramak, tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak we ykdysadyýetiň durnukly ösüşini gazanmak bu Kanunyň kabul edilmeginiň esasy maksady bolup durýar. Şonuň ýaly-da, bu Kanunda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ulanmagyň hasabyna energiýanyň öndürijiligini ýokarlandyrmak, energiýa howpsuzlygyny berkitmek, bäsdeşlige ukyply energetika ulgamyny ösdürmek we daşky gurşawy goramagy üpjün etmek ýaly wezipeler kesgitlenildi.

Energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleriniň peýdalanylmagy gazylyp alynýan uglewodorod serişdeleriniň ulanylyşyny peseltmek arkaly atmosfera goýberilýän zyýanly gazlaryň möçberini azaldyp, daşky gurşawy, atmosfera howasyny, ozon gatlagyny goramagyň zerur şertleriniň biridir. Mundan başga-da, gaýtadan dikeldilýän energiýanyň ösdürilmegi ýurdumyzyň uzak aralykda ýerleşýän tarp ýerlerini, hususan-da «Altyn Asyr» Türkmen kölüniň baş hem-de zeý akabalarynyň we oňa goşulýan akabalaryň kenarýaka zolaklarynda ýerleri ekerançylyk dolanyşygyna girizmäge, ol ýerde maldarçylyk, balykçylyk, beýleki ugurly hojalyk toplumlarynyň işini ýola goýmaga, täze ilatly ýerleri döretmäge giň ýol açýar.

Geçirilen tejribeleriň netijelerine esaslanyp, ýurdumyzda kuwwatly ýel elektrik stansiýalary gurmak üçin öňden belli bolan ýel generatoryna anyk özgertmeler girizildi. Munuň özi bir sany ýel generatory däl-de, birnäçe sany dik okly ýel generatorlaryny ýeliň hereket edýän ugruna perpendikulýar göni çyzyk boýunça ýerleşdirmek arkaly frontal öwüsýän ýeliň ähli kinetik energiýasyny elektrik energiýasyna öwrüji ulgam bolup durýar.

Dik okly ýel generatorynyň birnäçe ganaty ýeliň ugruna aýlanyp peýdaly mehaniki iş etmäge gatnaşsa birnäçe ganaty ýeliň garşysyna aýlanyp

garşylykly mehaniki iş edýär. Bu kemçiligi aradan aýyrmak maksady bilen goraýjy-sowujy ugrukdyryjylar oturdylyp tejribe geçirilende örän gowy netije alyndy. Ol birnäçe sany dik okly ýel mehanizmleri ýanaşyk ýagdaýda ýerleşdirilip, olar biri-birine päsgel bermezden güýçleri goşulyşyp bir generatory aýlar ýaly gurnaldy. Olaryň her biriniň ýeliň garşysyna aýlanýan ganatlarynyň öňüne goraýjy-sowujy ugrukdyryjylar goýuldy. Bu ugrukdyryjylar ýeli peýdaly iş edýän ganatlara tarap sowmak bilen birlikde ýeliň daralyp akmagyny hem üpjün edýärler. Şoňa görä-de Bernulliniň kanuny esasynda ýeliň tizligi artýar. Ýel generatorynyň kuwwaty bolsa, ýeliň tizliginiň kubuna göni proporsionaldyr, ýagny:

$$N = 0,6 \cdot S \cdot V^3$$

deňlik dogrudyr. Bu ýerde $N$ – ýel generatorynyň kuwwaty, 0,6 – hemişelik koeffisiýent, $S$ – ganatyň meýdany, $V$ – ýeliň tizligi.

Kese kesiginiň ini bir kilometr, ýeliň tizligi 5*m*/*s* bolan ýel akymynyň energiýasynyň näçe bölegini elektroenergiýa öwrüp biljekdigi aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$N = 0,6 \cdot S \cdot V^3 \cdot \eta_1 \cdot \eta_2 \cdot \eta_3,$$

bu ýerde $N$ – ulgamyň kuwwaty, 0,6 – hemişelik koeffisiýent, $S$ – ulgamyň ýeliň energiýasyny elektroenergiýa öwürmäge goşulyşýan meýdany, $V$ – ýeliň tizligi, $\eta_1$ – ulgamyň *PTK*-sy, $\eta_2$ – reduktoryň *PTK*-sy, $\eta_3$ – elektrogeneratoryň *PTK*-sy. Ýel generatorlarynda düzülen bu ulgama nähili gatnaşykdaky reduktory saýlamaly boljakdygyny hasaplalyň. Şonuň üçin, ilki bir aýlaw etmekde ýel generatorynyň ganatynyň iň ujundaky nokadynyň näçe metr ýol geçmelidigini hasaplalyň:

$$C = 2 \cdot \pi \cdot R = 2 \cdot 3,14 \cdot 8 = 25,12.$$

Bu bolsa uzynlygy, takmynan, 25 metr bolan ýel akymy ýel generatoryna doly bir aýlaw etdirýär diýmekdir. Onda ýeliň tizligi 5 *m*/*s* bolanda, ýel generatory sekuntda 0,5 aýlaw edýär.

Ýel generatorlarynyň ulgamlaşdyrylan özara parallel hatarlarynyň aralygyny şu formula arkaly kesgitlemeli:

$$L = 2 \cdot H \cdot V,$$

bu ýerde $L$ – iki hataryň arasyndaky aralyk, $H$ – ulgamyň beýikligi, $V$ – ýeliň tizligi.

Elektroenergiýanyň nyrhynyň elýeterli bolmagy häzirki zaman ykdysadyýetiň we halk hojalygynyň islendik pudagynyň ösüşiniň esasy şertleriniň biri bolup durýar. Dik okly ýel generatorlarynyň ortaça ulanylyş möhleti 30 ýyla barabar bolup, onuň gurluşy we gözegçilikler üçin edilen çykdajylary onuň ulanyş möhletine paýlanylanda ujypsyz hasaplanylýar. Teklip edilýän dik okly ýel generatorlaryndan düzülen bu ulgamyň özüniň başlangyç kuwwatynda işläp bilmegi üçin ýeliň iň pes tizligi 3 *m/s* bolmalydyr. Ýurdumyzda bolsa ýeliň ortaça tizligi 5 *m/s* barabardyr. Şoňa görä-de teklip edilýän dik okly ýel generatorlarynyň ulgamyny Türkmenistanyň çäginde gurmak mümkinçiligi has ýokarydyr.

Ýel energiýasyny elektrik energiýasyna öwürýän tehnologiýany milli ykdysadyýetimize ornaşdyrmak tebigy baýlyklarymyzy tygşytly we netijeli ulanmak, daşky gurşawy goramak, energetika howpsuzlygyny üpjün etmek ýaly ähli umumy meseleleri üstünlikli çözmäge ýardam berer. Şeýle hem bu işde ykdysady taýdan arzan, ekologiýa taýdan arassa energiýa çeşmesini döretmegiň has netijeli usullary görkezildi. Netijede, senagat derejesindäki kuwwatly ýel elektrik stansiýalaryny gurmak üçin has amatly usul hödürlenýär.

***J. Atdaýewa,***

*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň*
*Ykdysadyýet we dolandyryş fakultetiniň*
*Kärhanalarda ykdysadyýet we dolandyryş*
*kafedrasynyň uly mugallymy, tehniki ylymlaryň kandidaty*

## DAŞKY GURŞAWY GORAMAK WE EKOLOGIÝA SYÝASATY

Diýarymyzda daşky gurşawy goramak, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işlere möhüm ähmiýet berilýär. Jemgyýetiň durnukly ösüşi we adamlaryň ekologiýa taýdan arassa şertlerde ýaşamagy olaryň tebigy baýlyklardan peýdalanyşyna, tebigata bolan garaýşyna baglydygyny belleýär. Bu bolsa ekologiýa syýasatynyň jemgyýetiň ösüşiniň tebigat bilen sazlaşygyny üpjün edýändigini aýdyň görkezýär.

Esasy ekologik döwekgelçilikler önümçilikde, gazylyp alynýan we gaýtadan işleýän senagatda jemlenendir. Bu ýerde gazylyp alynýan senagatyň

daşky gurşawa zyýanyny peseltmek, sol wagtyň özünde ondan alynýan girdejiniň durmuş ösüşine ýardam edýändigine doly akyl ýetirmek meselesi esasy bolup durýar.

Dünýäde nebit-gaz pudagynyň kärhanalarynyň köpüsi öz amala aşyrýan işiniň netijesiniň ekologik töwekgelçiliklerini aňlap baha berýärler we ýaramaz täsirleriň öňüni almak hem-de ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek barada aladalar edýärler. Senagat we tehnologiýa taýdan öňe gidişler, sarp etmegiň depginleriniň ýokarlanmagy, howpsuzlygyň talaplaryna sowuk-sala garamaklyk öwezini dolduryp bolmajak netijelere getirýän ekologiýa howplarynyň döremegine getirýär. Mysal üçin, daşky gurşawa senagat galyndylarynyň zyňylmagynyň netijesinde ählumumy howanyň üýtgemegi.

Mälim bolşy ýaly, nebit-gaz pudagy Türkmenistanyň ykdysadyýetinde esasy orny tutýar. Nebit-gaz toplumynyň kärhanalary, köplenç, ýowuz tebigy hem-de howa şertleri bolan giň meýdanda ýerleşýän nebiti, gazy gazyp almak, saklamak, äkidip-getirmek, gaýtadan işlemek we paýlamak boýunça çylşyrymly, köpgyranly kömekçi düzümlerini öz içine alýar. Olar ýaly hojalygy ýerlerde bolup geçýän hadysalary, ýerden peýdalanmak bilen baglanyşykly hojalyk işleriniň ähli görnüşlerini hemme taraplaýyn gözegçilikde saklaman dolandyrmak mümkin däl.

Ýurdumyzda ekologiýa taýdan howply işlerde we ekologiýa taýdan howply obýektlerde alnyp barylýan işleriň garaşsyz ekologik gözegçiligi geçirilýär. Onuň içine daşky gurşawa senagat galyndylarynyň zyňylmagyny we howany ölçemeklik hem-de seljermeklik girýär. Bulardan basga-da, Ýer astyndaky we Ýer üstündäki suwlaryň, topraklaryň gözegçiligi, şeýle hem biodürlüligi gorap saklamaklygyň, şol sanda haýwanlaryň bir ýerden beýleki ýerlere süýşmek ýollarynyň gözegçiligi amala aşyrylýar. Bu barlaglaryň netijesinde önümçilik işleriniň täsirini peseltmeklige gönükdirilen çäreleriň toplumy işläp taýýarlanylýar we amala aşyrylýar.

Daşky gurşawy goramak, tebigaty goraýan çäreleriň toplumyny yzygiderli geçirmek ekologiýa howpsuzlygynyň girewidir. Tebigatyň serişdelerini rejeli ulanmak, daşky gurşawyň hapalanmagynyň öňüni almak meselesi diňe senagat önümçiliginiň ykdysady ulgamynyň gurnalyşyna we amal bolşuna täzeçe çemeleşmäniň kemala gelmegi bilen çözüp bolar. Sebäbi ekologiýa syýasatynyň baş maksady ekologiýa gönükdirilen ykdysady ösüşi, tebigy resurslary aýamaklygy üpjün edýän meseleleri çözmekligi, şeýle hem daşky gurşawy goramakda kanunçylyk binýadyny berkitmekligi we kämilleşdirmekligi göz öňünde tutýar.

Ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, daşky gurşawa ýaramaz täsirleri peseltmek – bu kärhanalaryň durnukly ösüşiniň we bäsleşige ukyplylygynyň esasy şertleridir. Dünýä tejribesinden görnüşi ýaly, ekologiýa meselesini üstünlikli çözmegiň we ekologiýa taýdan betbagtçylygyň öňüni almagyň esasy bolup döwletiň durmuş-ykdysady ulgamynyň durnuklylygy çykyş edýär. Bu ýerde ekologiýa howpsuzlygy durnukly ösüşiň, tebigy ulgamy goramagyň, daşky gurşawyň degişli hilini saklamagyň hökmany şerti bolýar.

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda toplan tejribesi muny aýdyňlygy bilen şöhlelendirýär. Ýurdumyzda tokaýlary dikeltmek, howa şertleriniň täsirini peseltmek üçin ýerden peýdalanmak usullaryny gowulandyrmak ugrunda uýgunlaşdyryjy çäreler giňden ornaşdyrylýar, millionlarça agaç nahallary ekilýär, senagat obýektlerini döwrebaplaşdyrmak boýunça çäreleriň gerimi giňeýär, daşky gurşawy goramak, ekologiýa hem-de tebigatdan peýdalanmak babatda kanunçylyk binýady yzygiderli kämilleşdirilýär. Soňky döwürde tebigaty goramak bilen baglanyşykly «Tebigaty goramak hakynda», «Ekologiýa seljermesi hakynda», «Ekologiýa howpsuzlygy hakynda», «Himiki howpsuzlygy hakynda» Kanunlaryň birnäçesi we basga-da bu mesele bilen baglanyşykly ähmiýetli resminamalar kabul edildi. Bu babatda biziň ýurdumyz halkara guramalar bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. Türkmenistan BMG-niň birnäçe daşky gurşawy goramaklygyň, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmaklygyň, ekologiýa meseleleri çözmekligiň dürli ugurlary boýunça halkara konwensiýalary we maksatnamalary doly goldaýar we olara goşulýar.

Ýurdumyzyň tebigatyny goramak we baýlyklaryny aýawly, rejeli ulanmak barada kanunçylygy berkitmek boýunça möhüm işler amala aşyrylýar. Hususan-da, «Aýratyn goralýan tebigy çäkler hakynda», «Ösümlik dünýäsi hakynda», «Haýwanat dünýäsi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň, tokaý kodeksiniň ähmiýeti örän uludyr. Ýaşlara berilýän ekologik bilimleriň hatarynda kanunçylyk we medeniýet düşünjeleriniň baglanyşygyny döretmek bu ugurdaky bilimleriň artmagyna kuwwatly binýat bolup durýar.

Milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň köpugurlylygy daşky gurşawy aýap saklamak nukdaýnazaryndan ykdysady ösüşiň tebigy serişdelerini ulanmaklyga garaýşy üýtgetmegiň özenine öwrülýär. Häzirki döwürde daşky gurşawa ýaramaz täsirler has hem ýiti duýulýar we ählumumy häsiýete eýe bolýar. Häzirki zaman senagatlaşan jemgyýetiniň hereket etmegini üpjün etmek üçin tebigy serişdeleriň barha köp mukdarynyň çekilýänligi, adamyň hojalyk işiniň geriminiň has giňeýänligi ekologiýa ýagdaýy çuňlaşdyrýar. Ýagdaýdan çykalga–hojalyk işlerini amala aşyrýanlaryň gel-

jekki nesilleriň öňünde jogapkärçiligini, esasan hem, ekologiýa jogapkärçiligini ýokarlandyrmak. Onuň üçin bitewi nazaryýet esaslaryna daýanýan täze bilimler ulgamynyň, ýokary derejedäki ekologiýa bilimleriň, ekologiýa medeniýetiniň kemala gelmegi gerek, aýratyn hem bu mesele häzirki döwürde inžener işgärleri üçin has derwaýysdyr, çünki önümçiligiň netijeliligi baradaky ozaldan gelýän garaýyşlary täzeden aňlamak we bahalandyrmak, önümçiligiň ekologik howpsuzlygyny derňemek we baha bermek, ýagny her bir adamda täze ekologik aňy kemala getirmek.

Her döwrüň öz talap edýän düzgüni, çözgüdine garaşýan meselesi bolýar. Döwür bilen döwri tapawutlandyrýan zatlar hem şu aýratynlyklar. Häzir durnukly ösüş üç ugur: ykdysady, durmuş we ekologik ugurlar boýunça möhüm çözgütleri talap edýär. Bular «ýaşyl» we «akylly» şäher konsepsiýalarynyň esasyny, ýagny süňňüni düzýän sütündir. Arkadag şäheri şäher ekoulgamyny döretmek we ösdürmek boýunça Türkmenistany diňe Merkezi Aziýada däl, eýsem tutuş Ýewraziýada öňdebaryjy ýurtlaryň hataryna goşdy. Ýurdumyz bilelikdäki ekologiýa taslamalaryny we maksatnamalaryny durmuşa geçirmek, özara tejribe alyşmak, bilimleri paýlaşmak, bu ulgamda täze çemeleşmeleri, tehnologiýalary, çözgütleri ornaşdyrmak ugrunda işjeň çykyş edýär. «Ýaşyl tehnologiýalary» ornaşdyrmak syýasatynyň talaplaryna laýyklykda daşky gurşawa zyýansyz tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny, şeýle hem ekologiýa taýdan arassa önümleriň öndürilmegini gazanmak esasy wezipeler bolup durýar.

Häzirki döwürde älem giňişliginde iň çylşyrymly meseleleri bilen birlikde ekologiýa we daşky gurşawy öwrenmek hem-de seljermek meselesi örän möhümdir. Şeýle döwürde ekologik düşünjeleri we bu babatdaky maglumatlary ýakyndan bilmek, akyl ýetirmek, ekologik nukdaýnazaryndan sowatly çemeleşmäni gazanmak möhüm wezipeleriň hatarynda ileri tutulýar. Çünki arassa tebigatymyz arkaly sagdyn ýaşaýyş durmuşy kemala gelýär. Şeýle belent wezipäni amala aşyrmakda ýaşlaryň ekologik çärelere gatnaşmagy zerurdyr. Olaryň bag ekişlik möwsümlerine işjeň gatnaşmagy geljekde ekologik medeniýetiniň we ol barada dünýä garaýşynyň ösmegine ýardam berip, ekilen baglaryň bolsa ösüp, boý alyp, ajaýyp bir gözelligi hem-de iň esasysy tebigatymyzyň howa sazlaşygynyň arassa ulgamynyň döremegine berk esas bolar.

Ekologik gurşawynda özboluşly medeniýet kemala gelip, adam bilen tebigatyň arasynda daşky gurşawy goramak we aýawly saklamak çemeleşmelere esaslanýan yzygiderli arabaglanyşyk peýda bolýar. Çünki tebigat biziň öýümizdir we ýaşaýyş gurşawymyzdyr.

***Ý. Tegelekow,***

*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň*
*Ykdysadyýet we dolandyryş fakultetiniň*
*Gozgalmaýan emläkleriň dolandyrylyşy*
*kafedrasynyň uly mugallymy, tehniki ylymlaryň kandidaty*

# SENAGAT TOPLUMYNYŇ ÖSÜŞINDE GURLUŞYK MATERIALLARY SENAGATYNYŇ ORNY

Hormatly Prezidentimiziň ykdysady strategiýasyna laýyklykda, Türkmenistanda bazar gatnaşyklaryna ulgamlaýyn we tapgyrlaýyn geçirilmegi ýurdumyzyň senagatlaşdyrylmagy bilen baglanyşykly toplumlaýyn wezipeleriň çözgüdi bilen utgaşdyrylýar. Ol ýokary tehnologiýaly önümçilik düzüminiň döredilmegini, ösüşiň gaýtadan işleýän ulgamyna geçirilmegini, baý tebigy serişdeleriniň binýadynda bäsleşige ukyply önümleriniň möçberiniň artdyrylmagyny ugur edinýär. Gurluşyk toplumy milli ykdysadyýetiň özara bagly hereket edýän pudagydyr. Şu pudaklarda önümçilik-ykdysady gatnaşyklar, olaryň döreýiş aýratynlyklary hem-de bilelikde ýerine ýetirilýän işler öwrenilýär. Mälim bolşy ýaly, ykdysadyýetiň her bir pudagy özbaşdak hereket edýär, şol bir wagtda hem pudaklar biri-biriniň ösüşine ýardam berýärler. Bu aýratynlyk milli ykdysadyýetiň gurluşyk toplumynda hem aýdyň görünýär. Gurluşyk ykdysadyýetiň pudaklaryny önümçilik kuwwatlyklary, desgalar, ýaşaýyş jaýlary, ýollar we beýleki binalar bilen üpjün edýär. Şeýlelikde, milli ykdysadyýetde üznüksiz önümçiligiň hereket etmegine şert döredýär. Şu babatda ykdysadyýetiň wezipeleriniň netijeli bolmagyna, köplenç, gurluşyk pudagynyň ösüşi itergi berýär. Şol bir wagtda hem binalary we desgalary gurmak üçin sarp edilýän ähli maddy harajatlaryň ýarysyna golaýy gurluşyk materiallary senagatynyň paýyna düşýär. Şu sebäpden hem ol dürli pudaklaryň, aýratyn hem gurluşyk önümçiliginiň maddy binýady hökmünde çykyş edýär, bu pudak gurluşygy, onuň üsti bilen ykdysadyýeti ösdürmekde kesgitleýji orun eýeleýär. Ýurdumyz gurluşyk materiallaryny öndürmek üçin zerur çig mallara baýdyr. Olardan diwar gurmak üçin dürli ýaramly daşlaryň, çalym-çäge känleriniň aýna çägesiniň, gipsiň, şeýle hem hek, sement, keramzit we syrçaly önümler üçin çig malyň uly gorlarynyň 30-dan gowrak görnüşlerini bellemek gerek. Şeýle hem ýaşma, holsedon, oniks ýaly gymmat bahaly we bezeg daşlarynyň gorlary hem möhüm ähmiýetlidir. Bu daşlar ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ýerleşendir, mysal üçin,

dürli reňklerdäki ýaşma Tüwergyrda duş gelýär, ol binalaryň içki diwarlaryny bezemek üçin ulanylýar. Tüwergyrda we uly Balkan daglarynda gymmat bahaly daş halsedon bar. Ýurdumyzdaky bar bolan gymmat bahaly daşlaryň iň owadany mermer görnüşli oniksdir. Oniks daşlarynyň esasy bölegi Köýtendagyň karst gowaklarynda jemlenendir. Baý gorlar, esasan hem ýurdumyzyň Balkan, Ahal, Mary, Lebap welaýatlarynda ýerleşýär. Gurluşyk materiallary senagaty milli ykdysadyýetiň binýadyny pugtalandyrmakda möhüm ähmiýetli orun eýeleýär. Ýerli çig maldan gurluşyk materiallaryny maksatlaýyn we tapgyrlaýyn esasda, täze tehnologiýa boýunça öndürmek we şeýlelik bilen, importyň deregine tutmaga ukyply önümçiligi ösdürmek wezipesi üstünlikli amala aşyrylýar. Bu syýasatyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi, önümçiligiň köpugurly esasda ösdürilmegine, onuň döwrebap derejede enjamlaşdyrylmagyna, ýurdumyzyň senagat taýdan ösüşiniň dürli ugurlaryna gönükdirilýän iri maýa goýum serişdeleriniň özleşdirilmegine we önümçilik kuwwatlyklarynyň artdyrylmagyna itergi berdi. Häzirki wagtda önümçiligiň doly awtomatlaşdyrylmagyna, täzeçil tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna, olaryň esasynda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň önümçiligi boýunça kärhanalaryň döredilmegine we ýurdumyzyň eksport mümkinçiliginiň artdyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Gurluşyk serişdeleriniň önümçiliginiň, himiýa senagatynyň, dokma we haly önümleri boýunça önümçilik kuwwatlyklarynyň depginli ösüşi ýokary hilli önümleriň möçberini artdyrmak, pudaklaýyn düzümleriň kuwwatlyklaryny ýokarlandyrmak hem-de sazlaşykly ösüşi üpjün etmek häsiýetine eýe boldy. Ýurdumyz üçin täze hasaplanýan dag-magdan we metallurgiýa pudaklarynyň esasy goýuldy.

Sement önümçiligi pudagyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Uly isleg bildirilýän sementiň önümçiligine gönükdirilen iri kärhanalaryň ulanmaga berilmegi häzirki döwürde tutuş ýurdumyzda alnyp barylýan iri möçberli gurluşyklary bu önüm bilen üpjün etmek wezipesini berjaý etdi. Ekologiýa ýagdaýy gowulandyrmak maksady bilen senagat kärhanalaryny ilatyň ýaşaýan ýerinden çykarmaga ugur alyndy. Balkan, Ahal, Lebap welaýatlarynda gurlan sement zawodlary ähli babatda döwrebap, nusgalyk kärhanalardyr. Merkezi Aziýa sebitinde iri önümçilik desgalary bolup, olaryň ýyllyk kuwwaty 1 mln tonna sement çykarmaga ukyplydyr. Bu kärhanalarda sementiň ýokary hilli 400, 500 we 600 belgili görnüşleri öndürilýär. Olary nebitgaz pudagynyň tamponaž, çuň buraw işlerinde, gidrotehniki desgalarda we binýatlary gurmakda netijeli peýdalanmak bolar.

Mälim bolşy ýaly, maýa goýumlar–bu ykdysadyýetiň esasy serişdeleriniň täzelerini döretmäge, hereket edýän kuwwatlyklaryň durkuny täzelemäge we täzeden enjamlaşdyrmaga gönükdirilýän maliýe serişdeleridir. Şu babatda maýa goýumyň işjeňligini nazarda tutup, gurluşyk pudagy ykdysadyýetiň multiplikatiw, ýagny köpeldiji häsiýetli pudaklarynyň hataryna degişli edilýär. Bu pudak önümçilik we durmuş maksatly binalaryň hem desgalaryň işe girizilmegini üpjün edýär, onuň netijesinde täze iş orunlary döreýär, hereket edýän önümçiligiň durkunyň täzelenmegi netijesinde iş orunlary döwrebap, halkara standartlaryna laýyk gelýän derejede enjamlaşdyrylýar. Häzirki döwürde Gurluşykda potratçylaryň işleriniň ýokary hil derejede bellenilen möhletde ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin şertler berjaý edilýär. Daşary ýurt kompaniýalary hem bu ugurda Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly isleg bildirýärler. Ykdysadyýetiň ýokary maýa işjeňligi gurluşygy we gurluşyk materiallary senagatynyň güýçli depginler bilen ösmegine getirýär. Gurluşyk materiallary senagatynda hususy eýeçilikde onlarça kärhanalar peýda boldy, sementiň, gurluşyk aýnasynyň, strategiki materiallar hökmünde öndürilişi artdy. Bazaltyň süýüminde ýylylyk saklaýan kompozisiýa materiallar, faýans önümleri, mineral plitalar, gury gurluşyk materiallarynyň täze görnüşleri peýda boldy. Gurluşyk materiallary senagatynda we gurluşyk önümçiliginde telekeçilik, şeýle hem guramaçylyk üçin döwrebap dolandyryjylary taýýarlamak we olaryň hünärini kämilleşdirmek uly ösüşe eýe bolýar.

**_A.Gylyjow,_**

*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň Diller kafedrasynyň uly mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty*

## PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK: DÜNÝÄ HALKLARYNYŇ RÖWŞEN GELJEGINIŇ GOŞA GANATY

Türkmenistan 2025-nji ýylda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny geçirmek baradaky çözgüde ählumumy derejedäki waka, halkara gatnaşyklarynyň hil taýdan täze tapgyryna geçmek üçin hakyky mümkinçilik hökmünde garaýar. 2025-nji ýylyň milli we halkara derejede yglan edilen şygyrlarynyň biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly bolmagy Türkmenistan

bilen BMG-niň arasyndaky gatnaşyklaryň barha rowaçlanmagyna şaýatlyk edýär. Döwletimiziň daşary syýasaty strategiýanyň bitaraplyk ýörelgesi we Milletler Birleşiginiň işini bütin dünýäde parahatçylygy, ählumumy abadançylygy, durnukly ösüşi üpjün etmegi nazarlaýar.

Täze ýylyň şygaryndaky umumadamzat bähbitli gymmatlyklar onuň ajaýyp nyşanynda hem aýdyň beýanyny tapýar. Gerdeninde Ýer şaryny göterip, ganat ýaýýan laçyn guşuň şekilini synlanyňda, Gahryman Arkadagymyzyň türkmen döwletliliginiň goşa ganatyna deňeýän Garaşsyzlyk hem-de Bitaraplyk naýbaşy gymmatlyklary hakynda oýlanýarsyň. Asmana sary ösüp oturan ýaşyl derek agajyň şekili bolsa berklik, uzak ömürlilik, haýyr-sahawatlylyk ýaly häsiýetleri ýatladýar.

Gahryman Arkadagymyzyň «Bitarap döwletimiziň daşary syýasatynda ileri tutulýan ugurlar hakynda öz pikirimi dowam edip, Türkmenistanyň ençeme ýyllaryň dowamynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň ýurtlary bilen däp bolan dostlukly gatnaşyklaryny işjeň ösdürýändigini bellemek isleýärin. Bu gatnaşyklaryň esasynda özara bähbitli ikitaraplaýyn, şeýle-de köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň netijeli ýola goýulmalary ýatýar» diýen dürdäne setirleri okyjynyň kalbynda täze bir öwüşgin tapyp, ony ruhy güýje eýe edýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan ýurdumyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başda durmagynda ösüşleriň täze belentliklerine eýe bolýar. Bu gün ýurdumyzda amala aşyrylýan her bir ugruň umumadamzat bähbitlerini nazarlamagy ýurdumyzyň halkara abraýynyň artmagyna uly ýardam edýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz Türkmenistanyň daşary syýasaty Milli Liderimiziň öňdengörüjilikli başlangyçlary esasynda taryhy üstünliklere beslendi. Bu üstünlik Türkmenistanyň dünýä ýurtlary bilen özara peýdaly hyzmatdaşlygy ösdürmek, sebitde ylalaşdyryjy merkez hökmünde hereket etmek, jemgyýetiň asudalygyny we jebisligini berkitmek ýaly möhüm işler bilen şertlenendir. Mälim bolşy ýaly, häzirki döwürde ylmy-tehniki ösüşiň täsiri bilen bütin adamzadyň durmuşynda globallaşmak ýagdaýy bolup geçýär. Başgaça aýdylanda, dünýäniň ähli döwletleriniň, halklarynyň arasyndaky syýasy, ykdysady we ylmy-medeni gatnaşyklar barha giňelýär. Netijede, adamzat jemgyýetiniň durmuşynda dürli halkara guramalarynyň ähmiýeti ýokarlanýar. Şu nukdaýnazardan ugur alyp, Türkmenistan özüniň parahatçylyk söýüjilik hem-de ähli ýurtlar bilen özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek syýasatynda Birleşen Milletler Guramasy bilen ýakyndan işjeň hyzmatdaşlygyny ösdürýär. Onuň BMG-niň Ösüş Maksatnamasy

(ÝUNDP), Çagalar gaznasy (ÝUNISEF), Ilat gaznasy (ÝUNFPA), Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasy (ÝUNESKO) ýaly ýöriteleşdirilen guramalar bilen alyp barýan hyzmatdaşlygy muny aýdyň görkezýär. Türkmenistanyň BMG-niň iri halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygyny ösdürmegi onuň halkara gatnaşyklarynyň ösüşine oňyn täsiriniň artmagyna, halkara at-abraýynyň ýokarlanmagyna oňyn täsirini ýetirýär.

Hemişelik Bitaraplygymyzyň halkara-hukuk esaslary bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky hem-de 2015-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Rezolýusiýalarynda kesgitlenilýär. Mälim bolşy ýaly, 2015-nji ýylyň dekabrynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň 20 ýyllygyna bagyşlanyp, Aşgabatda geçirilen ýokary derejeli halkara maslahatda Gahryman Arkadagymyz tarapyndan Halkara Bitaraplyk gününi döretmek baradaky başlangyç öňe sürüldi. 2017-nji ýylyň fewralynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji maslahatynda 12-nji dekabry Halkara Bitaraplyk güni diýip yglan etmek hakyndaky Rezolýusiýa biragyzdan kabul edildi. Halkara gatnaşyklaryň, şol sanda: Birleşen Milletler Guramasynyň taryhynda bitaraplyk hukuk ýagdaýy ýörite Rezolýusiýa bilen berkidilen ýeke-täk döwletiň Türkmenistandygy bellärliklidir.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen türkmen medeniýetiniň dünýä çykmagynda ýetilen belent sepgitler uly joşgun bilen wasp edilýär. Koreýa Respublikasynyň Çeju şäherinde geçen ÝUNESKO-nyň 12-nji mejlisinde küştdepdi aýdym we tans sungatynyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna goşulandygy munuň aýdyň nyşanydyr. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmen medeniýeti» atly kitabynda şeýle parasatly pikirler beýan edilýär: «Milli tans döredijiligini küştdepdisiz göz öňüne getirmek mümkin däl. «Küştdepdi» tansy türkmen sungatynyň özboluşly çeper keşbi – idealydyr. Sebäbi bu kämil sungat eserinde milli ýörelgelerimiziň gadymy parçalary saklanyp galypdyr, şol bir wagtda bu tansda döwrebap ruhy öwüşginler öz mynasyp ornuny tapýar. Halkyň ruhy dili, pelsepesi, ýaşaýşa synmaz söýgüsi beýan edilýär». Aslynda halkymyzyň toý-baýramly dabaralary milli tanslar bilen, tans döredijiligi bolsa küştdepdi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Konstitusiýa – bu döwletiň Esasy Kanuny bolup, ol ähli halkyň erk-isleglerini hem-de bähbitlerini beýan edýän we olaryň bähbitlerinden ugur almak bilen, belli bir ýurtda döwlet, jemgyýetçilik gurluşlarynyň iň wajyp başlangyçlaryny özünde jemleýän resminamadyr. Bu gün ýurdumyz öz ösüşiniň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylyna aýgytly gadam basdy.

Şu ýylda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda döwleti we jemgyýeti mundan beýläk-de demokratiýalaşdyrmak, raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny giňeltmek, ýokary aň-düşünjeli, beden taýdan sagdyn şahsyýetleri kemala getirmek barada düýpli özgertmeler amala aşyrylar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen halkynyň köp asyrlyk geçmişine hormat goýup, biziň halkymyzyň taryhynda gazananlaryna, milli mirasymyza, toplanan tejribämize ünsli we aýawly garaýar. Gahryman Arkadagymyz «Ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly kitabynda: «Halkymyz Magtymguly atamyzyň paýhasyny durmuşyň kanuny hökmünde berk we aýawly tutupdyr. Hut şuňa görä, şahyryň ynsap, päklik, erkinlik, adalatlylyk ýoly, umumadamzat bähbitli pelsepe – garaýyşlary Esasy Kanunymyza siňdi. Esasy Kanunymyz bäş müň ýyllyk şöhratly taryhy bolan parasatly ata-babalarymyzyň ähli nesilleriniň paýhasyna ýugrulandyr», «... Çünki türkmen halkynyň özbaşdak, berkarar döwlet, bagtyýar durmuş, agzybirlik, asudalyk baradaky mukaddes arzuwlary beýik akyldaryň döredijiliginiň düýp özenini tutýar».

***R. Işangulyýew,***

*Türkmenistanyň ýokary attestasiýa komitetiniň*
*Fizika-matematika we tehniki ylymlary ekspert*
*geňeşiniň baş eksperti, tehniki ylymlaryň kandidaty*

## ÝAŞYL WODORODY LAGYM SUWLARYNDAN ÖNDÜRMEGIŇ TEHNOLOGIÝASY

Häzirki döwürde şäherleri arassa howa bilen üpjün etmek esasy ekologik meseleleriň biri bolup durýar. Säherleriň ulaglary benzin ýa-da dizel ýangyjyny ýakmak arkaly herekete getirilende kömürturşy gazy bölünip çykmak bilen, howany hapalaýarlar we parnik gazlarynyň mukdarynyň daşky gurşawda artmagyna getirýär. Häzirki wagtda atmosferada onuň mukdary 52 milliard tonna ýetdi we ýylsaýyn artmagyny dowam edýär. Dünýäde bu meseläni ulaglary elektrik energiýa ýa-da wodorod ýangyjyna geçirmek bilen çözmek işleri alnyp barylýar.

Ulaglary elektrik energiýa geçirmekde toplanan dünýä tejribesi bu ugurda alnyp barylýan işleri bökdeýän birnäçe düýpli meseleleriň bardygyny, olaryň bolsa çözülmän gelýändigini görkezýär.

Şäherleri arassa howa bilen üpjün etmegiň has ygtybarly hem-de netijeli usuly ulaglary ýaşyl wodorod ýangyjyna geçirilmegidir. Emma ýaşyl wodorody suwy elektroliz etmek arkaly öndürmeklik birnäçe päsgelçiliklere sezewar bolýar. Ol hem gün batareýalarynyň we ýel generatorlarynyň öndürýän elektrik energiýasynyň endigansyzlygy hem-de gymmatlygy, şeýle hem elektroliz üçin süýji suwuň talap edilýänligi bolup durýar. Şol sebäpli dünýäde öndürilýän wodorodyň diňe 2%-i suwdan, galany bolsa tebigy gazdan we kömürden alynýar.

Häzirki wagtda dünýäde, esasan, metallurgiýa we himiýa senagatynyň zerurlyklaryny üpjün etmek üçin 500 mlrd $m^3$-den gowrak wodorod öndürilýär. Dünýädäki 2 mlrd awtomobili ýaşyl wodorod bilen üpjün etmeklik üçin bolsa süýji suwuň ägirt uly göwrümi gerek bolar. Çünki 1 *kg* ýaşyl wodorody öndürmek üçin azyndan 9 *kg* süýji suw gerek. Bu bolsa süýji suwuň ýetmezçiliginde ulaglary ýaşyl wodorod ýangyjyna geçirip bolmajakdygy aýdyň görkezýär.

Lagym suwlaryny arassalamak wajypdyr, çünki suw öwezini dolup bolmajak baýlykdyr. Döwletler tarapyndan olary ýygnamak we arassalamak üçin örän köp pul serişdeleri harçlanýar.

Lagym suwlary mehaniki, himiki we biologik usullary bilen arassalanýar. Soňra bolsa howply wiruslary we bakteriýalary ýok etmek üçin ultramelewşe şöhle bilen zyýansyzlandyrylýar hem-de tebigy suw howdanlaryna akdyrylýar.




**Shema. Ýaşyl wodorody lagym suwlaryndan öndürmegiň tehnologiýasy**

Ýokarda agzalan ekologik meseleleri aradan aýyrmaklyga ukyply bolan ýaşyl wodorody lagym suwlaryndan öndürmegiň tehnologiýasyny işläp taýýarladym (shema).

Bu tehnologiýa laýyklykda, lagym suwlary şäheriň lagym ulgamy arkaly ýygnalýar we suw arassalaýjy desga geçirilýär. Ýaşyl wodorody öndürmek üçin lagym suwlaryny diňe mehaniki usul bilen arassalamak ýeterlik-

dir. Onuň bolsa lagym suwlaryny arassalamakda uly ykdysady tygşytlylygy berjekdigi ikuçsyzdyr.

Wodorody öndürýän geotermal toplum tebigy suw çeşmeleri bolan okeanyň, deňziň, kölüň we derýanyň, şol sanda: mehaniki arassalanan lagym suwlaryndan wodorody öndürmeklige ukyplydyr. Bu toplum boýunça Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Intellektual eýeçilik gullugynyň № 965 oýlap tapyşyň çäklendirilen patenti alyndy. Onuň Halkara arzasy Bütindünýä Intellektual eýeçilik guramasynyň elektron žurnalynda WO – 2024/052735 A2 belgi bilen çap edildi.

Wodorody öndürýän geotermal toplum ýokary gyzgynlyk derejede suwuň bugunyň elektrolizi usuly bilen geotermal energiýany peýdalanmak arkaly ýaşyl wodorody öndürýär. Toplum guýynyň düýbünde topragyň gyzgynlyk derejesi 60°C bolanda, elektroliziň proseslerini geçirmek üçin gerekli bolan elektrik energiýany we arassalanan lagym suwunyň buguny almak üçin ýylylyk energiýany geotermal energiýadan öndürmeklige ukyplydyr.

Suwuň elektrolizi arkaly wodorody almagyň beýleki usullaryndan tapawutlylykda, ýokary gyzgynlyk derejedäki suwuň bugunyň elektrolizi usulynda suwuň minerallaşma derejesine hiç hili talaplar bildirilmeýär, şol sebäpli süýji suwuň zerurlygy ýokdur. Suwuň bugunyň elektrolizi prosesinde bolup geçýän himiki reaksiýanyň netijesinde, lagym suwlary wodoroda we dürli pudaklar üçin gymmatly serişde bolan kisloroda bölünýär.

Wodorody öndürýän geotermal toplumyň ykjamlygy, olary şäheriň suw arassalaýjy desgalarynyň ýanynda ýerleşdirmeklige mümkinçilik berýär. Bu bolsa öndürilen wodorody ýygnamaklygy we ýangyç alynýan stansiýalara gowşurmaklygy ep-esli ýeňilleşdirer.

Ulaglar wodorody ýangyç hökmünde peýdalananda, olaryň ýangyç elementlerinde howadaky kislorod bilen wodorodyň arasynda himiki reaksiýa bolup geçýär. Onuň netijesinde ulaglary herekete getirmek üçin elektrik energiýa öndürilýär we himiki arassa suw $H_2O$ emele gelýär. Ol suw ulagdan daşky gurşawa akdyrylmak bilen, lagym suwlar arassa suw görnüşinde gaýtarylyp berilýär.

Arkadag şäheriniň golaýynda ýerleşen Yzgantda 2000 metr çuňlugy bolan guýynyň zemininiň gyzgynlyk derejesiniň 60,4–69,5°C düzýändigi ýüze çykarylan. Bu bolsa şol düzlükde Wodorody öndürýän geotermal toplumyň ýokary gyzgynlyk derejedäki suwuň bugunyň elektrolizini geçirmek üçin gerek bolan elektrik we ýylylyk energiýany geotermal energiýadan öndürmekligine mümkinçilikleriň bardygyny görkezýär.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen, dünýäde ekologiýa taýdan arassa şäherleriň biri bolan Arkadag şäherinde lagym suwlaryny arassalaýjy suw desgasy işläp başlady. Men ýaşyl wodorody lagym suwlaryndan öndürmegiň tehnologiýasyny şol desgada ulanmaklygy teklip edýärin. Onuň üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde, Türkmenistan ýaşyl wodorody lagym suwlaryndan geotermal energiýanyň kömegi bilen öndüren ilkinji döwlet hökmünde dünýäde tanalar.

Şeýlelik bilen, ýaşyl wodorodyň lagym suwlaryndan öndürilmegi, şäherleriň ekologiýa meselelerini toplumlaýyn çözülmegine, ýagny lagym suwlarynyň tebigy suw howdanlaryna taşlanyşyny azaltmaklyga, ulaglaryň ýaşyl wodorod ýangyjyna geçirilmegini çaltlandyrmaklyga we uly ykdysady peýdany gazanmaklyga mümkinçilik berer.

**B. Kakabaýewa,**

*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy*

## OBA HOJALYGYNDA EKOLOGIÝANYŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe daşky gurşawyň ösümlik we haýwanat dünýäsini goramak, sagdynlaşdyrmak bilen birlikde, ony baýlaşdyrmak babatda hem beýik işler durmuşa geçirilýär. Şunda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022−2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynda» innowasiýalara daýanýan, ekologiýa taýdan amatly «ýaşyl» tehnologiýalary özünde jemleýän ykdysadyýetiň pudaklaryny durnukly we toplumlaýyn ösdürmek meýilleşdirildi.

Mälim bolşy ýaly, 2022-nji ýylyň aprelinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň orunbasary, BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň Ýerine ýetiriji sekretaryndan bu guramanyň yglan eden «Şäherlerdäki baglar» atly başlangyjyna bag ekmek dabarasy arkaly goldawy we oňa goşan goşandy üçin Aşgabat şäherine halkara güwänamanyň berilmegi ýurdumyzyň daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatdaky tagallalarynyň halkara derejede ykrar edilýändigine şaýatlyk eden daşary syýasy üstünlik boldy.

Türkmenistan ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek babatda BMG-si hem-de onuň düzüm birlikleri, hususan-da, BMG-niň Daşky gurşaw bara-

daky maksatnamasy, BMG-niň Ösüş maksatnamasy, şeýle hem Araly halas etmegiň Halkara gaznasy ýaly abraýly halkara guramalary bilen bilelikde milli we sebitleýin derejedäki onlarça taslamalary durmuşa geçirýär.

Arkadagly eýýamymyzda ýurdumyzyň kabul eden halkara hukuk resminamalarynyň hatarynda «Türkmenistanyň Aral boýunça 2021–2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň», «Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň Milli Strategiýasynyň» rejelenen görnüşini, şeýle hem «Türkmenistanyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasyny» görkezmek bolar.

Ýurdumyzda ekologik ýagdaýyny has-da gowulandyrmak, ony geljekki nesillere ýetirmek üçin ýaş nesillerde ekologiýa medeniýetini kemala getirmek möhümdir. Tebigatymyzyň ösümlik, haýwanat dünýäsini gorap saklamakda ata-babalarymyz ägirt uly aladalary edipdirler.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň tebigatymyzy bag-bossanlyga büremek ugrunda alyp barýan döwletli syýasaty bize görelde mekdebidir. Her ýyl ýurdumyzyň ähli künjeginde ýüzlerçe müň düýp agaç nahallary, saýaly we miweli baglary oturtmak indi asylly däbe öwrüldi. Bu ýörelge ýurdumyzyň ekologiýasyny gowulandyrmaga, tokaý zolaklarynyň gerimini giňeltmäge uly ýardam berýär.

Elbetde, ýurdumyzy bag-bossanlyga büremek meselelerini öz içine alýan Milli tokaý maksatnamasynyň giň gerimde durmuşa geçirilmegi hem kalplardaky buýsanjy artdyrýan ýagdaýdyr. Ajaýyp zamanamyzda her ýylyň ýaz we güýz pasyllarynda köpçülikleýin bag ekmek dabaralarynyň geçirilmegi asylly däbe öwrüldi. Munuň netijesinde, Diýarymyzyň ähli künjeklerinde täze tokaý zolaklary döredilip, ekologiýa abadançylygynyň üpjün edilmegine ägirt uly goşant goşulýar.

Daşky gurşawy goramak babatynda türkmen wekiliýetiniň zyňyndylary nol derejä çenli azaltmak boýunça Türkiýe Respublikasynyň başlangyjy bilen geçirilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýokary derejedäki maslahatyna gatnaşandygyny bellemek gerek. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň wise-başlygy hökmünde Türkmenistanyň başlyklyk etmeginde geçirilen maslahata BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş, Türkiýe Respublikasynyň Birinji zenany Emine Ärdogan, BMG-niň Ilatly nokatlar boýunça maksatnamasynyň (UN Habitat) Ýerine ýetiriji direktory Maýmunah Mohd Şarif, BMG-niň agza ýurtlaryň ýokary derejeli wekiliýetleri, guramanyň degişli ýöriteleşdirilen edaralarynyň ýolbaşçylary gatnaşdylar. Türkiýe Respublikasynyň zyňyndylary nol derejä çenli azaltmak boýunça öňe süren ählumumy başlangyjynyň daşky gurşawy goramak meselelerini çözmekde, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak

boýunça umumy tagallalary işjeňleşdirmekde örän uly ähmiýeti aýratyn nygtaldy. Türkmen tarapynyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýokary derejedäki maslahatyndaky çykyşynda Türkmenistanyň daşky gurşawy goramak meselelerine gönükdirilen milli derejedäki çäreleriniň oňyn netije berýändigi barada giňişleýin maglumat berildi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän giň möçberli özgertmeleriň netijesinde, ýurdumyzyň ilatynyň durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna, ösüşiň hasabyna obanyň we şäheriň arasyndaky tapawudyň azaldylmagyna, ilatly ýerlerde galyndylary dolandyrmagyň, durmuş we senagat galyndylaryny gaýtadan işlemegiň döwrebap tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagyna uly üns berilýär.

Şeýlelikde, Türkmenistan tutuş adamzat üçin möhüm ekologiýa meseleleriniň oňyn çözgüdini işläp taýýarlamak boýunça tagallalaryň utgaşdyrylmagyna jogapkärçilikli çemeleşip, bu ulgamda giň halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine mynasyp goşant goşýar.

Garaşsyz Watanymyzda oba hojalygyny ösen kuwwatly, innowasion tehnologiýaly pudaga öwürmek babatda uly işler alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiz oba hojalygynda zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak, pudagyň durnukly ösüşini üpjün etmek üçin, ilkinji nobatda, sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmagyň zerurdygyny yzygider nygtaýar. Bu gün döwletimiz ekerançylaryň bugdaýyň, gowaçanyň, şalynyň, gant şugundyrynyň we beýleki oba hojalyk ekinleriniň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmegi hem-de azyk bolçulygyny üpjün etmek üçin ähli şertleri döredýär. Bu ugurda kabul edilýän maksatnamalaýyn işler oba hojalygynyň düşewüntliligini ýokarlandyrmakdan, ýer we suw serişdelerini rejeli peýdalanmakdan, ekerançylyk meýdanlarynyň ýagdaýyny gowulandyrmakdan, olary suwaryş suwy bilen doly üpjün etmekden, pudaga bazar usullaryny ornaşdyrmak arkaly hususy telekeçileri giňden çekmekden ybaratdyr. Döwletimizde daýhan birleşikleri we hojalyklary, oba hojalyk paýdarlar jemgyýetleri hem-de ylmy-barlag institutlary, kärendeçiler, hususy telekeçiler we beýleki oba hojalyk önümlerini öndürijiler ýeňillikli bank karzlaryny almaklyga hem doly mümkinçilik alýarlar. Şol sanda oba hojalyk tehnikalaryny, mehanizmleri hem-de gurallary, suwaryşda ulanylýan turbalary satyn almak üçin ýörite şertler döredilýär. Diýarymyzyň obasenagat toplumyny özgertmek boýunça alyp barýan syýasaty innowasion esasda ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmaga, düşewüntliligi artdyrmaga, bäsdeşlige ukyply önümleri dünýä bazarlaryna çykarmaga gönükdirilendir. Şu maksat bilen ýurdumyzyň ähli sebitlerinde döwrebap ýyladyşhanalar,

sowadyjy ammarlar, maldarçylyk toplumlary, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän kärhanalar gurulýar.Ylmyň we tehnikanyň gazananlarynyň, öňdebaryjy tejribäniň, daýhanlaryň zähmetini goldamagyň hem-de höweslendirmegiň netijeli ulgamynyň yzygiderli ornaşdyrylmagy ýer eýelerini täze zähmet ýeňişlerine ruhlandyrýar. Oba hojalygynda gazanylýan ajaýyp netijeler, oňyn başlangyçlar eziz ýurdumyzyň bedew batly okgunly ösüşlerine saldamly goşantdyr. Ata Watanymyz Türkmenistanyň şeýle ösüş-özgerişleri, ýetýän belent ýeňişleri her birimiziň kalbymyzda Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza bolan çäksiz buýsanjy goşalandyrýar!

***O. Rejepowa,***
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy*

## TEBIGAT ÝAŞAÝŞYŇ GÖZBAŞY

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen ýurdumyzyň tebigatyny goramak, oňa aýawly çemeleşmek babatynda giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň tebigatynyň eçilen baýlyklaryny geljekki nesillere ýetirmek ugrunda-da köp işler alnyp barylýar. Döwlet Baştutanymyz ekologiýa ulgamyna döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde garap, bu ugurdaky alnyp barylýan işlere giň halkara jemgyýetçiligine hem ünsini çekmek üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň belent münberinden ençeme gezek bütindünýä başlangyçlary bilen çykyş etdi.

Soňky on ýyllygyň dowamynda howanyň (klimatyň) üýtgemegi we onuň bizi gurşap alan daş-töweregimiz, ykdysadyýetimiz hem jemgyýetimiz üçin örän uly möhüm hem-de global meseleleriniň biri boldy. Şol meseleleriň biri-de suw ýetmezçiligi we suwy tygşytly ulanmak bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzyň suw baýlygyna we ilatly ýerleriň suw üpjünçilik meselelerine uly üns berýär. Çünki biziň ata-babalarymyz suwy berekediň bolçulygyň sakasy hasaplapdyrlar we onuň her bir damjasyny aýawly peýdalanmaga çalşypdyrlar. Şu nukdaýnazardan ugur alyp, Türkmenistanda esasy suwy ulanyjylaryň talaplaryny bökdençsiz kanagatlandyrmak barada döwlet möçberinde maksada gönükdirilen çäreler geçirilýär: derýalaryň akymy kadalaşdyrylýar, suwy bütewleýji, paýlaýjy desgalar, suw howdanlary we suwy sorujy desgalary gurulýar. Bu işleriň hemmesi-de tebigaty goraýyş kanunlaryndaky we

düzgünnamalaryndaky görkezilen tertipde berjaý edilýär, şeýle-de suwuň sarp edilişiniň anyk mukdary hasaba alynýar.

Ýurdumyzyň suw baýlyklarynyň çäklidigini, suwaryş suwlaryna islegiň geljekde has-da artjakdygyny nazara alyp, şu aşakdaky getirilýän çäreleriň geçirilmegi, onuň dartgynly meselelerini sazlaşdyrmak zerurdyr:

1. Suwarymly ekerançylygyň iş tejribesine suwy tygşytlaýjy usullaryň ornaşdyrylmagy.

2. Suw howdanlarynyň gurulmagy.

3. Suwaryş ulgamlarynyň üýtgedip guralmagy.

4. Suwaryş ulgamlarynyň kadalaşdyryjy gidrotehniki desgalar bilen üpjün edilmegi.

5. Suwaryş ulgamyny hasaba alyş gidrotehniki tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy.

6. Suwarymly ýerleriň tekizlik ýagdaýlarynyň agrotehniki talaplaryna laýyk üpjün edilmegi.

7. Suwy sarp ediji ulgamlarda suw ýitgisini çäklendiriji usullarynyň gurnalmagy we ş.m.

Ekologiýa çäreleri häzirki wagtda ýurdumyzyň ykdysady taýdan okgunly ösmeginiň möhüm şerti, tutuş halk hojalyklarynyň çäklerinde tebigatdan peýdalanmagyň düýbünden täze nusgasyna geçmeginiň esasy bolup durýar. Howanyň üýtgemegi boýunça milli strategiýa, ilkinji nobatda, ýokary tehnologiýaly pudaklaryň ösdürilmekligine, «ýaşyl ykdysadyýeti» kemala getirmek üçin oňaýly şertleri döretmäge gönükdirilendir. Garagumuň jümmüşinde « Altyn asyr» Türkmen kölüni gurmak baradaky innowasion taslamanyň durmuşa geçirilmegi suw serişdelerini aýawly saklamak bilen baglylykda möhüm meseleleri çözmäge saldamly goşant goşýandygynyň aýdyň mysallarynyň biridir. Şeýle hem Türkmenistanyň çäginde we tutuş Merkezi Aziýa sebitinde ekologiýa abadançylygyny üpjün etmäge ýardam etýän bu taslamanyň dünýäniň dürli ýurtlarynyň esasy alymlarynyň hem-de bilermenleriniň, suw hojalyk pudagynyň hem-de obasenagat toplumynyň hünärmenleriniň ýokary bahasyna mynasyp bolandygyny bellemelidiris. Şunuň bilen baglylykda, suw hojalyk ulgamynda, şol sanda: täze suw howdanlaryny, gidrotehniki we melioratiw desgalarynyň gurluşygy boýunça giň möçberli maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilendigini aýratyn nygtamak gerek. Häzirki döwürde «Türkmenistanyň ilatyny arassa agyz suwy bilen üpjün etmegiň baş maksatnamasyny» durmuşa geçirmegiň çäklerinde welaýatlaryň çäklerinde suw arassalaýjy zawodlar, suw süýjediji desgalar gurulýar, suw arassalaýjy desgalaryň hem-de suw geçiriji ulgamlaryň durky

täzelenýär. Şunuň bilen birlikde, iň täze tehnologiýalar, innowasion ylmy işläp taýýarlamalar tapgyrlaýyn ornaşdyrylýar.

Gowşak minerallaşan kollektor suwlarynyň gaýtadan peýdalanylmagy şorlaşmaga durnukly ot-iýmlik ösümlikleri ösdürip ýetişdirmegiň hasabyna durnukly ot-iým binýadyny döredilmegi netijesinde, maldarçylygy ösdürmegiň esasy mümkinçilikleriniň biri bolup durýar. Munuň özi bioköpdürlüligi gowulandyrmak we çöldäki öri meýdanlaryň önümliligini ýokarlandyrmak we Türkmen kölüniň suw howdanlarynda ýetişdirilen balykçylyk hojalyklaryny döretmek üçin goşmaça mümkinçilikleri hem döreder.

«Altyn asyr» Türkmen kölüni döretmek babatyndaky taslamanyň amala aşyrylmagynyň zeýkeşleriň töwereklerinde guşlaryň gyşyna göçüp gonýan görnüşleriniň ugurlarynyň ýaňadan bölünmegine uly täsir edendigini bellemek gerek. Bu ýerde eýýäm olaryň amatly höwürtgelemekleri we gyşlamaklary üçin köp sanly täze ýerler peýda boldy.



Türkmenistanyň suwarymly ýerleriniň häzirki durkunda şorlaşmadyk we az şorlaşan topraklar onuň 50% meýdanyny tutýar. Toprakda, şeýle hem suwarylýan ýa-da suwarylmaýan meýdanlarda duz toplanma 3 görnüşde tapawutlandyrylýar:

1. Topragyň möwsümleýin şorlaşma derejesiniň, onuň şorunyň ýuwulma ýagdaýy bilen deňeçer bolmagynda.

2. Şorunyň ýuwulma derejesinden şorlaşma görkezijisiniň agdyklyk etmeginde.

3. Möwsümleýin şorlaşmadan topragyň şorunyň ýuwulmak derejesiniň ýokary bolmagynda.

Tebigatyň hadysalarynyň täsir etmeginde ýa-da adamzadyň hojalyk işleriniň netijesinde, ösümlik örtüginiň ýok edilmegi çölleşmeklige alyp barýar. Şu ýagdaýda ösümlik örtüginiň köpelmek mümkinçiligi öz-özünden bökdelýär, ýeriň biologik ukyplylyk derejesi aşaklanýar ýa-da onuň asla ýitirilmegi hem mümkindir. Netijede, ýerlerde çölleşmek hadysasy güýçlenýär we onuň meýdany giňelýär. Häzirki döwürde umumy gury ýeriň 19% meýdanyna çölleşme howpy abanýar.



Türkmenistan 1999-njy ýylyň mart aýynda BMG-niň Çölleşmä garşy göreş konwensiýasy bilen ylalaşykda, ýurdumyzda çölleşmä garşy göreş hereketleriniň milli maksatnamasyny (ÇGGHMM) işläp taýýarlady. Türkmenistanda ýerden we suwdan rejeli peýdalanmak, ekologiýa ýagdaýy gowulandyrmak we çölleşmä garşy göreşmekde anyk kanunlar, kararlar we resminamalar kabul edildi.

***S. Amanowa,***

*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Medisina ekologiýasy we gigiýena kafedrasynyň müdiri, uly mugallym*

## «ÝAŞYL» YKDYSADYÝETI ÖSDÜRMEKDE EKOLOGIK TAÝDAN ARASSA WE SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde, ýurdumyzda tebigy baýlyklarymyza aýawly çemeleşmek, daşky gurşawy goramak we «ýaşyl»

ykdysadyýeti ösdürmek ileri tutulýan ugurlaryň biri hökmünde kesgitlenildi. Şu maksat bilen geçirilýän ylmy-amaly maslahatda häzirki zaman tehnologiýalarynyň we ekologiýa taýdan arassa energetika çeşmeleriniň ykdysadyýete ornaşdyrylmagynyň ähmiýeti aýratyn bellenilýär.

Döwlet derejesinde alnyp barylýan giň möçberli sanly özgertmeler bilen bilelikde, häzirki zaman ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalaryň önümçilige ornaşdyrylmagy ykdysady ösüşe täze itergi berýär. Bu işleriň netijesinde, ykdysadyýetiň durnuklylygyny üpjün etmek, täze pudaklary döretmek, zähmet bazaryny giňeltmek hem-de ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmak ýaly möhüm maksatlara ýetilýär.

Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri bilen işleýän tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy diňe bir ykdysady bähbit däl, eýsem ekologik abadançylygyň hem möhüm kepili hökmünde çykyş edýär. Gün, ýel, suw ýaly energiýa çeşmelerinden peýdalanmak bilen, kömürturşy gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak, tebigy serişdeleri tygşytly ulanmak hem-de daşky gurşawy goramak boýunça möhüm ädimler ädilýär. Munuň bilen bir hatarda, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi hem ýurdumyzyň dünýä bileleşigindäki ornuny pugtalandyrýar.

Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän döwlet maksatnamalarynda «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek bilen bagly meseleler aýratyn orun eýeleýär. Sanly tehnologiýalaryň bu ugra ornaşdyrylmagy bolsa, ähli çözgütleriň netijeliligini artdyrýar. Meselem, sanly gözegçilik ulgamlary, energiýa netijeliligini ölçemek üçin döredilýän platformalar we döwrebap maglumatlar bazalary bu işleriň möhüm bölegi bolup durýar.

Netijede, ylmy we tejribä daýanýan täze çemeleşmeler esasynda «ýaşyl» ykdysadyýete geçmegiň ugurlary giňden öwrenilýär. Täze önümçilikleriň döredilmegi, ekologik taýdan arassa önümçilikleriň giňeldilmegi we bu ugurda iş alyp barýan hünärmenleriň taýýarlanylmagy geljekde ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň has-da artmagyna getirer.

Şeýlelikde, häzirki zaman ylmynyň we tejribäniň nazarynda täze ekologik taýdan arassa tehnologiýalary ornaşdyrmagyň, sanly ulgam mümkinçiliklerini giňden peýdalanmagyň, «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek bilen birlikde täze pudaklary we önümçilikleri döretmegiň, milli hem-de sebit derejesinde ekologik howpsuzlygy üpjün etmegiň ýurdumyzyň geljegi üçin örän möhüm ugur bolup durýandygyny bellemek zerurdyr.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow: «Ekologiýa abadançylygy – halkymyzyň sagdyn geljeginiň kepilidir» diýip, belleýär.

Türkmenistanda daşky gurşawy goramak bilen baglanyşykly milli strategiýanyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi Milletler Bileleşiginiň Durnukly ösüş maksatlaryna we dünýäniň ekoulgamyny goramak boýunça öňde durýan möhüm wezipelere doly laýyk gelýär. Watanymyz BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Ählumumy ekologiýa gaznasy bilen bilelikde durmuşa geçirilýän taslamalaryň birnäçesini tassyklady. Türkmenistan tarapyndan ýokary derejeli forumlarda öňe sürlen başlangyçlar halkara bileleşikler tarapyndan giň goldawlara eýe bolýar. Şolaryň hatarynda, Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmek, BMG-niň Suw strategiýasyny we Aral deňziniň sebiti boýunça Ýörite maksatnamasyny işläp taýýarlamak, BMG-niň Aral meselesiniň aýry-aýry ugurlaryny ýüze çykarmak, Hazar deňziniň ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek ýaly teklipleri görkezmek bolýar. Howanyň üýtgemegi barada Milli strategiýada, Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasynda we beýleki durmuş-ykdysady maksatnamalarda tassyklanan ugurlaryň çäklerinde biologik köpdürlüligi we tebigy aýratynlyklary goramak boýunça ýurdumyzda uly işler amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň döwlet syýasatynda daşky gurşawy goramak bilen bagly meselelere aýratyn üns berilýär. Ýurdumyzda ykdysady we durmuş ulgamlarynda ýaýbaňlandyrylan toplumlaýyn özgertmeler halkymyzyň abadan durmuşynyň möhüm şerti hökmünde ekologiýa bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şunuň bilen baglylykda, «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynyň», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» esasynda ata Watanymyzda arassa ekologik gurşawy döretmek boýunça giň gerimli işleriň alnyp barylýandygyny bellemek gerek.

Türkmenistanyň ylmy tehniki kuwwatynyň artmagy ekologik abadançylygy üpjün etmäge hemmetaraplaýyn ýardam edýär. Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda serişde tygşytlaýjy tehnologiýalar giňden ornaşdyrylýar, howanyň arassalygyna gözegçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak, gurulýan zawod-fabrikleriň, beýleki desgalaryň ekologik talaplara laýyk gelmegini gazanmak babatda anyk işler ýerine ýetirilýär. «Ýaşyl» ykdysadyýete geçmek işi tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak, oba hojalygyny durnukly ösdürmek, energiýa tygşytlylygyny, onuň netijeliligini artdyrmak, ýaşaýyş-durmuş maksatly ulanylýan önümleriň galyndylaryny dolandyrmak, ekoulgamlary gorap saklamak ýaly ugurlar boýunça amala aşyrylýar.

***S. Hojaberdiýew,***

*Aşgabat şäheriniň Baş maliýe we ykdysadyýet müdirliginiň başlygynyň orunbasary*

## HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK TÜRKMEN BITARAPLYGYNYŇ BINÝATLAÝYN ÝÖRELGESIDIR WE ONY MAÝA GOÝUM IŞINDE NETIJELI PEÝDALANMAKDA ÝAŞ HÜNÄRMENLERIŇ ORNY

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýurdumyzda öňegidişlikli ösüşe gönükdirilen, durmuş ugurly, ynsanperwer mazmunly içeri we daşary ykdysady syýasat durmuşa geçirilýär. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» şygarly 2025-nji ýylda Garaşsyz Türkmenistan özüniň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyny baýram edýär. Bu döwürde ýurdumyz özüniň saýlap alan ösüş ýoluna ygrarly bolmagynda galdy, ony halkara derejede parahatçylygy goramagyň, berkitmegiň hem döretmegiň bitewi filosofiýasyna öwürmegi başardy. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda» Kararnamasynyň üç gezek kabul edilmegi arkaly resmi taýdan ykrar edildi. Munuň özi gözbaşynda döwletleriň we halklaryň arasyndaky gatnaşyklary parahatçylyk we ynanyşmak esasynda ösdürmek ýörelgesiniň dünýäde giň goldaw tapýandygyny görkezýär.

Hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi Türkmenistanyň syýasy, durmuş-ykdysady hem-de ruhy-medeni ösüş strategiýasynyň özeninde goýlandyr. Ýurdumyzyň içinde we halkara derejede ýola goýulýan aragatnaşyklar halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgesine daýanýar. Bütindünýä ösüşine sazlaşykly goşulyşýan Garaşsyz Türkmenistan hemmetaraplaýyn döwlet ösüşiniň toplumlaýyn maksatnamalaryny kabul etdi we olary durmuşa geçirmegiň çäklerinde iri möçberli taslamalara badalga berýär. Hususan-da, 2025-nji ýylda ýurdumyzyň ykdysadyýetine maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna jemi 40 milliard manatdan gowrak möçberde maýa goýumlary gönükdirmek göz öňünde tutuldy. Olardan önümçilik desgalarynyň gurluşygyna 26,3 milliard manat maýa goýumyny gönükdirmek meýilleşdirildi, munuň özi ýurt boýunça maýa goýumlarynyň umumy möçberiniň 65,6 göterimine deňdir. Durmuş maksatly desgalaryň gurluşygyna 13,8 milliard manat möçberinde düýpli maýa goýumlary gönükdirmek bellenildi, munuň özi maýa goýumlaryň umumy möçberiniň 34,4 göterimine barabardyr.

BMG-niň Durnukly ösüş maksatlaryna ýakyndan uýgunlaşdyrylan bu maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirmegiň baş şertleriniň biri-de işjeň, netijeli maýa goýum işi bilen baglydyr. Maksatlaýyn maýa goýum goruny kemala getirmek, içerki we daşary ýurtly maýadarlaryň sermaýalyk gorlaryny çekmek, tygşytly, ýerbe-ýer, maksadalaýyk peýdalanmak wezipelerine esasy orun berilýär. Maýa goýumlaryň hem-de içerki we daşary ýurtly maýadarlaryň kanuny hukuklarynyň, bähbitleriniň hem gyzyklanmalarynyň hukuk taýdan ygtybarly goralmagyny üpjün etmek bu syýasatyň aýrylmaz wezipesi bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgesiniň pugta berjaý edilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Bu wezipäniň durmuşa geçirilmeginde türkmen hünärmenlerine, bilermenlerine, alymlaryna, aýratyn hem ýaşlara uly orun degişlidir. Olara hünär taýýarlygyna bildirilýän talaplar yzygiderli artýar. Ýokary bilim, häzirki zaman ykdysady ösüşiň aýratynlyklary, dünýä bazarynyň ösüş meýilleri, içerki we halkara ykdysady hukuk düzgünleşdirmesinde peýda bolýan üýtgeşmelerden başga-da, bu talaplar öz içine ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk derejesinden gelip çykýan binýatlaýyn ýörelgeleri hem-de olaryň döwletara söwda-ykdysady, şol sanda maýa goýum hyzmatdaşlygynda gyşarnyksyz berjaý edilmegini gazanmak başarnygyny öz içine alýar. Döwlet gullugy ýokary jogapkärçiligi talap edýär. Döwlet edaralarynda işleýänleriň hünär taýýarlygyna, şahsy, korporatiw we zähmet medeniýetine, şonuň ýaly-da tutuş ömrüniň dowamynda okamaga, innowasiýalary kabul etmäge hem-de netijeli peýdalanmaga, milletimiziň köpasyrlyk dap-dessurlaryna, halallyk, agzybirlik, watançylyk ýoluna ygrarly bolmagyna köp derejede baglydyr.

Häzirki wagtda Türkmenistan bilen beýleki ýurtlaryň arasynda maýa goýum işini düzgünleşdirýän köp sanly ylalaşyklar hereket edýär. Olaryň içinde özara maýa goýumlary höweslendirmek we goramak, şeýle-de ikitaraplaýyn salgyt salynmagynyň öňüni almak hakynda baglaşylan ylalaşyklar bar. Daşary ykdysady ulgamda alnyp barylýan tagallalar ýurdumyzyň dünýä hojalyk gatnaşyklaryndaky ornuny pugtalandyrmaga ýardam berer.

## MAZMUNY

*M. Astanagulow,*
HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK
DURNUKLY ÖSÜŞIŇ ESASY HÖKMÜNDE . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

*M. Sylapow,*
DÜNÝÄDE DABARALANÝAN DURMUŞ SYÝASATY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 10

*D. Amanmuhammedow,*
AÝDYŇ ABADANÇYLYKLY DURNUKLY ÖSÜŞ ÝOLY BILEN. . . . . . . . . . . . . . . . . . . 12

*B. Atagulyýew,*
HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK
DURNUKLY ÖSÜŞINIŇ BINÝADY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 16

*S. Baýramow,*
«ÝAŞYL» YKDYSADYÝET – DURNUKLY ÖSÜŞI
ÜPJÜN ETMEGIŇ INNOWASION ÝOLY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 19

*S. Gurbandurdyýew,*
HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK –
DURNUKLY ÖSÜŞIŇ SARSMAZ SÜTÜNI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 23

*J. Jumagylyjow,*
DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEKDE
SANLY BANK HYZMATLARYNYŇ TUTÝAN ORNY. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 25

*G. Nurmuhammedow,*
ÖSÜŞLERIŇ AK ÝOLUNY NAZARLAP. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 28

*M. Datdow,*
«ÝAŞYL» YKDYSADYÝETI ÖSDÜRMEKDE HALKARA MALIÝE
GURAMALARY BILEN NETIJELI HYZMATDAŞLYK. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 30

*A. Atabaýewa,*
«ÝAŞYL» YKDYSADYÝET ÝURDUMYZYŇ
DURNUKLY ÖSÜŞINIŇ ESASY UGRY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 33

*B. Taňryberdiýew,*
ADAM MAÝASYNY ÖSDÜRMEK – BILIMLER
YKDYSADYÝETINIŇ BAŞ ŞERTI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 36

*O. Ataýew,*
MILLI YKDYSADYÝETIŇ DIWERSIFIKASIÝASY
DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞIŇ KEPILIDIR . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 41

*O. Geldymuhammedowa,*
TÜRKMENISTANYŇ DAŞKY GURŞAWY GORAMAK
BABATYNDAKY HALKARA HYZMATDAŞLYGY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 43

*G. Penaýew,*
TÜRKMENISTANYŇ IŞJEŇ ULAG SYÝASATYNY
ALYP BARMAGYNYŇ ESASY ŞERTLERI. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .46

*B. Taýharow,*
MAÝA GOÝUM IŞJEŇLIGI WE DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞ . . . . . . . . . . . . . . . . . .48

*G. Romanowa,*
DURNUKLY ÖSÜŞ ULGAMYNDA MAKSATLARYŇ DURMUŞA
GEÇIRILIŞINI ÇALTLANDYRMAK ÜÇIN DURNUKLY ÖSÜŞ . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .51

*O. Aşyrow, S. Aşyrow,*
PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK – DURNUKLY ÖSÜŞIŇ MÖHÜM ŞERTI . . . . .55

*P. Gurbanow,*
MALIÝE GÖZEGÇILIGINIŇ BINÝATLAÝYN ÝÖRELGELERI
HEM-DE DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEK
BILEN BAGLYLYKDA OLARYŇ KÄMILLEŞDIRILMEGI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .58

*M. Ataýewa,*
HYZMATLAR AUTSORSINGI: IŞEWÜRÇILIK HEM-DE
DÖWLET ÜÇIN NETIJELI IŞ GURALYDYR. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .62

*B. Miriýew,*
GLOBAL WEHIMLERIŇ ŞERTLERINDE MAKROYKDYSADY
DURNUKLYLYK . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .67

*M. Saparow,*
TÜRKMEN BITARAPLYGY – ÄHLUMUMY PARAHATÇYLYGYŇ BÄHBIDINE . . . . .71

*J. Arazowa,*
STRATEGIK HYZMATDAŞLYK – DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BINÝADY . . . . . . . . . . . . . . . .75

*A. Ussaýewa, O. Çerkezowa,*
PARAHATÇYLYK, YNANYŞMAK WE DOLANDYRYŞ HASABY . . . . . . . . . . . . . . . . . .78

*B. Gurbanlyýew,*
HALKARA PARAHATÇYLYK WE BITARAPLYK HUKUK DEREJESI . . . . . . . . . . . . . .81

*J. Gurbangulyýew,*
PARAHATÇYLYK HEM YNANYŞMAK YGTYBARLY ÖSÜŞIŇ KEPILIDIR . . . . . . . .85

*A. Ataýew, M. Batdaýew,*
HOWANYŇ ÜÝTGEMEGI BILEN BAGLY MEÝILNAMALARYŇ
MAKSATLARYNA ÝETMEKDE ÝURDUMYZYŇ ALYP BARÝAN
HALKARA HYZMATDAŞLYGY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .88

*B. Gurbannazarow,*
TÜRKMENISTANYŇ GARAŞSYZ DÖWLETLERIŇ ARKALAŞYGYNA
GATNAŞYJY DÖWLETLER BILEN HYZMATDAŞLYGYNYŇ
DURMUŞ-YKDYSADY ÇYGYRLARY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .91

*A. Džoraýew,*
«ÝAŞYL» YKDYSADYÝETDE INTELLEKTUAL EÝEÇILIGINIŇ ORNY . . . . . . . . . . .93

*D. Annaberdiýew,*
SANLY YKDYSADYÝET – ÖSÜŞIŇ BINÝADY . . . . . . . . . . 95

*J. Hanaýewa, K. Hümmäýew,*
TÜRKMENISTAN YKDYSADY TAÝDAN ÖSÝÄN DÖWLET . . . . . . . . . . 100

*A. Mälikgulyýewa,*
STANDARTLAŞDYRMAK DURNUKLY ÖSÜŞI
GAZANMAGYŇ MÖHÜM GURALLARYNYŇ BIRI . . . . . . . . . . 103

*B. Halnepesow,*
TÜRKMENISTANYŇ DURNUKLY ÖSÜŞINI ÜPJÜN
ETMEKDE ADAM MAÝASYNYŇ ORNY . . . . . . . . . . 105

*K. Kadyrow, G. Akyýewa,*
ALTERNATIW ENERGIÝA ÇEŞMELERINIŇ ISLEG
ÖDEÝIŞ GÖRKEZIJILERINI DEŇEŞDIRMEK . . . . . . . . . . 108

*N. Gurbangulyýewa,*
EKOLOGIÝA TERBIÝESI – TEBIGATA SÖÝGINIŇ GÖZBAŞY . . . . . . . . . . 111

*O. Rejepowa,*
«ÝAŞYL» YKDYSADYÝETI DOLANDYRMAKDA ADAM MAÝASYNYŇ ÄHMIÝETI . . . 113

*M. Mamiýewa,*
INNOWASION YKDYSADYÝET – ÝURDUŇ
DURNUKLY ÖSÜŞINIŇ BINÝADY . . . . . . . . . . 115

*Ş. Kerimberdiýewa,*
BILIM ULGAMYNY SANLYLAŞDYRMAGYŇ ÄHMIÝETI . . . . . . . . . . 118

*A. Muhanow,*
HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK
YKDYSADYÝETIŇ DURNUKLY ÖSÜŞINIŇ BINÝADY . . . . . . . . . . 120

*Ý. Orazmämmedow,*
DURNUKLY ÖSÜŞIŇ MAKSATLARYNA ÝETMEK UGRUNDA
TÜRKMENISTANYŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞI . . . . . . . . . . 123

*M. Muhammedow, S. Nurmuhammedow,*
SEBITDE EKOLOGIÝA HOWPSUZLYGYNY ÜPJÜN ETMEK
BOÝUNÇA TÜRKMENISTANYŇ BAŞLANGYÇLARY . . . . . . . . . . 126

*S. Diwanow,*
EKOLOGIÝA WE DAŞKY GURŞAWY GORAMAKDA
KANUNÇYLYK BINÝADYNYŇ ÄHMIÝETI . . . . . . . . . . 128

*B. Hojamgulyýewa, A.Kadyrowa,*
ENERGETIKA WE HALKARA GATNAŞYKLARY . . . . . . . . . . 131

*A. Berdiýewa,*
EKOLOGIÝA WE DAŞKY GURŞAWY GORAMAK
BOÝUNÇA HALKARA HYZMATDAŞLYK . . . . . . . . . . 133

*M. Ýazlyýew, A. Ataýewa,*
«ÝAŞYL» YKDYSADYÝET – DÖWRÜŇ WAJYP MESELELERINIŇ BIRIDIR . . . . . . 136

*S. Hojanazarowa,*
ELEKTRIK ENERGETIKA PUDAGYNYŇ ÖSÜŞINI WE WEZIPELERINI SELJERMEK . . . 139

*H. Baýramow,*
HOWANYŇ ÜÝTGEMEGI WE DURNUKLY ÖSÜŞ . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 142

*H. Ýazhanowa,*
DURNUKLY EKOULGAMY DÖRETMEGIŇ AÝRATYNLYKLARY . . . . . . . . . . . . . . . . 145

*S. Döwletow,*
SENAGAT KÄRHANALARYNY SANLYLAŞDYRMAGYŇ ÄHMIÝETI . . . . . . . . . . . . 148

*J.Orazgeldiýewa, O.Derýagulyýewa,*
«ÝAŞYL» YKDYSADYÝET – ÝAŞAÝYŞ ÝÖRELGÄMIZ . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 151

*S. Wekilow,*
JEMI IÇERKI ÖNÜMINIŇ DÜZÜMINDE SALGYTLARYŇ TUTÝAN ORNY. . . . . . . 153

*A. Hojanepesowa,*
DURNUKLY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEKDE HALKARA
YKDYSADY HYZMATDAŞLYGYŇ ORNY. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 156

*G.Eýeberdiýew, G.Meredowa,*
TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADY BINÝADYNY
DÖWREBAPLAŞDYRMAKDA SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ORNY . . . . . . . . . . . . 159

*B. Iwanow,*
DAŞKY GURŞAWYŇ ÖSÜŞINIŇ DURNUKLYLYGYNY ÜPJÜN ETMEKDE
INTELLEKTUAL TEHNOLOGIÝALARYŇ MÜMKINÇILIKLERI . . . . . . . . . . . . . . . . . . 162

*G.Nurymowa,*
MALIÝE BAZARYNY ÖSDÜRMEKDE EMELI AŇ
TEHNOLOGIÝALARYNYŇ BERÝÄN MÜMKINÇILIKLERI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 164

*A. Artykowa, O. Nuryýewa,*
YKDYSADYÝETIŇ INTELLEKTUAL ULGAMLARYNY
KÄMILLEŞDIRMEKDE MAŞYN OKUWYNYŇ ORNY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 167

*A. Orazmuhammedowa,*
«ÝAŞYL» YKDYSADYÝETI ÖSDÜRMEKDE GALYNDYSYZ
YKDYSADYÝETE GEÇMEGIŇ ESASY MESELELERI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 170

*O. Atdaýewa,*
ENERGETIKA PUDAGYNDA MAGLUMAT TEHNOLOGIÝALARYNY
ULANMAGYŇ MÜMKINÇILIKLERI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 173

*S. Pirliýewa,*
MALIÝE MEHANIZMI – KÄRHANANYŇ MALIÝE SERIŞDELERINI
NETIJELI DOLANDYRMAGYŇ GURALY HÖKMÜNDE. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 176

*Ý. Ekizow,*
TÜRKMENISTANDA GEÇIRILÝÄN SALGYT SYÝASATYNYŇ
ÖNÜMÇILIK BILEN ARABAGLANYŞYGY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 179

*T. Paýtykowa, I. Ilýasow,*
DÜNÝÄ ÝURTLARYNYŇ ÖSÜŞINE GLOBAL
YKDYSADYÝETIŇ SANLYLAŞMAGYNYŇ TÄSIRI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 181

*D. Öwezow,*
YKDYSADYÝETI KÄMILLEŞDIRMEKDE
SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ÄHMIÝETI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 184

*Ç. Ussaýew,*
GAÝTADAN DIKELDILÝÄN ENERGIÝANY YKDYSADYÝETE
ORNAŞDYRMAKDA DÖWLET-HUSUSY HYZMATDAŞLYGYNYŇ ORNY. . . . . . . . . 187

*J. Durdyýewa,*
TÜRKMENISTANDA HYZMATLAR ULGAMYNYŇ
ÖSÜŞINIŇ DURNUKLYLYGY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 190

*A. Nurmuradowa, O. Nurlyýewa,*
ÝURDUMYZYŇ YKDYSADYÝETINDE MAÝA GOÝUM
WE INNOWASIÝA SYÝASATYNYŇ DÖWREBAPLAŞMAGY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 193

*M. Allamyradow,*
DÖWLET-HUSUSY HYZMATDAŞLYGYNYŇ MEHANIZMLERINIŇ
DURNUKLY ÖSÜŞI GAZANMAKDAKY ÄHMIÝETI. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 195

*G. Annamämmedowa, Y.Nazarow,*
MALIÝE TÖWEKGELÇILIKLERINI DOLANDYRMAGY
SANLYLAŞDYRMAKLYGYŇ MÜMKINÇILIKLERI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 198

*Ş. Saparowa,*
TÜRKMENISTANDA SANLYLAŞDYRMA ŞERTLERINDE ZÄHMET
IŞJEŇLIGINIŇ ÖSÜŞINIŇ KÄBIR TARAPLARY: NETIJELER WE TEKLIPLER . . . . 200

*G. Akyýewa, A. Atdyýewa,*
KÄRHANANYŇ IŞINDE DOLANDYRYŞ ÇÖZGÜTLERINI
KABUL ETMEGIŇ ESASY GÖRKEZIJILERI. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 204

*M. Amanowa, A. Mätjanowa,*
KIÇI WE ORTA TELEKEÇILIGI ÖSDÜRMEKDE
QR KODY PEÝDALANMAGYŇ UGURLARY. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 208

*A.Hydyrowa,*
PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK – YKDYSADY
ÖSÜŞLERIŇ HAMYRMAÝASYDYR . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 210

*R.Jumaýew,*
DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BÄHBIDINE TÜRKMENISTANYŇ
ALYP BARÝAN KÖPTARAPLAÝYN HYZMATDAŞLYGY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 213

*Ý.Mämmedowa, A.Möwlamowa,*
DURNUKLY ÖSÜŞ WE «ÝAŞYL» YKDYSADYÝETI MALIÝELEŞDIRMEK. . . . . . . 215

*O.Meläýewa,*
DURNUKLY PARAHATÇYLYK WE HOWPSUZLYK BINÝADY . . . . . . . . . . . . . . . . . . 218

*A.Muhammedowa,*
DÖWLETARA DOSTLUK KÖPRÜSI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 222

*N.Nobatowa, G.Mätiýewa,*
TELEKEÇILIGI GOLDAMAK – ÝURDUMYZYŇ
DURNUKLY ÖSÜŞINIŇ KEPILI HÖKMÜNDE . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 224

*Ş. Orazmämmedowa,*
DURNUKLY ÖSÜŞDE YKDYSADY-EKOLOGIK BILIMIŇ ORNY.................227

*E.Orazowa,*
ILATYŇ DURMUŞ DEREJESI WE HILI,
INDIKATORLARY WE OLARYŇ MAZMUNY....................................231

*R. Bäşimow,*
MERKEZI AZIÝA WE HAZARÝAKA SEBITLERI: EKOLOGIÝA
HOWPSUZLYGYŇ WE HOWPSUZ ÖNÜMÇILIGIŇ ORNY.......................233

*M. Mämedowa,*
TÜRKMENISTANYŇ DURNUKLY DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞINI ÜPJÜN
ETMEKDE MAKSATNAMALAÝYN DÖWLET SYÝASATYNYŇ ÄHMIÝETI.......236

*P. Çaryýew,*
TÜRKMENISTANYŇ DURNUKLY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEKDE SEBITDE
PARAHATÇYLYK STRATEGIÝASYNYŇ ÖŇE SÜRÜLMEGINIŇ ÄHMIÝETI.......238

*S. Gylyjow, M. Kakabaýew, M. Kakabaýew,*
GAÝTADAN DIKELDILÝÄN ENERGIÝA
ÇEŞMELERINIŇ YKDYSADY ÄHMIÝETI.........................................241

*J. Atdaýewa,*
DAŞKY GURŞAWY GORAMAK WE EKOLOGIÝA SYÝASATY .................244

*Ý. Tegelekow,*
SENAGAT TOPLUMYNYŇ ÖSÜŞINDE GURLUŞYK
MATERIALLARY SENAGATYNYŇ ORNY.........................................248

*A.Gylyjow,*
PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK: DÜNÝÄ
HALKLARYNYŇ RÖWŞEN GELJEGINIŇ GOŞA GANATY.......................250

*R. Işangulyýew,*
ÝAŞYL WODORODY LAGYM SUWLARYNDAN
ÖNDÜRMEGIŇ TEHNOLOGIÝASY ..............................................253

*B. Kakabaýewa,*
OBA HOJALYGYNDA EKOLOGIÝANYŇ ÄHMIÝETI.............................256

*O. Rejepowa,*
TEBIGAT ÝAŞAÝŞYŇ GÖZBAŞY..................................................259

*S. Amanowa,*
«ÝAŞYL» YKDYSADYÝETI ÖSDÜRMEKDE EKOLOGIK TAÝDAN
ARASSA WE SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ORNY ..........................262

*S. Hojaberdiýew,*
HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK TÜRKMEN BITARAPLYGYNYŇ
BINÝATLAÝYN ÝÖRELGESIDIR WE ONY MAÝA GOÝUM IŞINDE NETIJELI
PEÝDALANMAKDA ÝAŞ HÜNÄRMENLERIŇ ORNY............................265